TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## MUHAMMET AWFY

# HEKAÝATLAR ÝYGYNDYSY

## سدید الدین محمد بن محمد عوفی

# جوامع الحکایات و لوامع الروایات

## II

Pars dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Dawut Orazsähedow

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 820/89 (100-87)+950**
**A 90**

**A 90 Awfy M**
**Hekaýatlar ýygyndysy**, II jilt. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005, 288 s.

**REDAKTOR**
**B. Baýmyradow**

*Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda çapa taýýarlanan Muhammet Awfynyň «Hekaýatlar ýygyndysy» ilkinji gezek okyjylara hödürlenýär. Gündogaryň meşhur taryhçysy, edebiýatçysy we syýahatçy alymy hökmünde meşhurlyk gazanan Muhammet Awfynyň bu kitaby dürli meseleleri öz içine alýan birnäçe baplardan we bölümlerden ybarat uly göwrümli eserdir.*

*Kitap dünýäniň döreýşi, gadymy şalar, halypalar we ş. m. hakyndaky birnäçe kyssalary özünde jemleýän, beýan ediliş, şahyranalyk we gaýry alamatlary boýunça tapawutlanýan edebi-taryhy çeşmedir. Kitapda ynsanyýetiň ýaşaýyş-durmuş, isleg-arzuw, tebigat, edep-terbiýe, ahlak, söýgi hakdaky gözel oý-pikirleri, watançylyk, ynsanperwerlik, edermenlik, mertlik kimin arzyly gylyk-häsiýetler dürli çeper çözgütlerde beýan edilýär.*

*Beýik akyldaryň dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu ajaýyp eseri Angliýanyň Britan kitaphanasynda saklanýan golýazma nusgasy esasynda pars dilinden türkmen diline terjime edildi.*

**TMMMM № 046**

**TDKP №95** **2005** **KBK 84(5)+63.3(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Muhammet Awfy, Hekaýatlar ýygyndysy, 2005 ý.
Orazsähedow D., pars dilinden terjime, çapa taýýarlama, sözsoňy, 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň***

***taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin. Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# HALYPALARYŇ TARYHY WE OLARYŇ PAZYLATLARYNYŇ[1] BEÝANY

Hekaýatlara başlamazymyzdan ozal şuny bilmek gerek, halypalyk ýa görkezme bilen mömінleriň emiri Abu Bekr Syddygyň özünden soň, möminleriň emiri Omar Hattaby halypa edip belleýşi ýaly amala aşýar, ýa-da ýaşulularyň we abraýly kişileriň ygtyýary bilen Abu Bekr Syddygyň we hezreti Osmanyň halypa bolşy ýaly halypa bolýar. Bu sünnileriň garaýşydyr. Kasym Zeýt atly adamdan gözbaş alýan zeýtliler[2] topary bolsa: «Halypalyk mirasa daýanýar» diýýärler. Bu topar ýene-de: «Pygamber alaýhyssalamdan soň, halypalyk Apbasa ýa-da onuň perzentlerine ýetýär. Sebäbi aga (kakasynyň dogany) mirasa haklydyr» diýýärler.

Beýle garaýyş sahabalaryň ylalaşygyna ters gelýär. Eger şeýle bolýan bolsa, olar hezreti Abu Bekriň halypa bolmagyna ylalaşmazdylar.

---

[1] Pazylat – öwgüli häsiýetler, artykmaçlyklar.

[2] Zeýtliler – şaýy toparynyň bir akymy bolup, olar «Ymam Bakyrdan (Zeýnelabydyndan) soň, Zeýt ibn Aly ibn Hüseýin ibn Aly ymam bolmaly» diýip ynanýarlar. Olar şaýylaryň başga akymlary ýaly Abu Bekriň, Omaryň, Osmanyň halypadygyny ret etmän «Olar hezreti Alydan pes derejelerde bolsalar-da, halypalyklary dürsdür» diýýärler.

Rafyzylaryň[1] käbiri şeýle diýýärler: «Ymamlyk ýörite görkezme bolmazdan hakyky bolmaýar. Pygamberimiz Hezret Ala: «Menden soň, halypalyk seniň hakyňdyr» diýip wesýet edipdir» diýip dawa edýärler.

Bu garaýyş hem batyldyr. Sebäbi Pygamberimiz Hezreti Ala şeýle diýen bolsa, onda halypalyk hukugy onuňky bolup, Abu Bekr ony güýç bilen aldygy bolardy. Möminleriň emiri Hezret Aly özüniň şeýle kämil pazylaty, hormaty, ylmy, edermenligi, pygambere garyndaşlygy we oňa dost-ýarlygy bilen Abu Bekriň halypalygyna razy bolup, öz hukugyny terk eden bolsady ýa-da güýç bilen onuň hukugy alnan bolsady, onda ol günäkär bolup, beýle pazylata eýe bolmazdy. Hezret Alynyň garyndaşlary hezreti Abu Bekriňkiden köp bolanlygy we olaryň ynsaply bolandyklary şübhesizdir. Eger möminleriň emiri hezreti Abu Bekre «halypalyk seniň hakyň däl» diýlen bolsady, ol hökman Hezreti Ala tabyn bolmaga razy bolardy.

Rafyzylaryň köpüsi: «Halypalyk miras bilen bolýar. Alydan soň onuň perzentleri halypalyga haklydyrlar» diýýärler. Bu pikir ters pikirdir. Sebäbi eger halypalyk miras bilen bolýan bolsady, onda pygamberimizden soň, Apbas halypa bolmalydy. Sebäbi ol Pygamberimiziň agasy, Aly pygamberimiziň agasynyň ogludyr, ýagny doganoglanydyr. Aga bolsa, doganoglandan ýokardadyr. Eger olar: «Hezreti Ala Mustapanyň (s.a.w.) ýörite görkezmesi halypa bolmagyna daýanç bolýar» diýseler, onda miras ýolundan hakly bolan zady ýörite görkezme berlenligi sebäpli, öz-özünden aradan aýrylar hem-de miras bilen

[1] Rafyzy – şaýylaryň Zeýt ibn Aly ibn Hüseýin ibn Aly bilen ähtleşip, soňra ähtlerini bozan akymy.Mundan başga-da köne saýlama kitaplaryň köpüsinde sünnüler (ýagny ähli sünnet) şaýylaryň ählisine Rafyzy diýýärler. Rafyzy sözi «rafaza» kökünden gelip çykyp, ol ýüz öwürdi, ret etdi diýen manylary aňladýar. Olara beýle adyň goýlandygynyň sebäbi olaryň dört Çaryýarlardan ilkinji üçüsini, ýagny Abu Bekri, Omary, Osmany ret edýändikleri üçindir. Bu ýerde Zeýt bilen ähtleşip, soňra ähtlerini bozanlar göz öňünde tutulýar.

berkidilýän zat diňe bir sany mirasdüşere mahsus däldir. Sebäbi mirasyň hökümi hemme mirasdüşerlere deňderejede degişli bolmalydyr. Eger şuňa salgylansaň, onda Hezreti Alynyň perzentleriniň her haýsysy halypalyga (ymamlyga) hakly bolmalydyr. Bu bolsa dürs bolmaz. Şeýdip, ymamlyk, aýdyşymyz ýaly, ýa ymamyň görkezmesi bilen ýa-da parasatly kişileriň ylalaşmagy bilen belli edilýär. Haryjylardan we rafyzylardan bolan bir bölek bedgatçy topar[1] bu barada ýaramaz gürrüňler edipdirler. Adamyň ygtykady dürs bolmalydyr. Biz başdangeçirme kitaplaryndan möminleriň dinine hormat edilýän we olaryň abraýyny saklaýan gürrüňleri saýlap şu ýygyndyda getireris.

Ýene-de bilmeli zat, eger parasatly, ylymly adamlar iki adam bilen ähdi-peýman etseler, onda halypalyk birinji ähtleşeniňki bolar we ikinjisi bolsa topalaňçy bolar. Eger ikisi bilen bir wagtda äht etseler, şonda eger ikisiniň arasynda gapma-garşylyk bolsa, olaryň birini beýlekisinden ýokary saýyp bolmaz. Şeýlelikde, olaryň ikisiniň hem halypalygy batyl bolar. Şonda olaryň birini ýa-da başga bir adamy täzeden halypalyga saýlamaly bolarlar. Şerigatyň hökümlerinde munuň görkezmesi şeýledir: eger ýetginjek ýaşyna ýetmedik gyzyň iki hossary bolup, olaryň hersi ony aýry äre berjek bolsalar, onda olaryň ilki nikalaşdyrany dürs bolup, ikinji nikalaşma batyldyr. Eger ol iki hossar ony iki kişä berip, bir wagtda nikalaşdyran bolsalar[2], ikisiniň hem nikasy batyl bolar. Halypalyk barada hem höküm şeýledir. Alla towpyk berijidir.

---

[1] Bedgatçy topar – täze ýüze çykan, esassyz delilleri ýapyşalga edinýän topar.

[2] Bu ýerde adaglamak düzgüni göz öňünde tutulýar. Adaglamak gyz ýa-da ýigit entek kämillik ýaşyna ýetmänkä, hossarlary tarapyndan nikalaşdyrmak üçin berlen ähtdir.

# DOGRY ÝOLDAKY HALYPALAR (ÇARYÝARLAR)

## ABU BEKR SYDDYK

Rowaýat etmeklerine görä, Mustapa alaýhyssalamyň bakylyk älemine gitmeli wagty bolanda, onuň mübärek teni syrkawlykdan ýaňa ejir çekýärdi. Bir gün Bilal[1] azan aýdýar. Pygamberimiz (s.a.w.) özünde güýç-kuwwat tapman, Bilala: «Bar, Abu Bekre ymam bolmalydygyny aýt» diýýär.

Bilal Pygamberimiziň permanyny Abu Bekre ýetirýär. Pygamberimiz Hezret Ala we Abdylla ibn Apbasa[2] ýaplanyp, metjide girýär. Abu Bekr öňe geçip, eýýäm bir rekagat namaz okapdy. Ol serwerimiziň gelendigini aňyp, yza çekiljek bolýar. Emma Pygamberimiz onuň arkasynda mübärek elini goýup, oňa uýýar.

Resulalla edil gün kimin Ýasrybyň[3] günbataryna tarap gidensoň, sahabalar Resuldan soň, Abu Bekriň halypa bolmagyny biragyzdan tassyklaýarlar. Olar pygamberimiziň soňky gezek syrkawlan wagtynda Abu Bekri din sütünleriniň iň esasysy bolan namaza ymam edip belländigine esaslanypdyrlar. Ol ha-

---

[1] Bilal Hebeşi – pygamberimiz Muhammet alaýhyssalamyň azançysy we hazynadary.

[2] Abdylla ibn Apbas – Pygamberimiziň agasy (kakasynyň dogany) Apbasyň ogly.

[3] Ýasryp – Medine şäheriniň gadymy ady.

lypalyga hemmelerden mynasyp bolaýmaly diýşipdirler. Şeýlelikde, möminleriň emiri hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýýär: «Resulalla seni biziň dinimiziň iň möhüm işi bolan namazda kabul etdi, onsoň biz nädip dünýewi işlerimizde seniň halypa bolmagyňy kabul etmäli».

Şeýdip, oňa ylalaşyk goluny beren ilkinji adam hezreti Omardy (goý, Allatagala ondan razy bolsun!). Möminleriň emiri Hezret Aly adamlaryň Abu Bekri halypa saýlandyklaryny eşidip, gyssanmaç gelýär hem-de onuň bilen äht edişýär. Şol ýerde şeýle bir dyknyşyk bolupdyr welin, Sagt Ubada[1] aýak astyna düşüp, depelenmäge az galypdyr. Ol agyr hassady we ýarawsyz halda düşekde ýatyrdy. Şol gün Medinedäkileriň ählisi onuň bilen äht edýärler.

Adamlar onuň bilen äht etmek işini gutaransoňlar, möminleriň emiri olara ýüzlenip, şeýle diýýär: «Eý, doganlar we dostlar, men bu işi musulmanlaryň arasyndaky gapma-garşylyklar aýrylsyn diýip kabul etdim. Häzir men hem siziň biriňizdirin. Eger bu iş gowy ýola düşse, onda siziň hümmetiňiz we mededіňiz bilendir. Eger meniň işimde ýalňyşlyk gitse, meniň sizden haýyşym şudur, maňa dogry ýol görkeziň we ýalňyşym üçin temmi beriň».

Rowaýatçylaryň bir topary möminleriň emiri Alynyň edil şol gün ähtleşendigini habar berýärler. Emma käbirleri «Ol alty günden soň ähtleşdi» diýýärler. Ýene birnäçesi bolsa «Alty aýdan soň» diýýärler. Onuň aç-açan ähtleşendigi barada şübhe ýok. Ala ikiýüzlülik etmek gelişmez. Aly barada şeýle pikir edilip bilner diýlip çaklanylmagyndan hem Hudaý saklasyn.

---

[1] Sagt ibn Ubada – ol Medine şäherinde ýaşaýan hazraj taýpasynyň (kabylasynyň) ýolbaşçysy bolupdyr. Ol musulman bolmazyndan öň hem, soň hem abraýly-derejeli adamlardan bolup, Pygamberimiz bilen köp söweşlere gatnaşypdyr.

Şeýlelikde, şu delil bilen pygamberimizden soň hakyky halypanyň hezreti Abu Bekrdigi mälim boldy.

## Hekaýat

Haçanda Pygamberimiz bakylyk älemine ýerleşip, sahabalar oňa hyzmat etmek bagtyndan mahrum galanda, onuň wepat bolandygy baradaky habar aýan bolmazyndan öň, möminleriň emiri hezreti Omar münbere çykyp şeýle diýdi: «Muhammet ölüpdir diýmäň. Her kim Muhammet ölüpdir diýse, men onuň dilini keserin».

Ol bu söz bilen «Muhammet pygamber Allanyň kömegi, sylagy arkaly diri» diýmegi niýet edipdir. Bu şol Allatagalanyň: «Allanyň ýolunda wepat bolanlara hergiz öli diýmäň, olar öz Perwerdigärleriniň ýanynda[1]... diýen sözleri ýalydyr. Tabarynyň «Taryhynda»: «Muhammet alaýhyssalamy Isany göterişleri ýaly asmana göterdiler, ol ýene-de gaýdyp geler» diýilýär. Bu söz batyldyr we ony möminleriň emirine ýöňkemek dogry däldir. Ol ýöne pitne oduny söndürmek üçin, göçme manyda Muhammet ölenok diýipdir.

Möminleriň emiri hezreti Abu Bekr bu sözi eşidip, Mustapanyň otagyna girýär. Pygamberimiz öz mübärek düşeginde ýatan eken. Ol Pygamberimiziň ýemeni donuny çykaryp, onuň ýaňagyndan ogşap aglaýar, soňra ýüzüni ýapýar hem-de derrew metjide barýar. Şol wagt Omar münberde: «Her kim Muhammet öldi diýse, men onuň el-aýaklaryny keserin» diýip duran eken. Abu Bekr oňa:

– Eý, Omar, aýdýanyň näme? Bu dünýäde ýaýradyp ýören zadyň näme? – diýýär.

[1] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 169-njy aýaty.

Omar bu sözi eşidip, münberden düşýär. Abu Bekr münbere çykýar we betbagtlyk zerarly ot çabraýan sözleri bilen hutba aýdyp, soňundan bolsa:

– Eý, musulmanlar, her kim Muhammede ybadat edýän bolsa, onda Muhammet öldi. Emma her kim Muhammediň Perwerdigärine ybadat edýän bolsa, onda ol hiç wagt ölmejekdir we diridir. Panylyk tozany onuň beýiklik çadyrynyň etegine ýetmez – diýýär. Şeýle diýip, ol şu aýaty okaýar: «Muhammet diňe bir pygamberdir. Ondan öň hem köp pygamberler geçdi»[1].

Omar:

– Men bu aýaty Abu Bekrden eşidenimde, edil şol wagt eşidendirin öýtdüm we öň hergiz eşitmedik ýaly boldum. Şonda Abu Bekriň menden artykmaçdygyny aňdym – diýýär.

Soňra Abu Bekr:

– Eý, musulmanlar, eger iki dünýäniň hem bagtyýarlygyny gazanaýyn diýseňiz, onda takwalygy öz şygaryňyz edinip, yslam dinini beýige galdyrmak üçin elde baryňyzy ediň – diýýär.

Ol bu sözleri aýdyp münberden düşjek bolanda, hezreti Omar ýerinden turup, onuň bilen ähtleşýär we ony halypa bolanlygy bilen gutlaýar. Şol gün ähli medineliler onuň bilen ähtleşipdirler.

## Hekaýat

Hezreti Mustapa ahyret älemine göç etmezinden öň Usama ibn Zeýde[2] leşger hem baýdak berip, Şama gitmegini we öz kakasynyň aryny almagyny hem-de ol ülkäni basyp almagy buýurýar. Pygamberimiz ajal düşeginde wagty Usama Medine-

---

[1] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 144-nji aýaty.

[2] Usama ibn Zeýt – ol Pygamberimiziň ogullygy Zeýdiň ogludyr.

den çykypdy, emma heniz ugramandy. Abu Bekr halypa bolansoň, ilki bilen Usamanyň Şama gitmegine rugsat berýär. Sahabalar oňa şeýle diýýärler:

– Eý, möminleriň emiri, araplar mürtet[1] boldular we tabynlyk halkasyndan baş boşatdylar. Bu ýerden Şama çenli ýol uzak. Leşgeri Medineden daşlaşdyrmak dürs däldir – diýipdirler.

Şonda Abu Bekr:

– Beýik Allatagala bize ýardyr we ýardamçydyr. Men hezreti Mustapanyň beren buýrugyny bozup bilmen – diýip, jogap berýär.

Şeýdip, Usamany goşun bilen ugradýar. Usama ugramazdan öň möminleriň emiri Abu Bekriň ýanyna hoşlaşmaga gelýär. Möminleriň emiri öýünden çykýar. Onuň atyny getirýärler. Ol ata münmän, pyýada ýöreýär. Şol wagt ondan:

– Eý, möminleriň emiri, näme üçin atyňa münmeýärsiň? – diýip soraýarlar. Ol:

– Men Hudaýyň ýolunda turan tozan meniň aýagyma siňsin diýýärin. Sebäbi men hezreti Mustapanyň: «Her kimiň aýagyna Alla ýolunda tozan siňse, Hudaýtagala onuň tenine dowzah oduny haram eder» diýenini eşitdim – diýip, jogap berýär.

## Hekaýat

Abu Bekr Syddygyň halypalygynyň ilkinji döwürlerinde Tulaýha ibn Hüweýlit atly adam gozgalaň edýär. Ol ilki musulman bolup, soňra mürtet bolýar, pygamberlik dawasyny edýär we arap mürtetlerine goşulýar. Çarwa araplarynyň hem-

[1] Mürtet — musulman dinini kabul edip, ýene ondan ýüz dönderen kişi.

mesi mürtet bolýarlar. Olar Pygamberimiziň wepat bolandygyny eşidip, Abu Bekriň ýanyna goşun iberýärler we oňa:

– Biziň saňa boýun bolmagymyz üçin bizden zekaty aýyr – diýýärler.

Sahabalar Abu Bekre:

– Medinede leşger ýok. Olaryň gozgalaň özeni gyrylar ýaly olara sowgat ibermek we zekaty olaryň boýnundan aýyrmak gerek – diýýärler.

Abu Bekr olaryň diýenine üns bermän:

– Alladan kasam bolsun, eger olar pygamberimiziň döwründäki zekat diýip berýän zatlaryndan birje düýe dyzbendini kem berseler-de, olara garşy gylyç bilen söweşerin – diýýär

Şeýdip, Abu Bekr Medinäni berkidýär. Bu şäheriň üç derwezesiniň hersinde sahabalaryň emirlerinden birini goýýar. Ol bir derwezede möminleriň emiri Hezret Alyny, ýene birinde Zübeýr ibn Awamy[1] we üçünjisinde Talha ibn Abdyllany goýup, işleri doly eline alýar we daş-töweregi berkidýär. Ähli mürtet araplar Tulaýha goşulýarlar. Şeýdip, olar hem güýçlenýär. Möminleriň emiri Abu Bekr Usamany Şamdan çagyrýar. Ol Şamda köp ýagşy işler edip, buýruk boýunça yzyna dolanýar. Möminleriň emiri Abu Bekr Halyt ibn Welidi emir belläp, oňa leşger berip, söweşe iberýär. Ol Tulaýha garşy söweşip, ondan üstün çykýar we ähli mürtetleri dargadýar. Olaryň ählisi boýun bolup, zekat bermegi kabul edýärler. Soňra Halyt ol ýerden Ýemama[2] barýar.

[1] Zübeýr ibn Awan – Pygamberimiziň ýaranlaryndan biri hem onuň garyndaşy. Ol 656-njy ýylda aradan çykypdyr. Zübeýr Muhammet pygamberiň behişt bilen söýünjilän on adamlarynyň biridir.

[2] Ýemama – Arabystan ýarym adasyndaky Nejd ülkesinde ýerleşýän bir ýer.

Müseýlime[1] kezzap pygamberlik dawasyny edip, her hili aldawlar we hilegärlikler bilen bir topar adamy ýoldan azaşdyrypdy hem-de ep-esli adam onuň daşyna üýşüpdi. Halyt oňa garşy güýçli söweşler alyp barýar. Ahyrynda Hemzäni öldüren Wahşy[2] özüniň şol naýzasy bilen ony öz bagynda ýaralaýar we jähenneme ýollaýar. Halyt oňa şeýle diýýär: «Neneň täsin sen, eý, Wahşy, kapyr wagtyň ynsanlaryň iň gowusyny öldürdiň we musulman wagtyň adamlaryň iň erbedini jähenneme ýolladyň».

Müseýlimäniň şer işleriniň özeni gyrlyp, yslam baýdagy beýige galýar. Bu gysgaça aýdan wakamyzy giňişleýin beýan etsek, ol uzaga çekjek. Biz halypalaryň taryhyny beýan etmekde gysgaça aýtmagy şert edindik. Bu taryhlaryň anyk beýany jahan bezeýji patyşa aýandyr.

Jeziräniň[3], Übülläniň[4], Medaryň, Deljäniň, Keşiň[5], Sewadyň[6], Eýranşähriň[7], Aýnuttemriň[8] alynmagy we Döwmetil Jendeliň[9] hem-de beýleki şäherleriň basylyp alynmagy Halyt ibn Welidiň (goý, Alla ondan razy bolsun!) edermenligi we

---

[1] Museýlime – ol «kezzap» lakamly bolup, Pyrgamberimiziň ömrüniň soňlarynda pygamberlik dawasyny edipdir. Ýemama ülkesinden birtopar kişi oňa tabyn bolupdyrlar.

[2] Wahşy – Abu Sufýanyň guly. Ol Abu Sufýanyň aýaly Hindiň görkezmesi bilen Uhut söweşinde Pygamberimiziň agasy, goşun serkerdesi Hemzäni öldürýär. Emma soň musulman bolýar.

[3] Jezire – Fyrat we Dejle derýalarynyň arasynda Şam bilen goňşuçylykda ýerleşen ýurt.

[4] Übülle – Dejle derýasynyň kenarynda ýerleşen gadymy şäher.

[5] Keş – häzirki Şährisebz şäheriniň çäklerinde ýerleşen orta asyr şäheri.

[6] Sewat – Yragyň bir etraby.

[7] Eýranşähr – Abu Reýhan Birunynyň aýtmagyna görä Yrak, Pars we Horasan welaýatlaryny öz içine alýan ýurt. Ol Eýran ibn Arfahşat ibn Sam ibn Nuhuň ady bilen baglanyşykly bolup, ýagny «Eýranyň ýurdy» diýen manyny aňladýar.

[8] Aýnuttemr – Küfäniň günbatarynda ýerleşýän şäher.

[9] Döwmetil Jendel – Medinäniň bir etraby. Beýle at Döwmän ibn Ysmaýyl ibn Ysmaýylyň adyndan gelip çykýar. Çünki şol ýerde Ysmaýylyň ogly Döwme dogulýar.

merdanalygy bilen amala aşansoň hem-de ajamlaryň onuň haýbatyndan gorkýandyklary hemmä belli bolansoň, bu wakalary diňe bir yşarat etmek bilen çäklenýäris. Onuň bilen on birinji hijri[1] ýylynyň Dört tirkeşiginiň birinji aýynyň on ikisine, Başgüni halypa hökmünde ähtleşilýär. Ol on üçünji hijri[2] ýylynyň Dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň gutarmagyna sekiz gün galanda Başgüni wepat bolýar.

## Hekaýat

Muhammet Jerir Tabary öz «Taryh» kitabynda şeýle ýazypdyr:

Möminleriň emiri hezreti Omar bilen Halyt ibn Welidiň arasynda bir oňuşmazlyk bolup, hezreti Omaryň göwni ondan ynjapdyr. Onuň sebäbi şu aşakdaky wakadyr: Araplar mürtet bolup, çar tarapda duşmanlar we topalaňçylar döräpdi. Sejjaha Saglaba diýen bir aýal Mosulda gozgalaň edipdi. Ol çeper dilli we şygra meňzeş sözler aýdyp bilýän aýal bolup, pygamberlik dawasyny edipdir. Ol älemleriň serweriniň wepat bolandygy baradaky habary eşidip, bäş ýüz atly bilen araplara tarap ýüzlenýär. Ol özüni araplara tanyşdyryp, olaryň boýnundan namazdyr zekaty aýyrýar. Mälik ibn Nüweýre[3] beni temim taýpasy bilen bile oňa tabyn bolýar. Soňra Sejjaha Müseýlime kezzabyň Ýemamada pygamberlik dawasyny edýändigini eşidip, oňa özüni tanatmak üçin:

– Men pygamber, Hudaý maňa «Müseýlimäniň ýanyna bar we onuň bilen bile bol» diýip buýurdy – diýýär.

---

[1] 633-nji milady ýylyna gabat gelýär.

[2] 635-nji milady ýylyna gabat gelýär.

[3] Mälik ibn Nüweýre – yslamdan öňki meşhur şahyr. Ol ilki musulman bolup, soňra dininden dönýär.

Müseýlime özüniň hem ýalandan pygamberlik dawasyny edýändigi üçin Sejjahanyň hem aldawçydygyny bilýärdi. Emma onuň şerini dep etmek niýeti bilen oňa gowy jogap ýazýar we ony öz ýanyna çagyrýar. Sejjaha özüne goşulan ähli araplar bilen Ýemama barýar. Müseýlime onuň gelýändigini eşidip, oňa şeýle hat ýazýar: «Sen öz ýakynlaryňdan iki adam bilen biziň ýanymyza gel we leşgeri şol ýerde galdyr. Şeýdip, duşuşaly we biri-birimiziň sözlerimizi eşideli».

Sejjaha özüniň ýakynlaryndan on adam bilen Müseýlimäniň ýanyna barýar. Olar duşuşansoň, olarda şöhwet meýli oýanýar. Şeýdip, olar ýanaşýarlar. Sejjaha Müseýlimä tabyn bolýar we öz leşgerine gaýdyp gelýär. Olar Sejjahadan:

– Müseýlimäniň ýanyna gidip, näme etdiň we näme eşitdiň? – diýip soraýarlar. Ol olara:

– Onuň aýaly boldum we onuň bilen nikalaşdym – diýip, jogap berýär. Olar:

– Galyň aldyňmy? – diýip soranlarynda, ol:

– Ýok – diýip jogap berýär.

Olar bolsa oňa:

– Onda sen diňe şöhwetiň üçin gelen ekeniň. Indi bar-da galyň al. Ýogsa biz saňa boýun bolmarys – diýýärler.

Şeýlelikde, Sejjaha ýene-de Müseýlimäniň ýanyna baryp, ondan galyň talap edýär. Müseýlime ony gala goýbermeýär we galanyň üstüne çykyp:

– Sen gije-gündizde näçe wagt namaz buýurdyň? – diýýär.

Ol:

– Bäş wagt namaz – diýip, jogap berýär. Müseýlime oňa:

– Men seniň galyňyň ýerine olardan iki wagt namazy aýyrýaryn. Irden we ýassy namazlaryny. Sebäbi bu iki namaz kyn bolýar – diýýär.

Sejjaha gaýdyp gelip, olara aýdylan zady ýetirýär. Olaryň ählisi üýşüp:

– Biz neneň ýaramaz iş etdik. Muhammede tabyn bolmakdan ýüz öwrüp, bir masgara ýalançy aýala boýun bolduk. Indi biziň Abu Bekriň ýanyna gider ýaly ýüzümiz ýok. Biz bu etmişimiz bilen özümizi ähli akyldarlaryň öňünde masgara etdik – diýýärler.

Soňra olar ýene Sejjaha:

– Sen özüňi halas et. Bize seniň ýalançydygyň we aldawçydygyň aýan boldy. Biz seniň ýalançy, mekir, şöhwete kowalaşýan hem-de netijesiz zenandygyňa we işiň adamlary aldap, ýoldan azaşdyrmakdygyna şübhesiz göz ýetirdik. Bize saňa tabyn bolmak gelişmez we saňa azar-ezýet bermek hem merdanalykdan daşda bolar – diýýär.

Soňra Sejjaha Mosula barýar. Beni temim taýpasy Abu Bekriň ýanyna ilçi iberip, etmişlerine ökünýändiklerini aýan edýärler. Hezreti Omar Abu Bekre ýüzlenip:

– Olar bir gezek mürtet boldular. Sen olara degmediň. Olar ýene-de ýüz öwürdiler. Sen hem olary jezalandyrmadyň. Indi sen Halyda olaryň ýagdaýyndan habar alar ýaly perman iber. Goý, ol olaryň içinden musulmanlaryna degmesin we musulman dällerini gylyçdan geçirsin – diýýär.

Möminleriň emiri Abu Bekr Halyda höküm-perman iberýär. Halyt permana görä, olara tarap ýola düşýär. Mälik ibn Nüweýre öz toparyna ýüzlenip:

– Biziň bu duran ýerimizde leşgergäh bolupdyr. Halyt biziň söweşmek niýeti bilen üýşmändigimizi biler ýaly, biz öz jemagatymyzy dargadyp, Ülkeri Ýedigene öwürmeli – diýýär.

Olar sadaka toplap dargaýarlar. Halyt sorag-ideg edýär we olaryň dargap, zekat toplap, tabyn bolmak ýoluna eýerendiklerine göz ýetirýär. Ol ýagdaýy möminleriň emirine ýetirýär. Halypalyk paýtagtyndan:

– Sen olaryň taýpalaryna ynamdar adamlary iber. Irden namaz wagty olaryň arasyna aýlanyp görsünler. Azan sesini eşidip, olaryň yslam dinindediklerine göz ýetirsinler we eger eşitmeseler, olary jezalandyr – diýip perman berilýär.

Halyt permana eýerip, bu jemagata tarap her kabyla birnäçe atly iberýär. Ol on atlyny Mälik ibn Nüweýräniň kabylasyna iberýär. Atlylar Mäligi Halydyň ýanyna getirýärler. Olaryň käbiri: «Azan eşitdik», käbiri bolsa «eşitmedik» – diýip, gelýärler. Halyt Mäligi ýanyna çagyryp, ondan ýagdaýy soraýar. Ol hem jogap berýär. Gepleşigiň dowamynda Mälik Muhammet Mustapa hakynda: «Siziň şol adamyňyz şeýle diýdi» diýýär. Halyt bu gepden gaty ynjaýar we:

– Eý, it, sen zynakär bir bozuk aýala boýun bolandan soň hem henizem Muhammet alaýhyssalama tabyn bolmakdan boýun gaçyrýarsyňmy? Sen «Muhammet siziň adamyňyz» diýip, seniň adamyň däldigini aýtmakçy bolýarsyň. Sen kapyr bolupsyň, elbetde, yslam dinine bolan söýgi sende emele gelmez we kapyrlyk adaty seniň ýüregiňden çykmaz – diýýär.

Soňra Halyt seredýär, görse, ýanynda eli ýalaňaç gylyçly bir adam duran eken. Halyt oňa:

– Ur, bu betbagtyň başyny kes – diýýär.

Ol adam şolbada gylyjyny çykaryp, Mäligi öldürýär. Abu Katada Halydyň ýanyna gelip:

– Men onuň kabylasynda azan sesini eşitdim. Ol musulmandy, näme üçin ony öldürdiň? – diýýär. Halyt oňa:

– Ol öň musulman bolan bolsa-da, indi mürtet boldy. Eger sen azan eşiden bolsaň, başgalar eşitmändirler – diýýär.

Şeýdip, Halyt Abu Katadany ynjydýar. Abu Katada ondan ynjap, onuň baýdagynyň astynda hiç ýere gitmejekdigine ant içýär. Soňra Medinä dolanýar we bolan wakany Abu Bekre gürrüň berýär. Abu Bekr onuň aýdanlaryna kän üns bermän:

– Halyt emirdir. Ol näme etse-de, din-diýanata garşy etmez. Eger oňa Mäligiň kapyrdygy äşgär bolmadyk bolsady, ol hergiz ony öldürmezdi – diýýär.

Abu Katada Abu Bekrden näumyt bolansoň, hezreti Omaryň huzuryna gelip, ýagdaýy oňa düşündirýär. Mälik bilen Omaryň arasynda dostlukly gatnaşyklar bardy. Omar bu ýagdaýy eşidip, gaty gynanýar we möminleriň emiri hezreti Abu Bekriň ýanyna gelip, oňa:

– Halyt zulum gylyjyny syryp, musulmanlary öldürip başlapdyr. Ynha, Abu Katada Mäligiň musulman bolandygyna şaýatlyk berýär. Halyt ony öldürip, aýalyna öýlenipdir. Ony emirlikden boşadyp, bu wezipäni başga kişä tabşyr – diýýär.

Abu Bekr (goý, Alla ondan razy bolsun!):

– Halyt Pygamberimiziň beýik sahabalaryndandyr. Ol diňe dine laýyk sogap işleri edýändir. Meniň oňa tabşyran işimi ondan başga hiç kim ýöredip bilmez. Sebäbi Halytda batyrgaýlyk, mertlik, ylymlylyk we takwalyk häsiýetleri jemlenen. Ol şeýle öwgüli häsiýetler bilen bezelendir – diýýär.

Hezreti Omar sözüniň geçmejegini aňyp, Mäligiň dogany Mütemmim ibn Nüweýräni çagyryp, oňa:

– Doganyň hununy talap et – diýýär.

Mütemmim hezreti Abu Bekriň ýanyna gelip, Mäligiň hununy talap edýär. Halypalyk paýtagtdan[1] «Mütemmimiň öz doganynyň hununy talap edýändigi üçin Halyt ýeke gelmeli» diýip perman berilýär. Halyt bu işde hezreti Omaryň tagallasynyň bardygyny duýýar. Şeýdip, Halyt ýeke halda halypalyk öýüne-paýtagta gelýär. Ol halypanyň dergähine girmänkä, Bilalyň ýanyna adam iberip, ondan özüniň hezreti Abu Bekriň ýanyna salynjak wagty hezreti Omaryň ol ýerde bolmazlygyny haýyş edýär. Bilal onuň haýyşyny kabul edýär.

[1] Halypalyk paýtagt – diýip bu ýerde Medine şäheri göz öňünde tutulýar.

Halyt metjidiň gapysyna ýetende, hezreti Omar metjidiň gapysynda oturan eken. Ol Halydy görüp, ýerinden turýar we Halydyň ýakasyndan tutup, oňa:

– Musulman adamy öldürip, onuň aýalyna öýlendiňmi? – diýýär.

Halyt oňa hiç zat diýmeýär. Omar ony çekip, hezreti Abu Bekriň saraýyna eltýär. Bilal girip, hezreti Abu Bekre Halydyň gapynyň agzyndadygyny habar berýär. Emma Omaryň onuň ýanyndadygyny aýtmaýar. Abu Bekr oňa:

– Halydy getir – diýýär.

Bilal gelip, Halydyň elinden tutýar. Omar hem girjek bolanda, Bilal oňa:

– Seniň gelmegiňi buýurmady – diýýär.

Omar yzyna dolanýar we elini eline urup:

– Mälik Nüweýranyň huny ýerde galdy. Häzir Halyt pygamberiň halypasyny aldar we ötünç sorar. Ol hem ötünjini kabul eder – diýýär.

Soňra Halyt hezreti Abu Bekriň huzurynda durýar. Abu Bekr oňa:

– Eý, Halyt, musulmany öldürip, aýalyna öýlendiňmi? – diýip soraýar.

Halyt:

– Eý, möminleriň emiri, Hudaýdan kasam edýäris. Sen pygamberimiziň Halyt Welit Allanyň ýerdäki gylyjy diýenini eşitmediňmi? – diýýär.

Abu Bekr oňa:

– Alla şaýatdyr, hawa, men pygamberimiziň mübärek agzyndan sen baradaky şu sözi eşitdim – diýýär.

Halyt oňa:

– Allanyň gylyjy diňe mynapygyň[1] ýa-da kapyryň janyny alar – diýýär.

Abu Bekr:

– Rast aýdýarsyň, yzyňa dolan we işiňi ýöret – diýýär.

Halyt daşary çykýar. Görse Omar metjidiň gapysynda oturan eken. Halyt elini gylyjyna ýetirip:

– Gel, eý, Ümmi Selmäniň ogly – diýýär.

Hezreti Omaryň ejesiniň ady Ümmi Selme eken. Omar hezreti Abu Bekriň ony bagyşlandygyna göz ýetirýär. Şeýdip, sesini çykarmaýar. Halyt tagtyrowanyna münüp, leşgergähine dolanýar.

## Hekaýat

Halyt ibn Welit bedasyl Müseýlimeden dynandan hem-de yslam dininiň ýeňişler döwrüniň girişi bolan ýeňiş namasy düzülenden soň, hijri hasabynyň 12-nji ýylynda Müsenna ibn Harys[2] Şeýbany atly bir adam Kufeden halypalyk paýtagtyna gelýär. Ol ajam patyşalary tarapyndan Jezire we Kufe welaýatlarynyň emiri bolupdyr. Ol ajamyň ejizligini we araplaryň kuwwatyny görüp, Abu Bekr Syddygyň halypalyk paýtagtyna gelip, yslam dinini kabul edýär. Ol:

– Kufäniň we Yrak Sewadynyň emirligini maňa tabşyr. Ol welaýatlary men öz ygtyýaryma geçireýin. Sebäbi ajamlar ejizläpdir we patyşalyklary çagalaradyr aýallara ýetipdir. Olar çopansyz süri we başsyz ten ýaly – diýip haýyş edýär.

Şeýlelikde, möminleriň emiri ol welaýaty oňa bagyşlap, oňa köp wadalar bilen goltgy berýär hem-de hemaýat hökmünde oňa:

---

[1] Mynapyk — ikiýüzli.

[2] Müsennä ibn Harys – yslamyň beýik serkerdeleriniň biri.

– Seniň yzyňdan goşun iberip, saňa kömek ýetirerin – diýýär.

Şondan bir ýyl geçenden soň, 13-nji[1] hijri ýylynda, mömінleriň emiri Halyt ibn Welide:

– Ajamlar perişan bolup, patyşalyklary gowşapdyr. Halkyň emirligi we ýurtlary abadanlaşdyrmak işleri kemakyl aýallara we kiçi ýaşly düşünjesiz çagalara galypdyr. Sen Yraga goşun çekip, meniň permanym bilen Medaýyna[2] çoz we ol ülkäni jahany boýun egdiriji gylyjyň suwy bilen şirk[3] we kapyrlyk hapalaryndan ýuwup, arassala. Eger otparazlar ýüzlerini Haktagalanyň bendelik topragynda goýmasalar, onda olaryň dirilik harmanyny panylyk ýeli bilen sowur – diýip perman berýär.

Halyt ýalpyldap duran gylyçlarynyň şöhlesinden ýaňa gijäni gündiz edýän we ýeňiş nyşanalarynyň göwnejaý reňkleri bilen ýüregi şatlandyrýan goşuny bilen Basra ýolundan Yraga tarap ýola düşýär. Ol wagt heniz Basra şäheri gurulmandy. Emma Basranyň Übülle diýen ýeri abadandy we birnäçe köp ilatly abat obalar bardy. Olar Halydyň garşysynda durup bilmän ylalaşýarlar we paç bermegi kabul edýärler. Soňra Halyt ol ýerden Jezirä gidýär. Ol ýerde Müsenna oňa goşulýar. Jeziräniň emiri Aýas ibn Kabysa atly ady belli yrakly bir kişidi. Ol hem Halydyň ýanyna gelýär. Ol söweşip bilmejekdigini aňyp, garşydaşynyň öňünde durmaga güýjüniň ýokdugyna göz ýeten badyna, salgyt tölemegi kabul etmek bilen özüniň we kowumynyň janyny satyn alýar hem öz ygtyýarlygyndaky nagt pullary salgytlaryň başlangyjy hökmünde töleýär.

Şol töwerekde Lis atly oba bardy. Ol obanyň ilaty salgyt bermäge boýun bolmaýarlar. Olaryň Janan atly ajamly ýolbaşçylary bolupdyr. Halyda olaryň boýun egmeýändigi mälim bo-

[1] 635-nji milady ýylyna gabat gelýär.
[2] Medaýyn – Yrakda Dejle derýasynyň gündogar kenarynda ýerleşen şäher.
[3] Şirk — Hudaýa şärik getirmek.

landa, Müsennäni olaryň üstüne iberýär. Müsennä olaryň ählisini gyryp, obasyny talaýar. Halyt ol ýerden Hyra[1] tarap gidýär. Hyrada Isanyň dininde[2] bolan Abulmesih ibn Amr ibn Nüfeýl atly bir adam bolup, ol üç ýüz ýaşynda eken. Ol hem Halydyň ýanyna gelip, salgyt tölemäge boýun bolýar we ylalaşyp, yzyna dolanýar. Möminleriň emiri Abu Bekr Kagkag ibn Amr ibn Temimini Halyda kömege iberýär we Halyda Yragyň hemme ýerini basyp almak barada perman iberýär. Ol permanda şeýle diýilýär: «Arap leşgerinden yzyna dolanmagy isleýäni bar bolsa, öňüni alma. Oňa gaýdyp gelmäge rugsat ber».

Halyt Hyra we Jezire leşgerinden arkaýyn bolansoň we yslam baýdagy ol ülkelerde parlansoň, on müň adam bilen Yraga tarap ýola düşýär we serhetdäki Müsennä, Mezgur, Hermele we Selmä ýaly emirleriň hemmesini leşgerleri bilen öz ýanyna çagyrýar. Olar sekiz müň goşun bilen oňa goşulýarlar. Şeýlelikde, Halydyň leşgeri on sekiz müň söweşijä baryp ýetýär. Ol şol leşger bilen ajamlary ýok etmäge başlaýar.

## Hekaýat

Şol döwürde Übülle[3] ajamlylaryň araplar bilen arasyndaky serhet hasaplanypdyr. Ajam patyşasy ol ýerde Hurmuz atly bir serkerdebaşyny goýupdyr. Ol parasatly, işjeň we edermen adam bolup, ýigrimi müň adamly leşgeri bolupdyr. Halyt oňa garşy söweşmezinden, oňa şeýle mazmunda hat ýazýar: «Yslam dinini kabul et. Şonda iki dünýäniň hem bagtyna-sagadatyna ýetersiň ýa-da biziň gylyjymyzdan amanda galar ýaly salgyt bermegi kabul et».

[1] Hyra – bu şäher Kufäniň bir parsahlygynda ýerleşipdir. X asyrda Kufe şäheri doly abadanlaşdyrylyp gurlansoň, bu şäher ýitip gidipdir.
[2] Isanyň dininde – ýagny nasrany (hristian).
[3] Übülle – Dejle derýasynyň kenarynda Basra ýakyn ýerde ýerleşen şäher.

Hurmuz onuň bu hatyny Medaýyna iberýär. Şol wagt olaryň patyşasy Erdeşirdi.

Hurmuz Halyda garşylyk görkezmek üçin çöle çykýar. Arap leşgerine suw ýetmezçilik edipdir. Olar şu sebäpli agyr ýagdaýda galypdyrlar. Emma şol gije asmanda bulut peýda bolup, araplaryň leşgeriniň üstüne şeýle bir güýçli ýagyş ýagýar welin, hemmeler suwdan ganyp, meşiklerini we beýleki gaplaryny suwdan doldurypdyrlar. Ajam leşgeriniaň üstüne bir damja ýagyş hem ýagmandyr. Bu keramaty görseler-de, köňül gözi kör bolansoň, bu ýagdaý olara täsir etmeýär.

Goşun saplary düzülensoň, Hurmuz öňe çykyp, Halydy söweşe çagyrýar. Halyt öňe çykýar. Hurmuz, ejiz çepiksi adam bolupdyr. Halyt: «Munuň ýaly ejiz ajamly bilen näme üçin atly söweşeýin» diýip, atyndan düşýär. Hurmuz hem atyndan düşýär. Olar biri-birleri bilen garpyşýarlar. Göz açyp-ýumasy salymda Halyt ony ýere ýykyp, başyny kesýär we gulagyndan tutup, ony öz leşgeriniň arasyna oklaýar. Onuň leşgeri öz başlaryny başsyz görüp, aman galar ýaly gaçyp başlaýarlar. Halyt olaryň yzyndan atlylar iberýär. Atlylar olaryň köpüsini öldürip, galanyny ýesir alýarlar. Olar Hurmuzyň pilini hem ele salýarlar.

Soňra Halyt Übüllä girip, köp baýlyklardyr hazynalary ele salýar. Ajam patyşasy Hurmuza başyna täç geýmegi buýran eken. Ol başyna altyn-kümüşden ýasalan, nepis göwherler bilen bezelen we bahasy müň-müň[1] dirhem bolan täji geýýän eken. Halyt şol pil bilen täji musulmanlaryň yslamyň yzzatyny bilmekleri, diniň ýeňiş gazanjakdygyna şübhesiz ynanmaklary hem-de Allatagalanyň her asyrda bir patyşa bilen yslam dinine güýç berjekdigine we şol patyşanyň jeza beriş gylyjynyň alawy

[1] Müň-müň – million.

bilen kapyrlyk suwuny ýere dökjekdigine doly göz ýetirmekleri üçin halypalyk öýüne-paýtagta iberýär.

Bu sözüň dogrudygynyň güwäçisi şudur:

Parasat şasuwary[1] ýazuw işlerinde ujy ýiti syýa gamşyny ak meýdanda süren mahaly, ajamlaryň ýerleriniň musulmanlar tarapyndan basylyp alnyşy baradaky wakalara ýetende, birden ykbal öňe geçip, eýýamyň ýeňişleriniň naýbaşysy bolan Kukehriň[2] basylyp alnyşyna ýetirýär. Söweşiji şahynşa Nasyrynyň belent baýdaklary hoşbagtlyk we mübäreklik bilen Allanyň kömegi we goldawy arkaly Kukehr ülkelerini eýelemegi niýet edinip, ýola düşeninde we Kukehriň topragy ýeňiş gazanyjy goşunyň bulut şekilli, ýel aýak atlarynyň toýnaklarynyň astynda derbi-dagyn bolanda hem-de ol ülkäniň howasy şanyň gözel durkunyň hoş şemalynyň öwüsgini bilen behişt we tatar hüýrleriniň gözi gidýän mekanyna öwrülende, öz baýlygy bilen meşhur bolan Bedreddin bikararlykdan we ýeňilmekden başga zady oňarmajakdygyna göz ýetirip, gaçyş guýrugyna ýapyşyp, Jilem (Jeýlem[3]) derýasyndan geçýär. Ýöne patyşa ýörite gämiler bilen goşun arkaýyn geçer ýaly suwuň üstünde köpri gurmaklygy buýurýar. Bedreddin Terbal ýeke özi halas boljak bolýar. Emma jahan şasynyň köpri gurýandygyny eşidip, näumytlyk dili bilen şeýle diýýär:

Men bu ýüzümden derýa rowan etdim,
Işden gaçyp gutularyn öýtdüm.
Bu suw üsti köpri meni ahyra elter,
Köpri tarapda «ýap» yzymdan ýeter.

---

[1] Ýazar bu ýerde asyl mowzuklardan çykyp, döwrüniň soltany Şemseddin Iltutmuşyň basyp alan ýeri we onuň görkezen edermenlikleri barada söz açýar.

[2] Kukehr – bu sebitiň nirede ýerleşýändigi anyklanylmady.

[3] Jeýlem – Kaşmirdäki bir derýanyň ady.

Onsoň şalyk ýalkawyna penalanyp, ilçiler iberip, çäksiz paç bermäge boýun bolýar.

Ähtine wepaly, mübärek nazarly we bagtyýar bakyşly şanyň şol birje geçirimliligi üçin bu günki goşunyň elli müň gylyç syryjy esgeri onuň hyzmatynda bolup, buýran her bir işi üçin jan berýärler we özlerini söweşde galkan edýärler.

Halyt Welit[1] bu şöhratly ýeňşe eýe bolansoň, ajam patyşalary leşgerler toplap, Halyda garşy birnäçe gezek güýçli söweşler edýärler. Söweşleriň hemmesinde ýeňiş Halyda hemra bolýar we ajamlar hiç ýeňiş gazanyp bilmeýärler. Halyt bütin Yrak Sewadyny, Hyrany, Kufäni basyp alýar we Hyrada mesgen tutunýar. Ol her on günde we her aýda bir gezek oljalaryň bäşden bir böleginden ybarat bolan çäksiz baýlygy Medinä iberýär.

13-nji[2] hijri ýylynda hezreti Abu Bekr yslamyň haj parzyny ýerine ýetirende, Şam ülkelerini hem basyp almagy ýüregine düwýär. Ol Yrak Sewadyndan tä Basranyň Übülle diýen ýerine çenli basylyp alnandygyny, emma Şamyň hiç bir şäheriniň basylyp alynmandygyny göz öňüne tutup, şeýle niýet edinýär. Şamyň mülki Rum patyşasy Hyrkylyň ygtyýaryndady. Möminleriň emiri hezreti Abu Bekr üç adamy emir edip, Şama ibermekçi bolýar. Olar Halyt ibn Sagyt ibn As, Abu Ubeýda Jerrah we Şurahbil ibn Hasandy. Hezreti Omar Halyt ibn Sagyda garşy çykyp:

– Ol emir bolmaga mynasyp däl – diýýär.

Abu Bekr ony emirlikden aýryp, onuň ýerine Ýezit ibn Abu Sufýany goýýar. Soňra hezreti Omar ýene şeýle diýýär:

– Şamyň işi ýönekeý däl. Häzir jahanda mertlikde, ylymlylykda, işewürlikde we edermenlikde Halyt Welit ýaly adam

---

[1] Bu eserde Halyt ibn Welit «Halyt Welit» görnüşinde hem getirilýär.
[2] 635-nji milady ýylyna gabat gelýär.

ýok. Ol ajam ýurtlarynda meşhur işleri amala aşyrdy. Sen oňa Şama gitmegi we şol goşuna kömek etmegi buýrup, perman iber. Bu iş onuň eli bilen amala aşar.

Abu Bekr Halyda hat ýazýar. Ol hatda onuň öwgüli sypatlaryny beýan edýär we Ýaradanyň oňa yslam dinini beýgeltmäge we kapyrlary gyrmaga beren üstünliklerini ýatlap şeýle diýýär: «Ajam topragy seniň gylyjyňdan gorkup, hak ýola düşdüler, gozgalaňçylar tabyn boldular we boýun towlaýanlar şerigatyň hökümine boýun sundular. Yslam gününiň dogmaly wagty we ol sebitleriň jyhat oklaryndan ýaňa gün batan çagyndaky gözýetimiň etegi ýaly gana bulaşmaly wagty gelip ýetdi. Bu işi ýerine ýetirmek üçin senden mynasyp adam tapmadym. Perman şeýle: Häzirki duran ýerinde kapyrlary dep etmäge ýeterlik mukdarda leşger goý-da, galanyny özüň bilen alyp, Şama ugra. Men ol ýere goşun iberdim we olaryň ählisine seniň permanyňa boýun bolmaklaryny buýurdym. Eger kömek gerek bolsa aýtsynlar. Olara adam iberiler».

Halyt ol haty okap:

– Bu möminleriň emiri hezreti Omaryň pikiri. Sebäbi ol Yragyň ähli ýeriniň meniň tarapymdan basylyp alynmagyny islemeýär – diýýär

Soňra Halyt permana görä, goşunyň bir toparyny ol ýerde galdyrýar we Müsennäni öz ýerine olara emir belläp, galanlaryny özi bilen alyp gidýär. Hezreti Abu Bekr Mugawyýa ibn Abu Sufýany esli goşun bilen Halyda kömege iberýär. Başga-da daş-töwerekden leşgerler gelip goşulýarlar. Şeýdip, otuz alty müň söweşjeň goşun Şamda üýşýär. Rum patyşasy hem Kustantyndan[1] iki ýüz müň adam bilen ýola düşýär. Halyt Rum patyşasynyň gelýändigi baradaky habary eşidip, Şamyň şäherleriniň biri bolan Ýermuk şäherinde düşleýär. 13-nji hijri ýyly-

[1] Kustantyn — Konstantinopol.

nyň Dört tirkeşigininiň soňky aýynda Halyda hezreti Abu Bekriň örän ýarawsyzdygy barada habar gelip ýetýär. Musulmanlaryň gaýduwsyzlygy gowşaýar. Halyt adamlary üýşürip olara:

– Eý doganlar, bu gün şeýle bir gün bolup, yslamda hergiz hiç kim munuň ýaly güni gören däldir. Musulmanlaryň öňünde munuň ýaly müňlerçe duşman bolmandyr, bolmazam. Eger şu gün bu topar dagadylsa, mundan beýläk hergiz şunuň ýaly goşun bize garşy toparlanşyp bilmezler. Siz Abu Bekr üçin dälde, Hudaý üçin söweşiň we din üçin dalaş ediň. Eger musulmanlar şu gezek ýeňiş gazansa, onda möminleriň emiriniň her şähere bellän wekiline şol şäherleri berjekdigimi we her haýsyňyza ýeterlik sylag-serpaý etjekdigimi wada berýärin – diýýär.

Olar muňa razy bolup:

– Tä janymyz çykýança dalaş ederis we bu ülkäni Rum kapyrlarynyň we şum bidinleriň gany bilen derýa öwürýänçäk elde baryny ederis – diýýärler.

Soňra Rum patyşasynyň Rum garymyndan geçendigi baradaky habar gelip ýetýär. Ol garym Rum bilen Şamyň arasyndady. Şeýlelikde, Halyt leşgerini taýýarlaýar. Ol otuz alty müň adamy otuz alty topara bölüp, her müň adama beýik sahabalardan we arap söweşijilerinden bir kişini emir belleýär. Şeýle hem, ol Amr ibn Asy on müň adam bilen sag ganatda we Ýezit ibn Abu Sufýany on müň adam bilen çep ganatda goýup, özi on alty müň adam bilen merkezde durýar. Ol şeýdip leşgerini nyzama düzýär we daş-töweregi gurşap alýar. Iki tarapyň bellän söweş wagty gelip ýetýär. Iki toparyň saplary düzülýär. Rum patyşasy leşgerini şeýle bir görnüşde düzüpdir welin, gylyçlaryň ýalpyldysyndan gözler gamaşyp söweşijileriň känliginden ýaňa akyl haýrana galýardy. Halyt Welidiň buýrugy bilen Mykdat ibn Eswet we başga-da birnäçe araplar sapyň öňüne geçip, gaty ses bilen «Enfal» («Oljalar») süresini okaýarlar. Iki

tarapdan söweşijiler çaknyşyp başlaýarlar. Halyt Welit leşgeriň ortasynda:

– Muhajyrlardan[1] we ensarlardan[2] her kim pygamberiň ýarany bolsa bary sapyň öňüne çyksynlar – diýip, jar çekmegi buýurýar.

Pygamberimiziň ýaranlaryndan ol ýerde müň kişi bar eken. Halyt olary söweş düzüminiň öňüne geçirip:

– Eý, Allam, bular şol öz pygamberiňe medet beren we şularyň mededi bilen diniňe rowaçlyk beren adamlardyr. Biziň bu gün seniň ýardamyňdan we rehmetiňden başga ýapyşara zadymyz ýok. Bu jemagaty seniň yzzat-keremiňe şepagatçy etdim. Öz diniňe şular bilen ýardam ber! – diýýär.

Soňra şol müň kişiniň arasyndan Bedr söweşinde pygamber alaýhyssalamyň hyzmatynda bolan ýüz adamy hem aýryp, olara:

– Bu gün siziň işiňiz söweşmek däl-de, Beýik Allatagalanyň yslam dinine ýardam bermegi üçin doga-dileg etmekdir – diýýär.

Bu jemagat hem gözýaş bilen doga edip, uly ses bilen Gurhan okaýardylar.

Halyt şeýle görnüşde goşuny söweşe taýýarlaýar. Söweş degirmeni aýlanyp, ýürekler howalanyp, üzeňňiler agyrlaşyp başlanda, Medineden Mahmyýýa ibn Zenim atly çapar gelip hezreti Abu Bekriň dünýäden ötendigi we Halyt ibn Welidiň işinden boşadylandygy, emirlikdir serkerdebaşylygy Abu Ubeýda Jerraha tabşyrmalydygy barada habar getirýär. Çapar ýetip gelende, adamlaryň ähli̇si oňa tarap öwrülýärler. Hatda şonda Halyt «Bular gaçandyrlar» diýip pikir edipdir. Onsoň Halyt ol tarapdan atyny çapdyryp gelýär we ol ilçini görýär.

---

[1] Muhajyrlar – Mekgeden Medinä hijret edenler.

[2] Ensarlar – Medinäniň oturymly halky, muhajyrlara ýardamçy bolanlar.

Ýöne ol ilçi akylly, parasatly we tejribeli adamdy. Ol bu wagt Abu Bekriň ölendigi baradaky habary aýtsa, olaryň yhlas-niýetleriniň gowşap, söweş tanabynyň çözüljekdigine göz ýetirýär.

Halyt ondan:

– Möminleriň emiri Abu Bekr nähili? – diýip soraýar.

Ol:

– Gowy. Ol on müň adamy kömege iberdi. Size bu habary ýetirer ýaly maňa irräk barmagymy buýurdy – diýýär. Halyt we musulmanlar begenişip, aýdyň maksat bilen söweşe girişýärler. Söweş tutaşýar. Halyt çapary ýanyna çagyrýar. Çapar ýuwaşlyk bilen Halydyň gulagyna:

– Hezreti Abu Bekr bakylyk älemine gitdi. Ol hezreti Omara halypa bolmagy wesýet etdi. Adamlar hezreti Omar bilen ähtleşdiler – diýýär.

Halyt:

– Onda men wezipämden boşadylypdyryn. Sebäbi möminleriň emiri Omar menden ynjapdy – diýýär.

Soňra çapara bu habary gizlin saklandygy üçin berekella aýdyp:

– Bu habary gizländigiň gaty ýerlikli boldy, ýogsa «ýaramaz göz»[1] degerdi – diýýär.

Soňra atyndan düşüp, başyny sejdede goýup:

– Eý, Alla, sen ähli syrlary bilijisiň we seniň ylmyňa içki gizlinlikler we gizlin syrlar äşgärdir. Sen meniň din ýolunda jandan geçmelerimden, başymy goýmalarymdan maksadym atowaza we şöhrat gazanmak hem Abu Bekri razy etmek bolman, Seniň razylygyňy kesp etmek we şehitlik derejesine ýetip, Seniň ýalkawyňa mynasyp bolmak üçindigini bilýänsiň – diýýär.

---

[1] Bu ýerde «çarhypelek ýaramaz ýazgyt goýardy» diýen manysynda bolmagy mümkin.

Şeýdip, başyny sejdeden galdyryp, atynyň guşagyny berk daňýar we garşydaş leşgere hüjüm edýär. Ol duşmanlaryň başlaryny tenleri üçin nätanyş edip, yslamyň ýeňiş gylyjyny beýni kimin olaryň kellelerinde ornaşdyrýar. Onuň hutbaçysy bolan gylyç duşmanyň kelle münberlerinde yslam ýeňşiniň hutbasyny okaýar. Ol özüniň şol hüjüminde ähli rumlulary ornundan goparýar we olary ýeňlişe sezewar edýär. Ýeňlip, gaçyp gidenler Hyrkylyň ýanyna gelýärler.

Haryja atly serkerdebaşy atyna atlanyp, gaçan leşgeri saklaýar we olara göwünlik berip, täzeden saplar düzýär. Halyt hem olaryň ýene-de söweşe taýýarlanýandyklaryny görüp, biraz dem dürsäp, leşgerini ýerli-ýerinde goýuşdyrýar. Haryja öňe çykyp:

– Halyt Welit haýsyňyz? Ynsap ýoluna eýererimiz ýaly meniň ýanyma gelsin – diýýär.

Halyt onuň ýanyna barýar. Haryja oňa:

– Saňa näme üçin Allanyň gylyjy diýýändiklerini maňa mälim et, Hudaý asmandan heý bir gylyç iberdimi? – diýýär.

Halyt oňa:

– Ýok, emma biz hak diniň üstün çykmagy üçin gylyjymyzy gyndan çykardyk. Allanyň resuly maňa «Seýfulla»[1] diýip lakam berdi we bu abraýy, keramaty, hormaty maňa bagyş etdi – diýýär.

Haryja oňa:

– Maňa öz diniň hakykatyny aýan et – diýýär.

Halyt din barada başardygyndan oňa gürrüň berýär. Haryja oňa:

– Kimde-kim siziň diniňizi kabul etmese, onuň hökümi nämedir – diýýär.

Halyt oňa:

---

[1] Seýfulla — Allanyň gylyjy.

– Salgyt töläp, halas bolar ýa-da ynsap gylyjy bellisini eder ýaly biziň bilen söweşer – diýýär.

Haryja:

– Häzir Muhammet pygamberiň ahyret älemine baran wagty hem kimdir biri siziň diniňize girse, onda size berilýän sogap oňa-da berilermi? – diýip soranda, Halyt şeýle jogap berýär:

– Onuň sogaby köpräk hem bolar. Sebäbi onuň iman getirişi ajap zat. Biz pygamberi gördük, onuň mugjyzalaryna şaýat bolduk we sözlerini gulaklarymyz bilen eşitdik. Biziň iman getirişimiz gaty bir täsin däldir. Ony görmän, onuň mugjyzalaryny synlaman iman getiren adamyň imany gaty ajapdyr. Beýik Ýaradyjy beýle jemagaty Gurhany Kerimde wasp edip, olaryň tarypyny kemsiz-kössüz beýan edip, şeýle diýýär: «Olar gaýybana zatlara ynanýarlar, namaz okaýarlar we biziň olara ryzk beren zatlarymyzdan zekat berýärler»[1]. Soňra olar barada ýenede şeýle diýýär: «Ine, şolar hakyky iman getirenler. Olar üçin Perwerdigärleriniň huzurynda derejeler, mertebeler, ýalkaw we nazy-nygmatlar bardyr»[2].

Haryja bu gürrüňleri eşidip, derhal zünnaryny[3] açyp, iman getirýär we kelemeýi şahadaty aýdýar. Soňra yslam leşgerine arka öwrüp, kapyrlara garşy söweşip başlaýar. Ol Halyt we beýleki yslam leşgeri bilen bilelikde şeýle bir hüjüm edýär welin, ýeriň doň hem daş balygynyň arkasyny agyrdýarlar we altyn güý[4] bolan Güni tozan bilen tüm garaňkylyga öwürýärler. Şeýdip, rumlular ýeňilýärler.

Yzlaryna gaçanlar Hyrkylyň ýanyna barýarlar. Ol iş-işden geçendigine, goşunyň göwni çöküp, duşman leşgeriniň üstün

---

[1] Gurhanyň 2-nji (Sygyr) süresiniň 2-nji aýaty.

[2] Gurhanyň 8-nji (Oljalar) süresiniň 4-nji aýaty.

[3] Zünnar — musulmanlaryň golastyndaky gaýry dinleriň guşanýan guşagy.

[4] Güý — çöwgen oýnunda oýnalýan top.

çykandygyna göz ýetirýär. Olaryň goşuny başga çäre tapman, gaçyp başlaýarlar. Gün guşluk wagtyndan tä gün batýança pygamberimiziň ýaranlary kapyrlaryň yzyndan kowalap, olary atdan agdarýarlar. Ikrime ibn Abujähl we onuň ogly Amr ibn Ikrime bu söweşde şehit bolýarlar. Abu Sufýanyň gözüne peýkam çümýär we bir gözi kör bolýar. Huşam ibn As şehitlik bagtyna ýetýär. Halyt leşgerini üýşürip, serdarlaryň leşgergähine, ýagny bu kyssalaryň aýdylýan ýerine gelýär. Ol oljalary toplaýar. Ol leşgergähde otuz müň sany nagyşlanan ýüpek çadyrlar bardy. Bu ýeňiş Rejep aýynyň ikisine, Başgüni bolupdyr. Möminleriň emiri hezreti Abu Bekr (goý, Alla ondan razy bolsun!) Dört tirkeşigiň soňky aýynda wepat bolýar.

Soňra Halyt ol oljalary toplaýar. Haçanda paýlamak wagty gelip ýetende, ol özüniň wezipesinden boşadylandygy sebäpli özüniň musulmanlaryň arasynda oljalary paýlamaga hukukly däldigini bilýär. Ol çapara:

– Haty getir – diýýär.

Çapar ol leşgeriň ähli sütünleriniň we goşunyň meşhur serkerdeleriniň huzurynda haty Abu Ubeýdä berýär. Olar möminleriň emiri Abu Bekriň wepat bolandygy sebäpli ýas tutup, onuň ýogalandygy üçin ahy-nala edipdirler. Soňra Halyt ibn Welit hutba aýdýar. Ol Allatagala hamdy-sena aýdyp şeýle diýýär:

– Möminleriň emiri hezreti Abu Bekr Hakyň çakylygyna lepbeý diýdi. Ol meni hemmelerden gowy görýärdi. Indi hökümdarlyk möminleriň emiri hezreti Omara ýetdi. Ol menden ynjapdy we onuň kalbynda maňa bolan düşünişmezlik bar. Bu Omaryň Abu Ubeýdä ýazan haty. Eşidiň we etagat ediň. Men bu hatyň mazmunyny eşitdim we boýun boldum.

Şeýlelikde, halk Halydyň işinden boşadylandygy üçin diýseň gynanyp, gözýaş bilen oňa haýyr-doga edýärler we şeýle diýýärler:

– Alla Tebärek we Tagala senden razy bolsun! Sen yslam dinine ýeňiş gazandyrdyň, din duşmanlaryna garşy jyhat etmekde elde baryňy etdiň. Eger senden başga adam bolsady, beýle söweşmezdi we bu çaknyşyklardan ýüz öwrerdi. Şeýlelikde, duşman ýeňiş gazanardy.

Soňra leşgerdir oljalary we başga-da öz ygtyýaryndaky zatlary Abu Ubeýdä tabşyrýar. Halyt möminleriň emiri hezreti Omaryň halypalyk döwründe bäş ýyl ýaşan bolsa-da, hezreti Omar oňa hiç iş-wezipe bermändir.

Bu ýerde taryhçylar möminleriň emiri hezreti Omar bilen hezreti Halyt ibn Welidiň arasynda bolan gürrüňlerden rowaýatlar edýärler. Olary okamak adamlaryň sahabalara bolan ynançlarydyr düşünjelerini gowşadýar we peseldýär. Akylly-düşünjeli adam beýle rowaýatlara eýermeli däldir. Sahabalaryň iň kiçi derejeli kişisini-de bu asyryň han-begleridir abraýlylary bilen hem deňeşdirip bolmaz. Sebäbi hezreti Mustapa olar barada: «Asyrlaryň iň haýyrlysy meniň asyrym» diýipdir. Şol asyrdaky dindarlar başga asyrlaryň hem iň ýagşyzada adamlarydyr. Olary wasp edip, umumy ýa-da kesgitlenen şahslar barada aýatlar indi. Biri «Seýfulla» (Allanyň gylyjy), beýlekisi «Esedulla» (Allanyň şiri) lakamlaryna mynasyp bolup, Allatagalanyň Gurhandaky «Sen we saňa tabyn bolan möminler üçin Alla ýeterlikdir, besdir»[1] diýen aýatyna bolsa, ýene bir sahaba degişlidir. Olaryň her haýsysy kämil pazylatlara eýe we Hakyň kabul etmegine degişli adamlardyr. Olar barada ýagşy sözlerden başga gürrüňler etmek hakyky betbagtlykdyr zyýan çekmekdir.

[1] Gurhanyň 8-nji (Oljalar) süresiniň 64-nji aýaty. Bu aýatda Allatagalanyň Pygamberimizi we möminleri ähli duşmanlardyr bela-beterlerden gorajakdygy bellenilýär.

## Hekaýat

Ygtybarly we ynamdar rowaýatçylaryň hekaýat etmeklerine görä, möminleriň emiri hezreti Abu Bekr iki ýyl üç aý ýigrimi gün halypalyk edipdir. Başgün, 13-nji hijri ýylynyň Dört tirkeşiginiň soňky aýyndan ýedi gün galanda, onuň bilen ähtleşilýär. Onuň ölüminiň sebäbi şu aşakdaky görnüşdedir: Haýbaryň ady belli jöhitleriniň bir topary hezreti Abu Bekri halypa wagty myhmançylyga çagyrýarlar we köp taýýarlyklar görýärler. Araplaryň tebiplerinden we şol döwürde hikmetlilikde we tejribelilikde deňi-taýy bolmadyk Harys ibn Kelde hem şol myhmançylyga gatnaşýar. Hezreti Abu Bekriň öňünde bir tabak palaw goýýarlar. Hezreti Abu Bekr ol nahardan iýip, Harysa hem hödürleýär. Harys nahardan bir lukma agzyna alyp, derrew yzyna çykarýar we:

– Bu bir ýylyň dowamynda heläk edýän zäher. Her kim ondan iýse, bir ýyldan köp ýaşamaz – diýýär

Onuň aýdyşy ýaly hem boldy. Bir ýyl geçensoň, Abu Bekr (goý, Alla ondan razy bolsun!) ölüm ýassygynda ýatýar we on bäş günläp syrkaw bolýar. Şol gün Mekgäniň emiri Attap bin Useýt wepat bolýar. Oňa hem şeýle zäheri beripdirler. Möminleriň emiri hezreti Abu Bekr öz ölüminiň ýetip gelendigini aňyp, wesýetnama ýazýar. Onuň mazmuny şeýle: «Mähriban we Rehimli Allanyň ady bilen. Bu Abu Bekr Syddygyň, Allanyň resulynyň halypasynyň bu dünýäden galan soňky gününde we ahyrete gitjek ilkinji gününde ýazan wesýeti. Men, siz möminlere Omar Hattaby halypa edip belleýärin. Eger ol adyllyk etse, onda meniň ol hakdaky pikirimiň hakykata öwrüldigi bolar. Eger başgaça hökmürowanlyk etse, men gaýybana zatlardan habarly däl. «Zalym kişiler haýsy ýerde boljakdyklaryny tiz bilerler»[1].

[1] Gurhanyň 26-njy (Şahyrlar) süresiniň 227-nji aýaty.

Soňra ol:

– Meniň şol köne eşigimi ýuwup, meni şonda kepenläň. Sebäbi diri, täze eşige ölüden has mätäçräkdir. Soňra Resulallanyň ýanynda meniň gabrymy gazyň. Meniň jynazamy alyp, onuň rowzasynyň[1] ýanyna eltip saklaň hem-de: «Saňa salam bolsun, eý, Allanyň pygamberi! Abu Bekr gelipdir we ol siziň ýanyňyza girmek üçin dessuryňyza garaşýar» diýip gygyryň. Eger jogap we dessur berse, meni ol ýere salyň. Ýogsa, musulmanlaryň guburystanyna eltip jaýlaň – diýýär.

Ol bu wesýetini edensoň, onuň ruh guşy beden kapasasyndan ganat kakyp çykýar we jennet howasynyň asmanyna uçup gidýär. Ony taýýarlap, kepenlänsoňlar, wesýeti boýunça ony Resulallanyň rowzasyna getirýärler hem-de öz tabşyryşy ýaly seslenýärler. Açar ulanylmazdan şobada pygamberiň jaýlanan hüjresiniň gulpy açylýar we mübärek rowzadan «Dost dostuň yşgyndadyr» diýip, owaz eşidilýär:

Dost dostuň, ýar-ýaryň wysalyna gowşanda,
Mundan gowy zat, heý barmy jahanda?

[1] Rowza — gubur.

# OMAR IBN HATTAP

Onuň lakamy Abu Hafs bolup, doly ady Omar ibn Hattap ibn Nüfeýl ibn Abdyluzza ibn Kyrt ibn Ryýah ibn Abdylla ibn Razzah ibn Udeý ibn Kagp ibn Lu ibn Galypdyr. Ejesi Henteme bint Huşam ibn Mugyradyr. Ejesi bedasyl Abujähliň aýal doganydyr. Omar on ýyl, alty aý we bäş gün halypalyk edipdir. Ol altmyş üç ýaşyndaka 23-nji[1] hijriýylynda Gurban aýyndan ýedi gün galanda Hoşgüni şehit bolýar. Käbirleriniň aýtmaklaryna görä, ol elli bäş ýaşynda wepat bolupdyr. Ony hezreti Äşäniň hüjresinde jaýladypdyrlar. Onuň kätibi Zeýt ibn Sabyt[2] bolupdyr. Onuň ýüzüginde «Alla sabyrly kişiniň ýardamçysydyr» diýen ýazgy bolupdyr. Käbirleriniň aýtmaklaryna görä bolsa, onda «Eý, Omar, ölüm ýeterlik ýatlaýjydyr» diýen ýazgy bar eken.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, haçanda Halyt ibn Welit Şama tarap gidip, Yrak Sewady onuň haýbatyndan, beýikliginden we syýasatyndan boşap galansoň, ajamlar güýçlenip, leşger toplaýarlar. Müsennä kömek talap edip, halypalyk paýtagtyna gelýär. Ol

[1] 645-nji milady ýylyna gabat gelýär.

[2] Zeýt ibn Sabyr – ol on bir ýaşyndan pygamberimiziň huzurynda bolup, onuň kätipçilik wezipesini ýöredipdir.

Medinä gelip ýetende, Abu Bekr ýaraman ýatyrdy. Şonuň üçin ol bu ýerde galýar. Abu Bekr Omary oruntutary edip belläp oňa:

– Yragy iň möhüm işiň hasapla we Müsennäni derrew yzyna iber hem-de oňa kömek ber – diýýär.

Halypalyk hezreti Omar Hattaba ýetensoň, Müsennäni yzyna gaýtarmakçy bolýar. Ol sahabalary üýşürip, olara hutba aýdýar we olary jyhat[1] etmäge çagyryp:

– Kim Yraga, ajamlaryň üstüne gitjek? – diýýär.

Emma sahabalardan hiç kim oňa jogap bermeýär. Sebäbi hemmeler Halydy işinden boşadandygy üçin ondan ynjapdylar. Ol üç günläp hutba aýdyp, jyhat etmäge höweslendirse-de, hiç kim oňa jogap bermändir. Ol üç günden soň hutba aýdyp, olara:

– Siz eger şol ýurda eýe bolmasaňyz, onda açlykdan heläk bolarsyňyz. Sebäbi siziň güzeranyňyz söwda bilen baglydyr. Häzir ähli dünýä siziň duşmanyňyz. Söwda bolmaz. Şonuň üçin siz oljalardan paýly bolaryňyz ýaly jyhat etmäge mejbursyňyz – diýýär.

Olaryň arasyndan Abu Ubeýda Sakafy diýilýän kişi ýerinden turýar. Ol arapdy, emma pygamberiň ýaranlaryndan däldi. Ol bu işi kabul edýär. Onuň bilen başga-da birnäçe adamlar bu işi kabul edýärler. Şonda Müsennä ýerinden turup:

– Eý, musulmanlar, gapyl bolmaň, ajamlaryň işi gaty aňsat. Olar bizden gorkuda we ýürekleri titreýär. Meniň ol ýerde leşgerim bar. Ol ýeriň hemmesi biziň ygtyýarymyzda. Leşger toplamaklykdan maksat esgerleriň köp bolmagydyr. Ýogsa, ol ýerdäki leşger hem bize ýeterlikdir. Men duşmanyň ýüregi howpa düşsün diýip kömek isläp, bu ýere geldim hem-de bu işleri edýärin – diýýär.

---

[1] Jyhat – Allanyň razylygy üçin, din sebäpli söweşmek.

Şeýdip, adamlar razy bolýarlar. Olaryň sany müňe ýetýär. Hezreti Omar özüniň buýrugyny ilki kabul eden Abu Ubeýdany leşgerlere emir edip belläp, Müsennä:

– Oňa boýun bol we ony emir bil – diýýär.

Şonda birnäçe kişi oňa:

– Eý, möminleriň emiri! Bize hyzmatynda janpidalyk eder ýaly sahabalardan birini emir et – diýýärler.

Şonda möminleriň emiri hezreti Omar şeýle diýýär:

– Öň sahabalar jyhat etmekde şeýle öňdediler welin, hatda janlaryndan hem geçýärdiler. Emma häzir haýal-ýagallyk edýärler. Her kim hak din ugrunda jyhat etmäge has höwesli bolsa, şoňa hem ýolbaşçylyk ýarar....

Abu Ubeýda Müsennä bilen Yraga tarap ýola düşýär. Ol ýere ýetenlerinde, Yragy perişan we bulam-bujar halda görýärler. Sebäbi ajam leşgeriniň pälwany Rüstem Ferruh araplara garşy söweşmegi ýüregine düwüp, güýçli goşun bilen Medaýyndan Sewat serhetlerine çenli gelip, leşgergäh düzüpdi hemde Sewatdakylara we obalylara «Araplaryň leşger çekiji pälwany işinden boşadyldy, olaryň halypasy öldi we işleri togtady, indi siz olara boýun bolmaň» diýip perman iberipdi. Şeýdip, olaryň ähli̇si dinlerinden dänipdi. Ol ýerlerdäki musulmanlaryň birtopary öldürilip, birtopary bolsa gaçyp, dargapdylar.

Müsennä gelip ýetensoň, arap leşgeri güýçlenýär. Rüstem onuň gelenini eşidip, Sewat mülkdarlarynyň birine: «Sen leşger toplap, sewatlylary taýýarla. Men hem saňa kömek ibereýin, sen bolsa Müsennä garşy söweş» diýen mazmunda hat iberýär.

Ol mülkdaryň ady Janan eken. Rüstem oňa ýüz müň dirhem iberýär. Müsennä hem Abu Ubeýda ibn Mesgut Sakafy bilen bilelikde olara garşy Nemaryk[1] diýen ýere leşger çekýär. Olar şol ýerde şeýle bir gazaply söweşipdirler welin, asman

[1] Nemarlyk – Yrakda Kufäniň golaýynda ýerleşen bir ýeriň ady.

ölenleriň ganyndan ýaňa gülgün reňkli eşik geýnip, ýer gara reňke boýalypdyr. Ahyry ýeňiş ýeli öwsüp, yslam baýdagy beýge galýar. Kapyrlar ýeňlip, ýüzügara bolýarlar. Ajamlaryň köpüsi gylyçdan geçirilýär. Araplardan bir esger Janany ýesir tutup, ony öldürmekçi bolýar. Emma ol nepis göwherlerini araba berip, özüni satyn alýar. Şeýdip, ol pyýada yslam leşgergähinde galýar. Musulmanlaryň biri ony tanap, ikilenç ýesir tutýar. Ony Abu Ubeýdanyň ýanyna äkidýärler. Ol «Meni bir gezek tutdular, men özüme pidýe[1] berdim, şeýdip goýberdiler» diýip, öz ýagdaýyny düşündirýär. Käbir adamlar:

– Ony öldürmeli. Sebäbi ol Sewadyň patyşasy. Onuň öldürilmegi bilen ajamlaryň ýüregi ezilip, güýçleri azalar – diýýärler.

Emma Abu Ubeýda:

– Men ony öldürip bilmerin. Sebäbi musulmanlaryň biri ony azat edipdir. Onuň gany ähli musulmanlara haramdyr – diýýär.

Bu söweşde musulmanlaryň eline köp olja düşýär.

Allatagala her dem özüniň ýeňiş we üstünlik medetlerini beýik mertebeli şahynşaha ýetirip dursun.

## Hekaýat

Abu Ubeýda Ajam emirlerine garşy başga-da birnäçe gezek söweşipdir. Ol söweşleriň ähli̇sinde üstün çykyp, oljalaryň bäşden birini halypalyk öýüne iberipdir. Bir gün olar Kesker[2] diýen ýerde düşleýärler. Ol ýeriň han-begleri olara hyzmat hökmünde sylag-serpaý, gury hem-de başga hili halwalar we

[1] Pidýe — töleg, ýesir üçin tölenýän töleg.

[2] Kesker – Kufe bilen Basranyň arasynda ýerleşen etrap.

bir tabak paluda[1] getirýärler. Araplar şu wagta çenli paluda görmändiler. Olar:

– Bu zadyň ady näme we nämeden ýasalýar – diýip sorapdyrlar.

Kesker ülkesinde düýeguş ýaly ululykda towuklar bardy. Olar hemmä mälimdir. Olar şol towuklardan Abu Ubeýdanyň huzuryna getirýärler. Araplar ol towuklara düýeguşdyr öýdüpdirler. Araplaryň arasynda düýeguş iýilmeýän eken. Sebäbi olar oňa «periniň ulagy» diýipdirler, hem-de: «Her bir adam düýeguşy öldürse, ol peri pyýada galýar we ol kişä zeper ýetirýär» diýip düşünýän ekenler. Araplar olara:

– Bu düýeguşlary näme üçin getirdiňiz? – diýip soranlarynda, terjimeçi:

— Bular düýeguş däl, bular towuk – diýip, jogap beripdirler.

Şonda Abu Ubeýda geň galyp:

– Meniň leşgerimiň ählisine şeýle nahar getirdiňizmi ýa ýok? – diýip sorapdyr. Olar:

– Bulary diňe emiriň hyzmatyna getirdik. Olar bizde köp bolsa-da, köp öldürilip durlanok. Eger buýursaň, siziň leşgeriňizi hem myhmançylyga alalyň – diýýärler.

Şonda Abu Ubeýda:

– Men hem olaryň biri, meniň olardan artyk we mertebeli ýerim ýok. Olar diňe meniň permanyma eýerijilerdir. Men olaryň meniň bilen şärik bolmajak zatlaryny alyp bilmerin – diýýär.

Şeýdip, ol hemmesini gaýtarýar we sowgatlardan hiç zat almaýar. Haçanda bu habar möminleriň emiri hezreti Omara

[1] Paluda — nahar ady bolup, ol her hili miwelerden we krahmaldyr süýjüden, käwagtlar bolsa etden taýýarlanýar.

ýetende, ol diýseň begenýär we hemmeleriň arasynda ony öwýär. Musulmanlar şol ýeňişlerde uly bagt we paý tapypdyrlar.

Ýazgyt seniň duşmanyň gandal salyp getirer,
Gazanan eňşiň ony ajalyna ýetirer.

Abu Ubeýda Ajamyň birnäçe leşgerini dargadyp, birnäçe müň meşhur söweşijilerini jähenneme iberip, otparazlaryň haýbatyny gaçyryp, döwlet şemalyny ýatyransoň, olaryň Puran[1] atly patyşasy bolan Bähmen Jadu atly bir serkerdäni söweşe çagyrýar. Ol Ajamyň parasatlylaryndan we Yragyň iş başarjaňlaryndan bolup, batyrlykda we hilegärlikde meşhurdy. Bähmen hiç bir hasapçynyň hasaplap bilmejek goşunyny alyp, yslam leşgeriniň üstüne çozýar. Abu Ubeýda hem yslam leşgeri bilen öz mesgeninden çykyp, Fyrat derýasynyň kenary bilen Bähmeniň garşysynda düşleýär. Iki leşgeriň arasynda Fyrat derýasy bardy. Bu söweşe «Wakgatul-jisr»[2] hem diýipdirler. Bähmen Abu Ubeýdanyň ýanyna şeýle hat bilen ilçi iberýär: «Biz bu ýere tomaşa gelmedik. Bu görýän adamlaryň söweşmegi karar etdiler. Ikimiziň aramyzda Fyrat bar. Eger sen Fyratdan bir menzil yza çekilseň, men geçip, söweşe girişeýin. Ýogsa-da, men yza çekileýin, sen geç. Şeýdip, iş gutarsyn we hoşbagt bilen betbagt belli bolsun».

Abu Ubeýda:

– Men geçeýin, sen yza çekil – diýýär.

Şonda Müsennä oňa:

– Biziň geçmegimiz dogry däl. Gowusy olar geçsin. Sebäbi eger ýeňsek, duşmandan biri hem diri galmazlar we eger ýeňilsek, gaçara ýer bolup, duşmana ýesir düşmeris – diýýär.

---

[1] Puran ýa-da Purandoht Sasanly patyşa Hysrow Perwiziň gyzy we bu nesilşalygyň ýigrimi sekizinji patyşasy.

[2] Köpri söweşi.

Abu Ubeýda:

– Eger siz gaçmak niýeti bilen söweşýän bolsaňyz, diýmek, siz asmandan inýän ýeňişden we hemaýatdan umydyňyz üzük bolmaly. Men öz adamlarymyň meniň yza çekilmejegimi we ýüz öwürmejegimi bilerleri ýaly suwdan geçip, olara garşy söweşerin – diýýär.

Şeýdip ony bu işden hernäçe saklajak bolsalar-da, ol kabul etmändir.

Ertesi Bähmen Fyrat derýasyndan yzrak çekilýär we Abu Ubeýda özüniň ähli ýaranlary we leşgergähi bilen köprüden geçýär. Yslam leşgeri düzülensoň, Bähmen Jadunyň hut özi gelip, yslam leşgeriniň töwereginden aýlanýar. Bähmene «Zülhajyp»[1] hem diýýärdiler. Ol garry hem-de gaşlary uzyn bir kişi bolup, gaşy onuň gözüni örtýärdi. Ol hemişe gaşlaryny baş daňysy bilen daňýan eken. Ol yslam leşgerini görýär we olaryň söweş düzüminden habarly bolýar. Ertesi tüm garaňky «göwreli» gije ýer ýüzünde bir «nurana oglanjyk» dogransoň, iki leşger hem saplaryny düzýärler. Bähmeniň beýik daglar ýaly haýbatly otuz sany äpet pilleri bardy. Ol pillere peýkam täsir etmez ýaly sowut geýdiripdi. Olar saplaryny düzüp, yslam leşgeriniň öňüne çykanlarynda, pilleri goşunyň öňünde goýup, hüjüme başlaýarlar welin, ýeriň ýüregi simap kimin lerzana gelip ugraýar. Atlar pilleriň haýbatyny görüp ürkýärler. Yslam leşgeri dargaýar, tertip bozulýar we ajam atlylary rüstem çykýarlar.

Abu Ubeýda leşger gaçaýmasyn diýip gorkup, atdan düşýär we leşgere ýüzlenip:

– Atlaryňyzdan düşüň, atlar pilleriň öňünde durup bilmez – diýýär.

Arap leşgeri atlardan düşüp, söweş meýdanynda şeýle bir mertlik-merdanalyk we edermenlik görkezipdirler welin, az

---

[1] Gaşlak, uzyn gaşly.

wagtyň içinde ähli ajam leşgerini pytradyp, olaryň alty müň kişisini ýok edýärler. Bähmen öz pilleri bilen söweş sapynda durdy. Arap leşgeri olara zyýan ýetirip bilmeýärdiler. Ahyry Abu Ubeýda:

– Eý, Allanyň goşuny, bu pillere topulyň. Bu pilleri ýadatjak boluň. Sebäbi olaryň goşunynyň mydary we güýjüniň özeni şu pillerdir – diýip gygyrýar.

Soňra olara garşy söweşip başlaýarlar. Abu Ubeýda öňe çykyp, edermenlik görkezýärdi. Ýöne ejizje ynsan güýçli hem äpet piliň öňünde neneň durup bilsin! Abu Ubeýda pili ýaralajak wagty, pil holtumy bilen ony tutup, öňüne çekýär we ony aýak aşagyna alyp mynjyradýar. Onuň baýdagyny göterýän adam onuň ýere ýykylanyny görüp, baýdagy taşlaýar. Pilbanlar şatlyk jaňyny kakyp, «Arap patyşasyny öldürdik» diýip gygyrýarlar. Ýeňlen we yza çekilen ajam goşuny ýene dolanýar. Musulmanlar sapyň öňüne gelýärler we Abu Ubeýdany söweş meýdanyndan tapýarlar. Olaryň ýürekleri elenýär. Ahyry Abu Ubeýdanyň garyndaşlaryndan bolan Hasr ibn Hemdan diýen adam baýdagy göterip, öňe çykýar. Musulmanlar hem onuň töweregine üýşýärler. Araplaryň meşhur adamlarynyň we edermen söweşjeňleriniň birnäçesi öldürilýär. Musulmanlar ýeňilýärler.

Müsennä yza çekilýän musulmanlaryň yzyndan ýuwaş-ýuwaşdan süýşüp, ajam leşgerini saklaýardy. Onuň maksady leşgeriň köprüden sag-aman geçmegidi. Beni sakyf taýpasyndan bolan Abdylla Merset atly bir adam nadanlykdan we tenteklikden ýaňa öňe gidip, leşger yza çekilmez ýaly hem-de geçere ýer tapman söweşer ýaly köprini bozýar. Yza çekilýänler köpriniň ýanyna gelip, ony harap halda görensoňlar, özlerini suwa oklaýarlar. Birnäçesi sag-salamat geçse-de, beýleki bir topary gark bolýar. Müsennä ýetip:

– Kim köprini bozdy? – diýip soraýar.

Abdylla Merset:

– Men adamlar yzlaryna dolansynlar we söweşsinler diýip bozdum – diýýär. Müsennä oňa käýäp:

– Öz akmaklygyň we nadanlygyň bilen birnäçe musulmany gark etdiň. Men irden bäri şu musulmanlar sag-aman geçsin diýip, ajamlara garşy söweşýärin. Sen meniň ähli azabymy biderek etdiň – diýýär.

Soňra Müsennä:

– Eý, musulmanlar, howlukmaň! Duşman sizi yzarlamagyny bes etdi, özüňizi gark etmäň – diýip gygyrýar.

Soňra Müsennäniň buýrugy bilen gämi getirip, köprüni düzedýärler. Şeýdip, musulmanlaryň ählisi deryadan geçýärler. Soňra gämini ýok edip, leşgergähe gelýärler we şol ýerde düşleýärler. Müsennä ertesi goşuny jemläp görse, dört müň adam ýok eken. Olaryň käbiri şehitlik şerbetini içip, köpüsi bolsa gark bolupdyrlar. Şol gije bir topar adamlar yzlaryna dolanyp, Medinä tarap ýola düşýärler. Ertesi Müsennä sanap görse, üç müň atly galypdyr. Şeýlelikde, Müsennä ensarlardan[1] bolan Abdylla Zeýdi hezreti Omaryň ýanyna bu ýagdaýdan habarly etmek üçin iberýär. Ol hem gyssagly, ýola düşýär.

Möminleriň emiri münberde mühäjirlerdir[2] ensarlardan düzülen bir topar halkyň öňünde hutba aýdyp otyrka, Abdylla gelip ýetýär. Hezreti Omar ondan ýagdaýy soraýar. Ol münbere çykyp, möminleriň emiriniň gulagyna bolan wakany gürrüň berýär. Omar hemmä ýüzlenip, şeýle diýýär:

– Söweş, uruş şeýle bolýar. Kä wagt olja bolsa, kä wagt ýeňliş. Hezreti Mustapa Bedr söweşinde ýeňiş gazandy. Emma Uhut söweşinde ýeke-täk bolan Allanyň emri bilen yslam leş-

[1] Ensar – Medine şäheriniň oturymly ýaşaýjylary. Olara ensar, ýagny kömekçiler diýilmeginiň sebäbi, olar Mekgeden gelen musulman doganlaryna orun berip, olara kömek edendikleri üçindir.

[2] Mühäjir – hijret eden, Mekgeden Medinä göç eden.

geri ýeňlişe sezewar boldy. Bu zatlar Beýik Ýaradyjynyň hiç zada mätäç däldigininiň doly aýan we äşgär bolmagy üçindir.

Soňra ýene-de:

– Allatagala Abu Ubeýdä rehmet etsin! Ol öz işini doly berjaý etdi. Ol jyhat etmekde diýseň gaýduwsyzlyk we edermenlik görkezdi. Alla onuň yhlasyny biderek etmän, ony şehitlik derejesine ýetirdi – diýýär.

Müsennä köprüden geçensoň, şol ýerde düşleýär. Möminleriň emiri ýene-de duşmanlara garşy söweşmek üçin dört müň söweşiji bilen Jerir ibn Abdylla Bejelini we başga-da arap taýpalarynyň emirlerini oňa kömege iberýär. Olar şeýle bir söweşipdirler welin, asman öldürilenlere gan aglaýar, ýeriň ýüregi esgerleriň bagryndan ýaňa gan bolýar. Musulmanlar ahyry Bähmeni öldürip, ol toparlanşygy bolsa dagydyp, üstünlikli ýeňiş gazanyp, Yrak Sewadyna dolanýarlar.

## Hekaýat

Möminleriň emiri hezreti Omar Jerir ibn Abdylla Bejelini Müsennäniň ýanyna kömege iberende, ol gitmekden boýun gaçyryp:

– Meniň kowumym maňa boýun bolmazlar we Müsennäniň baýdagynyň astynda hyzmat etmezler – diýýär.

Hezreti Omar:

– Men olara humsyň[1] dörtden birini bermegi wada etdim. Oljalar paýlanyşyp, bäşden biri çykarylsa, şonuň dörtden birini berjek – diýýär.

Jerir şoňa razy bolup, ajamlara garşy söweşe gidýär. Möminleriň emiri Omar Müsennä şeýle hat ýazýar: «Jerir ibn Abdylla Jebelelileriň abraýlylaryndan, sahabalaryň ulularyndan

[1]Hums — oljanyň bäşden biri.

we meşhurlaryndandyr. Ol heniz iman getirmänkä, Pygamberimiziň huzuryna gelip, metjide girende, hezreti Mustapa oňa öz mübärek donuny ýazyp, dürdäne sözleri bilen: «Eger bir kowumyň hormatlanýan adamy gelse, sen hem oňa hormat goý» diýipdi.

Şonuň üçin oňa hyzmat et, tagzym et we humsyň dörtden bir bölegini oňa ber» diýipdir.

Jerir Müsennä goşulanda, ol Müsennäniň öňünde tagzym etmek däbini saklap, hormatlaýyş şertlerini berjaý edýär. Olar bileleşip, ajam patyşalaryna garşy söweşip, olary jähenneme iberensoň, humsyň dörtden birini oňa berip, galanyny halypalyk paýtagtyna iberýär. Şondan soň, Jerir bin Abdylla leşgerini aýryp, Müsennä bilen birleşmändir. Müsennä oňa:

– Sen maňa kömege iberilen bolsaň, onda meniň bilen ylalaşyp, maňa boýun bolmaly. Şeýdip, pikirlerde şärik bolmaly – diýýär.

Jerir bolsa oňa:

– Meni şu geçen söweşde saňa kömekçi edip iberdiler. Men hem öz borjumy berjaý etdim. Mundan soň, sen maňa emirlik edip bilmersiň – diýýär.

Müsennä möminleriň emiriniň huzuryna hat ýazyp, Jerirden arz-şikaýat edýär. Möminleriň emiri oňa şeýle jogap ýazýar: Jerir ibn Abdylla Pygamberimiziň sahabalarynyň ulularyndandyr. Ol saňa boýun bolmasa-da, oňa päsgelçilik berilmez».

Soňra möminleriň emiri maslahatlaşmalardan we pikirlenmelerden soň, pygamberimiziň ýaranlarynyň arasynda köp pazylata we uly hormata eýe bolan Sagdy Wakgasy ol leşgere emir belläp, Müsennä we Jerire onuň hyzmatynda bolmaklaryny buýurýar. Sagdy Wakgas ol ýere baranda, ikisi hem oňa tabyn bolup, boýun egýärler.

## Hekaýat

Sagdy Wakgas (goý, Alla ondan razy bolsun!) Yrak Sewadyna ýetmezinden öň, bir jemagat Müsennä garap: «Medaýynyň töwereginde Bagdat diýilýän bir ýer bar. Ol ýer ajamlylaryň bazar edýän ýeri bolup, ol ýere ajam etraplaryndan adamlar gelýär we ýedi günläp söwda edýärler» diýip, habar berýärler. Bu ýer häzirki wagtda Bagdat şäheriniň ýerleşýän ýeridir. Emma ol wagt heniz Bagdat şäheri gurulmandy. Möminleriň emiri Mansuryň[1] halypalyk süren döwründe bu beýik şäher guruldy we halypalygyň paýtagty edilip bellenildi. Şondan öňki döwürlerde ol ýer diňe bir oba bolup, ol ýerde ajamlar ýylda bir gezek üýşüp, uly bazar gurup, köp söwdalar eder ekenler.

Müsennä bu habary eşidip, iki müň atly saýlaýar we Benhere ýolundan şol ýere ugraýar. Olar gije ýol ýöräp, gündiz gizlenip, Bagdada ýetýärler. Şol wagt ol ýerde ajamlar üýşüp, bazar gurnapdyrlar. Ikinji güni asudalykda, guşluk wagty Müsennä gelip, gylyç syryp, olara garşy hüjüm edýär. Olar bu ýagdaýdan gapyldylar we söweşe taýýar däldiler. Şonuň üçin mallaryny-baýlyklaryny taşlap, gaçyp başlaýarlar. Müsennä öňki köp söweşlerden bir näçe esse köp adamlary gyrýar. Duşman ýeňlip gaçansoň, Müsennä nepis zatlardan we gymmatbaha geýimlerden başga ýük bolmaz ýaly gymmatsyz, peýdasyz zatlary almazlyk şerti bilen bazary talamaklygy buýurýar. Şol gün goşun öňki söweşlerdäki oljalardan hem çensiz köp olja toplap, durman, üstünlikli ýeňiş bilen Sewada gaýdýarlar. Soňra şol oljalary bäşe bölüp, bir bölegini möminleriň emiri Omara iberýärler. Yslamyň haýbaty ajamlaryň ýüreginde

[1] Mansur – Apbasylar halypalygynyň ikinji halypasy (hökümdary) 662-684-nji ýyllarda höküm sürüpdir.

orun tapýar we olar Hak sözüniň beýige galjakdygyna göz ýetirýärler.

Bu hekaýat patyşalara we soltanlara duýduryş bolup, hiç wagt duşmandan gapyl bolmaly däldigini görkezýär. Sebäbi olardan gapyl galmaklyk öwezini dolup bolmajak zyýanlara eltip biler:

Äsgermän gapyl galsa, her halda kim duşmandan,
Döwlet saklanman derrew gider, beýle ynsandan.

Äsgermezlik duşmany – çekip bolmajak zyýan,
Garaşmaýan halyňda ýagy çozar, bil aýan.

Äsgermezlik edensoň, garynjadan şir ynjar,
Pil hem peşeden gaçyp, geçer özünden-jandan.

## Hekaýat

Bu wakanyň habary Medaýyna ýetende, Medaýynyň ilaty şu wagta çenli başlaryna düşmedik betbagtçylygyň ähtimallygyna düşünýärler. Sebäbi Medaýynyň halkynyň aglaba köpüsi bezirgenler we gaýrylar şol bazara köp baýlyk eltipdirler. Olar şol betbagtçylyk odundan howatyrlanyp, üýşüp, patyşalyk köşgüniň gapysyna gelýärler we ajamlaryň serkerdebaşylary, özleriniň ýolbaşçylary we ol diýaryň leşger çekijileri bolan Rüstemi[1] we Piruzy[2] masgaralap:

[1] Rüstem – Sasanly nesilşalygyň soňlarynyň meşhur we ökde serkerdesi Farruh Hurmuzdyň ogly.

[2] Piruz – Sasanly nesilşalygyň ýigrimi dokuzynjy patyşasy. Ol Burandan soň takmynan 630-njy ýylda azajyk wagtlap höküm sürüpdir.

– Ajam patyşalygy siziň eýýamyňyzda harap boldy. Siz öz gapyllygyňyz we geleňsizligiňiz bilen adamlary heläk etdiňiz. Eger araplaryň batyrgaýlygy şeýle derejä ýetip, olar Bagdada hüjüm edip, ol ýerdäkileri talap, birnäçe müň adamy gylyçdan geçiren bolsalar, onda olaryň Medaýyna gelip, hemmämizi heläk etmekleri hem daşda däldir. Biz bu ýagdaýa razy däl we siziň ýolbaşçylygyňyza boýun bolmarys – diýýärler.

Rüstem olara:

– Siziň başyňyza düşýän bu pitneler siziň patyşaňyzyň ýoklugyndan. Patyşalyk aýalyň elinde bolsa şeýle bolar. Siziň işiňiz şowuna bolar ýaly, size mertligiň adyny belende göterýän, patyşalyga mynasyp we laýyk, patyşalyk tagtyna ýöritelesen hem-de şahynşalyk eýwanyny bezeýän edermen bir mert adam gerek. Aslynda örtügli bolmaly aýal başarjaňlykdan we edermenlikden daşda bolýar – diýýär.

Soňra Perwiz[1] we Şiruýäniň[2] haremhanalaryndan habar alýarlar. Şeýlelikde, Perwiziň Şähriýar atly oglundan Ýezdigert atly oglunyň barlygy we Şiruýeden gorkusyna ony Parsyň Istehr[3] diýen ýerinde bir enekä berendikleri mälim bolýar. Onuň dünýä inendigini gizlin saklapdyrlar we şol wagta çenli hiç kimiň onuň bardygyndan habarly bolmandyr. Rüstem birnäçe adam iberip, Ýezdigerdi getirdýär. Onuň alnynda ululyk nyşanasyny görýärler. Ol ýigrimi bir ýaşly belent hümmetli we görmegeý ýigitdi.

Şeýlelikde, ony getirip, şalyk tagtynda oturdýarlar. Ähli emirler we döwlet sütünleri onuň öňünde tabynlyk guşagyny

---

[1] Perwiz – Hysrow II, Sasanly şahynşa. Hurmuz IV ogly. Ol 591-626-njy ýyllar aralarynda hokum sürüpdir.

[2] Şiruýe – ýokardaky çykgytda görkezilen Hysrow II ogly. Ol kakasyndan soň diňe alty aý hökümdar bolýar we awy bermekleri zerarly ýogalýar.

[3] Istehr – Eýranyň günorta-günbatarynda ýerleşen Pars welaýatynyň bir şäheri. Ony Eýran şasy Istehr ibn Tahmures guryar.

guşaýarlar. Ol adyllyk düşegini düşäp, daş-töweregiň patyşalaryny çagyrýar we olara köp wadalar bilen goltgy berýär. Ajamlar onuň tagta geçendigine köp begenýärler, iş öňki tertibe geler öýdüpdirler. Olar döwlet gowşap, ykbal hem ýüz öwrensoň, onuň gaýdyp gelmeginiň kyndygyny bilmeýärdiler.

Ýezdigert Rüstemi wekil edip, ýüz müň atly berip:

– Biziň iň möhüm işimiz ajamlara musallat bolan we ähli Sewat ülkesini basyp alan araplardyr. Şolary dep etmek we şol ody söndürmek üçin sen elde baryňy etmelisiň. Sen menden hernäçe hazyna we leşger sorasaň bererin – diýýär.

Rüstem üpjün leşger bilen Medaýyndan çykýar we musulmanlaryň golastynda bolan mülkdarlardyr beýleki kişileriň üstüne çaparlar iberip, olary patyşanyň ahwalyndan habardar edip:

– Ajam patyşalygy täzelendi we Ýezdigerdiň haýbat we bereket saýasy düşen patyşalyk emele geldi. Mundan beýläk işler tertipleşdiriler we bu ülkede aýallardan we çagalardan ýaňa ýüze çykan kemçilikler düzediler – diýýär.

Mülkdarlar bu habary eşidip, ählisi ajamlara meýil edýärler. Olaryň içindäki musulman bolanlar mürtet bolup, salgyt kabul edenler boýun egmekden ýüz öwrüp, Müsennäniň oturdan adamlarynyň janlaryna kast edip, olaryň käbirlerini öldürýärler. Galany bolsa gaçyp, Müsennäniň ýanyna gelýärler.

Bu habar hezreti Omara ýetende, onuň özi ýola düşüp, ajamlaryň ülkesine barmagy ýüregine düwýär. Ol leşger toplap, Medineden çykýar. Sahabalar ondan:

– Möminleriň emiri nirä gitmekçi – diýip soraýarlar.

Ol olara:

– Men ajam ýurduna gitmekçi. Sebäbi olar güýçlenip, patyşa tapynypdyrlar. Sewatdaky musulman bolanlar mürtet bolup, musulmanlaryň birtoparyny öldüripdirler – diýýär.

Olar:

– Eý, möminleriň emiri, eger sen gitseň, araplaryň işi perişan bolar. Sen işlerde kemçilikdir nogsan emele gelmez ýaly, Pygamberimiziň ýaranlarynyň birine emirlik berip, ony goşundyr leşger bilen üpjün edip, özüň şu ýerde galsaň gowy bolar. Sebäbi eger seniň mübärek durkuňa bir zeper ýetäýse, ony ýerine salyp bolmaz, emma eger seniň emirleriňe bir zat bolaýsa, onda ony ödäp bolar – diýýärler.

Soňra möminleriň emiri bu pikiri oňlaýar. Geňeş we doga-dileg edensoň, bu işe beýik sahabalardan we meşhur ýaranlardan bolan Sagdy Wakgasy saýlaýar. Ol ok atmakda şeýle bir ökde bolupdyr welin, gözüň damaryny nyşana almagy we garaňky gijede garaýagyz adamyň ýüzüniň meňini nyşanalamagy başarypdyr. Ol «Uhut» söweşinde Pygamberimiziň: «Eý, Sagt, saňa kakam, ejem pida bolsun, ok at, sebäbi seniň peýkamyň din duşmanlarynyň gününi garaldar» diýen mübärek jümlesi bilen mertebelenipdi. Şol wagt Sagdy Wakgas Nejiddedi[1] we Hewazyn[2] taýpasyndan zekat hökmünde müň sany doly ýaraglanan adam alypdy. Şol geňeş wagty bir adam gelip, Sagdyň: «Hewazyn taýpasyndan doly ýaraglanan müň adam aldyk. Olar halypalyk paýtagtyna gelerler. Möminleriň emiri olary näme işe bellese, olar ýerine ýetirer» diýen mazmunda bir hat getirýär.

Soňra Sagt derrew leşgeri bilen halypalyk paýtagtyna gelýär. Oňa emirlik permany berilýär we ähli leşgeri oňa tabşyrýarlar. Hezreti Omar ony Sewat ülkesine iberip, Müsennä: «Sagdyň hyzmatynda bolmaly we oňa boýun bolmaly» diýip hat ýollaýar.

Sagt derrew ýola düşýär. Möminleriň emiri hezreti Omar arap kabylalaryndan medet sorapdy. Olardan topar-topar bolup

---

[1] Nejd – Arabystan ýarym adasyndaky daglyk ýer bolup, demirgazyk tarapdan Yrak we Iordaniýa ýurtlary bilen araçäkleşýär.

[2] Hewazyn – Arap ýarym adasynyň demirgazygynda ýaşaýan bir taýpa.

leşger gelýärdi. Ol goşuny Sagdyň yzyndan iberýär. Sagt alty müň adam bilen gidipdi. Onuň yzyndan ýene-de on müň atly iberilýär. Sagt Müsennäniň we Jerir Abdyllanyň ýanyna ýetende, olaryň hem on müň adamy bardy. Olaryň ählisi hem Sagdyň ygtyýaryna tabşyrylýar.

Sagt leşgeri hasaba alýar. Olar ýigrimi sekiz müň böwsüji, gylyç çekiji, gan döküji, duşman basyjy we sap bozujy söweşjeň adamlara barabar bolupdyr. Sagt ýene-de Sewadyň töwereklerinden, Hyradan we arap ülkelerinden medet soraýar. Olar hem on müň adam iberýärler. Şeýdip, olar bilen otuz sekiz müň adam jemlenýär. Elbetde, olaryň sany barada dürli pikir bar. Ýöne Kadysyýýa[1] söweşinden soň, oljalary otuz müň adamyň arasynda paýlaşandyklary hakykatdyr.

Sagt ýarag-esbaplary, leşgeri taýýarlap, söweşe häzirlenip, emirleri-serkerdeleri belläp, hezreti Omara özüniň taýýardygyny yglan edýär.

Rüstem arap leşgeriniň gelendigini eşidip, şol ýerde düşleýär. Sagdy Wakgas leşgeri şol taýýarlygy bilen ol menzilden alyp, Kadysyýýada ornaşdyrýar. Yslam leşgeri her gün Sewat ülkesiniň arasynda çozuş geçirip, atlara ot-iým ýygnap, kä obalary haraplaýardylar. Ahyry Rüstem Sagdy Wakgasa garşy söweşmek üçin ýöriş edýär. Möminleriň emiri hezreti Omar Sagda şeýle buýruk berýär: «Ajam patyşasynyň ýanyna ilçi iberip, ony yslam dinine çagyr we oňa delili aýan et. Eger kabul etmese, onda diniň ynsabyny alar ýaly gylyjy hekem[2] ediň».

---

[1] Kadysyýa – Kufeden on bäş parsah uzaklykda ýerleşen şäher.
[2] Hekem — aralykçy.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Sagdy Wakgas (goý, Alla ondan razy bolsun!) araplaryň tanymallaryndan we leşgeriň dile çeperlerinden on dört adamy ilçi hökmünde Ýezdigerdiň ýanyna iberýär. Olaryň içinde Nugman ibn Mukryn, Beşer ibn Abu Edhem we başga-da araplaryň meşhur adamlary bardy. Olar Medaýyna tarap ýola düşýärler. Olar Rüstemiň goşunyna ýetenlerinde, Rüstem olardan:

– Siz nirä barýarsyňyz?– diýip soraýar.

Olar:

– Emirimiz bizi Ýezdigerdiň ýanyna ilçi edip iberdi – diýip, jogap berýärler.

Rüstem olara böwet bolman, patyşanyň ýanyna iberýär. Medaýyna ýetensoň, olary Ýezdigerdiň ýanyna äkidýärler. Ýezdigert olary gowy garşy alýar we hezzetleýär. Bir topar adamlar olary synlamaga gelipdirler. Olar egnine ýemen donuny we aýaklaryna köwüş geýip, araplarda adat bolşy ýaly, başlaryna selle daňynyp, gylyçlaryny bolsa boýunlaryndan asypdyrlar. Olaryň haýbaty araplaryň[1] ýüreklerinde ornaşypdy. Ýezdigert dilmajyna ýüzlenip:

– Bu geýýän eşiklerine näme diýýärler – diýip soraýar. Olar:

– Bürd[2] – diýip jogap berýärler.

Şonda Ýezdigert:

– Arap mülki ma bürd[3] – diýýär.

Ajamlar bu sözi eşidip, erbet yrym edýärler we ynjaýarlar.

Soňra Ýezdigert dilmaja:

---

[1] Bu ýerde «Ajamlaryň» bolmagy ähtimal ýa-da şol on dört adamyň haýbaty araplaryň öz aralarynda hem meşhur bolmagy mümkin.

[2] Bürd — don.

[3] Bu ýerde arap biziň mülkümizi «äkitdi» manysynda gelýär.

– Olardan näme iş bilen geldiňiz diýip sora – diýýär.

Nugman ibn Mukryn şeýle diýýär:

– Biz araplar azaşma çölünde we haýranlyk ülkesinde galypdyk. Biziň kalbymyzyň gözi perdelidi. Biz dogry-hak ýoly görmeýärdik. Ýaradyjynyň bize rehimi inip, özümizden bir pygamber iberdi. Ol biziň haky batyldan, ýagşyny ýamandan we dogry ýoly nädogry ýoldan saýgarmagymyz üçin yslam dinini, hak ýoly bize äşgär etdi we özüniň tagallasy we päkligi bilen bizi dogry ýola gönderdi. Biziň Pygamberimize Allatagaladan: «Adamlary hak ýola çagyr. Her kim meýletin hak diniň ýolunda gadam goýsa, iki dünýäniň hem bagtyna eýe bolar. Her kim bu dini kabul etmese we jizýe[1] hem kabul etmese, ýalawly hem ýakyjy gylyç bilen ony ýola salmaly» diýip, buýruk berlendir. Biz seni Hudaýyň ýoluna, Hak dine çagyrmaga geldik. Eger kabul etseň, sen hem biziň birimiz bolup, dünýäniň hem ahyretiň mülküni ele salarsyň. Eger kabul etmeseň, onda ýeňşiň kime ýetjekdigini we kimiň döwletiniň üstün çykjakdygyny bilmek üçin saňa garşy söweşeris.

### *Şygyr*

Munda kimiň gylyç sapy al gana bulaşar,
Ýa-da kimiň ykbaly alawlanar-tutaşar?

Ýezdigert olara şeýle diýýär:

– Siz araplar kyn güzeranda we çöl-beýewanlarda ösüp ulalan. Biz sizi özüňize tabşyryp, siziň janyňyza kast etmeýärdik. Indi öz çägiňizden çykyp, ajam ýurtlaryna çozuş etmegi we ol ýerleri basyp almagy niýet edinipsiňiz. Siz ajam tagtynyň patyşadan boşdugyndan peýdalanyp, welaýatlary weýran etmä-

[1] Jizýe — musulmanlaryň golastyndaky kapyrlardan alynýan salgyt.

ge başladyňyz. Indi patyşalyk nobaty meniň elime düşdi, size beýle zatlar etmek miýesser etmez. Biz size, siziň bize gaçdy eden işiňizi etmeris. Biz sizi sylaglap-hormatlap, siziň gamyňyzy iýip, aladaňyzy eder ýaly özüňizden birini size patyşa ederis. Siz bize tabynlyk bilen boýun boluň we bihudalyk bilen özüňizi heläkçilige itermäň.

Mugyra ibn Şugba[1] söze başlap, şeýle diýýär:

– Patyşa ras aýdýar. Biziň açlygymyz we zatsyzlygymyz patyşanyň aýdanyndan hem öteräkdir. Emma Ýaradyjy bize rehim etdi. Ol har-zelilleri eziz we ezizleri har-zelil etmegi başarýandyr. «Isläniňi ezizlärsiň we isläniňi peseldersiň»[2]. Häzir aýtmaly zatlar köp. Emma bu barada gepi uzaltmak many-mazmundan çykarýar. Biziň ilçilik habarymyzyň maksady, eger biziň dinimize boýun bolup, Haka tabyn bolsaň we mülkdür patyşalyga magrur bolmasaň, siziň bilen biziň aramyzda ýaraşyk bolar. Eger muňa razy bolmasaň, biz öz delilimizi äşgär etdik we Alla nämäni höküm etse görübereris.

Patyşa oňa:

– Sen meniň bilen beýle gepleşmäge neneň milt edip bildiň? – diýýär.

Mugyra oňa:

– Patyşa meniň bilen gepleşse, men kime jogap bereýin? – diýýär.

Patyşa gazaplanyp, bir ganar gum getirmeklerini buýurýar. Soňra ol şeýle diýýär:

– Ony olaryň ýaşulusynyň arkasyna ýükläň. Olar Medaýyndan çyksynlar. Olary şäherden kowuň. Eger patyşalaryň ilçileri öldürmezlik däp-düzgüni bolmadyk bolsady, olardan

[1] Mugyra – sahabalardan, köp ülkelere häkimlik edip, 670-nji ýylda wepat bolupdyr.

[2] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 26-njy aýaty.

soň patyşanyň huzurynda hiç kim biýedeplik etmez ýaly olara gowy jeza bererdim.

Şol ganar gumy getirenlerinde, Asym ibn Amr:

– Olaryň ýaşulusy men – diýip, ony arkasyna alýar we Medaýynyň derwezesinden çykýar.

Olaryň her haýsysynyň ýükleri daşaýan düýeleri bardy. Asym öz düýesiniň ýanyna ýetýänçä, şol gumy getirýär. Soňra ony düýesine ýükläp:

– Men şu ganar gum bilen ajam patyşalygyny alarys diýip umyt edýärin, olaryň welaýaty biziň golastymyza geçer – diýýär.

Şol gumy Bagdada çenli eltip, şol ýere dökýärler. Ahyry olaryň umyt edişi ýaly hem boldy. Olaryň umydy nahal bolup gögerdi.

## Hekaýat

Soň Sagdy Wakgas Rüstem bilen birnäçe gezek söweşler etdi. Kadysyýýada şeýle bir söweş etdiler welin, arapda, ajamda hiç kişi beýle söweş görkezmändi. Üç gün söweş etdiler. Birinji güni «Ýowmul Armas»[1] atlandyrdylar. Ikinji güni «Ýowmul agmas»[2], üçünji güni bolsa, «Ýowmul ymas»[3] atlandyrdylar. Bu hüjümde ajam ýeňlişe, arap bolsa ýeňişe duçar boldy. Ahyrynda iş şeýle ýagdaý bilen tamamlandy. Rüstem goşunyny Kadysyýa, Fyratyň kenaryna söweşe gönderipdi. Özi bolsa, derýanyň akymyna we şemalyň öwüsginine nazar salyp, bir çadyr dikip, şol ýerde otyrdy hem-de batyrlaryň söweşine we merdanalaryň biri-birini ýenjişlerine seredýärdi. Birden, Taňrynyň gahar ýeli gelip, ol çadyry onuň depesinden inderdi. Ol ýel

[1] Ýowmul Arwas – Armas güni. Armas – şol gün söweş bolan ýeriň ady.
[2] Ýowmul agmas – ýardam berlen gün.
[3] Ýowmul ymas – tümlük we garaňkylyk güni.

ajamlylaryň garşysyna öwüsýärdi we olaryň gözlerini çaň bilen gapýardy. Yslam leşgeri Taňrynyň goldaw öwüşgininden ýeňiş şemalynyň öwsüp başlandygyny görüp, edil ot deýin hüjüm etdiler. Ajam leşgeri gaçmaga ýüz urdy. Rüstem tagtyndan aşaga indi. Günüň öňüni tutar ýaly çadyry bolmansoň turdy. Onuň ýanynda hazynalar ýüklenýän düýeler durdy. Eger gaçmaly bolaýsa, taýýar durar ýaly hazynalar hem olara ýüklengi durdy. Rüstem ýeliň we günüň derdinden aman bolar ýaly düýeleriň astynda oturdy.

Ajam leşgeri ýeňlip gaçanda, yslam leşgeri olaryň yzyndan kowalap, Rüstemiň tagtynyň ýanyna ýetip geldiler. Ähli zatlary agdar-düňder etdiler. Derefşi Käwiýanyny[1] Rüstemiň tagtynyň öňünde dikipdiler. Ol nepis göwherler bilen bezelen bir baýdakdy. Ol baýdak musulmanlaryň eline düşdi. Onuň bahasy bäş gezek müň-müň dirheme[2] barabardy. Bu ahwalyň bolup geçýän wagtynda Helal ibn Alkama Rüstemiň astynda gizlenip duran düýesiniň ýanyna baryp ýetdi. Helal onuň hazyna düýesidigini hem-de onuň ýüküniň hemmesiniň nagt puldugyny bildi. Onsoň gylyç urup, ýüpüni kesdi. Ýük aşak gaçdy. Ol wagt Rüstem başyny aşak egip, düýeleriň astyndan söweşe gözegçilik edýärdi. Birden, ol ýük Rüstemiň üstüne düşdi we onuň oňurgasyny döwdi. Rüstem ol derdiň agyrysyndan we jan howpundan ýaňa özüni suwa oklady. Ondan müşk ysy ýaýrady. Helal ony beýle ýagdaýda görende we altyn tagta gözi ilende, onuň ajamyň goşunbaşysydygyny we serkerdesidigini bildi. Onsoň Rüstemiň yzyndan özüni suwa urdy. Onuň yzyndan ýetip, aýagyndan tutup çekdi we başyny kesip, ony naýzanyň

---

[1] Derefşi Käwiýany – Zahhaga garşy baş göteren Käwäniň tarapdarlarynyň baýdagy. Sasanlylar döwleti şol baýdagy özleriniň döwlet baýdagy edinip, her gezekki gazanan ýeňişlerinde oňa altyn nyşanlar dakýan eken. Şeýlelikde, ol baýdak altyn nyşanalardan dos-doly bolupdyr.

[2] Bäş gezek müň müň dirhem – bäş million dirhem.

ujuna ildirdi. Soňra suwdan çykyp, Rüstemiň tagtyna mündi we: «Eý, arap jemagaty, eý, akyl eýeleri! Ýürekleriňizi suwlandyryň. Ajamyň goşunbaşysy Rüstemi öldürdim» diýip, belent owaz bilen gygyrdy. Ajam emirleri Rüstemiň başyny görenlerinde, gaçmagy özlerine ganymat hasapladylar. Araplar bolsa, olaryň yzlaryndan çozdular we atdan agdardylar. Onsoň goşunyň serkerdelerini atyň guýrugyna daňyp, Sagdy Wakgasyň ýanyna getirdiler. Ol ýeňişnama asmanyň peýkam galamy bilen döwrüň ak kagyzlaryna şeýle bir derejede ýazyldy welin, hiç wagt, döwür hadysalarynyň suwy ony öçürip bilmez.

Taňry Muhammet pygamberiň we onuň neberesiniň hakyna ýeňişdir ýardamy we ykbaldyr döwleti älemi eýeleýji soltanyň aňyna we tuguna hemra eýlesin.

## Hekaýat

Möminleriň emiri Omaryň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) döwründe yslam leşgeri bir ýyllap, ajamda söweş eýledi, bir ýyl hem Rumdyr Şamda söweş etdi. Ajamyň işi gowşapdy.

Şam ülkesinde berk galaly we mäkäm berkitmeli birnäçe şäher galypdy. Olarda heniz rumlular bardy we ol ýerler musulmanlaryň eline düşmändi. Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Abu Ubeýdä ol galalary eýelemäge buýruk berdi. Halyt ibn Welit Şamdady. Abu Ubeýda ilki Hymsa ýüz öwürdi. Halydy öz ýany bilen äkitdi. Ýezit Abu Sufýany hem özi bilen äkitdi. Hymsyň eteginde düşlediler. Ol gala mäkäm gurşalyp alyndy. Gyş paslydy. Sowuklyk leşgeri älem etraplaryna çozuş edipdi. Suw berkitmesi gazaply sowukdan ýaňa «jöwşen»[1] geýipdi. Musulmanlar ol galada örän gaty

[1] Jöwşen — harby geýimiň ady, sowut.

kynçylyk gördüler. Şeýle kynçylyga garamazdan, her gün kapyrlar bilen söweş edýärdiler. Ahyry gyş möwsümi geçdi we bahar öňbaşçysy peýda boldy. Galadakylar: «Megerem, arap leşgeri gyşyň gazabyndan gaçarlar» diýen umyt bilen sabyr edýärdiler we galany goraýardylar. Emma gyşyň geçendigini we baharyň gelendigini hem-de musulmanlaryň arkaýynçylyga we rahatlyga düşendiklerini görüp: «Gala diwary her näçe berk hem bolsa, daşyndan kömek bolmazdan, ony gorap saklamak başartmaz. Rum mäliginde ol jemagaty dep etmäge kuwwat ýok. Biziň ne özümizde ukyp bar, ne-de ondan bize kömek bar. Biziň bähbidimiz ýaraşyk etmekdedir. Ýaraşalyň we jezýe[1] kabul edeli» diýişdiler. Şol wagtda birden güýçli ýer titremesi peýda boldy we gala diwarynyň bir tarapy çökdi. Olar: «Bu jemagata Päk we Belent Taňry ýardam berýär. Bizde Taňra garşy durmaga takat bolmaz» diýişdiler. Soňra galanyň üstüne çykyp: «Eger bize aman berseňiz, şäheri tabşyrarys» diýip gygyryşdylar. Musulmanlar galanyň harapçylygyndan we diwaryň ýykylandygyndan habarlary ýokdy. Şonuň üçin muny saklanmazdan kabul etdiler. Halyt ibn Welit:

– Ýaraşyk etmäň! Olaryň bu aman dilemekleri gowşaklyklary sebäpli bolup biler – diýdi. Emma Abu Ubeýda oňa boýun bolmady. Ertesi gala diwarynyň ýykylandygy oňa mälim bolanda, ol ýaraşygyň Halydyň yşarat eden gowşaklygy sebäpli bolandygyny anyk bildi. Abu Ubeýda ol galanyň ilaty bilen hem edil Dymyşgyň[2] ilaty bilen eden şertine laýyk görnüşde ýaraşyk etdi hem-de oljalaryň bäşden birini halypalyk paýtagtyna ugratdy.

Rum mäligi musulmanlaryň Hymsy eýeländiginden habarly bolanda, işe girişdi we ýene-de Antakyýa[3] geldi hem-de

---

[1] Jezýe – musulman dälleriň yslam döwletine her ýylky töleýän tölegi.
[2] Dymyşk – häzirki Siriýa döwletiniň paýtagty.
[3] Antakyýa – Türkiýedäki bir şäher.

Kustantanyýa[1] gitmegi karar etdi. Şamda entek rumlularyň eýeçiliginde iki sany şäher bardy. Biriniň ady Kynnasryndy[2], beýlekisiniňki bolsa, Kaýsaryýady[3]. Rum mäligi bu şäheriň ikisinde-de köp leşger goýdy we özi Antakyýada oturdy. Abu Ubeýda Halyt ibn Welidi Kynnasryn galasyny basyp almak üçin leşger bilen ugratdy. Kynnasrynyň golaýynda bir gala bardy. Onuň ady Hazyryýady. Ikisi-de Rum mäliginiň eýeçiligindedi. Halyt Hazyryýanyň golaýyna baryp ýetende, galany goramaga bellenilen Rum mäliginiň pälwany Halydyň leşgeriniň sanyny göreninde, özüniň goşunynyň köplügine menmenlik edip, galadan daşary çykdy. Hazyryýada duran goşun onuň daşyna ýygnandylar we Halyt bilen söweşe girişdiler. Uly söweş etdiler. Halyt ol söweşde batyrlyk görkezdi we Rum leşgerini yzyna serpikdirip, gaçyrdy. Olardan köp kişini gyrdy. Ol goşunyň Minas atlandyrylýan pälwany bularyň eline düşdi. Halyt ony-da dowzaha ugratdy. Ol leşgeriň gaçyp sypanlaryndan bir topary Hazyryýa galasyna gelip girdiler. Halyt ondan gaýdyp, Kynnasryn galasynyň işiginde düşledi we ol ýerde ornaşdy. Iş olar üçin teň boldy. Onsoň olar ýaraşyk islediler we aman dilediler. Halyt ol maslahata ýumşamady hem-de: «Eger uruşdan öň menden aman dilän bolanlygyňyzda, onda size aman bererdim. Emma maňa gylyç çekdiňiz, indi meniň ýanymda size ýaraşyk ýok» diýdi.

Halyt şäheri gabap aldy. Ahyry ol galany gahar we zor bilen basyp aldy. Batyrlary batyl etdi. Olaryň mal-baýlygyny olja aldy. Hazyryýanyň ilaty bu haýbatyň netijesini görenlerinde, ýaraşyga meýil etdiler. Abu Ubeýda hezreti halypa bu

---

[1] Kustantanyýa – häzirki Stambul şäheri.

[2] Kynnasryn — Siriýada Halap bilen Hymsyň aralygynda, Awasymyň golaýynda ýerleşen bir şäher bolupdyr.

[3] Kaýsaryýa – Şamda deňziň kenarynda, Tabaryýa serhedine golaý ýerde ýerleşen şäher.

ýagdaýy habar berdi. Halyt ibn Welit barada köp minnetdarlyklary beýan etdi. Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Halydy işden boşadanyna puşman etdi we: «Men Halydyň elinden şeýle işleriň geljekdigini bilmändim» diýdi.

Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) özüniň halypalyk eden döwründe möminleriň emiri Abu Bekriň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) emeldarlaryndan iki kişini işden boşatdy. Soň ýene-de puşman etdi, ýöne öz pikirinden yza dönüp bilmedi. Olaryň biri Halyt ibn Welitdi. Onuň gowy netijelerini we ýaramly hereketlerini görende, işden çykarandygyna puşman etdi. Ikinjisi Müsennädi. Ony hem işden boşadyp, emirligi Abu Ubeýda berdi. Haçanda ol Müsennäniň Abu Ubeýdanyň şehit bolan güni leşgeri nähili aýawly saklandygyny, gaçýanlary gorap saklamakda neneňsi parasatlylyk görkezendigini eşidende, ony işden boşadanyna puşman etdi.

Bu hekaýat şuňa delildir: Patyşalaryň işleri saýlantgy emeldarlara tabşyrmagy wajyp görmegi, parasat we gaýrat eýelerini bolsa ahyry puşman bilen gutarmaz ýaly, her bir kiçijik kemçiligi üçin işden çetleşdirmezligi hökmanydyr.

Bu iki gala eýelenenden soň, Abu Ubeýda Mugawyýa ibn Abu Sufýany bäş müň kişi bilen Kaýsaryýa ugratdy. Ol bolsa bu galany azat etmekde mynasyp hereketler görkezdi welin, onuň haýbatynyň eserleri Şam ilatynyň kalbynda hemişelik ornaşdy. Rum mäligi Rum akyldarlaryndan we ol ülkäniň iş başarýanlaryndan bir emiri uly goşuna serkerde belledi. Oňa Rum Artabuny diýýärdiler. «Artabun» sözi rum dilinde «batyr», «hilegär» we «dana» diýmegi aňladýar. Ol hilegärlikde ody suw bilen ylalaşdyryp bilýän kişidi. Abu Ubeýda möminleriň emiri hezreti Omara (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Rum mäligi Rum Artabuny musulmanlar bilen söweşmäge belledi» diýip habar berdi. Möminleriň emiri Omar: «Sen hem Amr ibn

Asy ony garşylamaga ugrat. Ol Rum Artabuny bolsa, bu arap Artabunydyr. Kämil aňda ýiti hüşgärlikde hiç kim onuň bilen barabar bolup bilmez. Hiç bir mekiriň hile oky onuň çuňňur çäre «galkanyna» kär edip bilmez» diýip buýruk berdi. Onsoň ol Amr ibn Asy böwsüji atly goşun bilen ugratdy. Ol Artabun bilen garpyşdy. Rum goşunyny ýeňdi. Artabun Beýtilmukaddes topragyna gitdi. Oňa Ilýa diýýärdiler. Ol şol galadan pena isledi. Amr ol galany gabady. Artabun Amryň ýanyna nama ýazyp ugratdy. Ol şol namada: «Sen bilýäň, men bir garry kişidirin. Köp kitaplar okadym we hikmet syrlaryndan habarlar tapdym. Maňa anykdyr, sen bu ýeri basyp alyp bilmersiň. Bu galany eýelejek kişi sen dälsiň. Dogrusy şudur, biderek ýere azap çekmän yzyňa dolan. Çünki, eger köp ornaşyp otursaň, özüňe haýyr bolmaz» diýip beýan etdi. Onsoň Amr As öz leşgeriniň içinden rum dilini bilýän bir kişini çagyrdy. Artabunyň ol hatyna jogap ýazyp, ýaňky çagyran kişisini ilçi etdi, oňa:

– Artabunyň ýanyna baranyňda diňe arapça gürlärsiň hem-de özüňi rum dilini bilmeýän görnüşde görkezersiň. Özüňem diňle, Artabun öz adamlaryna näme diýýär – diýip tabşyrdy.

Amryň ýazan namasynyň mazmuny şeýledi: «Sen garry, dogry pikirli we çäretapyjy pälwan hem bolsaň, men hem kiçijik çaga däldirin. Sen ylymdan haýyr tapan bolsaň, men hem ylymlaryň inçeliklerinden bihabar däldirin. Sen bilýäň-ä, ol gala meniň elim bilen eýelener. Emma sen özüňi aldaýarsyň».

Ilçi Artabunyň ýanyna namany elteninden we olar namanyň mazmunyny eşidenlerinden soň, Artabunyň saýlantgy kişileri ondan:

– Sen bu galanyň Amr tarapyndan basylyp alynmajakdygyny nireden bilýäň – diýip soradylar.

Şonda Artabun aýtdy:

– Çünki, gadymky kitaplarda ýazylşyna görä, bu galany ady üç harpdan ybarat bolan kişi basyp alýar. Amryň[1] ady dört harpdyr, ýagny «Amr» adynyň ahyrynda «Omar» bilen «Amryň» arasynda parh goýmak üçin okalmasa-da bir «waw» harpyny ýazýarlar.

Ilçi dolanyp gelip, ýagdaýy Amra hekaýat edip berensoň, Amr hezreti halypa muny habar berdi we: «Ol gala senden özge kişi tarapyndan basylyp alynmaz» diýip beýan etdi. Onsoň möminleriň emiri Omaryň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hut özi hereket etdi, Gündogar welaýatynyň şol güneşiniň hut özi Şama garşy ugrady. Ol Jabyýa[2] şäherine çenli geldi. Leşgerleri çagyrdy. Onuň bolýan ýerinden Ilýa çenli bäş günlük ýoldy.

Artabun möminleriň emiri Omaryň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) gelýändiginden habarly bolanda: «Bu şäher onuň eli bilen basylyp alnar. Onuň ady üç harpdan ybaratdyr» diýdi. Onsoň özüniň şol ýerde ornaşmagyny dogry hasaplaman, şäheri taşlap, ol ýerden gaçdy. Ol Ruma baryp bilmedi. Çünki, ýolunda musulmanlar bardy. Onsoň ol ýerden Müsüre geldi.

Ilýanyň ilaty baştutansyz galansoň, haýran bolşup, möminleriň emiri Omaryň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hyzmatyna gitmegi we ondan aman dilemegi dogry gördüler. Onsoň şäheriň tanymallaryndan müň kişi şäherden daşa çykdylar we yslam leşgergähine tarap ýüz öwürdiler. Olar hezreti halypanyň ýanyna ýetmänkäler, jöhit danyşmentlerinden biri möminleriň emiri Omara (goý, Allatagala ondan razy bolsun!):

---

[1] Arap hatynda «Omar» bilen «Amr» birmeňzeş ýazylýar. Onsoň «Amry» «Omardan» tapawutlandyrmak üçin «Amrda» okalmasa-da, bir «waw» harpyny artdyryp ýazýarlar. Şol sebäpli-de, «Amr» dört harpdan ybarat bolýar.

[2] Jabyýa şäheri – Dymyşga ýakyn ýerde ýerleşen şäher.

– Men gadymy kitaplardan okadym. Şu gün ýa-da ertir bu gala seniň eliň bilen eýelener – diýdi.

Möminleriň emiri:

– Bu nähili biderek gürrüň?! Bu ýerden Ilýa çenli bäş günlük ýol. Men heniz ol ýere gidemok. Gala meniň elim bilen neneňsi eýelener?! – diýdi.

Olar şu gürrüňdekäler, Ilýanyň ilaty gelip ýetdi we möminleriň emiriniň hyzmatyna gelip, oňa galanyň açarlaryny berdiler. Salgyt we jezýe kabul etdiler. Möminleriň emiri Omara (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ol jöhidiň sözüniň dogrulygy mälim bolanda, ondan:

– Sen ol galanyň men tarapymdan eýelenjekdigini nädip bildiň? – diýip sorady.

Ol:

– Bilgin, men kitaplarda: «Ilýa topragy ahyrzaman döwründe ady üç harpdan ybarat bolan bir kişi tarapyndan eýelener. Ähli araplar ol kişä tabyn we boýun bolarlar. Oňa Hak bilen batylyň arasyny bilýändigi sebäpli arapça «Faruk» diýerler» diýip okadym – diýdi.

Soň möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ol jemagata aman berip, ýörite olar üçin bir ähtnama ýazdy. Umumy görnüşde hem ýene bir ähtnama ýazyp, her bir şähere ondan bir nusga iberdi. Onuň mazmuny şeýledi: «Her kim yslamy kabul etse, onuň hökümi edil beýleki musulmanlaryň hökümi[1] ýaly bolar. Eger kimde-kim jezýe kabul etse, musulmanlardan hiç kim ony ynjytmaz hem-de sütem bilen ony yslam dinine girizmez. Olaryň kilisesidir[2] ybadathanasyny ýok

[1] Bu ýerde kim musulmanlygy kabul etse, oňa gaýry ýurtludygyna garamazdan, ähli musulmanlardan edilýän talapdan artyk hiç zat talap edilmez, şolar bilen deň hukukly bolar diýen manyda gelýär.

[2] Kilise – nasranylaryň ýa-da jöhitleriň ybadathanalary.

etmez. Şeýle-de her kim bu welaýatdan gitmek we aýalydyr çagalaryny äkitmek islese, hiç kim oňa böwet bolmaz».

Soňra ol ähtnamany etraplara ugratdy. Şamyň ähli şäherleri ýaraşyk bilen eýelenildi. Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Amr Asy Artabun bilen söweş eder ýaly Müsüre ugratdy. Artabun yslam leşgeriniň gelip ýetendigi baradaky habary eşiden badyna, Ruma gaçdy. Amr As Müsüri ähli welaýatlary bilen bilelikde azat etdi. Möminleriň emiri ýeňşiň hasyl we üstünligiň wasyl bolmagy bilen Medinä dolandy.

### *Beýt*

Ýeňiş hemra bolanda, işiň ugruna bolar,
Ýol belediň nur bolup, umyt kalbyňa dolar.

Kuwwat tapar döwletiň, artar güýjüň-haýbatyň,
Bagtyň ýoldaşyň bolup, adyň asmana galar.

### Hekaýat

Medaýynyň eýelenişi, Şamyň basylyp alnyşy we ol ülkeleriň halas edilişi 15-nji[1] hijri ýylynda bolupdy. 16-njy[2] hijri ýyl gelende, möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Sagdy Wakgasa perman ugradyp oňa: «Şam ülkelerini halas etdik. Ol tarapdan köňül rahatlandy. Ajam ümsüm boldy. Indi leşgerleri jemle-de, Medaýyna tarap ýüz öwür we tutuş ol taraplardan köňlümizi hatyrjem et. Goý, ol ülkeler hasaba alynsyn we yslam saýasy ol diýara ýaýylsyn» diýdi.

[1] 637-nji milady ýyly.
[2] 638-nji milady ýyly.

Sagdy Wakgasa perman baryp ýetende, leşgeri gözden geçirip, Medaýyna ugrady. Sagdy Wakgasyň ýanynda ýigrimi müň adam bardy. Etrap ülkelerine Sagdy Wakgas Medaýyna ugrady diýen habar ýaýranda hem-de Ýezdigerdiň söweş etjegini bilenlerinde, hemmeler öz ygtyýary bilen Sagdy Wakgasyň hyzmatyna birleşdiler. Altmyş müň kişi jemlendi. Sagdy Wakgas Medaýyna ugrady. Ýezdigert onuň gelýänliginden habarly boldy. Emma emirlerden ol işiň öňüni almaga gitjek we ol işi dep etmäge bilini baglajak hiç kim ýokdy. Onsoň Ýezdigert ol iş üçin saklanyp galdy we belli kişilerini jemläp, olar bilen geňeş etdi. Olar:

– Biziň maslahatymyz şeýle, Medaýyny terk edeliň we Horasan welaýatyna gideliň. Arap Yrakdan daşa çykmaz, biz ol ýerde taýýarlyk göreris, leşger jemläris. Onsoň ýaňadan olardan mülki yzyna alarys – diýdiler.

Bu pikir Ýezdigerde hernäçe ýaramasa-da, bialaç olara razylyk berdi. Onuň Jalynus atly bir goşunbaşysy bardy. Ol gaýduwsyz we iş gören kişidi. Ol peýkam atmakda jahanyň ýeke-tägidi we zamanasynyň göz ilenidi.

Bir gün Ýezdigert şäheriň derwezesinden daşary çykdy. Jalynus onuň öňünden barýardy. Ýezdigert oňa:

– Eý, atly – diýip seslendi.

Sasanly şalaryň adaty şeýledi, olar birini ululasalar, oňa: «Eý, atly» diýip ýüzlenýärdiler. Onsoň Jalynus tagzym etdi. Ýezdigert aýtdy:

– Seniň bu ok atyjylygyň nirä gitdi?! Neçün işden ökje ogurlaýarsyň?!

Jalynus elini ädiginiň gonjuna sokup, ondan bir top çykaryp, ony howa oklady we peýkamyny ýaýyna salyp, topy howada peýkam bilen urdy. Soňra ony ýene-de asmana zyňyp, başga bir peýkam bilen çüýledi. Ol şeýdip, ýaňky topy üç ge-

zek asmandaka nyşanalap, peýkam bilen urdy. Şondan soň tagzym edip aýtdy:

– Peýkam atyjylygym, mertligim, batyrlygym we güýç-kuwwatym öňküsi ýalydyr. Emma döwlet ýok. Döwlet ýar bolmasa, mertlik peýda etmez eken – diýdi.

***Beýt***

Ýagdaýa oňşuk etgin, öwürse döwlet ýüzün,
Ýeňse öwürse bagtyň, sabyrly tutgun özüň.

## Hekaýat

Onsoň Ýezdigert Merwe gitdi. Şeýlelikde, onuň ahwaly mundan öň beýan edişimiz ýaly ýetmeli ýerine baryp ýetdi.

Sagdy Wakgas Ýezdigerdiň gaçandygy baradaky habary eşidende, Kagkag ibn Omary onuň yzyndan ugratdy. Özi Medaýyna geldi. Soňsuz baýlygy we hasapsyz hazynany ele saldy. Kesra eýwanynda[1] düşledi. Ol ýerde pygamberiň sünnetine laýyklykda, bu ýeňşiň şükranasyna bir salam bilen sekiz rekagat namaz okady. Çünki, pygamber alaýhyssalamyň kämilliginden we belentliginden Mekge ýeňişi miýesser bolanda, Pygamber alaýhyssalam Käbe öýüne gelip, bir salam we dört oturym bilen sekiz rekagat namaz okapdy.

Şondan soň Sagdy Wakgasyň buýrugy bilen oljalary jemlediler. Sagdy Wakgas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) onuň bäşden birini bölüp aýyrdy. Galanyny altmyş müň atla paýlap berdi. Şonda her kişä bölüme girmeýän paýlardan da-

---

[1] Kesra eýwany – Sasanly patyşalaryň gurduran iň meşhur binasydyr. Bu eýwan Medaýyndaky «Espanber» diýlen ýerde gurlupdyr.

şary on iki müň dirhem ýetdi. Bölüme girmeýän zatlar bolsa, döwüp bolmaýan we bäşden birini aýryp bolmaýan zatlardy.

Medaýyn ýeňşinde bäşden biri alynmadyk we döwüp bolmadyk zatlaryň biri şudy: Nehrewan[1] eýelenende, Kagkag ibn Omar köprüniň üstünde bir düýe gördi. Ajamly bir topar halk onuň daşyna aýlanypdy. Ol öz goşuny bilen hüjüm etdi we ol jemagatlary dargratdylar. Ol düýäniň üstündäki iki sany sandygy şol durşuna möhüri bilen bile Sagdyň ýanyna getirdiler. Sagdyň buýrugy bilen sandygyň gapysyny açdylar. Onuň içinden Kesranyň[2] köýnegini tapdylar. Ol merweritler bilen bezelipdir. Onuň her dänesi serçäniň ýumurtgasy ýaly ululykdady. Päkizelikde we saplykda günüň abraýyny döküýärdi, aýyň kalbyna ot salýardy. Kesranyň gulakhalkasy-da ol ýerde bardy. Ony gymmatbahaly göwherler bilen bezäpdirler. Ýigrimi sany ýüzük tapdylar. Olar ýakutdan we lagldan ýasalandy. Ähli baha bilijiler onuň gymmatyny we bahasyny kesgitlemekden ejiz geldiler. Kesra – şa ählumumy mejlis geçirýän güni şol dür bezegli köýnegi geýýärdi, şol gulakhalkany gulagyna gysdyrýardy, ol ýüzügi bolsa barmagyna dakýardy. Her barmagyna iki ýüzük dakýardy. Şeýle-de sandykda bir täç bar eken. Ony suwly ýakutlar we nurly lagllar bilen bezäpdirler. On sany zer çaýylan don, lybas tapdylar. Olar hem Kesranyň ýörite donlarydy. Onuň ýalysyny hiç kim görmändi we hiç kim eşitmändi. Sagdy Wakgas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) bulardan bäşden bir bölegini çykarmady, ony şol durşuna halypanyň huzuryna iberdi.

Bäşden biri çykarylmadyk zatlaryň ýene-de biri şudy: Kesranyň hazynalaryndan bir aýna tapdylar. Onuň içinde Kesranyň ýarag esbaplary bardy: jöwşen, tuwulga, baldyrlyk, çi-

---

[1] Nehrewan – Bagdat bilen Wasytyň arasynda Dejle derýasynyň gündogar kenarynda ýerleşen şäher.

[2] Kesra — Eýran patyşalaryna berilýän at.

ginlik we ş.m. Olaryň bary sap zerden edilipdi. Şeýle-de şu hazynadan demirden edilen alty sany dawudy jöwşen[1] tapdylar. Her haýsy bir patyşadan gelip ýetipdi. Şeýle hem dokuz gylyç tapdylar. Olaryň hersinde bir patyşanyň ady ýazylgydy we hersi rum we ajam patyşalaryndan bir patyşa degişlidi. Sagdy Wakgas onuň baryny halypanyň gaşyna ugratdy.

Şeýle-de diba[2] parçasyndan bir düşek tapdylar. Onuň giňligi altmyş gezdi. Onuň daş-töweregi ýokary hilli merweritler bilen bezelipdi. Oňa zemistany[3] diýýärdiler. Çünki, gyş möwsüminde, ýaşyl zeminiň mawy düşegini hazan düşekçesiniň eli syryp aýranda, şa şonuň üstünde oturýardy[4]. Ony mawy ýüpekden dokapdylar. Mahmal ýaly edip, dürli çitimleri örän ussatlyk bilen tikipdiler welin, görmedik kişi oňa ekin ekilen ýerdir diýip güman etjekdi. Onuň her on gez aralygynda dürli jöwherleri dakypdylar welin, ol ony görenleriň gözüne gyrtyjyň ortasynda açylan ajap güller ýaly bolup görünýärdi. Sagdy Wakgas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) olaryň baryny halypalar öýüne ugratdy.

Bäşden biri çykarylmadyk zatlaryň ýene-de biri şudy: Atyr hazynalarynyň birinden bir topar hum tapdylar. Olar «Bu humlar duz bolsa gerek» diýip pikir edipdirler. Olary gazanlara guýupdyrlar, ol bolsa, tagamlary ajy edipdir. Onuň kafurdygyny[5] Sagda aýtdylar we olary hem Medinä ugratdylar. Bu beýan edilen zatlardan daşgary ähli zatlary altmyş müň kişiniň arasynda paýladylar. Her kişä on iki müň dirhemden ýetdi. Sagt

[1] Dawudy jöwşen – berk hem oňat ýaşalan sowut.

[2] Diba — ýüpekden edilen reňkli hem-de gymmatbahaly parçanyň bir görnüşi.

[3] Zemistany — gyşlyk.

[4] Gyşyň güni al-ýaşyl bolup oturan zemin gyş eşigini geýende, patyşa özüni baharda gezip ýören ýaly duýmak üçin, al-ýaşyl edilip tikilen düşeginiň üstünde oturypdyr.

[5] Kafur – hoşboý ysly köp kesellere em madda.

möminleriň emirine ýeňişnamasyny ýazyp, öz goşunyna minnetdarlyk bildirdi. Olaryň dogruçyllygyna we amanatdarlygyna şükür etdi. Çünki, olar şeýle bir köp olja tapypdylar emma, baryny gylyny gyşartman getiripdiler. Hiç kim ol zatlaryň hiç haýsy babatda hyýanat etmändi. Göýä, bu ähli ýeňişler we üstünlikler ýagşy ygtykat, sap niýet, dogruçyllyk, amanatdarlyk, her hili hyýanatçylykdan we ikilikden saklanýandyklary sebäpli amala aşan ýalydy. Bu haýbatly goşun sanynyň azlygyna garamazdan, Kaýsary we Kesrany ýeňdiler. Olaryň hazynalaryny talaň meýdançasynda sergi etdiler.

Ol oljalar Medinä baryp ýetende, möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) olaryň baryny metjitde goýdy. Sahabalar geldiler. Onsoň ol oljalary we nepis zatlary getirdiler. Şeýlelikde, pygamber alaýhyssalamyň: «Kesranyň hazynalaryny Medinä getirerler» diýen kesgitlemesiniň, sözüniň dogrulygy bulara aýan boldy.

Şondan soň, möminleriň emiriniň buýrugy bilen olaryň ählisini bölüşdiler we sahabalaryň arasynda paýladylar. Soňra möminleriň emiri olaryň öňünde Sagdyň namasyny okady.

Möminleriň emiri Hezret Aly ýerinden turup:

– Eý, möminleriň emiri! Ol leşgeriň amanatdarlyk we goşunyň dindarlyk sypaty möminleriň emiriniň ýagşy ygtykatlylygy we amanata dogruçyllygy sebäplidir. Seniň güýjüň we mümkinçiligiň çäksizligine garamazdan, dünýäden el çekeniň we bu biwepa dünýä aldanmaýanlygyň sebäpli seniň leşgeriň we raýatyň seniň häsiýetiňe eýerdiler. Eger sen dünýäden paý alsaňdyň, lezzetdir nygmatlara meşgul bolsaňdyň, her kim öz mümkinçiligine görä şonuň ýaly ederdi – diýdi.

Bu hekaýatdan maksat rafyzylaryň sözüni ret etmekdir. Çünki, möminleriň emiri Alynyň beýan edip aýdan bu sözi eger ol şol ylalaşyga razy bolmadyk we özi ygtyýar etmedik hem-de Omary halypalyga hakly hasaplamadyk bolsady, onda

onuň bu hereketi ikiýüzlilik we ýalan bolardy. Rafyzylaryň sözlerine görä, ymam günäsizdir. Eger şeýle bolýan bolsa, günäsiz ymamdan ikilik we ýalan söz niçik ýüze çykar?!

Soňra möminleriň emiri Omaryň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) buýrugy bilen ol şekilleri bozdular, ol göwherleri ondan aýyrdylar. Ol düşegi para-para etdiler we ýaranlaryndan her kişä paýladylar. Ol düşekden bir el ýaly bölegi göwherleri bilen bilelikde möminleriň emiri Ala (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hem ýetipdi. Müsürden, Şamdan, Ýemenden, Magrypdan, Maşrykdan bezirgenler Medinä garşy ýüz öwürdiler. Möminleriň emiri Hezret Aly şol el ýaly parçany göwherleri bilen bilelikde bezirgenlere ýigrimi müň dirheme satdy. Bu ýeňişler 16-njy[1] hijri ýylynyň Sapar aýynda bolupdy. Päk we Belent Ýaradanyň ýardamy we kömegi bilen möminleriň emiri Omaryň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) döwründe musulmanlar tutuş Şamy, Yragy, Bahreýini, Ommany we Rum Derbendiniň käbir ýerlerini eýelediler. Basra we Kufe şäherini esaslandyrdylar. Ol iki şäher Omaryň halypalyk edýän döwründe ýurduň meşhur ýerlerine öwrüldi.

## Hekaýat

Möminleriň emiri Omar on ýyl, alty aý, bäş gün halypalyk edenden soň, 23-nji ýylyň Gurban aýynyň ikisine, Ýaşgüni Mugyra ibn Şagbanyň gulamy Abu Luwluw onuň ýanyna geldi. Ol betbagt tersady[2], käbirleriniň sözüne görä otparazdy. Şu has dogry görünýär, çünki onuň ady Piruz Ajamydy. Ol Omaryň ýanyna gelip:

---

[1] 638-nji milady ýyly.

[2] Tersa – hristian, mesihi.

– Eý, möminleriň emiri! Meniň hojam Mugyra ibn Şagba menden artykmaç töleg almak isleýär – diýdi.

Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ondan:

– Her aý, senden näçe dirhem isleýär? – diýip sorady.

Ol:

– Ýüz dirhem – diýip, jogap berdi.

Omar ondan:

– Sen näme işler edip bilýärsiň?! – diýip sorady.

Ol:

– Neçjarlykda näme iş bar bolsa, baryny edip bilýärin – diýdi.

Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!):

– Seniň bilýän bu işleriňden her aýda gazanjyň munuň ýaly köp bolmaýarmy?

Şondan soň ol ýene-de oňa garap:

– Biziň üçin degirmen ýasap bilermiň? Goý, musulmanlar onda gallalaryny un etsin. Hakyny doly alarsyň hem-de saňa ondan sogap hasyl bolar – diýdi.

Ol taşlantgy betbagt bolsa:

– Şeýle ederin. Seniň üçin bir degirmen ýasaryn welin, magrybyň we maşrygyň ilaty tä kyýamata çenli ol barada gürrüň ederler – diýdi.

Ol şeýle diýip, möminleriň emiri Omara (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýiti-ýiti seretdi welin, möminleriň emiri özüni urar öýdüp, güman etdi. Ol melgun daşary çykdy. Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) oňa:

– Mugyranyň ol gulamy bize haýbat atyp gitdi. Allatagala näme islän bolsa görübereris-dä – diýdi.

Ertesi möminleriň emiri Omar metjide geldi. Sahabalara ymamlyk etdi. Mährapda[1] durka ol melgun oňa pyçak urdy. Ol ölümlikli urgy boldy. Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýykyldy we:

– Bu it meni öldürdi – diýdi.

Ol melgun şol pyçagy bilen hatar bolup duran adamlaryň arasy bilen gidip barýardy we çem gelene pyçak urýardy. Ol on üç adamy ýaralady. Ol on üç kişiden dokuz kişi şehit boldy. Hile gurup, ony tutdular. Ol özüni öldürjeklerini bileninde, hut şol pyçak bilen öz damagyny özi kesdi we dowzaha gitdi. Möminleriň emirini göterdiler we mübärek hüjresine eltdiler.

Möminleriň emiri özünden umydyny üzdi. Öz ogly Abdyllany Äşe Syddykanyň[2] (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) gaşyna ugratdy we:

– Meniň salamymy oňa ýetir hem-de oňa: «Omar saňa salam aýdýar hem-de: «Men bu gün möminleriň emiri däl. Eger meni seniň hüjräňde, meniň iki ýaranymyň gapdalynda jaýlamaklaryna rugsat berseň, seniň merhemetiňden we keremiňden daş bolmazdy» diýýär» diýgin – diýdi.

Abdylla bu habary Äşe Syddyka (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýetireninde, Äşe aglady we:

– Men şol bar bolan bir ýeri özüm üçin saklapdym. Emma bu gün ony möminleriň emiri Omara bagş etdim. Ol ýeri oňa bagyşladym – diýdi.

Abdylla atasynyň huzuryna geldi we ýagdaýy oňa beýan etdi. Şonda möminleriň emiri Omar Beýik Hudaýa şükür etdi we:

– Mende älemde hiç bir hesret we hiç bir arzuw galmady. Çünki, külli myradym we asylky maksadym şoldy – diýdi.

---

[1] Mährap – metjitlerde ymamyň durýan ýeri.

[2] Syddyka – dorgruçyl. Bu lakamy hezreti Merýem we hezreti Patma hem aýdýarlar.

## Hekaýat

Şeýle gürrüň beripdirler:

Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) wepat bolmazyndan üç gün öň Kagp Ahbar onuň ýanyna gelip:

– Eý, möminleriň emiri! Seniň ömrüňden üç günden köp galanok – diýdi.

Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) oňa haýran galyp:

– Sen nireden bilýärsiň?! – diýdi.

Ol:

– Töwratda seniň beýanyň ýazylypdyr. Seniň ähli sypatlaryň we ahwallaryň ýazylgy – diýdi.

Abu Luwluw Omara (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) pyçak urandan soň, Kagp onuň ýanyna barypdyr. Kagp şeýle diýýär:

– Men onuň ýanyna bardym. Ol meni gördi we şu beýti aýtdy:

### *Şygyr*

Galan güni ömrümden Kagp maňa habar berdi,
Şek ýok eken sözünde, ýetişdi ajal derdi.

Abdylla Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ol ýerde häzirdi. Ol:

– Eý, möminleriň emiri! Saňa söýünji bolsun. Çünki, sen ähli kuraýyş taýpasy gümralykdakalar, sen yslama girdiň. Ähli halk Hudaýyň Resulyna garşy duşmançylyga galkan wagty sen oňa ýardam berdiň. Mustapa Adn jennetine gadam goýan wagty senden hoşal bolup gitdi. Sahabalardan hiç kim seniň haly-

palygyňa garşy bolmady. Bu gün hem şehit bolup, Haktagalanyň rehmetine barýarsyň. Mundan belent dereje we mundan kuwwatly mertebe neneňsi bolsun! – diýdi.

Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!):

– Bu sözüňi ýene bir gezek gaýtala – diýdi.

Ol bu sözi ýene bir gezek gaýtalansoň, möminleriň emiri:

– Bu sözlere aldanan kişi magrur bolar. Eger ýer ýüzündäki bar bolan altyn-kümüşiň bary meniňki bolsady, maňa gelip ýetýän gorkudan ýaňa olaryň baryny pida ederdim – diýdi.

Soňra ýüzüni öz ogly Abdylla tarap öwrüp:

– Eý, ogul! Hakyň çakylygyny kabul edenimden we ruhum bedenimden jyda bolandan soň, ýene-de Äşäniň gaşyna bar we ýene-de rugsat dile. Belki-de, men diri wagtym çäksiz haýalylygyndan ýaňa rugsat berendir we soňra puşman eden bolmagy mümkin. Eger ýene-de rugsat berse, meni şol ýerde jaýla – diýdi.

Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) jennete göç edende, Abdylla ýene-de Äşäniň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) gaşyna bardy we ondan rugsat diledi. Ol:

– Bir gezek rugsat bermänmidim?! – diýdi.

Abdylla atasynyň wesýetini oňa beýan etdi. Şonda Äşe aglady we:

– Hudaýyň rehmeti Omara hemra bolsun. Ol diri we öli wagtynda-da zulumdan saklanýar – diýdi.

***Beýt***

Ömür sürdi nije gün, adyl hökmün ýöretdi,
Göç etse hem dünýäden, adyn ýadygär etdi.

# OSMANYŇ HALYPALYGY

Möminleriň emiri Omaryň (goý, Allatagala ondar razy bolsun!) ömri ahyra ýakynlaşanda, sahabalardan bir jemagat onuň gaşyna geldiler we:

– Halypalyk işini kime goýýarsyň?! Bu süriniň çopançylygyny kime buýurýarsyň?! – diýdiler.

Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!):

– Bu bir agyr jogapkärçilikdir. Men ony bir kişä ýükläp bilmeýärin. Emma bu iş siziň razylygyňyza degişli zatdyr. Maslahat ediň. Siz haýsy kişini ygtyýar etseňiz, şonuň bilen ähtleşiň. Men alty sany kişini bilýärin. Olar bu işe mynasypdyrlar. Olaryň biri Osman ibn Affan. Onuň pazylaty aýdyňdyr. Beýlekisi Aly ibn Abu Talyp, üçünji Talha, dördünji Zübeýr, bäşinji Abdyrahman ibn Awf[1]. Onuň hem mynasyp asly bar hem-de gaty laýyk kişidir. Ol yslamda hemmeden öňdedir. Altynjy meniň oglum Abdylla. Emma men bilýärin, ol bu işi kabul etmez. Ol Hudaýyň ybadatyny dünýä işlerinden öňe tutýar – diýdi.

---

[1] Talha, Zübeýr, Abdyrahman ibn Awf – bularyň üçüsi hem yslam dini gelensoň, ilkinjileriň hatarynda bu dini kabul edip, Pygamberimiz bilen bilelikde köp kynçylyklara döz gelen we onuň bilen duşmanlara garşy köp edermenlikler görkezen sahabalardyr. Olar Pygamberimiziň behişt bilen buşlan on kişisiniň hataryna girýär.

Möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) wepat bolandan soň, sahabalar üýşdüler. Olaryň arasynda agzalalyk döredi. Pitnäniň gopaýmagyna ýakynlaşdy. Şol wagt şu ýygyndynyň we bu kitabyň ýazarynyň uly atasy bolan Abdyrahman ibn Awf (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) gürrüňe başlady we:

– Din işinde agzalalyk pitne alawlarynyň tutaşmagyna sebäpdir. Bu işden meniň näme hakym we paýym bolsa, men özümiň ol paýymy Osman ibn Affana (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) bagş edýärin we ony özümden ýokary diýip, hasaplaýaryn. Onsoň eger siz şuňa razy bolsaňyz, oňa äht edişeliň – diýdi.

Onsoň ählisi onuň bu sözi bilen Osmana ähtleşmäge razy boldular. Osmana (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ähtleşen ilkinji kişi Abdyrahman ibn Awfdy. Şondan soň beýleki sahabalaryň bary onuň bilen ähtleşdiler. Şeýdip, ymamlyk we halypalyk onda karar tutdy.

## Hekaýat

Şeýle hekaýat aýdypdyrlar:

Möminleriň emiri Osman (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) halypalyga geçensoň, Mustapa sallallahy alaýhy wesellemiň münberine çykdy. Hutba okamaga başlady. Allatagala hamdy-sena we pygambere salawat aýdyp bolandan soň, elbetde, hiç söz gürläp bilmedi. Ol baglanyp we dymyp galdy. Soňra ýüzüni oturanlara öwrüp:

– Eý, doganlar! Bizden öňki bolan halypalar bu işe häzirdiler. Men bu işe häzir däldim. Siz ýagşy gürleýän, ýöne ýagşy iş etmeýän ymamdan ýagşylyk edýän we ýagşy sözleýän bir ymama has mätäçsiňiz – diýdi.

Ol şuny diýip, münberden düşdi.

## Hekaýat

Şeýle gürrüň beripdirler:

Beni Apbas halypalaryndan biri bir gün Abulaýna garap:

– Möminleriň emiri Osman (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hakyky halypa bolsa-da, ondan köp hata işler ýüze çykdy – diýip ýüzlendi.

Abulaýna:

– Eý, möminleriň emiri, näme boldy?! – diýdi.

Ol:

– Mustapa jennete göç edende, Abu Bekr pygamber alaýhyssalamyň münberine çykdy. Şonda ol ondan bir basgançak aşagrakda durdy. Möminleriň emiri Omar ýene-de bir basgançak aşagrakda oturdy. Osman bolsa, ýokary çykdy we olaryň hormatyny saklamady. Ol üçünji basgançakda oturmagy we ynsaby saklamagy özüne wajyp etmelidi. Ikinji hatasy şudur: Pygamber alaýhyssalamyň Medineden çykaran kişisi Hekem ibn Asy ýene-de yzyna çagyrdy. Üçünji hatasy, Abuzer Gaffaryny[1] (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Medineden çykardy. Eger ol hakyky halypa bolsady, bu hatalary etmeli däldi – diýdi.

Abylaýna oňa garap şeýle diýdi:

– Eý, möminleriň emiri! Onuň ähli taraplaýyn size minnet etmäge doly hukugy bar. Ol şeýle, Pygamber alaýhyssalamyň münberiniň dört basgançagy bardy. Abu Bekr ikinji tekjede oturdy. Omar üçünji tekjede oturdy. Eger Osman dördünji tekjede oturan bolsady, Aly ýerde oturmaly bolardy. Eger her halypa bir tekje aşakda oturmaly bolsady, nobat möminleriň emirine — size ýetende, möminleriň emiri ýeriň astynda hutba

---

[1] Abuzer Gaffary – yslam dinini birinjileriň hatarynda kabul eden beýik sahabalardandyr. Onuň doly ady Zundub ibn Zunada ibn Sufýan ibn Abddyr. Ol 652-nji ýylda dünýäden ötüpdir.

okamaly bolardy. Hekem ibn Asy Taýyfdan[1] gaýtaryp getirmegi bolsa şu sebäplidi, haçanda ol Mustapa sallallahy alaýhy weselleme Hekem ibn As babatda gürrüň açyp, oňa şepagat diläp: «Rugsat beriň, goý ol gelsin» diýende, Mustapa alaýhyssalam oňa: «Haçanda halypalyk nobaty saňa ýetende, ony yzyna çagyrarsyň» diýip buýrupdy. Onsoň ol Mustapanyň rugsady bilen ony yzyna getirdi. Ol Mustapa alaýhyssalamyň mugjyzasydy. Abuzeri Medineden çykarandygynyň hekaýaty bolsa, gürrüňçileriň ony erbet görnüşde rowaýat edýändigine garamazdan, şu sebäplidi, ol takwa sahabalardandy. Ajam we Şam ülkeleri eýelenenden soň, Ajam we Şam ilaty bilen araplaryň arasynda agzalalyk ýüze çykdy. Musulmanlaryň arasynda täze ýörelgeler we bedgatlar döräpdi. Ol şol ters ýörelgelerde ýöreýän her bir kişini gören wagtynda, hasap sorardy we ynjydýardy. Onsoň käbir kişiler onuň hormatyny saklamaýardylar. Möminleriň emiri bolsa, ol ýagdaýdan ynjaýardy. Şonuň üçin möminleriň emiri oňa: «Sen Resulyň uly sahabalaryndansyň. Ähli halaýyklaryň seniň hormat hakyňy tutmaklary wajypdyr. Sen bu kowumyň käbir ýalňyş hereketine çydam edip bilmeýärsiň. Şonuň üçin bir çete çekilmegiň we özüňi işden boşatmagyň ýerliklidir[2]» diýdi. Şonuň üçin ol öz ygtyýary bilen Rebzä[3] gitdi. Eger-de duşmanlaryň: «Onuň halypalykda eden bu zatlary hatady» diýişleri ýaly şeýle ýalňyşlyk bolan hem bolsa, onuň halypalygynda ýalňyşlyk giden hem bolsa, näme geň zat bar. Çünki, Adam alaýhyssalam hem halypady. Gurhanda: «Men ýerde (Adamy) halypa-ýardamçy etjekdirin»[4] diýlip buýurýar. Muňa garamazdan, «Adam Perwerdigärine asy

---

[1] Taýyf – Arabystan ýarym aýlagynyň Günbatar Hyjaz ülkesindäki Mekge şäheriniň bir parsah gündogarynda ýerleşýän bir şäher.

[2] Abuzer şol wagtlar Medinäniň häkimidi.

[3] Rebze – Medinäniň bir obasy.

[4] Gurhanyň 2-nji (Sygyr) süresiniň 30-njy aýaty.

bolup, ýoldan azdy»[1]. Emma onuň halypalyk derejesine zyýan ýetenok. Eger Osmanyň hatasy onuň halypalyk derejesine zyýan ýetirýän bolsa, näme geň zat bar.

Halypa Abulaýna taryplar aýtdy.

## Hekaýat

Onuň halypalyk eden döwründe Horasan we Mawerannahr zabt edildi. Yslam tugy belende galdy. Tutuş Şamy, Müsüri Mugawyýa tabşyrypdy. Mugawyýa ol ülkeleri zabt edip, baýlygyny tutuşlygyna hezreti halypa ýetirdi. Şamyň halaýygy gowga etdiler we ondan baýlyk talap etdiler. Birtopar halk Medinä garşy ýüz goýdular hem-de möminleriň emiri Osmany halypalyk saraýynda gabadylar. Birnäçe günläp suw bermediler hem-de oňa:

– Mugawyýany Şamyň häkimliginden boşat – diýdiler. Ol bialaç bolup: «Izä raäýtum kitäbi fäkbälu»[2] diýip hat ýazdy. Ol namany görenlerinde, ony ýalňyşyp, «Fäktulu», ýagny «Öldüriň» görnüşinde okadylar we şony bahana etdiler. Gowga halypalyk saraýynyň içine düşdi. Möminleriň emiri Osmanyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) gulamlary söweşe meşgul boldular. Möminleriň emiri Osman olary azat etdi we söweşden saklady. Soňra Gurhan okamaga meşgul boldy. Ol «Olaryň ýamanlygyndan sizi Alla halas edýär. Ol eşidijidir, bilijidir»[3] diýen aýata ýeteninde, akylsyzlar geldiler we onuň eziz başyny kesdiler. Ol Haktagalanyň rehmetine göç etdi. Allatagala olaryň baryny jenneti etsin!

[1] Gurhanyň 20-nji (Taha) süresiniň 121-nji aýaty.
[2] Meniň hatymy görseňiz, ony kabul ediň.
[3] Gurhanyň 2-nji (Sygyr) süresiniň 137-nji aýaty.

## Hekaýat

Şeýle aýdypdyrlar:

Möminleriň emiri Osmanyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) lakamy Abu Amrdy. Aýdyşlaryna görä, onuň gelip çykyşy Abu Abdylla Osman ibn Affan ibn Abulas ibn Ümeýýe ibn Abdyşşems ibn Abdy Menaf ibn Kussa ibn Kilap bolmaly. Oňa Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) wepat bolandan üç gün geçensoň, Başgüni äht edipdiler. Ol gün 24-nji[1] hijri ýylynyň Aşyr aýynyň ýigrimisidi. Osman äht edilen güni altmyş dokuz ýaşyndady. Ol on bir ýyl, on bir aý, on dokuz gün halypalyk etdi. Ol Anna güni dünýäden geçipdi. Ol 35-nji[2] hijri ýylynda Gurban aýyndan sekiz gün galanda, gozgalaňçylaryň eli bilen öldürildi. Ol segsen iki ýyl ömür sürdi.

Aýdyşlaryna görä, şehit bolan güni Gurban baýramy güni eken.

Ol Mekgede doglupdy. Ony Medinede «Bakygyl Urfe»[3] gabrystanynda depin etdiler. Onuň kätibi Merwan ibn El-Hekemdi. Hajyby Ymran ibn Abandy. Onuň ýüzüginiň möhüri: «Billähi muhlysandy» («Alla yhlas bilen»). Käbirleriniň aýdyşlaryna görä, onda «Ýaradana we düzgün-tertibe salana iman getirdim» diýen ýazgy bardy.

## Hekaýat

Möminleriň emiri Hezret Alynyň mejlisinde bir kişi Gurhan okaýardy. Ol: «Kim kast edip bir mömini öldürse, onuň jezasy jähennem bolup, şol ýerde ebedi galjakdyr we ol Alla-

[1] 645-nji milady ýyly.

[2] 656-njy milady ýyly.

[3] Bakygul Urfe ýa-da Bakygul garkat – Medine şäheriniň içinde ýerleşen gonamçylyk.

nyň gazabyna we näletine duçar bolar. Alla onuň üçin uly azaby taýýarlap goýandyr»[1] diýen aýata ýetende, oturanlaryň biri ýerinden turup:

– Eý, Abulhasan! Osmany sen öldürmediňmi?! – diýip sorady.

Möminleriň emiri Aly:

– Walla, men ony öldürmedim, ony öldürmäge meýil hem etmedim we oňa razylyk bermedim. Beýik Taňry Osmany öldüreni näletlesin. Ýöne ony köpçülik bolup we gozgalaň edip öldürdiler. Oňa zulum etdiler. Ol Ýaradanyň takdyrydy. Maňa hem hut şol şerbetden dadyrarlar – diýdi.

## Hekaýat

Muhammet ibn Hatap şeýle rowaýat edýär:

Bir gün Kufe metjidine möminleriň emiri Alynyň ýanyna gitdim. Ol wagt Osman diridi we halypady. Men aýtdym:

– Eý, möminleriň emiri! Men Mekgä gitjek. Eger adamlar menden: «Aly möminleriň emiri Osman (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) barada näme diýýär» diýip sorasalar, men näme jogap bereýin?!

Onuň aýdyşyna görä, möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) mährapda otyrdy. Ol eline daýanyp, dik oturdy we aýtdy:

– Eý, Ibn Hatap! Menden doganym Osmanyň ahwalyndan näme zatlar sorap dursuň?! Men hem-de doganym Osman (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) taňla, kyýamat güni Allatagalanyň: «Biz jennetdäki toparlarda dost-ýoldaş bolup, biri-birlerine ýüzbe-ýüz oturanlaryň kalbyndaky her hili kineleri

[1] Gurhanyň 4-nji (Aýallar) süresiniň 93-nji aýaty.

çykaryp taşladyk»[1] diýen, kişilerden bolarys diýip umyt edýärin. Walla, Osman biziň iň akyllymyzdyr, haýalymyzdyr, takwamyzdyr. Saňa bolsa, eý, Hatabyň ogly, eşit, her kimi görseň, oňa meniň dilimden şu habary aýt. Goý, ol meniň we onuň aramyzdaky hakyky dostlukdan habarly bolsun.

Bu iki hekaýaty beýan etmekden maksat şudur: Goý, möminler bu zatlardan habarly bolsunlar we hawaryçlaryň[2] sözlerini ret etsinler. Aýdýan bu samahyllamalary we Osmanyň öldürilmegini Ala ýöňkemeleri — bary batyldyr. Päk we Beýik Taňry ygtykatda Muhammediň we onuň neberesiniň haky üçin bizi nebis we bedgat huşsuzlygyndan aman saklasyn.

## ALY IBN ABUTALYBYŇ HALYPALYGY

Abulhasan Aly ibn Abutalyp ibn Abdylmuttalyp ibn Haşym ibn Abdylmenaf bilen 35-nji[3] hijri ýylynyň Gurban aýynyň ahyrynda äht etdiler. Onuň ejesi Patma bint Eset ibn Haşym ibn Abdymenafdy. Aýdyşlaryna görä, ol halypa bolan güni elli bäş ýyl dokuz aý ömür sürüpdi. Ol elli sekiz ýyl ömür sürdi. Käbirleriniň aýtmagyna görä, ol altmyş üç ýaşapdyr. Ol 40-njy[4] hijri ýylynda öldürildi. Ol Mekge ýolunda dünýä inipdi. Käbirleriniň aýtmaklaryna görä, Käbe öýünde dünýä inipdi. Ol Kufede depin edildi. Käbirleriniň sözüne görä, onuň türbetiniň nirededigi anyk däl. Onuň kätibi Sagt Merwan Hemedanydy. Onuň hajyby öz guly Gammardy. Onuň ýüzüginde nagyşlanyp:

---

[1] Gurhanyň 15-nji (Hijr) süresiniň 47-nji aýaty.

[2] Hawaryçlar — Hezret Alynyň döwründe emele gelen bir topar bolup, hezreti Alynyň Syffyn jeňinde hekemçilige (araçylygyna) razy bolandygy üçin oňa garşy gozgalaň edipdirler.

[3] 656-njy milady ýyly.

[4] 661-nji milady ýyly.

«Patyşalyk ýeke-täk Üstün Alla üçin», käbirleriniň aýdyşyna görä bolsa, «Alla neneň başarjaň!» diýlip ýazylgydy.

Ol möminleriň emiri Osmanyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) halypalygyndan soň, halypalyk kürsüsinde oturdy. Ol Mugawyýanyň doly häkimligi we hökmürowanlygy babatda eşidipdi. Onsoň ony işden boşatmak we başga birini bellemek isläp, Abdylla Apbas bilen maslahat etdi. Abdylla Apbas:

– Eý, möminleriň emiri! Eger bu iş ýaramly bolsa-da, dogry däl. Sen ony şu sagat işden boşadarsyň. Sebäbi Mugawyýa mekir we dereje söýer kişidir. Sen ony işden boşatsaň, elbetde, ol saňa tabyn bolmaz. Arap akyldarlaryndan bolan Amr As bilen kuwwatlanar. Onsoň seniň işiň perişan bolar. Dogry zat şudur. Häzir oňa perman ýazarsyň we işini özünde galdyrarsyň. Oňa gowy wadalar berersiň. Goý, seniň bilen ähtleşsin, onuň köňli saňa tabyn we boýun bolmak bilen köşeşsin. Ondan soň ony bir bahana bilen çagyrarsyň we şu ýerde saklarsyň hem-de başga birini onuň ýerine bellärsiň – diýdi.

Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!):

– Men din işinde hergiz ikilik etmerin. Onuň emirlige mynasyp däldigini hem-de ajamyň ýörelgelerini alandygyny bilýärin. Elbetde, ony işden boşadaryn – diýdi.

Onsoň Mugawyýany işden boşatmak barada nama ýazdy. Mugawyýa ol haty görende, leşgerlerini jemledi hem-de:

– Yslamda Osmanyň ganynyň boş gitmegi rowa bolmaz – diýip, Osmanyň köýnegini getirdip, ony naýzanyň ujuna daňdy. Şeýdip, ony bahana tutundy. Şol ýerden hem iş öwjüne galyp, ýetjek derejesine ýetdi.

Möminleriň emiri Alynyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) başyna düşen ähli zat onuň nesihatçylaryň nesihatlaryny kabul etmezliginden we Abdylla Apbasyň pendini har tut-

magyndan boldy. Mülküň we milletiň abadançylygy barada aňly we tejribeli kişiler bilen maslahat edýän we olaryň emrdir görkezmelerinden çykmaýan her bir patyşanyň we döwlet eýesiniň eline döwlet jylawy geler hem-de ykbal onuň elinde bolar.

## Hekaýat

Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) bilen bagly ýüze çykan wakalary, Jemel[1], Syffyn[2] we Nehrewan söweşlerini, gyrgynçylyklary we beýleki bolup geçen hem-de taryhlarda ýatlanylýan hadysalary sada halka okamaklygy öňki ymamlar dogry däl hasaplapdyrlar. Çünki, her bir täzelikçi we bedgatçy öz garaýşyna laýyklykda, ol wakalara okyjynyň ynamyny peseldýän tagna urup, gürrüň edýärdiler. Esasy ýörelge şudur, musulmanlaryň ymamy Şafygy Mutlybydan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Jemel we Syffyn söweşi barada näme aýdarsyň? Öldüren kişileriň ahwaly neneňsi bolar? Öldürilen kişileriň derejesi neneňsi bolar?» diýip soranlarynda: «Allatagala biziň ellerimizi ol ganlara bulanmakdan saklady. Gowusy, dilimizi hem ony beýan etmekden saklamalydyrys. Sebäbi ony bilmekden kän bir peýda ýok. Resul alaýhyssalamyň sahabalary baradaky ygtykadymyzyň dogry bolmagy hökmandyr» diýip, jogap berdi. Şonuň üçin biz taryhy beýan etmäge derek möminleriň emiri Alynyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) mertebelerinden birnäçe-

---

[1] Jemel söweşi – düýe söweşi. Bu söweş 36/656-njy ýylda Anbaryň golaňynda bolup geçýär. Uruşda hezreti Aýşa Esker atly düýä münüp oturandygy üçin şol söweşe “Jemel söweşi» diýen at galýar.

[2] Syffyn söweşi – 37/657-nji ýylda hezreti Aly bilen Mugawyýýanyň arasynda bolup geçýär. Syffyn Fyrat derýasynyň sag kenarynda Rakka şäheriniň günbatarynda ýerleşen bir ýer ady.

sini aýtjakdyrys. Tefsirde şeýle diýipdirler: Ýaradanyň Gurhany Kerimde: «Siziň dostuňyz diňe Alla we Onuň pygamberidir we namazy doly berjaý edýän we rukug edýän halda zekaty eda edýän möminlerdir»[1] diýip, buýurýan aýaty möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hakynda inendir. Onuň sebäbi şudy: Bir gün Mustapa sallallahy alaýhy wesellem namazyny okapdy. Sahabalar bolsa nefil namazlaryna meşguldylar. Hataryň arasyndan bir saýyl kişi geçip barýardy we dilegçilik edýärdi. Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) rukugdady, ýagny egilip durdy. Ol barmagyndaky kümüş ýüzügine yşarat etdi. Ony barmagyndan çykaryp, saýyla[2] garşy oklady. Onsoň şol aýatyň ahyrynda Ýaradan bu ýagdaýy beýan edip: «Rukug[3] edýän halda zekaty eda edýän möminler» diýip buýurdy.

## Hekaýat

Habarlarda şeýle rowaýat getiripdirler:

Gadyrhum[4] gününde Mustapa alaýhyssalamyň görkezmesi bilen bir depäniň üstünde düşek ýazdylar. Resul alaýhyssalam Aly bilen bilelikde iki bolup, şol depäniň üstüne çykdylar. Mustapa dik durdy we:

– Men möminlere öz janlaryndan hem ýokary dälmidirin we aýallarym olaryň eneleri dälmidir?! – diýdi.

Hemmesi:

---

[1] Gurhanyň 5-nji (Supra) süresiniň 55-nji aýaty.

[2] Saýyl – dilegçi, mätäç, gedaý.

[3] Rukug – namaz okalanda eglip durlan ýagdaý.

[4] Gadyrhum – Mekge bilen Medinäniň arasynda ýerleşen bir howuz. Gadyrhumuň musulmanlaryň arasynda uly ähmiýeti bar. Sebäbi pygamber alaýhyssalam «Hoşlaşyk hajyndan» gaýdyp gelýärkä, şol ýerde giňişleýin hutba okaýar. Bu ýerde şol hutba okan güni göz öňünde tutulýar.

– Hut şeýle, eý, Allanyň Resuly – diýdiler. Soňra pygamber Alyny turuzdy hem-de:

– Her kime men hojaýyn, dost, ýar we ýardamçy bolsam, Aly şoňa dost, ýar we ýardamçydyr. Eý, Allam, Alyny gowy göreni gowy gör, Alyny duşman saýany duşman saý, Ala ýardam berene ýardam ber, Alyny har tutany har tut – diýdi.

Mustapa bu sözleri üç gezek gaýtalap aýtdy. Şol wagt möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýerinden turdy we aýtdy: «Mübärek bolsun saňa eý Abulhasan, sen meniň we şol sanda her mömin erkek adamyň we aýalyň dosty bolduň».

## Hekaýat

Pygamber alaýhyssalam ýaranlaryň arasynda doganlyk ähdini baglaşýan wagtynda:

– Eý, Abu Bekr, sen ýeriňden tur. Sen asmanlardyr zeminleriň arasynda we perişdeleriň ýanynda meniň dostumsyň hem-de gowakdaky hemramsyň[1] – diýdi.

Soňra Omara garap:

– Eý, Omar, tur. Sen jahylyýyet döwründe daşýürekdiň we gödek häsiýetlidiň. Yslamda ynsap görkezdiň hem-de mylaýymlyk we ýumşaklyk etdiň – diýdi.

Pygamber şeýle diýenden soň, Abu Bekr bilen Omaryň arasynda doganlyk döredi.

Şondan soň Abdyrahman Awfa (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) garap:

---

[1] Gowakdaky hemrasyň – bu jümle şu aşakdaky waka bilen baglanyşykly: Pygamberimiz Mekgeden Medinä göç etmekçi bolanynda, öz ýany bilen Abu Bekri ýoldaş edip alýar. Olar ýolda kapyrlardan gaçyp «Söwer» diýen gowaga penalanýarlar. Şeýdip Abu Bekr «Pygamberimiz Muhammediň gowakdaky ýoldaşy» diýen ady alýar.

– Sen edil ýerdäki ýaly asmanlarda hem eminsiň. Sen Taňrylyk bezirgensiň – diýdi.

Soňra Osmana garap:

– Eý, Abu Abdylla, ýeriňden tur. Sen kyýamat güni gelersiň. Damarlaryňdan ganlar akar. Men: «Seni kim öldürdi, eý, Osman» diýip soraryn. Sen «pylany we pylany» diýersiň – diýdi.

Soňra Pygamber alaýhyssalam olaryň arasynda doganlyk baglanyşdyrdy. Şeýlelikde, sahabalar biri-biri bilen iki-ikiden doganlyk baglanyşdylar. Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) metjidiň bir çüňkünde çäksiz gamgussadan ýaňa başyny aşak salyp otyrdy. Soňra gitmek üçin ýerinden turdy. Şonda Pygamber alaýhyssalam:

– Eý, Aly, nirä barýaň? Gam-gussa batmagyň sebäbi näme? – diýip sorady. Şonda ol:

– Eý, Allanyň Resuly. Her kimi biri-biri bilen dogan etdiň. Meni ýatlamadyň. Men «Belki menden bir kemçilik ýüze çykandyr. Meni ýatlamady» diýip gorkdum – diýdi.

Mustapa alaýhyssalam:

– Seni özüm bilen dogan edendigim üçin ýat etmedim. Sebäbi Jebraýyl maňa şeýle buýurdy. Indi häzir eger sen razy bolsaň, biri-birimiz bilen dogan okaşaly. Biz gelip çykyşda iki dogandyrys, äht bilen hem dogan bolaly – diýdi.

Şondan soň pygamber alaýhyssalam bilen Aly doganlyk ähdini baglaşdylar.

## Hekaýat

Meýmun ibn Mehran şeýle diýýär:

Bir gün Abdylla ibn Omar ikimiz Käbä togap edýärdik. Şonda bir juwany gördük. Ol dik durdy we elini Käbäniň bosagasyna diräp durdy. Ol:

– Men Alydan hem-de onuň yslamda eden ýaramsyz işlerinden bizardyryn – diýýärdi.

Biz ol betbagtdan bu sözleri eşidenimizde, onuň elini tutduk hem-de Abdylla Apbasyň gaşyna eltdik. Onuň kabul edip bolmajak mynajatynyň[1] ýagdaýyny Abdylla Apbasa beýan etdik. Ol ondan:

– Adyň näme? – diýip sorady.

Ol aýtdy:

– Damgat ibn Hatap.

Ol hawaryçlaryň meşhur kişilerindendi. Abdylla:

– Ejeň seniň ölümiňe aglasyn. Hany aýt, Aly yslamda neneňsi ýaramaz işler etdi? Neneňsi erbet däp galdyrdy? – diýdi.

Ol:

– Eýsem, bilmeýärsiňmi? Jemel, Syffyn we Nehrewan söweşinde näme etdi, näçe kişini öldürdi? – diýdi.

Abdylla aýtdy:

– Örän berk delil getirdiň. Diňe şonuň üçin Allanyň şirinden bizar bolup, özüňi dowzaha hakly edýärmiň?! Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Hak üçin gylyç syrdy. Bu ymmat oňa garşy çykanda we dogry ýoly goýanlarynda, Ol Gurhan deňzinde guwwaslyk[2] etdi hem-de ondan şamçyrag bolup duran düri çykardy. Ol şudy: Ýaradan Gurhanda: «Eý, möminler, eger möminlerden iki taýpa biri-biri bilen uruşsa, derhal olaryň arasyny oňlaň-ýaraşdyryň. Indi olaryň biri ikinjisiniň üstüne yrs aranda, bes, tä yrs araýan taýpa Allanyň emrine gaýdýança, siz yrs aran taýpa bilen urşuň!»[3] diýip buýurýar. Ol bu ýagylar bilen Gurhanyň hökümine laýyklykda hem-de özüniň dogry tagallasyna mynasyp-

---

[1] Mynajat - doga-dilegler, Hudaýa ýalbaryp doga-dileg etmek.

[2] Guwwaslyk etmek – çümmek, deňziň düýbünden dür gözlemek.

[3] Gurhanyň 49-njy (Hüjreler) süresiniň 9-njy aýaty.

lykda jeň etdi. Alyda yslam dini üçin eden şol artykmaçlyk bardyr welin, sahabalardan hiç kimde ol ýokdur.

Şol artykmaçlyklaryň ýene-de biri şudur: Mustapa alaýhyssalam Ala garap:

– Aýagyňy meniň egnime goý we bu butlary Käbe öýüniň üstünden ýere okla – diýende, möminleriň emiri Aly:

– Eý, Allanyň Resuly. Mende seniň mübärek egniňe aýak goýara gaýrat bolmaz – diýdi.

Şonda Pygamber alaýhyssalam:

– Şeýle etmeli – diýdi.

Onsoň möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Pygamberiň egnine gadam goýup, butlary agdardy. Soňra özi-de ýykyldy. Emma hiç zat bolmady. Şonda Pygamber alaýhyssalama garap:

– Haýran galýaryn, eý, Allanyň Resuly, ýykyldym, emma hiç zat bolmady – diýdi. Şonda pygamber alaýhyssalam:

– Saňa neneňsi ynjy ýetsin, Muhammet seni göterdi, Jebraýyl seni düşürdi – diýdi.

Abdylla Apbas:

– Eý, Damgat! Alyny möminden özge kişi gowy görmez, mynapykdan özge kişi duşman saýmaz – diýdi.

Şu kitabyň ýazary Muhammet Awfy şeýle diýýär:

Haçanda Nyşapurda şonuň gürrüňini edýärkäm, bir kişi menden:

– Muhammediň Alynyň egnine münmän, Alynyň Muhammediň egnine münmeginiň hikmeti nämedir? – diýip sorady.

Şonda men:

– Munuň üç jogaby bar. Birinji meşhur jogap şudur, Alynyň weliliginiň pygamber alaýhyssalamyň pygamberlik ýüküni götermäge kuwwat-takaty ýokdy. Emma Muhammediň pygamberliginiň Alynyň welilik ýüküni götermäge takaty bardy. Eger

älemiň ähli gujurlylary ýygnanan bolsady, şonda-da Muhammediň ýüküni göterip bilmezdiler. Ikinji jogap şudur, Muhammet alaýhyssalam: «Men ylmyň şäheridirin, Aly onuň derwezesidir» diýip buýurýar. Düzgün şeýle, derweze şäherde bolýar, ýöne derwezede şäher bolmaýar. Üçünji jogap şeýledir, Muhammet alaýhyssalamda mugjyza bardy. Ol mübärek eli bilen näme zady sypasa, oňa ot kär etmezdi. Şeýle hekaýat aýdypdyrlar:

Bir gün ol Patmanyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýanyna geldi. Ol çörek bişirýärdi. Pygamber alaýhyssalam perzendiniň göwnüni götermek we şatlandyrmak üçin belent ahlaklylyk we ýagşy gylyklylyk bilen:

– Eý, Patma, nany maňa ber, öz elim bilen tamdyra ýapaýyn – diýdi.

Soňra hamyry aldy we tamdyrda ýapdy. Biraz wagtdan soň, tamdyryň gapagyny açdy. Patmanyň tamdyrda ýapan nany bişip, pygamber alaýhyssalamyň tamdyrda ýapan nany heniz hem çigdi. Patma:

– Eý, Allanyň Resuly! Sebäp näme, meniň ýaly çigiň tamdyrda ýapan nany bişipdir, emma seniň ýaly bişen kişiniň ýapan nany çig bolup çykýar?! – diýdi.

Pygamber alaýhyssalam:

– Sen bilmeýäňmi? Haýsy ýere meniň elim ýetse, ot oňa kär etmez – diýdi.

Onuň beýany şudur: Haktagala butparaz kapyrlara şeýle ýüzlenýär: «Siz we siziň çokunýan zatlaryňyzyň, [ýagny butlaryňyz] bary dowzahyň tutaşdyrlygydyr»[1].

Eger Pygamber butlara elini degren we olary ýykan bolanlygyndady, onuň eliniň täsiri butlara ýeterdi. Şonda eger dowzahda ýansa, Muhammediň mugjyzasy batyl bolardy, eger ýan-

[1] Gurhanyň 21-nji (Enbiýa) süresiniň 98-nji aýaty.

masa, Hudaýyň sözi takyklyga ýetmezdi. Şonuň üçin Ala buýurdy, ol hem butlary agdardy, şeýlelikde, mugjyza bilen aýaty biri-birinden tapawutlandyrmaga esas boldy, tapawut bolmady. Her kim ynsap gözi bilen seredip görse, şu üç jogabyň hem mährem häsiýetden we ylmyň inçeliklerinden boş däldigini biler.

## Hekaýat

Şeýle rowaýat getiripdirler:

Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Nehrewan söweşini edip, hawaryçlardan birnäçe müň kişini gyranda, bir gün hawaryçlardan üç kişi Kufäniň metjidinde jemlenişip, bir çüňkde oturdylar. Nehrewandaky öldürilenler üçin birazrak aglaşdylar. Olaryň biri Abdyrahman Müljüm Myradydy, beýlekisi Mübärek Abdyllady, üçünjisi bolsa, ýene bir haryjydy. Birazrak şu görnüşde oturansoňlar, olaryň biri:

– Eý, doganlar! Eger ylalaşsaňyz we özüňizi musulmanlaryň pidasy etseňiz, bizden älemde hemişelik galar ýaly bir haýran galarlykly iş edeliň. Älemdäki şu perişanlygyň we pitnäniň ählisi üç kişi sebäplidir. Biri Aly, beýlekisi Mugawyýa, ýene biri bolsa Amr Asdyr. Bizem üç kişidiris. Herimiz bir kişini bildirmän öldüreliň. Eger bizi öldürseler hem rowadyr, bu pitne öçer we musulmanlar başga birini halypa edip, onuň bilen ähtleşerler. Onsoň bu zulum tygy gynynda bolar we ondan bize sogap bolar – diýdi.

Şondan soň olar: «Oraza aýynyň ýigrimi ýedisine säher bilen, metjit adamdan hyryn-dykyn bolanda, bu işi berjaý edeliň» diýşip, karar etdiler. Onsoň üçüsi-de gidip, gylyçlaryny zäher bilen suwladylar. Olaryň biri Amr Asyň ýanyna Müsüre gitdi, beýlekisi Dymşyga gitdi, Abdyrahman Müljüm bolsa, tä

40-njy[1] ýylyň oraza aýy gelýänçä, Kufede mekan tutdy. Oraza aýynyň ýigrimi ýedisine çenli sabyr edip garaşdylar.

Şol gün tötänlikden Amr As metjide gelmedi-de, bir oruntutaryny iberdi. Müsüre giden ýaňky kişi onuň Amr däldigini bilmän, şony öldürdi. Mübärek ibn Abdylla Mugawyýany mährapda ýaralady. Ony derrew tutdular hem-de ony öldürmek islediler. Şonda ol:

– Meni öldürmäň! Men size bir hoş habar aýdaýyn – diýdi.

Bular:

– Näme aýtjak? – diýip soradylar.

Ol:

– Şu gün meniň ýaranlarymdan biri Alyny öldürdi – diýdi.

Rowaýatçy şeýle gürrüň berýär:

Bu sözüň dogrulygy aýdyň bolýança, ony tussag etdiler. Soňra tebip çagyryp:

– Bu ýara melhem ediň – diýdiler.

Şonda tebip:

– Bu ýara em edip bolmaýar hem-de daglamakdan başga zat bilen ýagşy bolmaýar. Eger daglasam, seniň nesliň kesilýär – diýdi.

Mugawyýa nesliniň kesilmegine razylyk berdi. Ony dagladylar. Ol gowulaşdy.

Melgun Abdyrahman Müljüm ol agşam metjitde ýatdy. Irden azan aýtdy. Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) metjide geldi. Metjit heniz boşdy. Möminleriň emiri gelip, bir çetde namaz okamaga durdy. Ol betbagt ony ýaralady welin, ol serwer ýykyldy.

---

[1] 661-nji milady ýyly.

Betniýetiň pyçagy päk göwrä dikildi,
Beýik dag dek serler düýpsüz gorpa ýykyldy.

Soňra ol melgun gaçdy. Sahabalar onuň yzyndan ylgadylar hem-de ony tutup, bent etdiler. Möminleriň emiri Alyny (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hüjrä eltdiler. Ol ýene-de bir gün ýaşady. Aýdyşlaryna görä, möminleriň emiri Hasan bilen Hüseýini çagyryp, olara:

– Perzentlerime wesýet edýärin, perhizkär[1] boluň. Ahyretiň aladasynda boluň, dünýäniň yzynda ýörmäň. Geçen zat üçin gam iýmäň. Sütem ýetenlere ýardam beriň. Zalymlara böwet boluň – diýip wesýet edipdir.

Şol agyr ýagdaýynyň arasynda: «Eý, bar Huda-ýa, Seniň keremiňe barabar bolup biljek günä barmy?! Seniň nygmatlaryňa ýetip biljek amallar barmy?! Men Seniň lutfu-keremiňden umydygärdirin. Meniň günälerimi, edil meniň amallarymy öz nygmatlaryňa gark edişiň ýaly, Özüňiň kerem we ýalkaw deňziňde gark eýle» diýen sözleri diline getirdi. Şondan bir sagatdan möminleriň emiri Haktagalanyň rehmetine gowuşdy.

Muhammet Mustapanyň we onuň ähli päk maşgalasynyň hormatyna onuň mübärek guburyna jennet ýaranlaryny gönder.

## HASAN IBN ALY

Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala onuň ýüzüni sahawatlandyrsyn!) şehitlik haladyny geýenden soň, sahabalar topary Abu Muhammet Hasan ibn Aly ibn Abutalyba ähti-peýman berdiler. Onuň ejesi aýallaryň bikesi Patma Zährady (goý, Allatagala ondan razy bolsun!). Oňa 40-njy[2] hijri ýylynyň Ora-

[1] Perhizkär — takwa.
[2] 661-nji milady ýyly.

za aýynyň ýigrimi sekizinde ähti-peýman berdiler. Ol alty aý, üç gün halypalyk etdi. Hasan ibn Aly işleriň perişandygyny, Mugawyýanyň mülki isleýändigini, bu işiň söweş we uruşdan başga zat bilen düzelmejekdigini görensoň, bir topar kişini aralykçy edip, Mugawyýa bilen ylalaşdy hem-de özüni halypalykdan boşadyp, işi Mugawyýa tabşyrdy. Halypalyk döwri şonuň bilen tamamlandy. Mustapa alaýhyssalam: «Halypalyk menden soň dört sany bolar, ondan soň patyşalyk bolar» diýipdi. Ol Medinede 47-nji[1] hijri ýylynda wepat boldy. Oňa Aşgas Kaýsyň gyzy zäher beripdi. Aýdyşlaryna görä, ol wepat bolanda, kyrk ýedi ýaşyndady. Emma dogrusy şudur, onuň ömür müddeti kyrk dört ýyldan köp däldi. Onuň artykmaçlyklary bu ýygyndyda ýazyp beýan ederden artykdyr.

«Onuň atasy Resul» diýen söz bar bolansoň.
Tarypçylar wasp etse, laýykdyr, biler bolsaň,

---

[1] 668-nji milady ýyly.

## BENI ÜMEÝÝE HALYPALARY

Beni Ümeýýe halypalaryny we patyşalaryny gysgaça görnüşde beýan etjekdiris. Bilmek gerek, Beni Ümeýýe halypalarynda halypalyk kürsüsinde oturanlar on dört kişidir. Bilmek isleýänleriň olaryň doly taryhyny bilmeseler-de hiç bolmanda olaryň atlaryny bilip galarlary ýaly şu aşakdaky beýtde olaryň atlaryny sanaýaryn.

***Beýt***

Ümeýýe halypasy on dört kişi bolupdyr,
Olar älem mülküni başdan-aýak alypdyr.

Birinji Mugawyýa biwepa Hindiň oguly,
Soňra ol Ýezit il başyna bolupdur waly.

Mugawyýa hem Merwan, Abdylmälikdir Welit,
Soň Süleýman, soň Omar ol şa tagtyn alypdyr.

Soňra Ýezitdir Hyşam, bulardan soňra Welit,
Ýezit, soňra hem Ybraýym täç dawasyn salypdyr.

Merwan ibn Muhammet, onuň lakamy «Eşek»,
Soňkusynda on dördüň döwlet güli solupdyr.

## Hekaýat

Arap habarlarynda şeýle okadym:

Mugawyýa ibn Abu Sufýanyň ejesi Hint bint Utba ibn Abdyşşems entek Abu Sufýanyň nikasyna girmänkä, Abu Amr Hafs ibn Mugyra Mahzumynyň nikasyndady. Hafs ol döwürde kämil sahawatlylygy we jomartlygy bilen meşhurdy. Myhmansöýerlikde özüniň yhlasyny gaýgyrmaýardy. Onuň yhsan gapysy hemişe açykdy. Onuň myhman saçagy hemişe ortadady. Ol ýörite myhmanlar üçin özüniň öýüniň öňünde myhmanhana gurupdy. Ony nepis düşekler bilen bezäpdi. Gelen her bir myhman ol ýerde düşlärdi. Bir gün howa yssydy. Hafs sähradan gelipdi. Şonda ol şol myhmanhana bardy. Ol ýerde hiç bir myhman ýok bolansoň, şol ýerde dynç aldy. Hint ony gözläp, daşary çykdy. Onuň şol ýerde ýatandygyny gördi-de, onuň gapdalynda uklady. Bir sagatdan soň Hafs turdy we bir hajat üçin daş çykdy, ýöne Hindi görmedi. Gaýdyp geldi. Şol pursat bir myhman gelip ýetipdi we myhmanhana giripdi. Ol Hindi görüp, daşary çykdy. Hafs hem gelip ýetdi. Myhmanhanadan daş çykan ýaňky adamy gördi. Gelip görse, Hint uklap ýatyrdy. Ony turuzdy we:

– Bu kişi kimdi? – diýip sorady.

Ol:

– Men hiç kimi görmedim – diýdi.

Hafs gazaba mündi. Onsoň ol Hinde:

– Ilhaky biähliki[1] – diýdi. Bu söz arap dilinde talak diýmegi aňladýardy.

Hint atasynyň öýüne gitdi we adamsyndan ynjady. Utba[1] Hafsyň garşysyna galkdy we:

---

[1] Ilhaky biahlike – bu ýerde öz ähliňe, hossarlaryňa gowuş manysynda gelýär.

– Näme üçin biziň perzendimize töhmet atýarsyň. Biziň neberämizden beýle iş çykmaýar. Bilýärin, gözelleriň keman gaşyndan sypan gamza oky, hergiz onuň ýaragdyr jöwşenine kär etmeýär. Ýör, häkimiň ýanyna gideliň – diýdi.

Ol döwürde arabyň häkimi Efgy Nejrandy. Ol bir kähindi[2], habarlardan, geljek, geçjek syrlardan habar bererdi. Onsoň Hafs Beni Mahzum bilen bile dil birikdirdi. Utba ibn Abdyşşems Beni Ümeýýeden bir jemagaty öjükdirdi. Hindi bir topar zenan bilen dil birikdirdi we Efgy Nejranyň gaşyna gitdi.

Şonda Utba Hindä garap:

– Eý, perzent, biz etmeli däl işi etdik, ýagny mundan öň gürrüň örtüglidi we iş nämälimdi. Eger bu kähin bijäni seniň garşyňa çekäýse, tä kyýamata çenli munuň namysy biziň neberämizde galar – diýdi.

Hint bu sözden üýtgäp gitdi. Atasy:

– Men seniň bu üýtgeýşiňden güman edýän, seniň nebsiň zyna bulaşan ýaly – diýdi.

Hint:

– Men ähli hyýanatdan we jenaýatdan päkdirin. Ýöne siz dogrulygy ýa-da ýalançylygy nämälim bolan bir kişiniň ýanyna barýarsyňyz. Birden ýalan sözläp, çäre mümkinçiligimiz ýok bolaýmasyn – diýdi.

Soňra ýene-de:

– Ilki bilen ony synap göreliň – diýdi.

Soňra bir baýtaly bir atyň ýanyna çekdiler. At baýtala aşdy. Soňra onuň ujydynyň ujunda bir bugdaý dänesini goýdular hem-de Efgynyň gaşyna geldiler we aýtdylar:

---

[1] Hindiň kakasy.

[2] Kähin – bilgiç, porhan, gaýypdan habar beriji.

– Seniň höküm etmegiň üçin gaşyňa geldik. Ýöne biziň hökümimiz berilmänkä, sen bilmeli, biz bir zady gizledik, aýt, şol näme zat?!

Efgy sagatlarça oýlandy, soňra:

– Hiç zat, diňe atyň ujydynyň başynda bir bugdaý dänesi bar – diýdi.

Bu delili görenlerinde, aýallaryň ählisini onuň öňünde oturtdylar. Ol:

– Tur, sen ol däl – diýýärdi.

Hint onuň gaşynda oturanda, ol:

– Päk, bulaşmadyk we zynadan päk. Tizara senden bir patyşa doglar – diýdi.

Hafs bu sözi eşidende, oňa — Hinde ýapyşdy. Emma Hint:

– Hergiz seniň bilen ylalaşmaryn, ol şanyň senden başga birinden bolmagyna tagalla ederin – diýdi.

Şondan soňra Abu Sufýan ony öz nikasyna girizdi.

Ine, şu ýerden «Hafs Hinde talak bermändi, şol durşuna Abu Sufýana halal boldy» diýip, oňa tagna uran bolýarlar. Emma bu tagna ýerlikli däldir. Çünki, hekaýatyň başynda aýdylyşy ýaly, Hafs çäksiz gazapdan ýaňa Hinde: «Ilhaky biähliki», ýagny «Öz neberäňe goşul» diýipdi. Ol bolsa araplaryň arasynda talak sözüdi. Bu gün biziň şerigatymyzda hem talagyň göçme manysyndaky sözlerini gahar-gazap bilen aýtsa hem, aýal talak bolýar. Eger şeýle bolýan bolsa, birinji äri oňa talak beripdi, ikinjisi hem ony alypdy. Bu sözi dep etmekde bize hiç bir bähbit ýok, emma ynsap ýoluny görmezlige salmak hakykat ýolundan daş düşmekdir.

Bu hekaýatyň peýdasy şudur, her bir işde soňundan hasratda galmaz ýaly, Hafs Mugyra Mahzumynyň edişi ýaly, gyssanmaçlyk etmeli däldir. Bolmasyz zat bolmaz ýaly, hakykaty bilmek gerekdir.

Munuň ýene bir peýdasy şudur, Mugawyýanyň dünýä iniş ahwaly beýan edilýär hem-de ýazgaryjylaryň näme zat bilen oňa tagna urýandyklary röwşen bolýar.

## Hekaýat

Bir uly şahsdan şeýle hekaýat eşitdim:

Arabyň baştutany, kuraýyş kowumynyň öňbaşçysy we döwrüniň sahawatlysy bolan Abdylmenafyň bir garynda arkasy biri-birine ýapyşyp duran iki, ýagny ekiz ogly boldy. Birine Haşym, beýlekisine bolsa, Abdyşşems diýip at goýdy. Onsoň hekimleri çagyrdylar we aýtdylar:

– Bular biri-birinden aýyrmagyň heý bir usuly barmy?

Hiç kim onuň usulyny bilmeýärdi. Onsoň Abdylmenaf olaryň arkasyndan gylyç saldy we olary biri-birinden aýyrdy. Ol ýara azajyk wagtyň dowamynda ýagşy boldy, ikisem ulaldylar. Emma gylyç olaryň arasynda baky galdy. Haşymdan Abdylmuttalyp, Abdyşşemsden bolsa, Abu Sufýan dünýä indi. Olaryň arasynda hemişe gylyçdyr duşmançylyk saklanyp galdy. Mustapa alaýhyssalam Abdylmuttalybyň agtygydy. Onuň bilen Abu Sufýanyň arasynda birnäçe wagtlap söweşdir uruşlar boldy. Ol gylyç olaryň arasynda şol öňküsi ýaly bolup durdy. Abdylmuttalybyň agtygy Aly bilen Mugawyýa şol duşmançylygy gaýym sakladylar. Melgun Ýezit hem möminleriň emiri Hüseýin (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) bilen şol asylky duşmançylygy täzeledi. Aýdyşlaryna görä, pelit Ýezit şehitleriň jenaby möminleriň emiri Hüseýini (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) öldüren wagtynda buýsanç bilen şu beýtleri aýdypdyr:

*Beýt*

Bedr jeňinde ölenler häzir turup gelseler,
Muhammediň neslinden ar alşymy görseler.[1]

Bu beýt Ýezitden getirilýän bir şygyr bölegidir. Balhyň we Mawerannahryň ymamlary ony şu beýt sebäpli näletleýärler. Ýene-de Ýezit şeýle diýipdir:

Haşym patyşalyk bilen oýun etdi,
Bu barada ne wahyý indi, ne habar geldi.

Ol wahyýyň inenine müňkür bolany üçin kapyr bolupdy. Kapyrlar bolsa, nälete laýykdyr. Zalymlara Allanyň näleti bolsun!

## MUGAWYÝA

Abu Abdyrahman Mugawyýa ibn Abu Sufýan ibn Harp ibn Ümeýýe ibn Abdyşşems bilen 41-nji[2] hijri ýylynyň Dört tirkeşigininiň ikinji aýynda ähdi-peýman baglaşdylar. Onsoň möminleriň emiri, jenneti juwanlaryň jenaby Abu Muhammet Hasan ibn Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) onuň bilen ylalaşdy hem-de özüni halypalykdan boşatdy we ol tagamsyz perişan işi oňa tabşyrdy. Mugawyýanyň ejesi Utba ibn Abdyşşemsiň gyzy Hintdi. Mugawyýa äht edilen gününde elli sekiz ýaşyndady. Ol on dokuz ýyl, üç aý we on üç günläp höküm sürdi. Ýigrimi ýyl we dört aý hem diýýärler. Ol Dymyşkda wepat boldy we şol ýerde jaýlandy. Ol ýetmiş ýedi ýyl, ýedi aý we

[1] Bu ýerde Bedr söweşinde kapyrlar tarapyndan ölen kişiler barada aýdylýar. Sebäbi ölen kapyrlaryň köpüsi Ýezidiň ata-babalarydy.

[2] 663-nji milady ýyly.

on üç gün ýaşap wepat boldy. Aýdyşlaryna görä, ol Mekgede dünýä inipdir. Onuň kätibi Ubeýt ibn Uweýs Gabydy. Hajyby öz guly Safwan ibn Eýýupdy. Onuň ýüzüginde nagyş bilen: «Likülli amalin sowabun fe ahsyn mä estatagta»[1] diýen ýazgy bardy. Wepat bolan güni onuň jynazasyny Zahhak Fahry okady.

## Hekaýat

Mugawyýa bilen jenneti juwanlaryň jenaby[2] Hasan ibn Alynyň arasynda ýaraşyk baglanyşylanda we möminleriň emiri Hasan halypalygy tabşyrmaklygy karar edende, oňa, ýagny Hasana:

– Eý, möminleriň emiri? Bu babatda bir zatlar aýtmagyň gerek, goý, bu pitne köşeşsin we bu ot öçüşsin – diýdiler. Şonda möminleriň emiri Hasan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) münbere çykdy we hutba okady. Şol hutbanyň dowamynda:

– Meniň we Mugawyýanyň arasynda halypalyk wezipesi üçin bolan dawa-jenjel iki sebäbe görädir, ýagny halypalyga men mynasypmy ýa-da başga birimi? Bu gün men halkyň rahatlygy, musulmanlaryň asudalygy we neberäniň abadanlygy üçin, ony taşladym – diýdi.

Şondan soň bolsa: «Bilmedim, belki, bu (ýagny azap möhletiniň gijikdirilmegi) siziň üçin bir aldaw-synag we bir azajyk wagta çenli (ýagny ajalyňyz ýetýänçä) peýdalanarlyklydyr»[3] diýen aýaty diline getirdi hem-de münberden düşdi. Şeý-

---

[1] “Her bir ýagşy amalyň sogaby bardyr, onda başardygyňça ýagşylyk et».

[2] Jenneti juwanlaryň jenaby – Pygamberimiz öz agtyklary bilen Hüseýini şeýle at bilen atlandyrypdyr. Diýmek, kyýamat güni jennetdäki ýaş-juwanlaryň serweri, jenaby Hasan bilen Hüseýin bolmaly.

[3] Gurhanyň 21-nji (Enbiýa) süresiniň 111-nji aýaty.

lelikde, şol pitne özeni onuň ynsaby we salamatlyk islegi bilen öçüpdi.

## Hekaýat

Muhammet ibn Atyýa şeýle diýýär:

Bir gün Mugawyýanyň mejlisinde bir kişi möminleriň emiri Alyny (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýatlady. Şonda Mugawyýa aýtdy:

– Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hakykatdan hem, söweş meýdanyna çykanda, edil ýolbars ýalydy, her haçan peýda bolanda, edil on dördi gijäniň aýy we säher ýagýan ýagyş damjalary ýalydy, ýagny ol hakda şeýle diýipdirler.

### *Beýt*

Ýüz müň al-hile bilen, ösüp säher şemaly,
Aýyrdy top bulutdan, ýagdan gyl sogran ýaly.

Periniň gözi gidýän bu päkize damjany,
Güle getirip sepdi, artdy onuň jemaly.

Mejlisde oturanlar aýtdylar:

– Sen has artykmy ýa-da Aly?

Ol:

– Abu Talybyň oglunyň göteren ýekeje gadamy hem Abu Sufýanyň neberesinden gowudyr – diýdi.

Olar ýene:

– Hak seniň tarapyňdamy ýa-da Alynyň? – diýdiler.

Ol:

– Alynyň tarapyndadyr – diýdi.

Olar:

– Onda näme üçin onuň bilen söweş etdiň? – diýdiler.

Ol:

– Her kim patyşalyk islese, onuň özge bir kişi bilen ylalaşmagy mümkin zat däldir hem-de ol hak iş edip bilmez – diýdi.

Şu hekaýatdan röwşen bolşuna görä, ýagny diňe akmaklyk bilen Mugawyýa nälet edýän kişi hakykatyň tarapynda däldir. Çünki, kesgitlenişine laýyklykda, Mugawyýanyň Ala garşy eden topalaňy uly günädi. Ol muny günä hasaplany üçin oňa kapyrlyk çyzygyny çekmek dogry däldir. Çünki, sünni mezhebinde şeýledir, bende günä bilen kapyr bolmaýar we günäsine toba etse, onuň kabul edilmegine umyt edilýändir. Allatagala: «Ýene başga bir kişiler bar bolup, günälerini boýun alýarlar. Olar ýagşy amallary ýaman amallar bilen garyşdyranlardyr. Belki, Alla olaryň tobasyny kabul eder. Elbetde, Alla geçirimli, mähribandyr»[1] diýip buýurýar.

## Hekaýat

Şeýle gürrüň beripdirler:

Bir gün möminleriň emiri Hasan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Mugawyýanyň ýanyna geldi. Ol ýassyga ýassanyp otyrdy. Möminleriň emiri Hasan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) onuň sag tarapynda oturdy. Mugawyýa söze başlady we:

– Saňa geň bir söz aýdaýyn. Bir topar kişi maňa Äşäniň Mugawyýa halypalyga hakly däl diýýändigi barada habar getirdiler – diýdi.

Hasan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!):

– Mundan hem geň-taň bir sözüm bar – diýdi.

---

[1] Gurhanyň 9-njy (Toba) süresiniň 102-nji aýaty.

Mugawyýa:
– Ol näme söz? – diýip sorady.
Ol:
– Seniň meniň ýanymda ýassyga söýenip oturmagyň – diýdi.
Mugawyýa bu sözi eşidende, ýerinden böküp turdy we ötünç sorap, oňa köp mal-baýlyk berdi. Möminleriň emiri ony bagyşlady.

## Hekaýat

Hawaryçlaryň toparyndan bolan Zu Süddeýýetil Esedi Mugawyýanyň höküm süren döwründe gozgalaň turuzdy. Şonda Mugawyýa ony dep etmek üçin bir leşger düzdi we möminleriň emiri Hasandan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Seniň leşgeriň serkerdesi bolup gitmegiň we uly jyhat bolan bu söweşe hut özüňiň hem gatnaşyp, merhemet etmegiň hem-de bu işi ýerlikli tamamlamagyň gerek» diýip haýyş etdi. Şonda möminleriň emiri Hasan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!):
– Men halkyň abadanlygy üçin we musulmanlaryň ganlarynyň dökülmezligi üçin söweşden el çekdim hem-de maňa ondan rahatlyk gelmejek her bir maslahata men razy bolmadym. Indi bolsa, seniň üçin beýlekiler bilen söweş etjek däl. Eger men uruş islän bolanlygymda, ilki seniň bilen jeň ederdim. Özüm üçin seniň bilen jeň etmedimmi, diýmek, seniň üçin özgeler bilen jeň eder diýip tama etme – diýýär.

## Hekaýat

Udaý Hatam Mugawyýanyň gaşyna gelende Mugawyýa ondan:

— Biziň şu ýaşaýan döwrümizi nähili görýärsiň? – diýip sorady.

Udaý:

Seniň zamanaň ýagşysy, öňki zamanyň ýaramazy. Ýene-de seniň döwrüň ýaramazy senden soňky geljek döwrüň ýagşysy bolar – diýdi.

Eger her kim ynsap gözi bilen bu sözüň hakykatyna seretse, onda bu manynyň dowamynda dogrulygyň jemalyny görer.

## Hekaýat

Şeýle diýipdirler:

Mugawyýa ömri paýawlap, ruh guşy beden kapasyndan çykmaga golaýlan we bedeni gara toprakda mesgen tutmaga ýakynlan wagtynda, özüniň gylyksyz ogly Ýezidi ýanyna çagyryp, oňa wesýetler berip:

– Bilgin, meniň gider wagtym ýetip geldi. Men köp tagallalar we sansyz yhlaslar bilen beýik bir binanyň düýbüni tutdum we bir uly köşgüň binýadyny gurdum. Zynhar, bu esasy agdarmak üçin däl-de, ol binany beýgeltmek üçin jan çek – diýdi.

Ol şeýle diýenden soň, ýene-de:

– Saňa bu işde dört kişi böwet bolup, päsgel berer. Olaryň biri Abdylla ibn Omardyr. Ol takwa we zahyt kişidir. Elbetde, ol bu dünýäniň mülküne we onuň baýlygyna üns bermez. Eger ol saňa ähdi-peýman etmese, sen oňa hiç hili zyýan ýetirme, ol pitneden daşdadyr. Ikinjisi Abdylla ibn Amrdyr. Ol baýlyk we zynat bilen meşgul kişidir. Döwlet seniň eliňe geçende, oňa köp mal we gymmatbahaly halat iber. Ony baýlyk bilen awla. Ýene-de biri Abdylla ibn Zübeýrdir. Eliňden gelen her bir usulyň bilen ony öňüňden aýyr. Dördünjisi Hüseýin ibn Alydyr – diýdi.

Ol şeýle diýenden soň ýene:

– Ah, ah, eý, Ýezit, eger Hüseýin bolmasady, men öz işimiň ösüşini we bolmalysyny saňa yşarat ederdim. Emma sen zynhar, onuň bilen oňşuk we mähribanlyk ýolundan başga ýörelge edinme. Elbetde, dawa-jenjel we köteklemek ýörelgesini tutmarsyň. Ol belki mürewwet eder hem-de özüniň agasyna eýerse gerek we işi saňa goýsa gerek. Eger munuň tersine iş etse, zynhar, oňa garşy işde sen başyny başlama hem-de oňa kast etme. Ýöne edil meniň möminleriň emiri Alyny (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) edişim ýaly, ony dep etmäge häzir bol – diýdi.

Ondan soň onuň buýrugy bilen onuň ýanyny boşatdylar. Ol ýene Ýezide:

– Iň möhüm wesýetim şudur: Men Hakyň çakylygyny kabul edemde, meniň gabrymy häzirläniňizden soň, Amr Asa: «Atam: «Dünýäde meniň we seniň araňda dogrulyk mäkäm, dostluk berk bolupdy. Wepat bolan günüm äht wepasyny berjaý etmegiň gerek we meni öz eliň bilen göre salarsyň. Şeýdibem mähremlik, dostluk we ýaraşyk alamatlaryny ýerine ýetirersiň» diýip wesýet etdi» diýersiň. Meni depin edip, ol işden boşaşan badyna, gylyjyňy syryp: «Maňa äht et, şonda bu çukurdan çykarsyň. Ýogsa, seni atam bilen bile ýatyraryn» diý hem-de tä äht edýänçä ony şol ýerden çykmaga goýma – diýdi.

Mugawyýa wepat bolansoň, Ýezit Amr Asy çagyrdy we atasynyň aýdan wesýetini oňa ýetirip, şeýle diýdi:

– Atam saňa: «Ömür sürýän döwrümde we ýaşaýyş möwsümimde biziň aramyzda dostluk we doganlyk mäkäm durdy. Mähremlik edip, ahyret saparymda hem maňa ýardam bersin we öz eli bilen meni gabra salsyn. Belki, onuň mübärek eliniň bereketi bilen şol ilkinji menzil, ýagny dymýanlaryň menzili we kepen geýnenleriň mekany maňa aňsat bolar» diýdi.

Onsoň Amr As bu sözleri eşidip aglady. Mugawyýany getirdiler. Amr çukura girdi we Mugawyýany gabra (içki öýüne) saldy. Depin etmek işlerinden boşaşandan soň, çykmak isledi. Şonda Ýezit gylyç syryp:

– Ilki äht et, bu ýerden soňra çykarsyň – diýdi.

Amr ýagdaýy beýle görnüşde görende, Ýezidiň akylynyň beýle inçelige ýetmejekdigini bildi. Onsoň ýüzüni Mugawyýanyň jesedine öwrüp:

– Şu tapsyz halyňda hem sen heniz mekirlik edýäňmi? – diýdi.

Şeýle diýenden soň, bialaç Ýezide äht edip, çukurdan çykdy. Bu hekaýat Mugawyýanyň pikiriniň berkdigine we onuň parasadynyň ýitidigine adyl güwäçidir. Bu pikir patyşalaryň we soltanlaryň pikirleriniň saýlantgysydyr.

## Hekaýat

Şeýle hekaýat aýdypdyrlar:

Bir gün Mugawyýa özüniň ýakynlary bilen otyrdy hem-de özüniň işleriniň akybeti barada pikire çümüp:

– Kim bilýär, Aly bilen biziň ahwalymyz nirä baryp ýeter. Ahyrynda döwlet kimiňki bolar we mülk kimde karar tutar? – diýdi.

Soňra:

– Maňa möminleriň emiri Alydan başga hiç kim bu ahwaly aýdyň edip bilmez – diýip, Şam zahytlaryndan we arap parasatlylaryndan üç kişini bu işe belläp, olara: «Heriňiz bir tagtyrowanda Kufä gidiň. Heriňiz biri-biriňiziň yzyňyzdan aýry bir günde Kufä giriň. Eger kimdir biri sizden: «Nireden gelýäňiz?» diýip sorasa, siz: «Şamdan gelýäris» diýip jogap beriň. Eger meniň ahwalym barada soraýsalar, siz «Mugawyýa wepat boldy» diýiň. Ýöne siziň ölümiň sebäbi, gusul we depin edilişi

baradaky hekaýatyňyz bir meňzeş hekaýat bolmalydyr» diýip tabşyrdy.

Soňra olar tagtyrowanlara münüp gitdiler.

Birinji gün olaryň biri Kufä geldi. Halk ondan:

– Mugawyýanyň ahwaly neneňsidir – diýip soradylar.

Ol:

– Wepat boldy – diýdi hem-de ýagdaýy beýan edip, karar edilen ýalan sözi olara aýdyp berdi.

Ony möminleriň emiri Alynyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) gaşyna getirdiler. Ol ýaňky hekaýaty onuň öňünde aýdyp berdi. Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala onuň ýüzüni sahawatlandyrsyn!) bu söze üns bermedi hem-de:

– Bu sözüň asly ýok – diýdi.

Ertesi beýleki biri geldi. Olam hut şol sözi aýtdy. Olaryň sözi barabar boldy. Ony hem halypanyň gaşyna getirdiler. Ol hem şol ýalan sözi beýan etdi. Möminleriň emiri ony hem ýalançy hasaplady. Üçünji gün beýleki biri hem gelip ýetdi hem-de şol bir gürrüňi gaýtalady. Kufeliler:

– Bu habar yzygiderli gelip ýetdi, belki dogry bolsa gerek – diýdiler.

Möminleriň emiri:

– Ýok, hatda şundan şuňa çenli boýaýança – diýdi, ýagny bir elini özüniň başyna goýup, beýleki elini özüniň mübärek sakgalyna ýetirip:

– Tä şu sakgaly meniň halkymyň ganyndan boýaýança ol ölmez – diýdi.

Ine şondan soň, Mugawyýa halypalyk işiniň özünde karar tutjakdygy röwşen boldy. Onsoň berk ynam we uly umyt bilen ol işe gatyşdy. Şeýdibem, özüniň hökümdarlygy küýsemek, syýasaty çalyşmak, baýlyk toplamak, arzuwlaryny giňeltmek, nähak gozgalaň turuzmak we hakyky halypa ejir bermek işine girişdi. Hakyň öz tarapynda däldigini bilse-de hem-de mömin-

leriň emiri Aly barka, özüniň halypalyga mynasyp däldigini aňsa-da, onuň dereje söýerligi we hökümdarlyk küýsegi oňa sebäp boldy we öjükdirdi. Şeýdibem, şol eden zadyny etdi. Şolaryň hemmesini etse-de, heniz mülkde arkaýyn oturmanka: «Göç ediş wagty geldi, göç etmegiň gerek, bu döwleti bolsa goýmaly bolarsyň» diýip, ýaň saldylar.

Her kime ezeli sagadat ýar bolsa we köňül gözi gaflat ukusyndan bidar bolsa, ol bilýändir, dünýä geçegçidir, onuň mülki we baýlygy baky däldir. Dünýälik pullaryny we baýlyklaryny almaly däldir. Bu babatda bir şahyr şeýle diýipdir:

***Beýt***

Sebäpsiz azar berme, bendesine Taňrynyň,
Birden ýuwaşlyk bilen ol «Ýa Reb» diýäýmesin.

Mal-mülküne  buýsanma, buýsanjyň öz başyňda,
Ajal derdine dönüp, täk başyň iýäýmesin!

## ÝEZIT IBN MUGAWYÝA

Bu bagtygara betbagtyň lakamy Abu Halytdy. Şu kitabyň ýazary Nyşapurda wagyz edip durka biri ondan:

– Ýezidiň şonça nogsany bar bolsa-da, näme üçin oňa Ýezit[1] diýýärler? Oňa «Nogsanly» diýmekleri wajyp ahyry – diýip sorady. Derrew wagyzçynyň (ýagny ýazaryň) köňlüne şu ajaýyp pikir geldi:

– Zulum matasyny «Män Ýezit», ýagny «Kim ýokary» etdiler. Iblis ony satyn aldy. Ýezit geldi we ony artdyrdy. Şonuň üçin ady Ýezit boldy. «Zalymlara Allanyň näleti bolsun!»

---

[1] Ýezit sözi artyk, köpeliji, artyjy diýen manyny aňladýar.

Oňa 60-njy[1] hijri ýylynyň Rejep aýynda äht berdiler. Ol şol gümralykda we betbagtlykda üç ýyl alty aý saklandy. Onuň ejesi Bihdil ibn Unyf Kelbiniň gyzy Misundy. Ol dowzaha gidende, 64-nji[2] ýylyň Sapar aýyndan ýedi gün geçipdi. Ol otuz sekiz ýyl ýedi aý we bäş gün ömür sürdi. Dymyşkda depin edildi. Onuň kätibi Ows ibn Anydy. Atasynyň hem kätibi hem şoldy. Hajyby öz guly Safwandy. Ol bir gozgalaň turuzdy. Ondan halypalyga müňlerçe zyýandyr apat ýetdi. Ösüş nalyşa geldi, tagt oňa nälet aýtdy. Tagt ondan ýaňa betbagt boldy. Möhür onuň duşmançylygyndan ýaňa gan aglady. Onuň nämübärek döwründe şehitleriň jenaby Hüseýin ibn Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) 61-nji[3] hijri ýylynyň Aşyr aýynyň onuna Başgüni Ows Nejemi tarapyndan käbirleriniň aýdyşyna görä bolsa, Şymyr ibn Züljöwşen Zababy tarapyndan (olara Allanyň näleti bolsun!) şehitlik bagtyýarlygyna ýetdi. Onuň mübärek başyny Howly ibn Ýezit (oňa Allanyň näleti bolsun!) teninden jyda etdi. Elleri şel açsyn, gözleri ...[4] Başy tensiz galsyn, sebäbi ol şeýle başy tensiz goýdy. Ol şol gün elli üç ýaşyndady. Ol Medinede 26-njy[5] ýylyň Meret aýynda dünýä inipdi.

## Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Mugawyýa dirikä pelit Ýezit Abdyllanyň[6] aýalyna aşyk bolupdyr. Onuň yşky ýokary derejä ýetipdir hem-de onuň uku-

---

[1] 680-nji milady ýyly.
[2] 684-nji milady ýyly.
[3] 681-nji milady ýyly.
[4] Asyl nusgada boş ýer goýlupdyr.
[5] 647-nji milady ýyly. Asyl nusgada «64-nji ýyl» diýlip säwlige ýol berlipdir.
[6] Bu ýerde Abdylla ibn Zübeýr göz öňünde tutulýar.

syna we iýgi-içgisine zyýan ýetiripdir. Iş şeýle derejä baryp ýetipdir welin, yşk syryny atasyna beýan edipdir we:

– Eger meniň elimden tutmasaň, heläk bolaryn – diýipdir.

Mugawyýa bu işden aňňalyp galypdyr. Onsoň Abdylla Zübeýri çagyryp, ony artykmaç hormata mynasyp edipdir. Soňra bir topar kişini Abdylla Zübeýriň özüniň (Mugawyýanyň) gyzyna sawçylyga gelmegine itergi bermäge belleýär. Abdylla Zübeýr şol kişileriň aldawy esasynda, onuň gyzyna söz aýdanda, Mugawyýa:

– Maňa senden oňat giýewi tapylasy ýok. Emma zenanlar: «Abdylla Zübeýriň owadan aýaly bar» diýýärler. Eger bu gudaçylyk berjaý ediläýse, oňa meniň gyzymyň çydam gaýraty ýokdur. Eger ol şol aýalyna talak berse, men öz gyzymy oňa bererin hem-de haýsy tarapy islese, şol ýeriň emirligini oňa tabşyraryn – diýýär.

Abdylla şol owsun bilen duzaga düşdi. Şu aldaw we mekirlik bilen aldandy. Aýalyna talak berdi. Mugawyýa nika işini bökdedi we gijikdirdi, bahana tapdy. Ahyry onuň yddat döwri[1] geçdi. Onsoň Ýezit Abu Musa Aşgaryny (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) özi üçin ol aýalyň gaşyna söz aýtmaga iberdi. Abu Musa Aşgary gidip barýarka, ýolda oňa Kaým ibn Apbas sataşyp aýtdy:

– Eý, Abu Musa! Nirä barýaň?

Ol:

– Ýezit Abdylla Zübeýriň talak berlen aýalyna söz aýdýar. Men ony Ýezit üçin dilemäge barýanyn – diýdi.

Kaým ibn Apbas aýtdy:

---

[1] Yddat döwri – aýal maşgalanyň adamsy ýogalan halda dört aý on gün garaşmak, talak berilse üç aý garaşmak möhleti.

– Eger, mümkin bolsa, meniň hem sözümi aýt hem-de meniň üçin hem sawçylyk et – diýdi.

Ondan soň, Abu Musany möminleriň emiri Hüseýin (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) gördi. Abu Musa oňa-da ýagdaýy beýan etdi. Möminleriň emiri Hüseýin (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hem oňa meýil etdi. Onsoň:

– Meniň hem sözümi aýt, kimi islärkä? – diýdi.

Her kim ýara jan edýär, bizem jan edýäs ýara,
Nesibelä ýar nesip, ýok muňa özge care.

Abu Musa ol aýalyň ýanyna baryp, üçüsiniň hem habaryny beýan etdi. Ol aýal:

– Eý, Abu Musa! Sen pygamber alaýhyssalamyň uly sahabalaryndansyň. Bilýän, sen amanatlyk hakyny ýerine salýarsyň. Indi maňa aýt, haýsy kişini saýlaýyn we haýsy kişiniň düşegine meýil edeýin? – diýdi.

Abu Musa:

– Eger dünýä isleseň Ýezidi, eger gözellik isleseň Kaýmy, eger-de dünýäni, ahyreti, gözelligi, beýik asylzadalygy we mertebäni isleseň bolsa möminleriň emiri Hüseýin ibn Alyny (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) saýla – diýdi.

Onsoň ol aýal möminleriň emiri Hüseýiniň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) sözüne razylyk berdi we nika gyýdylar. Bu habar Ýezide baryp ýetende, ol örän gazaba mündi. Ýezidiň (oňa Allanyň näleti bolsun!) hem-de möminleriň emiri Hüseýiniň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) arasyndaky duşmançylyk köki şol aýal sebäpli boldy. Aýdyşlaryna görä, ol melgun «Eger Hüseýinden üstün bolsam, ony öldürerin» diýip, ant içipdir.

Bu hekaýat şuňa delildir, ýagny älemde dörän her pitnäniň köki aýallar bolupdyr.

Olar sebäpli Iblisiň hilegärliginiň we aldawynyň başa barmadygy bolupmydy we şeýtanyň olaryň kömegi bolmazdan edip bilen mekirligidir azaşdyrmasy bolupmydy?!

Bozuk hoşsyrat görseň, habardar bol sen ondan,
Ýetýändir maksadyna, gülüp-aglap ýalandan.

## MUGAWYÝA IBN ÝEZIT

Betbagt Ýezit wepat bolup, garabeder jany onuň nämübärek bedeninden çykandan soň, 64-nji[1] ýylyň Sapar aýyndan dokuz gün geçende, onuň ogly Abu Leýla Mugawyýa ibn Ýezit ibn Mugawyýa bilen ähdi-peýman etdiler. Onuň ejesiniň ady Ümmi Haşym Hulda bint Rabygady. Ol kyrk gün höküm sürüp, hut şol ýylda Dymyşkda Hakyň permanyny kabul etdi. Ony şol ýerde jaýladylar. Onuň kätibi Zyýat ibn Müslimdi, hajyby bolsa Gyýasdy, ýüzügindäki ýazgy «Innemä ed-dünýä garur», ýagny «Hakykatdanam bu dünýä aldawçydyr» diýen ýazgylydy.

### Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Ýezit dowzaha gidenden soň, ogluny tagtda oturtdylar. Bu Mugawyýa takwa we abyt kişidi. Hudaýdan gorkýardy we atasynyň tersine ýagşy ygtykatlydy. Hakykat ýoly bilen jismi diridi we kalby ölüden doglandy.

[1] 684-nji milady ýyly.

Gymmat daş ýaly kişi deňmidir hapa suwa,
Meňzeýärmi beýle suw şöhle saçýan luluwa[1].

Mugawyýa ibn Ýezit halypa bolup, halypalygyna kyrk gün bolanda, Anna güni hutba okady. Hutba okaýan wagtynda:

– Eý, kowum! Eger edýän bu halypalygymyzda we dolandyrýan mülkümizde bir haýyr bar bolsa, ony Abu Sufýanyň neberesi edendir we öz nobatyny geçirendirler. Eger onda bir şer bar bolsa, men ol şeri artdyrmaryn we günäň üstünde berk aýak diremerin. Anyk bilýärin, meniň etim, derim we süňküm dowzahyň odunyň howruna çydam edip bilmez. Men özümi halypalykdan boşatdym we bu işden çykdym. Eger men munda hakly bolsam-da, bilýärin, men hakly däl, ol işden men bizardyryn. Eý, kowum! Siz mynasyp hasaplaýan bir kişiňizi saýlaň – diýdi.

Ol bu sözleri aýdyp, münberden aşak düşdi. Öýüne gidip, ybadat etmäge ýüz urdy. Aýdyşlaryna görä, şu wakadan soň, ol kyrk günden artyk ýaşamandyr. Hakykatdan hem ol «ölüden dogan bir diridi»[2] (goý, oňa Allanyň rehmeti bolsun!).

Ol özüni işden boşadan sagadynda Merwan Hekem juma metjidiniň ortasyndan galkyp turup, gylyjyny syrdy hem-de şu beýti düzdi.

***Beýt***

Gazan içinde goýlan görýärin bir pitnäni,
Abu Leýlany ýeňse, şoňa berýän pitwany.

---

[1] Luluw – gymmatbaha daşyň ady, dür.

[2] Ýezit ýaly ýüregi gaty, öli adamdan bolan bir ynsaply kişidi.

Ol şol bada mülk işini zabt etdi we halk onuň bilen ähtleşdi.

## MERWAN IBN HEKEM

Merwan ibn Hekem As bilen 64-nji[1] ýylyň Dört tirkeşikleriň birinji aýynyň başlarynda ähtleşdiler. Onuň ejesi Alkama Safwanyň gyzy Eýmenedi. Ol bir söze görä, on dört aý, käbir söze görä, dokuz aý höküm sürüpdir. Ýöne birinji söz has dogrurakdyr. Ol 64-nji[2] ýylyň Oraza aýynyň başynda Hakyň permanyna gowuşdy. Dymyşkda depin edildi. Oňa uly ogly Abdylmälik jynaza okady. Onuň kätibi Syffyn Ahwaldy, hajyby bolsa öz guly Sähldi. Ýüzüginiň möhründe «Allahu sykaty we rajaýy», ýagny «Alla meniň arkadagym we umydymdyr» diýen ýazgy bardy.

### Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Mugawyýanyň halypalyk edýän eýýamynda Merwan Müsürdedi. Müsürden Dymşyga gelip, işi ýola düşende, Dymyşkda mergi keseli ýaýrady. Ol-da hassalady. Şonda entek halypalyk işleriniň ilkibaşlarydy. Onda hassalyk alamatlary, ölüm delilleri we wepat boluş nyşanlary ýüze çykandan soň, döwletiň belli adamlary bilen özüniň uly ogly Abdylmälik üçin, ondan soňra bolsa beýleki ogly Abdyleziz üçin ähtnama baglaşdy. Şeýdip, ol şol hassalyk bilen wepat boldy hem-de döwlet işini Abdylmälige tabşyrdy.

---

[1] 684-nji milady ýyly.

[2] Bu ýerde şu aýdylýan sene bilen ýokarda getirilýän maglumat gabat gelenok. Megerem, 65-nji hijri (685-nji milady) ýyl bolsa gerek.

# ABDYLMÄLIK IBN MERWAN

Abu Welit Abdylmälik ibn Merwan bilen 64-nji[1] ýylyň oraza aýynda ähtleşdiler. Onuň ejesi Mugyra ibn Abulasyň gyzy Äşedi. Ol ýigrimi bir ýyl sekiz aý höküm sürdi. Ol Babylda doglupdy. Ol Dymyşkda wepat bolup, ony şol ýerde jaýladylar. Ol 86-njy[2] ýylyň boş aýynyň on ikisine wepat boldy. Oňa uly ogly Welit jynaza çykdy. Ol altmyş üç ýyl bir aý ömür sürdi. Onuň kätibi Hafs ibn Düweýpdi. Hajyby öz guludy. Ýüzüginiň möhründe «Amentu billähi muhlysan», ýagny «Alla yhlas bilen iman getirdim» diýen ýazgy bardy.

## Hekaýat

Muhammet Jerir Tabary[3] şeýle beýan edipdir:

Merwan Hekem halypalyga geçende, Amr ibn Sagyt:

– Halypalyk maňa has haklydy. Çünki, meniň atam Beni Sufýandan öň Beni Ümeýýäniň baştutanydy. Ýöne Beni Ümeýýäniň halypalygy dogry ýola düşdi – diýdi.

Şu Amr Sagytda dirheme satyn alnan müň gulam bardy. Olaryň nesli örän köpelipdi. Olar dört müň gylyç urujy kişi bolupdy. Merwan bu pitnäniň kuwwatlydygyny bilende, oňa hat ýazyp: «Seniň we meniň aramyzdaky ýakyn garyndaşlyk mäkämdir. Sen bilýänsiň, men garry kişidirin we diwaryň başyna ýeten güneşdirin. Bu ýagdaýda maňa azar bermek seniň betnamlygyňa sebäp bolar. Eger sen bu pitneden el çekseň, men

---

[1] 684-nji milady ýyly.

[2] 706-njy milady ýyly.

[3] Muhammet Jerir Tabary – X asyryň başlarynda ýaşap geçen meşhur taryhçy, alym.

seni mirasdüşer ederin. Onsoň tizden-tiz bu mülk menden saňa geçer» diýip habar berdi. Amr şu wadalara umyt baglap aramlaşdy.

Abdylla Zübeýr Mekgededi. Ol Merwan Hekemiň halypalygy gurşap alandygyny eşidende, ol:

– Halypalyga Merwandan men has haklydyryn. Eger Hekem bilen Mugawyýa halypalygy Mustapa alaýhyssalamyň kätipleri bolandyklary sebäpli alan bolsalar, menem Pygamber alaýhyssalamyň kätibi bolupdym. Meniň babam Abu Bekr Syddykdyr. Meniň ejem Abdylmuttalybyň gyzy we Mustapa alaýhyssalamyň ejekesidir. Ähli tarapdan halypalyga men haklydyryn – diýdi.

Onsoň Abdylla Zübeýr Hyjazy, Yragy we Horasany gurşap aldy. Şam, Müsür we Ermeniýe[1] Merwan Hekeme tabyn boldy. Möminleriň emiri Alynyň (goý, Allatagala onuň ýüzüni sahawatlandyrsyn!) perzendi Muhammet Hanapyýa we onuň beýleki doganlary bir çüňkde oturdylar-da, ybadata meşgul boldular hem-de ahyret mülküni jemlemekde tagalla etmäge başladylar.

Merwan hassalandan soň, Amr ibn Sagydy mirasdüşerlikden mahrum etdi we halypalygy öz ogly Abdylmälige tabşyrdy. Abdylmälik işi zabt edip alyp, halypalyk tagtynda ornaşdy.

## Hekaýat

Abdylmälik tagtda ornaşandan soň, Yragy eýelän we kuwwatlanan Musgap Zübeýr Şama garşy ugrady. Abdylmälik mejbury Dymyşkdan çykyp, göwni çökgünlik bilen söweşe azm etdi. Ol heniz doly gurnalmandy we iş doly özüne karar

[1] Ermeniýe – häzirki Ermenistan.

edilmändi hem-de leşgere doly ynamy ýokdy. Onsoň ýaraşyga meýil etdi hem-de Musgabyň ýanyna ilçi iberip:

– Dünýä mülküni bir gezekde utdurmak akyllylaryň işi däldir. Oňatlyk şundadyr, ýagny meniň bilen ylalaş we yzyňa dolan. Çünki, gylyjyň iki ýüzi bar. Işiň ahyrynyň neneňsi boljakdygyny bilip bolmaz – diýdi.

Musgap oňa:

– Meniň ýaly kişi beýle ýerden yzyna dolanmaýar. Ýa emir, ýa-da ýesir bolmaly bolar – diýip, jogap berdi.

Ol şeýle diýip boýnyýogynlyk etdi. Özüniň ukybyna we duşmanyň gaflatyna aldandy. Şol boýnyýogynlygy hem oňa şumluk getirdi. Gazaply söweş etdiler. Musgap ýeňildi hem-de şol söweşde öldürildi. Abdylmälik Merwan Yragy aldy we ol ülkeleri zabt etdi.

Abdylmälik Merwan Musgap Zübeýriň işinden dynandan soň, onuň dogany Abdylla Zübeýri hem agdarmak isledi. Emma onuň leşgeriniň ulularyndan hiç kim ol jeňi kabul etmeýärdi. Olar:

– Belent Taňrynyň mukaddes ýeri bilen söweş etmeýäris – diýýärdiler.

Ahyry bir gün Hajjaç Ýusup Abdylmäligiň ýanyna geldi we:

– Eý, möminleriň emiri! Men düýn agşam bir düýş gördüm. Düýşümde Zübeýriň ogly meni tutdy we onuň elinde öldürildim – diýdi.

Abdylmälik oňa iki müň atly berip ugratdy. Hajjajyň asly Taýyfdandy.

Ol Taýyfa baryp, dürli hileler bilen ol ýerden ýene-de bir goşun jemläp, Mekgä gitdi. Ol ýerde birnäçe wagtlap söweş boldy. Ol Abdylmälikden medet isledi. Ol şol ýerde eden «gaýduwsyzlyklary» bilen meşhurdyr. Ol ahyrynda Mekgäni aldy

we Abdylla Zübeýri öldürdi. Ol ýerden Medinä gitdi. Ol ýerde üç aý mekan tutdy we pygamberiň sahabalaryny köp kemsitdi. Sahabalardan kim onuň ýanyna barsa, öz öňünde dik aýak üstünde saklaýardy hem-de:

– Möminleriň emiri Osmana (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) medet bermediňiz – diýýärdi.

Bu ahwaly Abdylmälige gürrüň berenlerinde, ol Hajjajy Ýasrypdan[1] çagyrdy hem-de Yraga ugratdy. Hyjazy, Ýemeni, Müsüri we tutuş günbatar welaýaty Musa ibn Nasyra berdi hem-de oňa adyllyk we ynsaplylyk etmegi wesýet etdi. Musa ibn Nasyr günbatar ülkelere gitdi we Andalus şäherini eýeläp, ol ýerde ornaşdy. Mahal-mahal ol örän uly ýeňiş gazanýardy. Bu barada Abdylmälik Merwana habar gelip ýetýärdi.

Yrak, Mawerannahr we Horasan Hajjaç Ýusubyň elindedi. Ol etraplarda onuň emeldarlary we gözegçileri bardy. Abdylmäligiň mülki şu iki naýybynyň[2] elindedi. Emma aralarynda şeýle bir tapawut bardy welin, Musa Nasyra: «Allanyň halypasynyň naýyby» diýýärdiler, Hajjaja bolsa: «Allanyň duşmany» diýýärdiler.

## Hekaýat

Abdylla Zübeýr Mekgäni eýeläp, ol ülkäni eline alan wagtynda heniz pelit Ýezit jahanda diridi. Muhtar ibn Abu Ubeýda Sakafy Taýyfda ornaşypdy. Abdylla kuwwatlanar ýaly ony öz ýanyna çagyrypdy. Ýaňky Muhtar arap we ajam batyrlaryndandy. Onuň atasynyň emirliginiň ahwaly möminleriň

[1] Ýasryp – Medine şäheriniň yslamdan öňki ady.

[2] Naýyp – egindeş, oturdaş; oruntutar; häkim.

emiri Omaryň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) halypalygynyň beýanynda beýan edilip getirilendir.

Muhtar onuň hyzmatyna gelip goşulmagy hem-de oňa ýardam beriş guşagyny guşanmagy kabul etdi. Ýöne özüne hormat goýulmak, ýagny hajypsyz we gapy sakçysyz onuň (Abdylla Zübeýriň) ýanyna girip bilmek hem-de Kufäniň emirligini özüne almak, şeýle-de möminleriň emiri Alynyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) perzentlerine azar ýetirilmezlik şerti bilen onuň çakylygyny kabul etdi. Abdylla Zübeýr bu üç şerte razy bolup, äht etdi. Muhtar onuň hyzmatyna birleşdi. Onuň emrini ýerine ýetirmek üçin Şam leşgeri bilen söweşler etdi, näçe gezekler olary ýeňdi. Ýöne işler Abdylla Zübeýriň elinde karar tutandan soň, Abdylla soňra Muhtara seretmedi we Hajybyna:

– Bu Sakafyny aýda bir gezekden başga wagt meniň ýanyma goýberme – diýdi hem-de Kufäniň emirligini Abdylla ibn Ýezit ibn Harys Ensara berip, Sakafyny ondan mahrum etdi.

Muhtar bu işden göwni ynjap, Abdylla Zübeýriň leşgeriniň serkerdelerinden bolan Abdylla ibn Mutyga şikaýat etdi. Abdylla Mutyg aýtdy:

– Senden edýän kinesiniň sebäbi şudur, ýagny ilkibaşda sen onuň bilen «Alynyň perzentlerine zyýan ýetirme» diýip, şert etdiň. Eger şu şert arada ýok bolanlygynda, saňa köp mähremlikler ederdi.

Abdylla Mutyg pursat tapan badyna, Abdylla Zübeýriň gaşynda, Muhtaryň şikaýatyny hekaýat etdi. Abdylla Zübeýr gazaba münüp aýtdy:

– Meniň gulagyma: «Ol Muhammet Hanapyýanyň ýanyna gidýär we halypalygy olara has hakly hasaplaýar» diýip ýetirdiler. Eger günäden öň jeza bermek has erbet bolmadyk bolsa,

ony jezasyna ýetirerdim. Häzir adamlar belledim. Eger ony Muhammet Hanapyýanyň huzurynda görseler, ony tutarlar we meniň gaşyma getirerler. Şonda oňa bir pent bererin welin, ähli älemdäkilere pent bolar.

Abdylla Mutyg Zeýdiň oglunyň sözüniň manysyny eşidende gelip, Muhtary ondan ägä etdi hem-de oňa:

– Seniň işiň maslahaty şeýle, gaç, hem-de özüňi Yraga okla. Birden çäresi mümkin bolmadyk bir apat ýetäýmesin – diýdi.

Muhtar Muhammet Hanapyýany ýene bir gezek görmek isleýärdi. Onsoň bir gezek ýarym gije onuň ýanyna geldi. Muhammet Hanapyýa terkidünýäligi ygtyýar edipdi. Tagam iýýän wagtyndan başga wagt özüniň gapysyny açmaýardy. Muhtar onuň ýanyna gelende, oňa möminleriň emiri Hüseýin (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) üçin gynanç bildirdi hem-de:

– Eý, emir! Gördüňmi, bu zalymlar möminleriň emiri Hüseýine (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) nämeler etdiler?! Oňa neneňsi zulumy we jebiri rowa gördüler?! Eger maňa ejazat berseň baraýyn hem-de Hüseýiniň ganyny hökmany talap edeýin. Mugawyýa Osmanyň ganyny delilsiz talap edýär. Men Hüseýiniň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ganyny talap ederin we onuň aryny bu zalymlardan alaryn – diýdi.

Emir Muhammet oňa böwet bolýardy. Ahyry Muhammet ýerinden turup, öýüne gidip, birnäçe wagt eglendi. Soňra öýden daşa çykyp, Muhtara bir kagyz berdi. Onda: «Oňa rugsat berdik, goý, ol Hüseýiniň ganyny talap etsin hem-de ony öldürenlerden ar alsyn» diýlip ýazylypdy. Soňra ol:

– Bar, Hudaýtagala ol işi seniň eliňe gowşursyn – diýdi.

Onsoň Muhtar «ýele münüp»[1] Kufä geldi. Şaýylary jemläp, ýagdaýy olara gürrüň berdi hem-de Muhammet Hanapyýanyň hatyny olara görkezdi. Ybraýym Mälik Üştüri şu ýagdaý üçin çagyrdy. Ol:

– Men emir bolmak şerti bilen gozgalaň ederin – diýip aýtdy.

Olar:

– Muhtara äht etdiler hem-de onuň Muhammet Hanapyýanyň haty bilen baglylykda delili bar – diýdiler.

Şonda Ybraýym:

– Eger onda delil bar bolsa, men oňa eýererin – diýdi.

Ybraýym Muhtaryň ýanyna gelip, Muhammet Hanapyýanyň hatyny görende, oňa tabyn boldy. Olar baş göterdiler hem-de Abdylla Zübeýriň emeldarlaryny Yrakdan çykaryp kowdular. Abdylla Zübeýre: «Muhtar Kufä gidip, şeýle bir pitne turuzdy hem-de Muhammet Hanapyýanyň permany bilen Hüseýiniň ganyny talap edýär» diýip habar ýetirenlerinde, ol adamlary iberip, emir Muhammedi çagyrdy. Muhammet Hanapyýa onuň ýanyna baranda, araplaryň hormatly kişileri we Mekgäniň seýitleri ol ýerde häzirdiler. Zübeýriň ogly oňa tagzym etdi hem-de özüniň sag tarapynda oturtdy we:

– Meniň sen babatdaky gümanym we ynanjym şeýledir, kämillikde we çäksiz yhlas görkezmekde hiç kim seniň bilen barabar däl. Mundan başga-da seniň asyl nesebiň orta oklap, ýatlap oturardan has meşhur, oňa hajat ýok. Men senden arkaýyn. Bilýärin, seniň kalbyň dünýäden doly we ýüzüňi ahyret sary aýlapsyň. Ýöne seniň ýaranlaryňdan bir topar jemagat pitne turuzýarlar. Ol pitnäniň öçmegi üçin meniň bilen ähtleşmegiň gerek – diýdi.

[1] Ýele münüp – dessine, derrew.

Muhammet:

– Bilmek gerek, meniň kalbymda hiç hili ikilik we hyýanat ýok. Beýik Taňry biziň neberämizi hyýanat we mekirlik hapysalygyndan päk edipdir. Men dünýä işinden we mülki talap etmekden boşduryn. Eger mende şol pikir bolanlygynda, onda ol bu wagta çenli aýan bolardy. Pazly-keremi ähli äleme aýan bolan atam bilen bolan zatlar, şeýle-de mertebesiniň neneňsi derejededigi hezreti pygamber alaýhyssalama mälim bolan doganym Hüseýin bilen hem bolan zatlaryň barysy şu şum dünýä sebäpli bolupdy. Men bu wakalary we hadysalary göremsoň, terkidünýäligi ygtyýar etdim we öýüň çüňküni lazym hasapladym – diýdi.

Abdylla Zübeýr oňa:

– Sen neneňsi terkidünýäligi ygtyýar etdiň? Gündogardan hem günbatardan halk seniň gaşyňa gelýärler hem-de saňa arz edýärler. Men emir bolsam, olar meniň ýanyma gelmeli ahyry! – diýdi.

Emir Muhammet:

– Bu jemagat biziň ýaranlarymyzdyr we biziň neberämizi halaýandyrlar. Olar ygtykada laýyklykda, bize teperrik we ýakynlyk edýärler – diýdi.

Onda Abdylla Zübeýr oňa:

– Muhtar ibn Ubeýdany Hüseýiniň ganyny talap eder ýaly Yraga sen ugratdyňmy? – diýdi.

Emir Muhammet:

– Muhtar Abu Ubeýda seniň biwepalyk «eliňden» gaçdy. Ol seniň hyzmatyňa gelipdi. Ol gitmez ýaly sen oňa ýagşylyk etmelidiň. Eger ol päk ygtykat ýörelgesinden Hüseýiniň ganyny talap edýän bolsa, onda meniň näme jenaýatym bolsun? – diýdi.

Abdylla Zübeýr ony wekilleriň eline berdi hem-de olara: «Haremiň ortasynda çadyr dikiň hem-de ony ol ýerde tussaglykda saklaň» diýip tabşyrdy. Soňra oňa:

– Saňa iki aý möhlet berýän. Muhtaryň gaşyna «bu işden el çek» diýip hat ugradarsyň. Eger ol pitnäni terk etmese, ilki seni öldürerin, soňra ony dep etmäge ýüz öwrerin – diýdi.

Bu habar Muhtara baryp ýetende, howsala düşüp, Ybraýym Üştüri ýanyna çagyryp, ýagdaýy oňa beýan etdi. Onsoň derrew üç müň pyýadany we üç müň atlyny belledi. Olar bilniksiz Mekgä ugrap, halk bilmänkä Mekgede jem bolmalydylar. Soňra bolsa derrew şäheriň içine girip, emir Muhammedi oturdan ýerlerinden çykaryp almalydylar. Eger-de biri öňlerinden çykaýsa, Abdylla Zübeýre merdanlar bilen garşylaşmaly däldigi belli bolar ýaly jeň etmelidiler.

Muhtar ilki bilen Häni ibn Kaýsy ýüz atly we elli sany pyýada bilen ugradyp, oňa:

– Tä Mekgäniň işigine çenli hiç ýerde mekan tutma. Mekgäniň eteginde «Batnul merr»[1] diýilýän bir jülgede saklan – diýdi.

Soňra onuň yzyndan Amr ibn Taryky iki ýüz atly we ýüz pyýada bilen iberdi. Ikinji gün Tufaýl ibn Amyry üç ýüz atly we üç ýüz pyýada bilen ugratdy. Hut şol gün Muhammet ibn Kaýs ibn Saglabany çagyryp, oňa dört ýüz sany saýlama atlyny berip, olaryň yzyndan ugratdy. Soňra Nugman ibn Amyr ibn Temimi bäş ýüz atly we bäş ýüz pyýada leşger bilen ugratdy. Üçünji gün iki müň atlyny tebildir baýdagy bilen Taýan ibn Amr Temimä berip, ony goşunbaşy belledi we olaryň yzyndan ugratdy. Ol baýdakda: «En-nusratu lillähi we li Resulihi we li

[1] Batnul merr – Mekgäniň eteginde ýerleşýän bir jülge.

öwliýäihi»[1] diýlip ýazylgydy. Şeýdip, bu iş şu görnüşde üç günde ýerine ýetirildi.

Ol goşunlaryň bary Mekgäniň işiginde jemlendi. Hiç kimiň bulardan habary ýokdy. Häni ibn Kaýs ýüz atly we elli pyýada bilen Mekgä girdi. Ol şeýle gürrüň berýär: «Zemzem çeşmesine ýetenimde, ýaragymy gönüledim. Bir gurugly çadyr gördüm, wekiller otyrdylar. Men olara:

– Muhammet Hanapyýany daşary çykaryň. Onuň bilen birki agyz gürleşjek – diýdim.

Olar meniň sözüme üns bermediler hem-de:

– Bize möminleriň emiriniň sözi gerek – diýdiler. Häni ibn Kaýs olara gygyryp:

– Ony daşary çykaryň. Bolmasa, baryňyzyň boýnuňyzy çaparyn – diýdi.

Muhammet Hanapyýa bu sözi eşidende, onuň özi çadyrdan çykdy. Häni ony gören badyna atdan düşüp, onuň elinden öpüp:

– Eý, belent mertebeli Seýit! Ejazat beriň, şu ýerdäki ähli wekilleri gylyçdan geçireýin we olaryň başlaryny tenlerinden jyda edeýin – diýdi.

Emir Muhammet:

– Alla daş edewersin! Hudaýyň öýünde gan dökmeli däldir – diýdi.

Olar şu gürrüňdekäler Abdylla Zübeýre: «Yrakdyr Şamdan bir goşun geldi. Olar ýaraglaryny lybasynyň astynda gizläpdirler. Olar Seýit Muhammedi çadyrdan daşary çykardylar» diýip habar berdiler. Onsoň ol hem özüniň doganlaryny, ýaranlaryny we tabynlaryny jemläp, atlandy hem-de daşary çykdy. Mekgä: «Emir Muhammede ýardam bermek üçin Yrakdyr

[1] «Ýeňiş Allanyňky, onuň resulynyňky we onuň welileriniňkidir».

Şamdan leşger çekip gelipdirler» diýip habar düşdi. Halk muňa örän şat boldy.

Onsoň Abdylla Zübeýr elli kişi bilen ol ýere gelip ýeten badyna, Muhammet Hanapyýa garap:

– Men bu iki aýy saňa gozgalaň etmegiň üçin möhlet edip beripmidim? – diýdi.

Seýit Muhammet:

– Hudaýa şükür, şu wagta çenli gozgalaň öçürýän bolupdyryn – diýdi.

Abdylla Zübeýr:

– Gozgalaňçy men boldum, sebäbi men seniň Muhtara nama ýazar ýaly, ol bolsa goşun iberer ýaly seni goýberdim. Sen meniň elimden aňsat halas bolaryn öýdüp güman edýänsiň. Diňe Mekgäniň özünde iki müňden gowrak kişi bar. Medine hem, Hyjaz hem — bary meniň ygtyýarymdadyr. Häziriň özünde leşgerleri jemlärin hem-de ähli garşydaşlary gazap bilen basyp ýatyraryn – diýdi.

Muhammet:

– Men Muhtara «Sen leşger goýber» diýmedim. Men goşun çekmek işinden bir eýýäm gopdum. Eger men bu işiň başynda bolsamdym, bu iş özgelere ýetmezdi – diýdi.

Abdylla Zübeýr gazaplandy we:

– Häzir iş şu ýere gelip ýetdi, eger ähtleşseň maňa gowy, bolmasa, seniň üstüňden gylyç çözüji bolar – diýdi.

Häni Kaýs oňa:

– Näme üçin öz hetdiňi bilmeýärsiň hem-de öz ölçegiňe laýyk söz sözlemeýärsiň? Bileňokmy, ol saňa äht bermez, sebäbi ol asylda, mertebede, ylymda, edepde, takwalykda we dindarlykda senden halypalyga has haklydyr. Diňe takwalygy we hudaýhonlugy oňa halypalyk işini boýnuna almaga böwet bolýar – diýdi.

Abdylla Zübeýr Hänini hem-de onuň ýanyndaky kişiniň azdygyny görende: «Megerem olaryň yzyna eýerýänler diňe şulardyr, köp däldir» diýip güman edip, onuň üstüne gygyryp haýbat atdy we:

– Sen şeýle pesligiň bilen bize kast edýäňmi? Sen bilmeýäňmi, bu gün ähli Hyjaz, Ýemen we Şam topragy meniň elimdedir. Häziriň özünde ýiti gylyç bilen demiňi sograryn – diýdi.

Ol şeýle diýip, gylyjyny syrdy we Häniniň üstüne topulmak isledi. Birden Amr ibn Taryk üç ýüz atly bilen gelip ýetdi. Ählisi gylyç syryp, jöwşen geýnipdi. Demir dag ýaly bolşup, ýel aýak atlara münüpdiler. Olar ot ýaly bolup topuldylar. Ýöne Seýit Muhammedi görenlerinde, oňa salam berdiler. Emir Muhammet olara hoşamaý jogap gaýtardy. Soňra:

– Eý, doganlar! Gylyjyňyzy gynyňyza salyň! – diýdi.

Derrew gylyçlaryny gynlaryna saldylar.

Soňra Tufaýl ibn Amyr üç ýüz atly we üç ýüz pyýada bilen gelip ýetdi. Ählisi doly ýaraglydy, kemanlarynda peýkamlar gurulgydy. Naýzalaryny atlarynyň gulaklarynyň arasynda göni tutupdylar. Mekgäniň ilaty şadyman boldular. Soňra Muhammet Kaýs Saglaba öz topary bilen gelip ýetdi. Ählisi kümüşsöw dor atyň üstüne münüpdiler we gylyçlaryny egnaşyr ildirip taşlapdylar. Sary jöwşen geýnip, üzeňňileriniň astynda gürzülerini goýupdylar. Gurhan okaýardylar. Nugman ibn Apbas öz goşuny bilen gelip ýetdi. Ähli pyýada esgerler kemanlaryny häzir edip, tutup durdular. Abdylla Zübeýr olary görüp haýran galdy we Häni Kaýsa tarap ýüzüni öwrüp:

– Atlyny we pyýadany pytraňňy edipsiňiz. Bilmeýäňizmi, eger men ýekeje yşarat etsem, bir kişi hem janyny gutarmaz – diýdi.

Häni Kaýs:

– Wah, haýp, eger emir görkezme berse, şu pursatyň özünde merdanlaryň eliniň zoruny görerdiň – diýdi.

Abdylla Zübeýr bu sözden ynjady hem-de gylyç syryp, ýanyndaky atlylar bilen söweşe meşgul bolmak isledi.

Häni goşunbaşy Taýan Amryň ýanyna bir atlyny iberdi. Onuň ýaranlary sap düzdüler. Abdylla Zübeýr mekgeliler özüne ýardam berer diýip güman edipdi. Häni Kaýs:

– Eý, Mekgäniň ilaty! Siz aradan aýrylyň. Siz Hudaýyň hareminiň ilatysyňyz. Birden ýalňyşlyk bilen biriňize bir zat bolmasyn – diýdi.

Mekgäniň adamlarynyň bary öz öýlerine gitdiler. Abdylla Zübeýriň göwni syndy. Abdylla Zübeýr bilen Häni ibn Kaýs gylyç syrdylar we biri-biriniň barabaryna geldiler. Muhammet Hanapyýa ortalaryna geldi hem-de birine ýara düşerine goýmady. Bular şu ýagdaýda durkalar, Taýan ibn Amr üpjün iki müň atly, tebil we baýdak bilen gelip ýetdi. Abdylla Zübeýr ony görüp, huşundan gitdi.

Muhammet Hanapyýa (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) oňa:

– Eý, doganlar! Gylyçlaryňyzy gynlaryňyza salyň we uruş etmäň. Hudaýyň hareminde gan dökmek haram bolar – diýdi.

Olar onuň permanyna boýun boldular.

Abdylla Zübeýr öz öýüne gitdi hem-de Mekgäniň belli kişilerini we kuraýyş seýitlerini ýanyna çagyrdy. Olara:

– Size meniň duşmanlarym bilen söweş edersiňiz diýen ynamym bardy. Siz meni ýeke taşladyňyz – diýip käýindi.

Olar:

– Biziň ählimiz seniň ähdi-peýmanyňdadyrys. Ýöne pygamber alaýhyssalamyň perzentleri we Alynyň öwlatlary bilen söweş etmeris hem-de olaryň hakyny-hormatyny saklamagy özümize borç bilýäris. Bize mälim, Muhammet Hanapyýadan

hiç bir pitne gopmaz. Ol dünýäni küýseýän we halypalygy yzlaýan kişi däl. Dogry zat şudur, onuň bilen ylalaş. Soň ony goýber, şonda bu pitne öçer. Eger bolmasa, bu iş uzaga çeker. Eger sen ony şu gün öldüren bolsadyň, seni bir pursat diri goýmazdylar – diýdi.

Soňra kuraýyşly hormatly kişiler ara düşdüler we olaryň arasynda ýaraşyk baglaşdylar. Muhammet Hanapyýany onuň köşgüne getirdiler. Ol olaryň huzurynda oňa zyýan ýetirmejegi barada äht etdi hem-de şol dogrusynda ant içdi. Muhammet Hanapyýa ol leşgeri yzyna gaýtardy. Şeýdip, ol pitne häzirlikçe öçdi. Nobat Abdylmälik Merwana ýetende, ol Hajjajy iberdi. Ol Abdylla Zübeýriň işini ahyra ýetirdi. Mülk dawa-jenjelsiz Abdylmälige galdy. Jahan oňa degişli boldy.

## Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Abdylmälik halypalyk işini boýnuna almanka, bir takwa we terkidünýä kişidi. Halypalyk nobaty oňa ýeten güni ol Gurhan okaýardy we ýanynda Gurhan bardy. Oňa «Halypalyk nobaty saňa ýetdi» diýip, hoş habar berenlerinde, Gurhany ýapyp:

– Hoş, sag bol. Indi seni mynasyp ýagdaýda okap biler ýaly bu parahatlygy tapmaryn – diýip, ýerinden galkyp, işiň arasyna siňip gitdi.

Hajjaja emirlik berdi. Ol sahabalardan we tabygynlardan[1] birnäçe müň kişini öldürdi.

Aban ibn Ýahýa şeýle diýýär:

– Men halypa bolmazyndan öň, Abdylmälikden: «Men birden ekiniň bir ýapragy meniň aýagymyň astynda depelenäý-

[1] Sahabalary gören musulmanlar.

mesin diýen gorky bilen ekinzarlygyň töwereginden geçmeýärin» diýenini eşitdim. Bir gün: «Musulmanlardan bir topar kişi gyryldy» diýip, Hajjajdan hat gelip ýetse-de, «Olaryň ganynyň jogabyny maňa kyýamatda bermek gerek» diýen hiç hili gorkyürküsi ýok. Bu şepagatsyz galmakdan başga zat däldir.

## Hekaýat

Abdylmälik aýtdy:

– Men halypa bolmankam Medinedekäm Ýezidiň leşgeri Abdylla Zübeýre kast etdi. Soňra men öz-özüme: «Dünýä mülki üçin musulmanlardan bir topar halky gyrmak neneňsi şepagatsyzlyk we betbagtlykdyr? Men kyýamata häzir bolmagym, musulmanyň bir damja ganyny nähak dökmezligim üçin Beýik Taňrydan ýardam dileýärin» diýdim. Soňra özümiň halypalyk eden döwrümde yslam hajyny berjaý edip, Resulyň metjidine bardym we namaz okamaga durdum.

Şol ýerde Medinäniň metjidiniň müjewürlerinden bir aýal bardy. Ol takwalykda we päkizelikde meşhurdy. Oňa Büreýde diýýärdiler. Onuň bu sözden habary bardy. Ol metjidiň işigine geldi we barabarymda durup:

– Eý, Welidiň atasy! Sen bir damja gan hem dökmediňmi? – diýdi.

Şonda men Büreýdä garap:

– Ol damja sil boldy we zulum ganlary nähaklyk bilen döküldi – diýdim.

Hudaýtagalanyň onuň dünýälik mülküni halas edeni, göýä onuň ynsabynyň bereketindendir. Ol ynsaplylyk edýärdi, wagyzçylaryň sözlerini diňleýärdi. Hakykatdan hem ajy degýän gürrüňçileriň ajy sözlerini sapa gözelliginiň şirinligi bilen noş

edýärdi. Onuň nobaty geçende, mülki öz ogly Welit ibn Abdylmälige tabşyrdy.

## WELIT IBN ABDYLMÄLIK

Welit ibn Abdylmälik ibn Merwan bilen 86-njy[1] ýylyň Baýram aýynyň ýigrimisinde ähtleşdiler. Onuň ejesi Welide bint Abulapbas Maryýady. Ol dokuz ýyl dokuz aý höküm sürdi. Ol Dymyşkda 96-njy[2] ýylyň Dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň ortasynda Ruhgüni wepat boldy. Oňa Abdyleziz jynaza çykdy. Ol Medinede doglupdy. Ol kyrk alty ýyl ömür sürdi. Onuň kätibi Kagkag Halytdy. Hajyby öz guly Suwardy. Ýüzüginiň nagşynda «Inneke meýetun we innehum meýýitun»[3] diýen ýazgy bardy.

### Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Welidiň ýanyna iki sany müneçjimi getirdiler. Olaryň biri:

– Hasap ýüzünden seniň ýigrimi ýyl halypalyk etjekdigiň delillenýär – diýdi.

Beýleki biri bolsa:

– Ýyldyzlaryň delillerine laýyklykda, altmyş ýyllap hökmürowan boljakdygyň kesgitlenilýär – diýdi.

Welit:

– Siziň ikiňiziň sözüňize hem aldanmaryn. Hudaý bar, şeýle bir açgözlük bilen mal jem ederin welin, mydamalyk

---

[1] 705-nji milady ýyly.
[2] 715-nji milady ýyly.
[3] «Sen ölüsiň we olar hem ölüdirler».

ýaşaryn diýip oýlansynlar. Soň ýene-de olary dargadyp, oňa-muňa bagyşlaryn welin, edil ertir öljek ýaly diýsinler – diýdi.

Onuň ölümi ýakyn gelende, öz dogany Süleýman ibn Abdylmäligi öz ýanyna çagyryp, oňa wesýet etdi hem-de halypalygy oňa tabşyrdy.

## SÜLEÝMAN IBN ABDYLMÄLIK

Süleýman ibn Abdylmäligiň lakamy Abu Eýýupdy. Onuň bilen 96-njy[1] ýylyň Dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň on ikisinde ähtleşdiler. Ol bir ýyl dokuz aý hökümdarlyk etdi. Onuň ejesi Welide bint Apbasdy. Ol 98-nji[2] ýylyň Sapar aýynyň onuna Anna güni Dymyşkda Hakyň permanyny kabul etdi. Oňa Omar ibn Abdyleziz (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) jynaza çykdy. Onuň kätibi Leýs ibn Abu Rukyýýady. Hajyby öz guly Abu Ubeýdady. Onuň ýüzüginiň ýazgysy: «Ämäntu billähi,[3] hasbyýallahu we nygmal wekildi».

### Hekaýat

Muhammet Jerir Tabary özüniň «Taryh» kitabynda şeýle getiripdir: Süleýman ibn Abdylmälik halypalyk tagtyna çykanda, onuň görkezmesine görä, syýasat gylyjyny gynyna saldylar. Ol jahandan gan dökmegi aýyrdy. Adyllyk we merhemet saçagyny ýaýdy. Öz dogany Müslime ibn Abdylmäligi böwsüji leşger bilen Ruma ugratdy. Onuň döwründe tutuş Rum eýelendi. Ol şol ýerde ornaşdy. Şol ýyl her bir etrapda uly ýeňiş ga-

---

[1] 715-nji milady ýyly.

[2] 717-nji milady ýyly.

[3] Alla iman getirdim, Alla meniň üçin ýeterlikdir, neneň gowy hossar.

zandylar. Süleýman Abdylmälik şol ýyl haja gitdi we haj parzyny berjaý etdi. Ol ýerden bolsa pygamberleriň jenabynyň mübärek guburyna gitdi. Muhajyrlardan we ensarlardan kim aýatda diri bolsa, baryna köp peşgeşler berdi. Kim wepat bolan bolsa, olaryň perzentlerine köp baýlyk berdi. Aly ibn Hüseýin ibn Aly ibn Abu Talyp (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Medinededi. Oňa ýüz müň dirhem berdi.

Ol Medinede ornaşan wagtynda onuň dogany Müslime ibn Abdylmälik Rumdan müň ýesir iberdi. Süleýmanyň buýrugy bilen olary Medinä getirdiler. Olary yslama girmäge çagyrdylar. Olar yslamy kabul etmekden boýun gaçyrdylar. Onsoň Süleýmanyň buýrugy bilen Pygamberiň guburynyň öňünde olaryň boýunlaryny çapdylar. Abdylla ibn Hüseýin Süleýmana garap:

– Eý, möminleriň emiri! Buýruň, goý, ol kowumdan birini maňa bersinler. Ony men öldüreýin, goý, maňa-da sogap hasyl bolsun – diýdi.

Onsoň onuň buýrugy bilen ol kowumyň ýolbaşçysyny getirip, Abdylla Hüseýine berdiler. Abdylla bir pyýadadan gylyç aldy hem-de şol rumlynyň boýnundan urmak isledi. Onuň boýnunda bäş manlyk[1] bir boýunlyk bardy. Süleýman:

– Onuň boýnuna urma, boýnunda demir bar, kellesine ur – diýdi.

Abdylla onuň depesinden şeýle bir gylyç urdy welin, onuň başyny demir bilen bile kesdi. Halaýyk oňa haýran galdy. Süleýman ol gylyjy alyp gördi. Onuň demiri kän bir gowy däldi. Onsoň ol:

---

[1] Man – her man üç kilogram töweregi.

– Eger bu gylyjy başga bir kişi ulansa, ol kesmez. Emma sizde gylyç urmakda Haýdaryň[1] kuwwaty mirasdyr – diýdi.

Soňra onuň buýrugy bilen oňa ýene-de ýüz müň dirhem peşgeş berdiler. Beni Ümeýýe halypalaryndan hiç kim Alynyň neberesini onuň gowy görşi ýaly gowy görmändi we onuň sylaglaýşy ýaly sylaglamandy. Işler berjaý edilenden soň, onuň ady Hyjazda we Ýasrypda ýagşylyk bilen ýaýrady. Ol öz ogly Eýýup Süleýmany mirasdüşer belledi. Medineden dolanyp Dymşyga geldi. Ýöne onuň ogly Eýýup halypalyga ýetmänkä, Hakyň çakylygyny kabul etdi. Süleýman Omar Abdylezizi mirasdüşer belledi. Omar oňa razylyk bermeýärdi. Ol Yragyň ähli tanymal kişilerini jemläp, ähtnama ýazdy hem-de olaryň hatyny alyp, gol çekdirdi. Ol wepat bolanda, adamlar Omar Abdylezizi çagyrdylar. Ol öýünde gizlenýärdi. Ony zor bilen daşary çykardylar hem-de oňa ähdi-peýman berdiler. Adamlar Süleýmana «Miftahul haýyr», ýagny «Haýryň açary» diýýärdiler. Çünki, onuň halypalyk eden döwrüniň başynda Hajjaç Ýusup ölüpdi we zamanasynyň ahyrynda bolsa, özünden hem gowusyny mirasdüşer edipdi.

## OMAR IBN ABDYLEZIZ

Omar ibn Abdyleziziň lakamy Abu Hafsdy. Onuň bilen 99-njy[2] ýylyň Sapar aýynyň onuna Anna güni äht etdiler. Onuň ejesi Ümmi Asymdy. Ol Omar ibn Hattabyň neberelerindendi. Ol otuz aý halypalyk etdi. Şu iki ýarym ýylda jahan gündogardan günbatara çenli onuň adyllykdyr ynsaby bilen gurşaldy. Ol Samgan ybadathanasynda wepat boldy we hut şol ýerde-de jaý-

---

[1] Haýdar – 1) ýolbars; 2) Hezret Alynyň lakamy.

[2] 718-nji milady ýyly.

landy. Ol dünýäden geçen wagty otuz dokuz ýaşyndady. Ol 101-nji[1] ýylyň Rejep aýyndan dört gün galanda wepat boldy. Oňa Müslime ibn Abdylmälik jynaza çykdy. Onuň kätibi Süleýman ibn Nagym Hymýarydy. Hajyby öz guly Muzahymdy. Ýüzüginiň ýazgysy: «Ýüminu billähdi», ýagny «Alla ynanýar, iman getirýär».

## Hekaýat

Aýdyşlaryna görä, Omar ibn Abdyleziz halypa bolup, ilkinji gezek hutba okanda onuň ideg atlaryny zer bilen bezäp, metjidiň işigine getirip duruzypdyrlar. Şonda ol olara münmän:

– Elbetde, meniň şol atymy getiriň – diýip, öz atyna münüp, öýüne gaýdypdyr.

Ol edil möminleriň emiri Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýaly ýagşy gylyklary ýörelge edindi. Ol ömrüni terkidünýälik, ýagşylyk etmek, adyllyk, jahandan ýüz sowmak, sada lybas geýmek, tagamy diňe agşam iýmek, tagat-ybadat etmek, gündiz roza tutmak, bazarlara pyýada aýlanmak, gazna zyýan ýetirmezlik, şahyrlaryň öwgülerini diňlemezlik, olara sylag-serpaý bermezlik bilen geçiripdi.

Halypalyk oňa karar edilende, eli uzynlyk bilen tanymal bolan öňki emeldarlary işden boşatdy. Amyr Şagba Kufäniň häkimligini berdi hem-de halkyň işini boýnuna almagy oňa tabşyrdy. Bu işler edilenden soň, Rumdan: «Ol ýere uly gahatçylyk düşdi» diýip habar getirdiler. Onsoň galla ýükli bäş müň düýäni Şamdan Ruma iberdi hem-de Müslimä: «Bu gallany tutuşlygyna harç et hem-de ýolda saňa harç bolaýjak zady

[1] 720-nji milady ýyly.

al-da yzyňa gaýt» diýip, nama ýazdy. Ol ýerde galan musulmanlar bu mähribanlyga örän şat boldular.

### Hekaýat

Onuň halypalyk eden döwründe: «Türki kowumlardan ýigrimi müň atly çykyp, ülkeleri haraplamaga ýüz urdy» diýip, habar gelip ýetdi. Möminleriň emiri Omar Abdyleziz Amr Hatam Rabyga garap: «Dört müň kişini al hem-de şol türkiler bilen söweş et» diýip buýurdy.

Amr:

– Eý, möminleriň emiri! Dört müň kişi ýigrimi müň kişi bilen neneňsi uruş edip biler? – diýdi.

Omar:

– Eý, Amr! Gassap goýnuň köplüginden gorkmaýar. Eger patyşa adyl bolsa, onuň leşgeri nirä gitse, ýeňişli we üstünlikli dolanar – diýdi.

Amr Hatam gitdi we türkiler bilen söweşip, olary ýeňdi. Ol jemagatdan gaty köpüsi ýesir düşdüler. Şeýdip, onuň adalatlylygynyň bereketlerinden bu pitne öçürildi. «Kim dogry ýola eýerýän bolsa, oňa salam bolsun!».

## ÝEZIT IBN ABDYLMÄLIK

Ýezit ibn Abdylmälik ibn Merwan bilen 101-nji[1] ýylda äht etdiler. Omar Abdyleziz wepat bolan güni Rejep aýyndan dört gün galypdy. Ýezidiň ejesi Ýezit ibn Mugawyýanyň gyzy Atekedi. Ol dört ýyl bir aý hökümdarlyk etdi. Ol Dymyşk welaýatlaryndan bolan Bukag topragynda dünýäden ötdi hem-de

[1] 720-nji milady ýyly.

ony şol ýerde depin etdiler. Ol 105-nji[1] ýylyň Meret aýyndan bäş gün galanda Sogapgüni wepat boldy. Ol otuz dokuz ýyl ömür sürdi. Ol Medinede doglupdy. Onuň kätibi öz guly Usama ibn Zeýtdi. Hajyby hem öz guly Sagytdy. Ýüzüginde: «Lä ýähuzke fillahi läwmetu läimdi»[2] diýen ýazgy bardy.

## Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Omar Abdyleziz (goý, oňa Allanyň rehmeti bolsun!) hassalady. Şonda Ýezit Abdylmäligi mirasdüşer belledi. Ol halypalyk tagtyna çykandan soň oňa:

– Halypalyk hormaty Omar Abdyleziziň döwründe batyl boldy. Sebitleriň salgydyny we gaznanyň hakyny yzyna gaýtaryp aldylar. Ony talap etmek gerek we olardan galanlaryny-da soramak gerek. Jahan etraplaryna emeldarlar ibermek gerek, goý galanlaryny-da berk talap etsinler — diýdiler.

Ol hem bu işde yhlas görkezdi. Öz dogany Müslime ibn Abdylmäligi Horasana ugratdy. Emeldarlar baýlyklary jem etdiler we onuň huzuryna iberdiler. Şol sebäpli-de ony hiç kim haýyr bilen ýatlamady. Her kim bir kişiden soranda ýa-da biri Ýezit Abdylmäligiň ýanyna baranda, ol welaýatyň ahwalyny we raýatyň asudalygyny soranda oňa: «Eý, möminleriň emiri! Hudaý Omar Abdylezize edil onuň halka rehmet edişi ýaly rehmet etsin» diýýärdiler. Ýezit Abdylmälik bu ýagdaýdan ynjaýardy.

Ýezit Abdylmälik Abdyrahman Zahhagy Hyjaza we Ýasryba iberdi. Ol bolsa Ýasrypda mekan tutup, köp mal jem eden-

[1] 724-nji milady ýyly.
[2] «Alla ýolunda seni hiç kimiň käýemesi togtatmasyn».

den soň, oňa nygmata şükür etmezlik keseli sataşdy. Patma bint Hasan ibn Aly ibn Abu Talyba (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) söz aýtdy. Ol garry hem çagaly aýaldy we üç ogly bardy. Ol:

– Meniň durmuşa çykar wagtym geçdi – diýdi.

Abdyrahman Zahhak ondan ynjady we:

– Seniň oglanlaryň hamr[1] içýärler we zyna edýärler. Eger meniň aýalym bolmasaň, men olary tutaryn we jezalandyraryn – diýdi.

Ol seýit aýal onuň bu sözünden bialaç galdy hem-de Ýezit Abdylmälige hat ýazdy we ondan ýardam diledi. Ýezit:

– Abdyrahmana nygmata şükür etmezlik belasy sataşypdyr hem-de pygamber alaýhyssalamyň agtygyny öz nikasyna girizmek isleýär. Men ony agyr günde, gedaýlykda onuň gapysyna barar ýaly ederin – diýdi.

Soňra Abdylla Abdylwahyda Medinäniň emirligini berdi hem-de oňa Abdyrahman Zahhagy bent etmegi, ondan kyrk müň dinar we nämesi bar bolsa alyp, Medinede gedaý edip gezdirmegi tabşyrdy. Abdylla ibn Abdylwahyt permana tabyn boldy we Abdyrahmany tutup, baýlygyny talap etdi hem-de nämesi bar bolsa, baryny ondan aldy. Onuň işi şeýle bir derejä baryp ýetdi welin, ol Medinä gidip, ýüň lybas geýip, boýnuna boýunlyk salyp, gedaýlyk edýärdi. Halk bu çäräni görüp, Ýezit Abdylmäligi haýyr bilen agzaýardylar. Şeýdip, onuň ady ýagşylyk bilen ýaýrady.

---

[1] Hamr — çakyr.

## Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýýärler:

Hökümdarlygyna bir ýyl dolanda, dogany Müslim ibn Abdylmälik Horasandan hiç bir mal-salgyt goýbermedi. Ýezit ony işden boşatmaga dözmedi. Onsoň oňa: «Yrakdan Şama tarap gitmegiň gerek. Bu ýerde bir maslahat bar. Seniň huzurda bolmagyň wajypdyr» diýip nama ýazdy. Abdylmälige: «Müslime Yrakdan Şama ugrapdyr» diýip habar düşende, ol Omar Hübeýräni ýanyna çagyrdy hem-de Yrakdyr Horasany oňa berip:

– Müslim Şama gelip ýetmezinden öň, onuň öňünden çyk hem-de ony ýolda gör. Goý, oňa mälim bolsun – diýdi.

Omar Hübeýre häzirlenip, Dymşygyň üç menzilliginde düşledi. Müslim Abdylmälik gelip ýetdi. Ikisi hem biri-birini gördüler. Müslim ondan:

– Nirä barýarsyň? – diýip sorady.

Ol:

– Möminleriň emiri Horasanyň we Yragyň işini maňa ýükledi. Iş üstüne barýaryn – diýdi.

Müslim özüniň işden boşadylandygyny bildi. Onsoň aýtdy:

– Arabyň örän dogry aýdan bir ajap tymsaly bar. «El-Mülku akymun»[1] diýipdirler. Göwnünde bir ynjy peýda boldumy, onuň üçin garyndaşdyr bigäne deň bolýar.

---

[1] «Patyşalarda hiç bir kişi bilen ýakynlyk bolmaz».

## Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Ýezidiň hökümdarlyk eden döwrüniň ilkibaşlarynda, Omar ibn Welit ibn Abdylmälik onuň gaşyna gelip:

– Eý, möminleriň emiri! Bu wepat bolan ikiýüzli, ýagny Omar Abdyleziz öz köşgünde iki öýi nepis jöwherlerden doldurdy. Ol iki öýde hemişe gulp urulgydy we onuň açaryny hiç kime bermeýärdi – diýdi.

Ýezit muny eşidende, Omar Abdyleziziň hököminde, ýagny nikasynda bolan öz uýasy Patma bint Abdylmälige: «Eşidişime görä, seniň hojaýynyň köp gymmatly göwherleri bolupdyr we ony öz köşgünde iki öýde hemişe öz möhüri bilen saklapdyr. Ondan meni-de nesipli etmegiň gerek» diýip, habar iberdi. Patma:

– Eý, dogan! Omar dünýä malyndan hiç zat galdyrmady. Onuň dünýä bolan ünsi-höwesi ýokdy. Seniň aýdýan ol öýleriň öňküsi ýaly onuň möhüri bilen möhürlengi dur. Ol ýerde näme barlygyny göreriň ýaly gelmegiň gerek. Eger bir zat bar bolsa, alyp, gazna goşmagyň gerek – diýdi.

Ýezit ähli Ümeýýe neberesi bilen atlandy. Bu şugulçylygy eden Omar ibn Welit hem onuň bilen geldi. Onuň buýrugy bilen gapylary açdylar. Birinji öýde bir kürsi gördüler. Ol ýerde dört sany çig kerpiç biri-biriniň üstünde goýlupdyr. Ol kerpiçleriň üstünde bir sebediň içinde bir sany demir kündük goýlupdyr. Onuň bu zatlary goýmagynyň sebäbi gijeler ol ýerde täret kylardy. Omar ibn Welit olary görüp bir ah çekdi we: «Estagfirullah» diýip, aýdan zatlaryna puşman etdi. Ikinji öýüň gapysyny açanlarynda, ol ýerde bir metjit tapdylar. Oňa uşajyk daşlar dökülipdi we onuň ýokarsyndan zynjyr asylgydy. Onda bolsa, bir boýunlyk bardy. Gijelerine namazda duran wagtynda ýykyl-

mazlyk üçin boýunlygy boýnuna urardy. Ol ýerdäki sandygy açdylar. Onda palasdan edilen bir köýnek tapdylar. Ol ýerdäkiler ony görenlerinde bary agladylar hem-de oňa doga etdiler we Omar Welide käýindiler. Ol:

– Men şeýle eşidipdim. Töhmeti diňlemegimiň şumlugyndan şunuň ýaly agyr günä boýnumda baky galdy – diýdi.

Eý, Allam, onuň ruhuna jenneti bagyş edewer.

## HUŞAM IBN ABDYLMÄLIK

Abulwelit Huşam ibn Abdylmälik Merwan bilen 105-nji[1] ýylyň Meret aýynda ähtleşdiler. Onuň ejesi Huşam ibn Ysmaýyl Mahzumynyň gyzy Äşedi. Ol on dokuz ýyl alty aý hökümdarlyk etdi. Ol Rusafada 125-nji[2] ýylyň Dört tirkeşikleriň birinji aýyndan alty gün geçende, Sogapgüni gijesi Hakyň permanyny kabul etdi. Ol elli dört ýyl ömür sürdi. Ol Medinede doglupdy. Oňa Welit Ýezit Abdylmälik jynaza çykdy. Onuň kätibi söýgüli alym Sagyt Abdylmälikdi. Hajyby öz guly Azyr[3] ibn Mesgutdy. Ýüzügindäki möhürinde: «El-hökmü lil hekim»[4] diýen ýazgy bardy. Onuň halypalyk eden döwründe Zeýt ibn Aly ibn Abu Talyp (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) gozgalaň etdi. Ony Kufede öldürip, soňra görelde-göz edip asyp goýýarlar.

[1] 725-nji milady ýyly.

[2] 744-nji milady ýyly.

[3] Başga bir nusgada «Halyt» diýip ýazylypdyr.

[4] «Hököm hakyky Hököm edijiňkidir». Bu ýerde «Hököm ediji» diýip Hudaý göz öňünde tutulýar.

## Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Huşam ibn Abdylmälik halypa bolanda, onuň buýrugy bilen tutuş halypalygyň gündogardan günbatar çäklerine çenli her bir kişä on dinardan ýigrimi dinara çenli sowgat paýladylar. Şeýlelikde, ähli salgytlar we hyraçlar bu işde sarp edildi. Ymamlardan, alymlardan, salyhlardan, müňden gowrak kişini aýlyk diwanynda işe belledi. Bu işleri berjaý edensoň, onuň döwründe Gaýlan Kadary orta çykyp, her kesi Kadar mezhebine[1] çagyrdy. Huşamyň buýrugy bilen Şamyň alymlaryny jemlediler we Gaýlany-da getirdiler. Ony özüniň öňünde oturtdy we:

– Näme diýýärsiň, eger halk Oňa asy bolsa we kapyr Oňa şirk getirse, Allatagala oňa razy bolarmy? – diýdi.

Ol:

– Ýok – diýip, jogap berdi.

Huşam ibn Abdylmälik:

– Eger islemeýän bolsa, bu halkyň bary Onuň närazylygy bilen günä edýärler, ol kapyrlar bolsa Onuň razylygy bolmazdan küpürlik edýärler. Ol bolsa, olary bu işinden saklamaýar. Diýmek, olaryň razylygy Hudaýyň razylygyndan üstün bolýarda, şeýlemi? Beýle Hudaýa Hudaý diýip bolmaz – diýdi.

Gaýlan dymyp galdy.

Abdylmälik ýene:

– Eý, Gaýlan! Jogap ber! – diýdi.

Ol:

[1] Kadar mezhebi – bu mezhebiň (akymyň) pikiriçe adamlar öz amallaryny, edýän işlerini öz ygtyýarlary bilen edýärler, olara Alla hiç hili goşulmaýar. Emma bu akyma garşy emele gelen «Terbiýe mezhebi» adama ähli edýän işinde mejbury bolup, hiç hili ygtyýary ýokdur diýýärler.

– Eý, möminleriň emiri! Maňa on gün aman ber, onsoň jogabyny aýdaýyn – diýdi.

Huşam:

– Eger men saňa bir gün möhlet bersem, Hudaý maňa bir gün möhlet bermesin. Sen şeýle suhangöýlük bilen asyl zady üýtgedýärsiň we halky bedgata çagyrýarsyň! – diýdi.

Soňra onuň buýrugy bilen onuň ellerini we aýaklaryny kesdiler we garnyny ýardylar. Soňra ellerini we aýaklaryny garnyna saldylar. Musulmanlara eden şu ýardamy bilen Huşam halkyň köňlünde orun tapdy. Halypalyk işi göni ýola düşensoň, Käbe öýüne gidip, haj işini berjaý etdi. Mekge we Medinäniň ilaty dogrusynda köp mähribanlyklary özüne wajyp bildi.

Şeýle diýýärler: ol saparda harç edilen harajatlardan başga peşgeş-serpaýa kyrk müň dinar sarp edildi. Uzak wagtlap hökümdarlykdan haýyrlandy. Ahyrynda bu jahany terk etdi.

## WELIT IBN ÝEZIT IBN ABDYLMÄLIK

Abulapbas Welit ibn Ýezit ibn Abdylmälik bilen 125-nji[1] ýylyň Dört tirkeşiginiň birinji aýyndan bäş gün galanda ähtleşdiler. Onuň ejesi Ümmül Hajjaç bint Muhammet ibn Ýusup Sakafydy. Ol bir ýyl iki aý hökümdarlyk etdi. Ondan soň ony halypalykdan boşatdylar hem-de boşadanlaryndan soň, 126-njy[2] ýylyň Dört tirkeşiginiň dördünji aýynda öldürdiler. Ol wepat bolan güni otuz ýedi ýaşyndady. Oňa hiç kim jynaza çykmady. Sebäbi ol tagna urlan we bet ygtykatdady. «Bendeleriniň ygtykadyny Alla has gowy bilýändir».

[1] 743-nji milady ýyly.
[2] 745-nji milady ýyly.

Ol Tabaryýýada doglupdy. Kätibi Sagt ibn Abdylmälikdi. Hajyby Isa Nagymdy. Ýüzüginde: «Ýa Welidu yhzaryl mäwtädi»[1] diýen ýazgy bardy. Käbirleriniň aýtmagyna görä, ol ýazgy «Bil azyzy ýasykul Welitdi»[2].

## Hekaýat

Welit halypalyga geçenden soň, onuň buýrugy bilen Horasanda näçe sazanda-bagşy, masgarabaz we sähelçe aýal gylykly erkek bar bolsa, baryny Şama getirdiler. Gije-gündiz şerap meýlisine meşgul boldy. Halypalyk esbaplaryna gözegçilik etmekden gapyl galdy. Şamyň emeldarlary öňki bolşunda galdylar. Alty aý geçenden soň, haramlary halal hasap edip başlady. Atasynyň we atasynyň doganlarynyň aýalyna el uzadyp başlady. Bir ýyl geçenden soň tanasuh[3] mezhebine meýil etdi. Her bir kişi bu manydan söz açyp, şol barada bir söz sözlese, ony özüne ýakynlaşdyrýardy. Pitwalar ýasaýardy. Ymamlara we alymlara: «Patyşalaryň we halypalaryň gaşynda naýyp ýokarymy ýa-da resul-ilçi?» diýip namalar ýazypdy. Olar: «Elbetde, naýyp ýokarydyr» diýip ýazanlarynda, ol:

– Men Hudaýyň naýybydyryn. Muhammet alaýhyssalam resuldy-ilçidi. Men resuldan has ýokarydyryn – diýipdi. Şeýtan ol tekepbirligi onuň aňynda ornaşdyrypdy. Onsoň halk ony ýigrendi hem-de ony halypalykdan daşlaşdyrdylar.

[1] «Eý, Welit, ölümden gork».

[2] «Welit eziz Alla bil baglaýar».

[3] Tanasuh – 1) biri-biriňi inkär etme, bir zady batyl, inkär etme; 2) üýtgetme, özgertme; 3) öleniňden soň ruhuň bir bedenden özge bir bedene geçmegi baradaky gadymy dini düşünje.

## Hekaýat

Welidiň bir aýdymçy kenizegi bardy. Ondan şeýle hekaýat edilýär: Bir gün Welit serhoş bolupdy. Ol kenizek bilen ýakynlyk edip, ondan lezzet aldy. Birden azançy azan owazyna gygyryp başlady. Welit kenizege:

– Senden başga hiç kim şu gün bu jemagata ymamlyk etmez – diýip ant içdi.

Kenizek:

– Eý, möminleriň emiri! Ýagşy oýlan, näme diýýärsiň. Men bir serhoş we ini haram bir kenizekdirin. Musulmanlara neneňsi ymamlyk edeýin we nädip aýagymy metjide basaýyn?! – diýdi.

Ol gylyjyny syryp:

– Eger, ymamlyk etmeseň, seni öldürerin – diýip ant içdi.

Onsoň kenizek jan howpy orta düşensoň, bialaç başyna selle orap, ýüzüne nikap çekip, araplaryň däbine laýyklykda daşary çykýar we ymamlyk edýär. «Beýle şepagatsyzlykdan — Alladan daş düşmekden Alla daş edewersin». Şonuň üçin entek dirikäm gorky bilen maňa duş gelen şol ahwaldan toba edip, ýalkaw dileýärin. Belki maňa Allanyň rehmeti duş bolar.

## Hekaýat

Beni Ümeýýe halypalarynyň adaty şeýle bolupdyr. Her kim halypa bolsa, ol şol ýyl haj edýärdi we halka köp-köp peşgeşler berýärdi. Welit Ýezidiň halypalyk edenine bir ýyl bolanda, ol sapar şaýyny tutup, yslam hajyna gitmegi karar etdi. Dymyşgyň üç menzilliginde bir şäher bardy. Howa gyzanda halypalar şol ýere giderdiler. Sebäbi ol şäher Fyratyň kenarynda ýerleşýärdi. Welit şol ýere gitdi. Welidiň hyzmatyna gelen Ýe-

meniň ilaty garaşyp durdular. Sebäbi Welit haj düzgünini berjaý edenden soň, olar Ýemene dolanmalydylar.

Araplaryň hormatly we tanymal kişilerinden bir topar kişi onuň (Welidiň) ogly Ýezidiň ýanyna üýşdüler we oňa garap:

– Ataň gylyk-häsiýetiniň nähilidigi we onuň ygtykadynyň neneňsidigi mälim. Beýle ygtykatda bolan kişä halypalyk rowa bolmaz. Eger ylalaşsaň ony öldürýäris hem-de seni onuň ýerinde oturdýarys – diýdiler.

Ýezit bu söze razylyk berdi we atasynyň tarapyny tutmady. Agşam hereket edip, Dymşyga gitdi. Atasy Welit tarapyndan Dymyşkda emir bolan Hajjaç Ýusubyň ogly Abdylmäligi öldürdi we gaznany eýeläp, ony leşgere berdi. Soňra ýigrimi müň kişini Welidiň yzyndan iberdi. Welide habar baryp ýetende, ol Hymsa gitmek isledi. Emma leşger gelip ýetensoň, gidip bilmedi. Hyms bilen Dymşygyň arasynda bir gala bardy. Şol ýere bardy we şol ýerde penalandy. Soňra galanyň üstüne çykyp:

– Eý, musulman jemagaty! Men siziň hakyňyzda näme erbetlik etdim. Näme üçin siz meniň garşyma baş göterdiňiz?! – diýdi. Olar:

– Sen haram zatlary halal hasapladyň. Ataň we ataň doganynyň aýalyna el uzatdyň hem-de tanasuh mezhebine meýil etdiň – diýdiler.

Welit:

– Hudaý maňa köp halal mal berdi, harama mätäç zadym ýokdy – diýdi.

Olar:

– Seni bet pygylyň halas etmedi – diýdiler.

Ol:

– Bu gün meniň günüm edil Osman Affanyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) güni ýaly – diýdi.

Soňra söweş etdi we ahyry öldürildi.

Onuň başga-da iki ogly bardy. Olary Dymyşkda goýupdy. Biriniň ady Ybraýymdy, beýlekisiniň ady Hekemdi. Olary mirasdüşer etdi we Ýezidi halypalykdan daşlaşdyrdy hem-de galanyň halkyny şuňa güwä tutundy.

## ÝEZIT IBN WELIT

Ýezit ibn Welidiň künýesi Abulwelitdi. Oňa 126-njy[1] ýylyň Dört tirkeşiginiň dördünji aýynda äht edipdiler. Onuň ejesi Mahaferit atly bir kenizdi. Ol ajam patyşalarynyň ahyrkysy bolan Piruz ibn Kesra ibn Ýezdigert ibn Şähriýaryň gyzydy. Mahaferidiň ejesi Erdeşir ibn Şiruýäniň gyzydy, ady Reýhanady. Mahaferit bir söweşde yslam leşgeriniň eline düşüpdi. Kutaýba ibn Müslim ony Hajjaç Ýusubyň gaşyna iberipdi. Hajjaç sowgat we bäşden bir paý hökmünde ony Welit Abdylmäligiň gaşyna ugradypdy. Ýezit şu kenizden doglupdy. Oňa iki ýagdaý sebäpli kemçilikli Ýezit diýýärdiler. Birinjiden, ol agsakdy, ikinjiden onuň hökümdarlyk eden wagty bäş aýdy. Ol hut şol ýylyň Gurban aýynyň başynda dünýäden ötdi. Ol Käbede doglupdy. Dymyşkda depin edildi. Onuň kätibi Beşer ibn Süleýmandy. Aýdyşlaryna görä, onuň hajyby Ýezitdi. Onuň ýüzüginde: «Ýasyku bil Hakdy»[2] diýen ýazgy bardy.

### Hekaýat

Ýezit halypalyga geçensoň, iki doganyny hem tussag etdi. Tanymal kişilerden iki kişi oňa äht etmediler we:

[1] 746-njy milady ýyly.
[2] «Haka bil baglaýar».

– Mirasdüşer seniň doganlaryňdyr. Olar bolsa zyndandadyrlar – diýdiler.

Bir topar jemagat oňa:

– Doganlaryňy öldür. Şonda halypalyk saňa dogry geler – diýdiler.

Ol:

– Meniň doganlarymyň hiç bir günäsi ýok. Günäsiz olary niçik öldüreýin – diýdi.

Ol ähdine wepaly we adyl kişidi. Päk asyllylygy we asylzadalygy onuň şol öwgüli häsiýetine esas boldy. Emma onuň hökümdarlyk müddeti edil gülüň möwsümi kimin gysga boldy. Ol Hakyň rehmetine gowşandan soň, Ybraýym ibn Welit halypalyk tagtynda oturdy.

## YBRAÝYM IBN WELIT

Abu Yshak Ybraýym ibn Welit ibn Abdylmälik bilen 126-njy[1] ýylyň Gurban aýynyň başlarynda ähtleşdiler. Onuň ejesi ýokarda beýan edilen Mahaferitdi. Ol ýetmiş gün hööküm sürdi. Jemagatyň bir bölegi onuň bilen ähtleşdiler. Emma köpüsi ähtleşmekden boýun towladylar we garşy boldular. Şeýdip, onuň işi ýol almady.

### Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Merwan ibn Muhammet ibn Merwan ibn Hekem Ýezit Welidiň işiniň perişan bolandygyny hem-de halk köpçüliginiň ony halamaýandygyny görende, pursatdan peýdalanmak isledi.

---

[1] 746-njy milady ýyly.

Ol Ermeniýe welaýatynyň häkimidi. Ol elli müň kişini jemläp, Şama ýüz öwürdi. Ybraýym halypa boldy, emma onuň işi şow almady. Bir topar jemagat oňa garap:

– Ybraýymyň zyndandaky dogany Hekem mirasdüşer edilendir – diýdiler.

Merwan ibn Muhammet Ybraýymyň halypalygyny ykrar etse-de özi üçin halaýykdan ähdi-peýman aldy. Ybraýym mejbury onuň bilen ylalaşdy we onuň tabynlygyna girdi. Döwlet ýaşmaga ýüz goýupdy. Işler perişan bolupdy. Akyllylyk we gaýduwsyzlyk peýda etmeýärdi. Patyşalyk we halypalyk Beni Ümeýýe nesilşalygyndan göç etmek isläpdi. Onuň serişdelerini Ýaradan häzir edip goýupdy.

## MERWAN IBN MUHAMMET IBN MERWAN

Merwan bilen 127-nji[1] ýylyň Sapar aýyndan on dört gün geçende ähtleşdiler. Onuň ejesi Elbahyla atly bir kenizekdi. Ony Ybraýym Mälik Üştür Nahgy satyn alypdy. Merwan Beni Ümeýýe patyşalarynyň iň soňky patyşasydy. Ol bäş ýyl iki aý hökümdarlyk etdi. Ol 132-nji[2] ýylyň Boş aýynda dünýäden ötdi. Ony Müsürde depin etdiler. Ol Nejranda doglupdyr diýilýär. Onuň kätibi Abdylhamyt Kebirdi. Öz zamanasynda onuň taýy ýokdy. Parasatlylykda ony tymsal edýärdiler. Hajyby öz guly Sakalandy. Ýüzügindäki ýazgy: «Unsuryllahä ýansurkedi»[3].

---

[1] 747-nji milady ýyly.
[2] 752-nji milady ýyly.
[3] «Allanyň dininiň ýardamçysy bol, şonda Alla saňa ýardam eder».

## Hekaýat

Merwan işi öz eline alyp, halypalyk tagtynda ornaşanda, jahan işleri perişan bolupdy. Abu Müslim Horasanda orta çykypdy. Abu Müslim baýram güni gara lybas geýnip, Ybraýym ibn Aly ibn Muhammet ibn Abdylla ibn Apbasyň (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) adyna hutba okady. Oňa Ybraýym ymam diýýärdiler. Beni Apbasyň çakylygy Horasana äşgär bolanda, Ybraýym Mekgeden Kufä ýüz öwürdi. Kuraýyşlardan bir bölek jemagat onuň bilen bile Kufä gitdiler. Merwan ondan habarly bolup, olaryň yzyndan gitmäge we Saffahy öz ýanyna getirmäge adam iberdi. Sebäbi ol: «Hijri ýylyndan ýüz näçe ýyldan soň, halypalyk Apbasyň perzentlerine ýeter we tä kyýamat gopýança onuň neberesinde galar. Onuň ady Saffah bolar» diýip, bir hadys eşidipdi. Onsoň ol: «Apbasyň perzentleri çagyryşy aýan etdiler. Ybraýym we onuň doganlary Kufä barýarlar» diýip eşidende, olary getirmek üçin çapar iberdi.

Çapar Kufäniň üç menzilliginde olary tapyp:

– Siziň araňyzda haýsyňyzyň adyňyz Saffah?! – diýdiler.

Ybraýym:

– Meniň adym Saffah – diýdi.

Çapar özüne aýdylan alamaty we nyşany Ybraýymda görmedi. Onsoň:

– Men siziň baryňyzy möminleriň emiriniň hyzmatyna äkiderin – diýdi.

Ol:

– Saňa nähili görnüşde perman beripdiler? – diýdi.

Ol:

– Maňa Saffahy getir diýipdiler – diýip, jogap berdi.

Saffah:

– Saffah men. Men seniň bilen giderin – diýdi.

Onsoň Ybraýym Saffahy mirasdüşer edip, olara:

– Çaltlyk bilen gidiň we özüňizi Kufä atyň – diýdi. Olar gyssandylar we Kufä tarap gitdiler.

Ybraýym ymam Merwanyň ýanyna gelip ýetende, ol Saffah barada özüne aýdylan alamatlary we nyşany onda görmedi hem-de ynjady. Onsoň ol çapary öldürdi we Ybraýym ymamy tussag etdi. Saffahyň leşgerleri oňa garşy ýüz öwrüp, onuň bilen söweşmegi maksat edende, Ybraýym ymamy şehit etdi. Ahyrynda Merwanyň özi-de öldürildi. Merwanlylaryň döwlet baýdagy aşak ýatyp, olaryň mülküniň güneşi ýokluk ýaşyşyna siňip gitdi. Şonça baýlykdan, nygmatdan, mülkden, döwletden, hazynalardan, genji-känlerden we sansyz goldawlardan hiç zat galmady. Wessalam.

Haýsy kişä mülkdür goşun we haýbat baky geler?
Bakylyk Hudaýyňkydyr, mülk Hudaýyňky bolar.

# BENI APBAS HALYPALARY

Merwanlylaryň döwleti ýaşmaga ýüz goýansoň, apbaslylaryň baýdagy parlap ugrady. Şeýle diýýärler:

Beni Ümeýýe döwletiniň patyşalary on dört sanydyrlar. Aýyň hem kämillik çägi on dörtden artyk däldir. On dörtden geçip ugradygy nogsanlyga ýüz urýandyr. Olaryň mertebe aýy ýokluk agyllamasyna duçar bolandan soň, apbaslylaryň ykbal güneşi ýalpyldap dogdy. Bedgat göreji olaryň gara eşiginden agardy. Milletiň lowurdawuk täze aýy olaryň syýasatynyň gylyjynyň tygyndan lagla döndi. Tä kyýamatyň çägine çenli halypalyk tagty Apbas neberesiniň halypalarynyň mekany bolmak bilen bezeljekdir, Eziz Alla islese.

Ondan bäri, ýagny hakykat öz hakyky eýesine gowuşanyndan we Beni Apbas halypalary halypalyk işinden apatdyr belalary dep edeninden tä şu wagta çenli otuz dört halypa gelip geçdi. Olar rehimdarlyk we adyllyk yzlaryny ýadygär goýdular. Möminleriň emiri, Allanyň resulynyň halypasy Abu Abdylla Muhammet ibn Ymam Nasyr Lidinillä Ahmet otuz bäşinji halypadyr. Möminleriň emiri Mustansyr Lidinillä Abujapar Mansur otuz altynjydyr. Tä kyýamata çenli onuň döwletiniň yzlary baky galsyn! Bu gün alty tarap[1] we ýedi yklym[1] onuň

[1] Gadymkylar «dört tarap» diýmän, hemişe «alty tarap» diýipdirler. Olar bäşinji we altynjy tarap diýip ýeri, ýagny aşak tarapy we asmany, ýagny ýokary tarapy hem hasap edipdirler.

hutbasynyň bezegi bilen zynatlanandyr. Olaryň atlaryny şu kytgada beýan edipdirler.

### *Şygyr*

Apbaslylar sanawda otuz alty halypa,
Olar din ýolunda sakladylar adalaty.

Birinji sahy Saffah, ikinjisi Mansurdyr,
Soň Mäti, Reşit, Emin, ýöretdi halypaty.

Mamundan soňra Mugtasym, soň Wasyk, Mütewekkil,
Muntasyr hem Mustagyn ele aldy nobaty.

Soň Mugtaz, soň Muhtedi, soň Mugtamyt, Mugtazyt,
Muktefi hem Muktadyr – olardyr dowamaty.

Kahyr, Razy, Muttaky döwlet başyna geçdi,
Saýlandy has Mustekfi edildi etagaty.

Taýyf, Kadyr gidensoň, geldi Kaýym, Muktady,
Mustazhyr tagta geçip, oturdy bir möhleti.

Soň Müsterşit, soň Reşit, Müktefi, soň Müstenjit,
Öňden gördi Mustazy, kämildi parasaty.

Nasyr, Zahyr ikisi din üçin söweş etdi,
Mustansyr geldi-geçdi, uly boldy hümmeti.

---

[1] Ýedi yklym – bütin ýer ýüzi.

Mugtasym geçdi tagta, yslam diýip söweşdi,
Bersin Ýaradan Taňry ömrüne bereketi.

Jahan dursa ol dursun, ady ebedi galsyn!
Ýar bolup jahan oňa, kemelmesin döwleti!

## ABULAPBAS SAFFAH

Taryhçylar şeýle diýipdirler:

Apbas ibn Abdylmuttalyp möminleriň emiri Osmanyň halypalygy döwründe Ýaradanyň rehmet dergähine göç edipdi. Abdylla Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) bolsa, Abdylla Zübeýriň pitne turzan döwründe ahyret älemine göç edipdi. Onuň perzentlerinden biri Aly ibn Abdylla bolup, ol wepa asmanynyň aýy we ähli halypalaryň atasydy. Oňa her günde müň rekagat namaz okandygy üçin Sejjat (köp sejde ediji) hem diýipdirler.

Şeýle diýýärler:

Bir gün möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) namaz okap otyrka ol ýerde Abdylla Apbasy (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) görmändir. Şonda ol:

– Abdylla nirede, mährabyň hatarynda ýok? – diýipdir.

Adamlar:

– Bu gün onuň ogly boldy, şonuň bilen meşgul – diýipdirler.

Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) namazyny tamamlap, ony gutlamaga geldi we ondan:

– Oňa näme at goýduň? – diýip sorady.

Abdylla Apbas:

– Maňa senden soraman at goýmak nädip rowa bolar? Sen barkaň men oňa nädip at we lakam goýaýyn? – diýipdir.

Soň ol oglanjygy getirdiler. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ony gujagyna alyp, onuň maňlaýyndan ogşady we oňa doga-dileg okap:

– Bu oglanjygy al, ol patyşalaryň atasy bolar – diýdi. Ýene bir rowaýata görä: «Halypalaryň atasy bolar» diýipdir diýilýär.

Soňra ýene:

– Oňa «Aly» diýip, at goýdum, «Abulhüseýin» diýip, lakam goýdum – diýdi.

Nobat Mugawyýa ýeteninde, ol:

– Ady we lakamy, ikisi hem Hezreti Aly bilen baglanyşykly bolmasyn. Men onuň lakamyny Abu Muhammet atlandyrdym – diýdi.

Wakydy[1] şeýle getiripdir:

Beni Ümeýýe patyşalary Apbasyň perzentlerine (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) Harysyň gyzlaryndan öýlenmekligi gadagan edipdiler. Çünki, olar «Hijri hasabyndan ýüz ýylyň ahyrlarynda halypalyk Apbas perzentlerine geçer. Ilki olar Ibn Harysyýa atlandyrylar» diýip, rowaýat eşidipdirler. Halypalyk nobaty Omar Abdylezize (Oňa Allatagalanyň rehmeti bolsun!) ýeteninde, Muhammet ibn Aly ibn Abdylla onuň ýanyna gelip, ondan öz daýysy Beni Harys ibn Kelbiň gyzyny almaklyga rugsat sorady. Ol oňa rugsat berdi. Onsoň ol Abdylmudan ibn Riýýan ibn Kutn ibn Zyýat ibn Harys ibn Kelbiň gyzy Rytany gelinlige aldy. Halypalaryň ilkinjisi bolan Abulapbas şondan dünýä indi. Muhammet ibn Aly 100-nji[2] hijri ýylynda merwanlylara garşy çagyryşa başlady we şu döwlete esas goýdy, ol bolsa Abulapbas bilen bitirildi.

---

[1] Wakydy — Abu Abdylla Muhammet ibn Amr Wakydy, ol 130-njy hijri-kamary ýylynda doglup, 207-nji hijri-kamary ýylynda aradan çykýar. Ol yslam taryhçylaryndan we hadysçylaryndan biri bolup, onuň köp sanly kitaplary bardyr.

[2] 719-njy milady ýyly.

## Hekaýat

Merwan Ybraýym ibn Muhammet ibn Alyny (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) öldürensoň we onuň öldürileniniň habary Kufä ýeteninden soň, onuň döwletiniň çagyryjysy bolan we onuň bilen ähtleşen Abu Seleme Hallan onuň ölüminden gam-gussa batdy. Apbas we Apbasyň beýleki perzentleri Kufä gidipdiler. Onsoň olary gizlin saklady we hüjrede bukdy hemde halypalygy Aly ibn Hüseýin ibn Alynyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) perzentlerine tabşyrmaklyk isledi. Çünki, ol ilki olaryň döwletiniň çagyrşyny edipdi.

Onsoň Abu Seleme Kufäniň daşynda leşgergäh gurup, üç sany nama ýazdy. Biri Japar ibn Muhammededi, beýlekisi Abdylla ibn Hüseýin ibn Hüseýinedi, ýene biri bolsa Omar ibn Aly ibn Hüseýin ibn Alady (goý, Allatagala olardan razy bolsun!). Soňra namalary özüniň ynamdarlaryndan birine berdi we:

– Bu namalary äkit. Ilki Japar ibn Muhammediň ýanyna bar. Eger ol kabul etse, beýleki iki namany ýyrt. Eger ol kabul etmese, Abdyllanyň ýanyna bar, bolmadyk ýagdaýynda edil şonuň ýaly et-de Omaryň ýanyna git. Hatlaryň jogabyny tiz maňa getir – diýdi.

Ol çapar gitdi we Medinä geldi. Bir gün gije Japar ibn Muhammedi gördi we namany oňa tabşyrdy. Ol hatyy okandan soň dymdy we hiç bir söz diýmedi. Çapar oňa:

– Jogabyny aýt – diýdi.

Japar namany oda oklady, ýakdy we:

– Jogaby şudur – diýdi.

Onsoň ol çapar Abdylla ibn Hüseýin ibn Hüseýiniň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýanyna gitdi we namany oňa berdi. Ol namany kabul etdi we oňa jogap ýazmak isledi. Emma Japar ibn Muhammet ony bu işden saklady we aýtdy:

– Abu Seleme mekir we hilegär kişidir. Ol tiz öldüriler. Ähtimal ol seni aldar. Çünki, bu işiň Apbas perzentlerine ýetjekdigi we halypalyk olaryň nesilşalygynda galjakdygy olara anyk bolandyr – diýdi.

Onsoň ol çapar olaryň huzuryndan näumyt we bimaksat döndi. Çapar gelip ýetmezinden öň, Hamyt Kahtabanyň özi Abulapbasy Abu Selemäniň saraýyndan daşary çykardy we halypalyga ornaşdyrdy hem-de onuň işini tertipleşdirdi. Abu Selemede şoňa ylalaşmakdan başga ygtyýar galmady. Ol nesilşalykda eden şeýle köp öwgüli işlerini bir bozuk hereketi bilen guma gardy.

Akyllylara mälim bolsun, patyşalaryň we soltanlaryň hyzmatynda niýet saplygyndan köpräk hiç bir kesel we göwün päkliginden beýigräk hiç bir hukuk ýokdur.

## Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Apbaslylaryň halypalyk güneşi olaryň nurly aslynyň Gündogaryndan parlap dogan we höküm sürüp başlan döwrüniň ilkibaşlarynda Aly ibn Abdylla ibn Apbasyň öwlatlary bolan Abulapbas, Mansur we Isaýy Musa (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) dagy Kufä gelipdiler. Yrak we Kufe ilatynyň tanymal we meşhur kişilerinden bolan hem-de apbaslylara eýermegiň we ýaran bolmagyň çagyryşyny edýän Abu Seleme Hallal olary öz öýüne getirdi we sardoba[1] gizledi. Olaryň döwletini isleýänleriň işi ýokary göterilenden soň, Abu Müslim, Kahtaba diýen adamy leşger bilen Yraga ugratdy. Merwan hem Omar ibn Hübeýräni olary dep etmek üçin atly goşun bilen ugratdy. Fyrat derýasynyň kenarynda haýran galdyryjy söweş we ägirt

[1] Sardoba – tomsuna oturylýan ýerzemindäki öý.

uly jeň etdiler. Ahyrynda Hübeýräniň ogly ýeňlip, yzyna dolandy we Wasyt galasynda penalandy. Apbas nesliniň döwletiniň çagyryjysy bolan Kahtaba Fyratda gark boldy. Onuň iki ogly leşger bilen Kufä geldiler we Abu Selemä garap:

– Ymamy daşary çykar, goý halaýyk onuň bilen açyk äht baglaşsynlar – diýdiler.

Abu Seleme goranýardy we:

– Heniz ymamy äşgär etmek wagty gelenok – diýýärdi. Onuň maksady bu işi Alynyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) perzentlerine karar etmekdi. Ol ähli habarlary öz öýünde bolýan Apbas neberelerinden gizlin saklaýardy.

Apbasyň perzentleri özleri bilen bile bolýan bir gulamy ýagdaýlary bilmek üçin daşary ugratdylar. Gulam daşary çykyp, ähli ýagdaýlary anyklady we olara Kahtabanyň oglanlarynyň gelendigini aýdyp, onuň dostlarynyň ýeňiş gazanandygyny we Hübeýräniň oglunyň ýeňlip gaçandygyny habar berdi. Olar gulama aýtdylar:

– Hamyt Kahtabanyň ýanyna bar we oňa biziň salamymyzy ýetir. Oňa: «Abu Seleme gapyl galar ýaly, birden nökerleriniň bir topary bilen gelsin we bizi daşary çykarsyn» diý.

Gulam Hamydyň ýanyna baryp, ol habary we buşlugy ýetireninden soň, Hamyt ol habardan göwnühoş bolup, derrew atlylaryň birtopary bilen atlanyp gelip, Abu Selemäniň öýüni gabady. Abu Seleme ýokdy. Halypalyk güneşiniň dogan ýeri bolan ol sardobany oňa görkezdiler. Hamyt leşgeri buzdanyň agzynda goýdy. Özi bolsa gelip, olara tagzym etdi we:

– Siziň araňyzda Harysyýanyň ogly haýsyňyz? – diýip sorady.

Abu Japar Mansur we Muhammet Aly hem Harysyýanyň neslindendiler.

Emma ilkinji ymam bolan hem-de bu güneşi ilki bilen onuň halypalyk asmanynda şöhle saçan, ýöne işi şow almadyk Ybraýym:

– Eger maňa bir zat bolsa, Harysyýanyň ogly meniň mirasdüşerim bolar. Onda halypalyk nyşany bardyr – diýip wesýet edipdi.

Onsoň Abulapbas bilen Abu Japar ikisi:

– Biziň ikimizem Harysyýadyrys – diýdiler.

Hamyt:

– Kim-de nyşan bar? – diýdi.

Abulapbas şu aýaty okady, onda Allatagala şeýle buýrupdy: «Biz ýerde zulum edilýänlere merhemet etmegi, olary ýolbaşçy etmegi we olary mirasdüşer etmegi isleýäris»[1]. Bu aýat nyşan boldy.

Abulapbas bu aýaty okandan we bu nyşany ondan tapandan soň Hamyt ony halypa hasaplap oňa salam berdi. Onuň ýanyndaky leşgeriň meşhurlaryndan bolan jemagat hem ähtleşdiler. Soňra gylyjyny syryp, buzdana onuň ýanynda bolan hem-de bu döwlet belki bize nesip eder diýip, umyt edýän doganoglanlarynyň we daýylarynyň ählisine teklip etdi we olar onuň bilen äht baglaşdylar. Soňra Hamyt ymamy metjide getirdi. Abulapbas münbere çykdy. Onuň doganoglan agasy Abdylla münberde ondan bir dereje aşagrakda durdy we dil açyp, çeper hutba okady hem-de halaýygy ymam bilen ähtleşmäge çagyrdy.

Soň Abu Seleme geldi we bu ýagdaýdan örän ynjady. Çünki, ol bu adyň[2] özüniňki bolmagyny isleýärdi. Onuň öňki eden ähli ähtleri şol nämakul gijikdirmegi bilen biderek boldy.

Hamyt elini onuň kükregine urup:

---

[1] Gurhanyň 28-nji (Kyssalar) süresiniň 5-nji aýaty.

[2] «Halypany saýlamaklyk adynyň özüniňki bolmagyny isleýärdi» diýen manyda gelýär.

– Sen «Ymamyň ýüze çykmaly wagty däl we heniz ol daşary çykanok» diýmänmidiň? – diýdi.

Abu Seleme:

– Men bu işi ýürek Merwanyň işinden rahat bolsun[1]. Çünki, ol dirikä bu iş örän kynlaşar. Ol öldürilsin, onsoň pikiri işe girizip bolar hem-de bu iş dawa-jenjelsiz we duşmançylyksyz ele geler diýip gijikdirýärdim – diýdi.

Abulapbas onuň ötünjini kabul etdi we ony öz ýanynda oturtdy. Emma ol kine onuň kalbynda saklanýardy. Onsoň ol işi durnuklaşan badyna Abu Selemäni ýanyndan aýyrdy we öldürdi.

Bu kyssany taryhda birnäçe görnüşde getiripdirler, näme zat kalba laýyk bolsa bu ýygyndyda beýan edildi.

## Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Abulapbas Saffah halypalyga geçenden soň, wezirlik wezipesini Hamyt Kahtaba berdi. Ol hüşgär, dana, batyr we gaýratly kişidi.

Abulapbas öz agasy Abdylla ibn Aly ibn Abdylla Apbasa altmyş müň adam berip, ony Merwan bilen söweşmäge Şama ugratdy we aýtdy:

–Ol welaýatyň ähli ýerini Merwanyň elinden zabt edip al we ol ülkeleri golastyňa geçir.

Abdylla Dymyşga ýeteninde, Merwan elli müň adam bilen gelip ýetdi. Olaryň arasynda ençeme söweşler boldy. Ahyrynda onuň ähli leşgeri we goşuny pytrady. Ähli bar bolan ukyby we gören taýýarlygy onuň elinden çekmedi, götermedi.

Şeýle diýýärler:

---

[1] «Ýagny Merwanly iş birýüzli edilsin» diýen manyda gelýär.

Merwanyň leşgeri ýeňlen wagtynda, ol:

– Döwlet möhleti geçen wagtynda, goşundyr ýarag hiç zada ýaramaýar – diýen sözleri diline getiripdir. Merwan Abdylla Alynyň eline düşýär we ol öldürilýär. Şam we Müsür tabyn bolup Abulapbasyň halypalygy mäkämleşdi. Ähli Yrak we Horasan onuň bilen ähtleşmäge geldiler.

## Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Abulapbas Saffah (goý, oňa Allatagalanyň rehmeti bolsun!) halypalyk gapylarynyň açaryny eline alandan soň, onuň ähli duşmanlary ýeňildiler. Abu Seleme Hallalyň özi barada eden gijikdirmesi we haýal-ýagallygy sebäpli ol barada «Birden seýitleriň we alawylaryň[1] birini orta çykaraýmasyn we pitnäniň döremegine sebäp bolaýmasyn» diýip pikir edýärdi we ony öldürmek isleýärdi. Onsoň Hamyt hem-de öz dogany Mansur bilen maslahat etdi. Hamyt:

– Bu işi Abu Müslimden maslahatsyz etmeli däl. Çünki, eger Abu Müslim Horasanda çagyryşy aýan eden bolsa, Abu Seleme hem Yrakda ol döwletiň güwäçisi bolmakda we çagyryşy äşgär etmekde tagalla baryny edendir. Eger ol Abu Müslimden rugsatsyz öldürilse, ähtimal Abu Müslimiň mundan göwni ynjasa gerek we oňa gorky aralaşsa gerek – diýdi.

Saffaha bu pikir ýarady. Abu Japar:

– Horasanda biziň çagyryşymyz Abu Müslimden hem öň bolupdy. Abu Müslim biziň han-beglerimizden birnäçe kişini öldürdi we bizden maslahat soramady. Şonuň üçin biziň işleri ýöretmekde we öz maslahatymyza gözegçilik etmeginde ondan geňeş islemegimiziň näme hajaty bar? – diýdi.

[1] Alawylar — Hezret Aly we onuň nesliniň tarapdarlary.

Abulapbas:

— Ol wagtda ýaramly we dogry zat Abu Müslimiň eden işidi. Çünki, biz gizlengidik we iş bizde karar tutmandy. Häzir maslahat şudur. Sen hut özüň Horasana git we ýagdaýy Abu Müslime gürrüň ber. Onuň bizden gizlenýändigi we möminleriň emiri Alynyň öwladyna tarap meýil edýändigi barada oňa beýan et. Soňra Horasanyň we ol sebitleriň baýlygyndan salgyt edilip alnan zatlary ondan alarsyň. Eger şu pikir bilen ylalaşsa, aýt, özüniň bir kişisini ibersin, goý bu işi ol etsin. Ol öz ynamdaryny iberse, sen şolbada yzyňa dolan – diýdi.

Onsoň Abu Japar Horasana ugrady. Ol Merwe gelende, Abu Müslime bu barada habar ýetensoň, ol onuň öňünden çykdy. Abu Müslim şäheriň derwezesinde atdan düşdi. Abu Japar Mansur hernäçe ant içse-de we at berse-de Abu Müslim ata münmedi we: «Şeýdip, seniň jylawuňda ýörärin» diýip ant içdi. Tä Abu Japar düşleýänçä şol bolşuna pyýada gitdi. Abu Müslim Abu Japara şeýle bir hyzmat hem hormat etdi welin, waspy beýana gelmeýär. Abu Müslim Saffahyň habaryny eşidenden soň:

– Biz bendeleridiris we perman möminleriň emiriniňkidir. Ol näme buýursa, biz ol işe bilimizi baglandyrys – diýdi.

Abu Japar:

– Seniň bu döwletde eden işleriň örän köpdür. Her kim biziň tabynlyk halkamyzdan boýnuny gyşartsa, saňa onuň jezasyny bermek gerekdir. Biz öz ýanymyzdaky şol Hamyt Kahtabany seniň oruntutaryň hasaplaýarys – diýdi.

Abu Müslim ýer öpdi we:

– Hamydyň bu döwletde hyzmat hukugy subut bolandyr. Bu gün älemde Hamytdan kämilräk bir kişi hem ýok. Şonuň üçin Möminleriň emiri ol barada mähribanlykdyr mähremlikden her näme buýursa, ol, haklysyna ýetişen hak bolar – diýdi.

Mansur iki aý Merwde mekan tutdy. Abu Müslim her gün onuň ýanyna ýüz müň dirhem nagt pul iberýärdi. Azykdyr iýgi-içgi we miweleriň hetdi-hasaby ýokdy. Ol gaýtmagy niýet edende, onuň hyzmatynda Horasandan jemlenen salgydy goşup iberdi. Horasanyň we Türküstanyň taýpalaryndan ýygnap, şeýle bir nepis zatlar iberdi welin, dil bilen onuň waspyny beýan edip bolmaýardy. Şeýle hem, Haryf Merwezi atlandyrylýan bir ynamdaryny Abu Seleme Hallalyň işi sebäpli ugratdy. Özi on menzil ýol Abu Japar bilen ýöräp, ony ugratdy hem-de ony hoşallyk bilen Yraga rowana etdi. Mansur Kufä gelip, Abu Müslimiň ýagdaýyny Saffaha gürrüň bereninde hem-de baýlyklary tabşyranynda, Saffah diýseň hoşal boldy. Abu Japaryň Horasana giden wagtyndan onuň dolanyp gelen wagtyna çenli iki ýyl üç aý geçipdi. Abu Seleme her agşam möminleriň emiriniň hyzmatyna gelýärdi we tä ýarym gijä çenli onuň hyzmatynda bolýardy. Haçanda möminleriň emiri dynç almaga başlanda ol dolanýardy.

Abu Japar Horasandan gelenden soň bir gije Saffahyň ýanynda otyrdy. Abu Seleme giden wagtynda ýolda ony öldürdiler. Ony kimiň öldürendigini we nähili öldürendigini hiç kim bilmedi. Ertesi Saffah şol Merwezä sowgat berdi, engam buýurdy we yzyna dolady. Şeýle-de, Abu Müslime: «Abu Seleme öz sözüne puşman edipdi we onuň kalby bize bolan sapa bilen miweläpdi. Emma kufelilerden bir jemagat oňa göriplik edipdir we ony bir gije biziň hyzmatymyzdan dolanyp barýarka ýolda öldüripdirler» diýip, nama ýazdy.

Bu hekaýatyň peýdasy şundadyr:

Her kim, patyşalaryň dergähinde bolsa, hiç hili ýagdaýdada özüniň kalp meýdançasyny hyýanat laýyna bulamaly däldir. Çünki gürrüňsiz ol hapany gylyjyň «suwy» bilen onuň barlyk meýdançasyndan ýuwup aýyrýandyrlar. Hyzmat hukuklary olary şalaryň syýasat ýörelgesinden halas edip bilýän däldir. Şeý-

le-de akylly kişi şudur: Patyşanyň hyzmatynda golaýlyk mertebesine eýe bolaýsa, özüniň ýakynlygyna we mertebesine ynam edýän däldir. Bir dem hem şanyň gahar-gazabyndan özüni howpsuz duýýan däldir. Mutenebbi[1] şeýle diýýär:

Ýyrtyjy şir dişin görkezse aýan,
Zynhar gülýändir diýp, etmegin güman.

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Abulapbas Saffah Abu Japar Mansury öz mirasdüşeri etdi. Onuň agasy Abdylla Aly Şama gidipdi. Ol Merwan Hymar bilen söweş edip, ol ülkeler oňa tabyn bolansoň, onda Saffahdan soň men mirasdar bolaryn diýen tama bardy. Abulapbas Abu Japar Mansury mirasdüşer edeninden soň, oňa:

– Saňa Horasana gitmek gerek we seniň işiň öwüşgin tapar ýaly Abu Müslimden ähdi-peýman almagyň gerek – diýdi.

Abu Japar Horasana ýüzlendi. Abu Müslim onuň ähtleşmek üçin öz ýanyna gelýändigini eşidende, bu gezek oňa artykmaç hyzmat etmedi we «Bu ähtleşikde meniň bilen maslahat etmelidi» diýip, Abulapbasdan göwni geçdi. Eger-de daşyndan bildirmese-de, susluk alamatlary açyk we aýdyň bildirýärdi. Abu Japar onuň bilen oňşuk edýärdi. Abu Müslim dürli bozuk niýetler edýärdi. Şolardan biri şudur:

Günlerde bir gün ol Abu Japardan:

– Yraga dolananyňda möminleriň emirinden öz doganoglan uýasyny maňa bermelidigini sorarsyň – diýip, towakga edipdi.

[1] Mutenebbi – IX asyrda ýaşap geçen meşhur arap şahyry. Onuň doly ady Ahmet ibn Hüseýin Jagfy küfidir.

Abu Japar mundan örän ynjady. Çünki, Abu Müslimiň beýik asly ýokdy, asylzada däldi, şonda-da Apbasyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) perzendini öz nikasyna girizmek isleýärdi. Ýöne Abu Japar onuň bilen ylalaşdy we ol ýerde üç aý mekan tutdy. Onsoň Abu Müslimden ähdi-peýman alyp, Yraga dolandy. Abu Japar Abu Müslim bilen möminleriň emiriniň arasyna tow salýardy we ony Abu Müslimi öldürmäge öjükdirýärdi. Möminleriň emiri Saffah, elbetde, oňa razylyk bermeýärdi.

Abu Müslim Käbä sapar etmek niýeti bilen Yraga geldi. Onuň hyzmatynda sekiz müň atly gelipdi. Onuň «hajylaryň emirligini maňa tabşyrar we şol kada bilen musulman hajyny berjaý ederin» diýen tamasy bardy.

Abulapbas Saffahyň hyzmatyna gelip ýeteninde, Abulapbas ol hakynda örän köp merhemetlikler etdi, oňa sansyz mähribanlyklar etmegi wajyp bildi. Ony öz huzurynda oturmak hormatyna mynasyp etdi. Abu Müslim möminleriň emiriniň gaşynda oturan pursatynda, Abu Japar Mansur geldi. Abu Müslim onuň üçin ornundan turmady we oňa üns bermedi. Möminleriň emiri:

– Eýsem, Abu Japary tanamaýarmyň, onuň üçin ör turmaýarsyň? – diýdi.

Ol:

– Eý, möminleriň emiri, men seniň huzuryňda senden özgäni tanamaýaryn we seniň ýanyňda senden başga tagzym etmeýärin – diýdi.

Abu Japar bu sözden ynjady we kalbynda kine saklady. Onsoň Saffaha aýtdy:

– Abu Müslimiň kalbynda biwepalyk niýeti bar. Ol Mekgä ýeteninde, Alynyň perzentlerinden birini orta çykarmak we halypalyga ornaşdyrmak isleýär. Bolmasa sekiz müň adamy nirä alyp barýar? Bäş ýüz adam hem ýeterlik ahyry – diýdi.

Saffah:

– Abu Müslimiň biziň huzurymyzda ajaýyp hyzmatlary bardyr. Ilki bilen ol biziň dergähimize gowşansoň, ony öldürmek dürs däl. Adamlar bizi ýazgararlar we halkyň ýürekleri bizden sowaşar. Eger onuň maksady hajylaryň emirligi bolsa, ony sen dile, onsoň emirligi saňa bereýin. Sen özüň bilen gereгiçe leşger äkit. Eger-de onuň kalbynda bir zat bar hem bolsa, seniň barlygyňda ol oňa miýesser etmez – diýdi.

Soň şuny karar etdiler.

Abu Japar Mansur yzyna dolandy. Abu Müslim onuň hyzmatyna gitdi, ötünç sorady hem-de onuň ýanyna sowgatdyr peşgeşler getirdi we:

– Meniň üçin hajylaryň emirligini diläp ber – diýdi.

Abu Japar:

– Geçen ýyl möminleriň emiri bu işi maňa buýrupdy. Meniň Käbe öýüne gitmek niýetim bardy we yslam hajyny berjaý etmek isleýärdim. Sen geldiň, indi seniň hemralygyňda giderin. Dolananyňda saňa tabşyraryn – diýdi.

Bu söz Abu Müslime ýaramady. Dolandy we ýol şaýyny tutdular. Hajylaryň ýygnanyşýan ýerine gelip ýetdiler. Haj işlerini berjaý edenlerinden üç gün soň: «Möminleriň emiri Saffah ahyret älemine göç etdi» diýip habar geldi. Mansur ony eşitdi. Abu Müslim bir günlük öňde düşläpdi. Abu Japar gyssanyp, onuň yzyndan ýetdi we ähtleşigi täzeden etdi. Kufä ýetenlerinde, ol halypalyk tagtynda ornaşdy.

Abulapbas bilen 132-nji[1] ýylyň Dört tirkeşikleriň birinji aýynyň on ikisine Anna güni Kufede ähtleşipdirler. Onuň ady Murtazady, künýesi Abulapbasdy. Onuň ejesi Rytady (Raýtady). Ol Huşşam ibn Abdylmäligiň halypalyk edýän döwründe

[1] 754-nji milady ýyly.

Seratda[1] doglupdy. Onuň halypalyk eden müddeti dört ýyl sekiz aýdy. Ol 136-njy[2] ýylda wepat boldy. Ol wepat bolanda ýigrimi dört ýaşyndady. Başga bir rowaýata görä, ýigrimi sekiz ýaşyndady.

## ABU JAPAR MANSUR

Taryhçylar şeýle diýýärler:

Möminleriň emiri Abu Japar aňly we parasatly kişidi. Akyldyr huşlulykda älemiň danalarynyň hataryndady. Emma bir aýby bardy, ol hem baýlygy gowy görýärdi. Tebigatynda bahyllyk we husytlyk üstündi. Onuň bahyllyk nyşanlarynyň biri şudy:

Halypalyk onda karar tutansoň, onuň buýrugy bilen Kufede «Möminleriň emiri sowgat paýlaýar. Ýedi ýaşar çagadan ýetmiş ýaşar garra çenli şäherde näçe adam bar bolsa baryny ýazyň. Goý, hemmesine sowgat berilsin» diýip jar çekdiler. Ýazylandan we raýatyň sany mälim bolandan soň, her birine bäş dirhem kümüş berdi. Sowgat berlenden soň aýtdy:

– Siziň bu şäheriňiz sähralykda we galadyr diwary ýok. Eger birden duşman çozaýsa, siz talaňdyr çapawullyga duçar bolarsyňyz. Bu jemagat zaýa bolmazlary ýaly şäherlere gala diwarlaryny gursunlar we garym gazsynlar.

Soňra her adamdan kyrk dirhem kümüş almak hakynda buýruk ýazdyrdy. Kufede hem Basrada garym gazmalydygyny buýurdy. Şol sebäpli hem sowgady azajyk we jepasy, salgydy köp bolansoň, halk ony Abu Japar Dowanyky[3] diýip atlandyrdylar.

---

[1] Serat — Arap adalaryndaky dag ulgamy, demirgazykdan günorta — Ýemen ülkesine tarap uzalyp gidýär.

[2] 758-nji milady ýyly.

[3] Altydan bir bölek, altydan bir diýen manyny berýär.

## Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Abu Japar halypalyga geçensoň, Abdylla Alynyň ýanyna: «Yzyňa dolan» diýip, adam ugratdy. Abdylla aýtdy:

– Saffah seni mirasdüşer etdi. Jahany merwanlylardan men päkledim. Dymyşk şäherini men basyp aldym. Şonuň üçin möminleriň emiri mendirin. Maňa äht et – diýdi.

Abu Japar doganoglanynyň jogabyny okap, Kufe şäheriniň gala diwary mäkämleşenden soň, Abu Müslimi Abdylla Alynyň jeňine ugratdy. Abu Müslim Şama ýetensoň, Abu Abdylla bilen onuň arasynda söweş başlandy. On iki günläp, güýçli söweş boldy. On üçünji gün Şamyň leşgeri ýeňildi. Abdylla Aly ele düşdi. Abu Japara habar gelip ýetende, ol öz kätibi Ataba ibn Hamzany şol oljalary ýazyp almak üçin ugratdy hem-de: «Nepis we ajaýyp zatlardan näme zat bar bolsa, meniň üçin al hem-de döwlet gaznasynyň malyny talap et» diýip tabşyrdy. Ataba Abu Müslimiň ýanyna ýeteninde, oňa tabyn bolmady we oljalaryň ýazgysyny bermedi hem-de:

– Her kim janyny humara goýan bolsa, näme tapsa äkitdi. Möminleriň emirine bolsa mülk we welaýat duşmanynyň ýok edilmegi ýeterlikdir – diýdi.

Habarlarda şeýle getirilipdir:

Merwanyň ýanynda Apbas Abdylmuttalyba degişli bir gylyç bar eken. Ol gylyç Saffaha gelip ýetipdir. Ol Abdylla Alyny Şama ugradanda, ol gylyjy oňa beripdi. Abu Japar Mansur kätibi Ataba garap:

– Ol gylyjy tapmagyň gerek. Kimde-de bolsa alyp, meniň ýanyma iberersiň. Ol meniň atam Apbas Abdylmuttalypdan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýadygärlikdir – diýipdi. Ataba ol gylyjy soraglanda oňa:

– Ol gylyç Abu Müslimdedir – diýdiler. Ýöne Abu Müslim ony bermedi.

Abu Müslim Şamdan yzyna dolandy.

Ol Abdylla Alyny ýesirler bilen bilelikde Kufä ugratdy. Özi goşun bilen Horasana ýüzlendi. Abdylla Kufä ýeteninde, Abu Japara tarap:

– Abu Müslimiň menden alan maly şeýle bir köp bolup, ol ömürboýy altyndyr kümüş iýse-de oňa ýeter – diýip habar gönderdi.

Çünki, merwanlylaryň ähli hazynalary Abdyllanyň eline düşüpdi. Şeýle-de ol alty ýyllap, Şamda we Müsürde emir bolupdy we sansyz mal-baýlyk jemläpdi. Eger-de Abu Japar Mansur halypalyk işiniň özünde berkleşendigi sebäpli bu ýeňişden şadyman bolsa-da, Abu Müslimiň rugsatsyz Horasana gidenligi üçin gussa batdy. Onsoň derrew Ataba ibn Hamzany onuň yzyndan Horasana ugratdy hem-de:

– Seniň bilen hiç hili tersleşigim ýok. Bu döwletde seniň hyzmatyň ähli çäklerden geçdi. Welaýaty eýelediňmi, oňa seretmegiň gerek. Bu gün jahanda öz doganoglanymyň ornunda oturdar ýaly senden başga mynasyp kim bar. Eger Horasanda höwesiň bar bolsa, Horasanda oruntutaryňy belle, Horasan sende karar edilendir. Meniň ýanyma gel, täzeden ähdi-peýman et. Eger isleseň, Şam we Müsür häkimligi saňa tabşyrylar. Eger Horasany isleseň biziň rugsadymyz bilen şol tarapa git. Eger seniň köňlüňde şek-şübhe bar bolsa, bir ynamdaryňy biziň huzurymyza iber. Eger haýyş etseňiz, seniň ynamdaryň ýanynda hiç bir jähtden saňa kastymyz ýok diýip äht ederis, kasam ederis – diýip, ähtnama ýazdy we ant içdi.

Ataba ýola düşüp, Abu Müslimi Hemedanda tapdy we möminleriň emiriniň habaryny oňa berdi. Abu Müslim hut şol ýerde mekan tutdy hem-de öz özüniň ynamdarlaryndan we wepaly kişilerinden on kişini möminleriň emiri Abu Japara «Oňa kast

etmerin we ony öldürmerin» diýip, kasam içdirmek üçin halypalar öýüne ugratdy. Abu Japar gaýtmyşym edip ant içdi. Ahyrynda Abu Müslim onuň hyzmatyna geleninde ony öldürdi. Onuň beýany hem şu kitapda öz ýerinde beýan ediler. Köp wagt geçmänkä, Abu Japar Mansur dünýä älemi bilen hoşlaşyp, ahyret öýüne tarap goş-golamyny düwdi. Halypalyk tagtyny bolsa Mätä tabşyrdy.

## Hekaýat

Abu Muhammet Mäti bilen 159-njy[1] ýylda äht etdiler. Abu Japaryň ejesi Berberiýe atly bir kenizekdi. Ol hem Seratda Welit Abdylmäligiň halypalyk edýän döwründe doglupdy. Ol Abulapbasdan on sekiz ýaş uludy. Ol batyr, gaýduwsyz we ganhor kişidi. Şeýle diýýärler: Ol wepat bolan ýyly ölmänkä, haj yhramyny geýdi. Çölde Biýri Meýmun atlandyrylýan bir guýynyň başynda oňa güýçli içagyry sataşdy. Aýdyşlaryna görä, şol agşam asmandan bir ýyldyz aşak gaçdy. Onuň yzy tä daňa çenli saklanyp galdy. Daňdan ol wepat boldy.

## ABU MUHAMMET MÄTI

Abu Japar Mansur halypalyk tagtyny taşlansoň, Abu Muhammet Mätiniň ykbal baýdagy parlady. Ol ýedi ülkäniň her etrabyna öz bellän kişilerini ugratdy. Ülkeleriň etraplaryny öz eline aldy. Ýurt işleri mäkämleşenden soň, Allanyň öýüne haj etmegi we resulyň guburyna zyýarat etmegi berk niýet etdi. Ol ýolda oňa şeýle bir köp mal harç boldy welin, taryhda hiç kim onuň ýaly harç edilen beýan etmändir. Her gün ähli haja baranlara tagam berdi. Pyýadalardan birnäçe müň adama azyk-

[1] 756-njy milady ýyly.

dyr ulag berdi. Bäş ýüz düýe buzdur garyň astynda ýegşerilýärdi. Buzdur garyň baryny meşiklerde ýerleşdiripdi we olary teşnelere berýärdi. Hiç bir taryhda Mätiniň halypalyk eden döwründen başga wagt hiç kim Mekgede we Medinede gardyr buz görmändi.

Möminleriň emiri Omaryň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) döwründen bäri her ýyl gaznadan Käbä eşik äkidýärdiler we Käbe öýüne ýapýardylar. Beni Merwan we Beni Apbas halypalaryndan bolan her bir halypa her ýyl haj edende, Käbä gymmat bahaly lybas geýdirerdi. Jemagat Mätä:

– Öýüň diwarlary eşikleriň köplüginden ýaňa agyrlaşyp gidipdir. Onuň ýykylar howpy bar – diýip, arz etdiler. Mätiniň buýrugy bilen ol eşikleri ol öýden düşürdiler hem-de pakyrlara we misginlere berdiler. On sany gymmatbaha zerbap lybasy Käbe öýüne ýapdylar. Onuň buýrugy bilen Käbe öýüniň diwaryna we üçegine müşkdir zagpyran çaldylar. Medinä gideninde ähli adamlara, aýallara we çagalara ýagşylyklar etdi. Bagdada ýeteninde ol bu saparynda otuz müň gezek müň dirhem we iki ýüz müň altyn Japary dinaryny harç edipdi. Halypalardan hiç haýsynda onuňky ýaly sahylyk we jomartlyk ýokdy.

## Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Mukanna Mätiniň döwründe orta çykypdyr. Onuň bir gözi kör eken, emma ol mekir we hilegärdi. Jadygöýlükden we tilsimlerden peýdalanypdyr. Ol tanasuh mezhebinde bolupdyr. Aýdyşlaryna görä, onuň ady Hekimdi. Oňa hemişe öz ýüzüne nikap çekýändigi, özüniň nämübärek we gelşiksiz ýüzüni görkezmeýändigi hem-de «Älem ýolbaşçysynyň[1] jany bedeninden çykan-

[1] Bu ýerde Muhammet pygamber göz öňünde tutulýar.

soň, ol howadady. Men jahana inenimde meniň bedenime girdi. Men Muhammet pygamberdirin» diýip, dawa edýändigi üçin Mukanna diýýärdiler.

Möminleriň emiri Mäti Horasanyň emiri Mugaz Müslime leşger çekip, ony tutmagy buýruk berdi. Mukanna Horasandan gaçyp, Keşe gitdi we ol ýerde «Aý tilsimini»[1] oýlap tapdy.

Hekim Suzeni öz şygrynda şeýle beýan edýär:

Bir akmak kişiden topalaňça peýda ýetdi,
Şeýdip, Keş guýusyndan aý-güni «halas etdi».

Ol hudaýlyk dawasyny edýär, emma halky –
Aç-suwsuzlykdan alyp çykyp bilmeýär hälki.

Birentek halk onuň bu tilsimine aldandy. Ahyrynda Mugaz Müslim söweşler edip, onuň pitneçilik özenini agdaryp taşlady we diri galanlaryny ülkeleriň etraplaryna dargatdy. Bu gün Mawerannahr ülkesinde onuň yzyna eýerýänlerden bir topary bar. Olar daýhançylyk we ekerançylyk bilen meşgullanýarlar. Olara «ak geýimliler» diýýärler. Olar öz mezhepdir ynanjyny gizleýärler. Hiç kime olaryň hakykat ýörelgesiniň neneňsidigi barada maglumat gelip ýetmändir.

## Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Möminleriň emiri Mätiniň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) işi göni ýola düşensoň, öz perzendi Musa Hädini, ondan soň bolsa, beýleki perzendi Harun Reşidi mirasdüşer edip-

[1] «Aý tilsimi» — Mukanna guýudan aý çykan ýaly edip, jadygöýlük görkezipdir. Bu ýerde şol göz öňüne tutulýar.

di. Şu esasa laýyklykda, bir jemagaty güwä tutundy. Soňra Muhammet Mäti hassalady. Ony Masbezana[1] getirdiler. Onuň howasy has hoştapdy. Ol Red diýilýän bir obada wepat boldy we hut şol ýerde-de depin edildi. Ol 169-njy[2] ýylda dünýäden ötdi. Ol kyrk sekiz ýyl ömür sürdi, on ýyl bir aý halypalyk etdi. Aýdyşlaryna görä, kenizler onuň wepat bolandygy üçin kilimden edilen gaty eşik geýipdirler we ömürleriniň ahyryna çenli eginlerinden çykarmandyrlar. Olar şeýle diýipdirler:

***Beýt***

Ahyry seni haýsy toprak bilen örtdüler?
Ähli ýeriň topragyn saňa gurban etdiler.

## MUSA HÄDI

Möminleriň emiri Mäti (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Hakyň rehmetine gowşan wagtynda Hädi Gürgendedi we Tabarystanyň ilaty bilen söweş edýärdi. Harun Reşit Bagdadyň ilaty bilen doganynyň halypalygyna ähdi-peýman baglaşdy we gyssanmaçlyk bilen çapar ugradyp, Musa habar berdi. Musa Bagdada geldi we halypalyk tagtynda ornaşdy hem-de işlere düzgün-tertip berdi.

Onuň döwründe birnäçe ýerde Abu Talybyň neberesinden bolan seýitler gozgalaň etdiler. Ilki Hüseýin ibn Aly ibn Hüseýin ibn Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Medinede orta çykdy. Seýitlerden birtopary oňa eýerdiler. Hädiniň emeldaryny Medineden çykardylar we gaznany taladylar. Ondan soň ýaňky Hüseýin Mekgä ýöriş etdi. Hädi Isa ibn Musany atly

[1] Masbezan (Maspedan, Maspetan) – Huzustana degişli bir ýer.
[2] 786-njy milady ýyly.

goşun bilen olaryň garşysyna ugratdy. Ol olara Mekgäniň bir parsahlyk uzaklygynda sataşdy. Gazaply söweş etdiler. Ahyrynda Seýit Hüseýin ýeňildi we onuň leşgeri dargady. Ony ýesir aldylar. Isa ibn Musa ony öldürdi. Onuň kellesini halypanyň gaşyna ugratdy. Onuň bilen bile bolan seýitleriň ählisi perişan boldular. Soňra Idris ibn Abdylla Hüseýin ibn Hasan ibn Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Andalusa düşdi we ol welaýata eýe boldy. Bu gün ol ýerde onuň perzentleri bardyr.

Şeýle-de, hiç kim möminleriň emiri Alynyň neberelerini möminleriň emiri Hädi ýaly gyrmandy.

## Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Muhammet Mäti (goý, oňa Allatagalanyň rehmeti bolsun!) Hädini ondan soň bolsa Harun Reşidi mirasdüşer edipdi. Şu jümle esasda ol döwrüň ilaty bilen ähtleşipdi. Musa Hädi halypalyk tagtyna çykandan soň, doganyny halypalyk mirasdüşerlikden aýyrmak we öz ogly üçin halk bilen ähtleşmek isleýärdi. Bir gün Ýahýa Halydy ýanyna çagyrdy.

Hasan Sähl Abu Ganym Hersemeden bu barada şeýle rowaýat edýär:

Men hemişe möminleriň emiri Hädiniň hyzmatyndadym. Mydama ondan gorkýardym. Sebäbi ol ganhor we tiz gaharlanýan kişidi. Günlerde bir gün ol günortan çagy meni ýanyna çagyrdy. Onuň hyzmatyna gowşup, hyzmat jaýynda we gulluk ornunda dik durdum. Ol aýtdy:

– Näçe wagtdan bäri biziň göwnümiz Ýahýa Halytdan ynjandyr. Sebäbi ol Harun Reşidi özüni halypalykdan boşatmaga goýmaýar. Men ony dep etmekde pikirimi jemledim. Hut şu wagtyň özünde gidersiň we Ýahýany öz ýanyňa çagyryp, onuň

başyny teninden aýrarsyň. Menem şu gün agşam Haruny öldürjek. Bu möhüm işi hut özüm ýerine ýetirjek.

Men tagzym etdim we aýtdym:

Möminleriň emiriniň pikiri her näme buýursa-da beýikdir. Emma eger Harun Reşit babatda pikirini we niýetini ýerine ýetirmese, hakykata has ýakyn bolar. Çünki, ol möminleriň emiriniň ene bir, ata bir doganydyr hem-de sizden soň mirasdüşerdir. Eger bu niýet bilen hereket edilse, halkyň ýürekleri möminleriň emirine tabyn bolmakdan sowaşar.

Men bu nesihatymy beýan edenimde, onuň gahar alawy tutaşyp ugrady. Ol:

– Seniň özgeleriň işine goşulmaga, akyllysyramaga ne hakyň bar? Permany men berýän, eger tabyn bolsaň özüňe gowy, bolmasa, başyňy aýagyňyň tagtasy ederin – diýdi.

Onsoň Hezreti Biribara ýüzlendim hem-de naladyr ýalbaryş bilen Taňrynyň dergähinden ol belany dep etmegini diledim. Bu hadysa ýerine ýetirilmezinden bir sagat öň, halypa suw isledi. Suw içende bir katra suw onuň bokurdagynda galdy. Ol düwnügip üsgürdi we şol bada onuň demi kesildi. Beýik Allatagala ähli musulmanlary onuň zulumyndan halas etdi.

Herseme:

– Geldim we ony gördüm. Ol eýýäm dirilik lybasyndan mahrum we tekepbirlikdir zalymlykdan azat bolan eken. Onuň ýüzüni ýapdym. Şol agşam Ýahýa Halydyň ýanyna gitdim we oňa ýagdaýlary mälim etdim. Soňra Harunyň hyzmatyna gitdik, onuň bilen ähtleşdik. Bagdadyň ilatynyň ählisini onuň ähdi-peýmanyna girizdik. Ýaradan meni onuň jebrinden halas etdi. Şol derejede gören jebir-sütemlerim bolsa, döwletimiň artmagyna sebäp we meniň hezreti halypa Harunyň huzuryna has ýakynlaşmagyma esas boldy – diýdi.

Akyldarlara mälim bolsun: Gaýyp perdesiniň astynda mährem syrlar gizlenip ýatandyr. Ähli ýagdaýda Hudaýtagala-

nyň gaýyp perdesiniň astynda ylym harmanlary we hikmet gençleri bardyr.

Aýtmaklaryna görä, Hädi Isaabatda 170-nji[1] ýylda wepat bolupdyr. Bir rowaýata görä, ýigrimi üç ýaşynda, beýleki rowaýata görä, ýigrimi bäş ýaşynda aradan çykypdyr. Ol bir ýyl, bir aý höküm sürüpdir.

## HARUN REŞIT

Musa Hädi wepat bolan güni Harun Reşit bilen äht etdiler. Aýdyşlaryna görä, älem geň-taňlyklaryndan we jahan hadysalaryndan şeýle zat bolup geçipdir, hut şol gün Harun Reşide «Seniň ogluň boldy» diýip, habar beripdirler. Ol örän begenip, ony ýagşa ýorup, oňa Mamun (bagtyýar) diýip at goýupdyr. Bu geň-taň hadysa bolupdyr. Bir günüň içinde Halypa ölüpdir, halypa dogupdyr we halypa bilen ähtleşipdirler.

### Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Harun Reşit halkdan ähdi-peýman alansoň we älemdäkileriň boýunlary özüniň tabynlyk halkasy bilen bezelensoň, şolbada atlandy we Dejläniň kenaryna geldi. Onsoň guwwaslary çagyryp:

– Meniň doganym Hädiniň döwründe bir ýüzügim bardy. Onuň gaşy gyzyl ýakutdan bolup, ol ýüzügiň gymmaty baha kesýänleriň baha berip bilerinden we gymmatyndan has artykdy. Doganym Hädi adam iberip, ony menden diledi we ony almaga tagalla etdi. Men: «Mülki we halypalygy saňa dözüp

[1] 787-nji milady ýyly.

bilýärin. Sen bir ýüzügi maňa dözüp bilmeýärsiňmi?» diýdim. Soňra oňa gahar edip ol ýüzügi Dejlä okladym – diýdi.

Soňra:

– Şu ýerden çümüň we ol ýüzügi agtaryň. Belki, ele düşer – diýip hököm etdi.

Guwwaslar Dejlä çümdüler ony gözlemek bilen yhlasdyr tagalla baryny etdiler. Bir sagatdan soň, ol ýüzügi tapyp çykardylar. Harun ony ýagşylyga ýorup, özüniň döwletiniň peýdalary gaýtaryp almakda we gazanmakda «ak el»[1] boljakdygyna ynandy. Çünki, ýüzügini Dejlä oklanyna bäş aýdan-da zyýada bolupdy we köňlüni ony tapmak pikirinden üzüpdi. Ykbaldyr döwletiniň ýardamy bilen mülk ýüzügi şonça wagtlap gaýyp bolandan soň ýene-de eline geldi. Onsoň uly arzuwlardyr aýgytly göwün bilen mülki eline almaga we halypalykda ýagşy işleri ugrukdyrmaga başlady. Wezirligi Ýahýa Halyt Barmaka berdi. Ol sahawatlylykda, jomartlykda, sahylykda, suhanwerlikde, parasatlylykda we aňly-huşlulykda aýratyn bir alamatdy. Horasan welaýatyny Japar ibn Muhammet ibn Aşgas ibn Kaýsa berdi. Alawylara we seýitlere özüniň asudalyk saýasyndan ýer berdi. Oljadan düşen baýlygyň bäşden birini we gaznanyň Beni Haşyma degişli bölegini çykaryp, ony olaryň arasynda paýlady. Her bir kişä müň dirhem, her bir aýala bäş ýüz dirhem muhajyrlaryň we ensarlaryň perzentlerine-de baýlyklar berip, olary engamdyr serpaýlara eýe etdi.

---

[1] Bu Musa pygamberiň görkezen mugjyzalary bilen baglanyşykly düşünje bolup, geň-taň, ajaýyp, gudrat, keramat ýaly düşünjeleri berýär. Musa pygamber elini goltugyna salyp çykaranda eli ap-ak bolup, kümüş deýin öwşün atypdyr.

## Hekaýat

Rowaýatçylar şeýle diýipdirler:

Möminleriň emiri Hädi öz ogly Japar üçin käbir tanymal kişilerden ähdi-peýman alypdy. Olaryň biri Abdylla ibn Mälik Huzagydy. Ol Hädiniň şertine razy bolup, onuň öňünde aýak ýalaňaç pyýada haja gitmäge ant içipdi. Halypalyk nobaty möminleriň emiri Harun Reşide ýeteninde, Japar özüni halypalykdan boşatmaga buýruk berdi. Ol:

– Men özümi halypalykdan boşatdym. Her kim meniň bilen ähtleşen bolsa, ony terk etdim we ondan daşlaşdym. Doganoglanymyň halypalygy dogrudyr. Atam onuň barlygynda meniň üçin ähdi-peýman alyp, oňa zulum edipdi – diýdi.

Ol özüni boşadandan soň, Abdylla ibn Mälik öz antyny dogry tutmak üçin yslam hajyny berjaý etmäge ugrady. Perraşlar[1] onuň öňünden barýardylar we keçeler düşeýärdiler. Ol bolsa aýak ýalaňaç şol keçeleriň üstünden barýardy. Keçeleriň üstünden geçenden soň, perraşlaryň bir topary ol keçeleri alyp, öňe äkidýärdiler we ýene-de ýazýardylar. Şu görnüşde ol tutuş sährany kesip geçdi we aýak ýalaňaç, paýy-pyýada yslam hajyny berjaý etdi. Haruna onuň bu hereketi ýarady, oňa köp öwgüler aýtdy. Şeýlelikde, onuň bu hereketi onuň söýülmegine we derejesiniň göterilmegine sebäp boldy.

Muhammet Emin onuň halypa bolanyndan alty aýdan soň, dünýä indi. Möminleriň emiri Mamun dört tirkeşikleriň birinji aýynda Anna agşamy dünýä inipdi. Muhammet Emin hem hut şol ýylda, 170-nji[2] ýylda meret aýynda dünýä indi. Muhammet ýaş boýunça kiçi hem bolsa, Reşit ony Mamundan has köp ýokarda goýýardy. Sebäbi Muhammet Emin Japar Mansuryň

[1] Perraş – düşek ýazyjy, patyşanyň öňünden ýöräp, onuň düşlejek ýerinde halydyr başga düşelgeleri düşeýän adamlar; nöker; hyzmatkär.

[2] 787-nji milady ýyly.

gyzy Zübeýdadan bolupdy. Ol Harunyň doganoglanynyň gyzydy. Mamun bir kenizekden bolupdy. Emma mülk we patyşalyk işi Allatagalanyň pazly-keremine degişlidir. Mamunyň ejesi kenizem bolsa, Mamun mylaýymlyk we haýalylyk älemi hem-de wepalylyk we sabyr-kanagatlylyk käni bolup döredi.

Älemdäkilere mälim bolsun:

Eger ýar bolsa Ýaradan her kişä,
Göwün maksadyna ýeter her işde.

175-nji[1] ýylda möminleriň emiri Harun Zübeýdanyň «gaýmagy» bolan Muhammet Emini özüne mirasdüşer etdi. Ol şol wagt bäş ýaşyndady. Onuň kiçiligi sebäpli birtopary oňa ähdi-peýman bermegi halamadyk hem bolsalar, möminleriň emiriniň belent mertebeliligi jähtinden hiç kim boýun towlap bilmedi we onuň bilen ähtleşdiler. Müslim ibn Omar El-Harys bu babatda bir öwgi şygryny goşdy.

### *Şygyr*

Beýik Taňry halypa towpyk-ýardamyn berdi,
Halypalyk öýüni ol gül-gunçadan gurdy.

Halypalyk bu çaga ata-kakadan ýetdi,
Hemmesi güwä boldy, ählisi arka durdy.

Zübeýdanyň bu ogly Muhammet Emin bilen,
Yns-u jyn sallançakda äht bilen peýman berdi.

[1] 792-nji milady ýyly.

Muhammet ibn Zübeýda bint Japar we mülküň birnäçe beýleki geňeşçileri:

– Horasanyň ilaty Muhammediň kiçiligi we ony Pazl Ýahýa ibn Halydyň terbiýeländigi sebäpli Muhammet Emin bilen ähtleşmeýärler – diýdiler. Onsoň Reşit Pazla Horasanyň emirligini berip, Apbas ibn Japary işden boşatdy. Pazl Horasana gelip, Horasanyň ilaty bilen Muhammediň halypalygyna äht baglaşdy. Ol iş tamam bolup, halk ähtleşige gelensoň, Horasanyň emirligini öz daýysy Gatryf ibn Ata tabşyrdy. Harun Pazly çagyryp, oňa Tabarystanyň emirligini berdi. Ol bu ülkeleri tä Nyşapuryň derwezesine çenli onuň golastyna girizdi. 176-njy[1] ýylda Deýlemde Ýahýa ibn Abdylla ibn Hüseýin baş göterdi. Ol ýer Pazl Ýahýanyň welaýatydy. Harun Pazly Bagdatdan ol ýere ugratdy. Ol elli müň söweşjeň we jan alyp, jan berýän esger bilen ol ýere baryp, ol ýerleri agdar-düňder etdi. Ýahýa olara garşy durmaga takatynyň ýokdugyny bilensoň, aman dilemek etegineden ýapyşdy hem-de Pazldan özi üçin möminleriň emininden amannama almagyny haýyş etdi. Möminleriň emiri oňa öz eli bilen amannama ýazdy. Ýahýa geldi, ony birnäçe gün goýdular, ahyrynda bolsa ony zäherläp heläk etdiler.

## Hekaýat

176-njy ýylda möminleriň emiri Harun (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) yslam hajyny berjaý etdi. Ol bu saparynda Emini we Mamuny özi bilen haja äkidipdi. Ähli etmeli ybadatlardan boşaşandan soň, kerwendäkileri jemledi. Onsoň üç sahypa hat ýazmaklaryna buýruk berdi. Biri Eminiň adyndan Mamuna, beýlekisi Mamunyň adyndan Emine, ýene biri bolsa Kasymyň adyndan olara ýazylmalydy.

---

[1] 793-nji milady ýyly.

Ol hatlaryň mazmuny şeýledi:

Biri-biri bilen dilde we ýürekde rast bolmaklaryny, mülk we döwlet üçin biri-birine kast etmezliklerini, doganlar bolan özleri hakyndaky göripleriň sözlerine gulak asmazlyklaryny, möminleriň emiri Harunyň mülki bölüşine razy bolmaklaryny, äht etdiler we Hudaýy güwä tutundylar. Ol bölünişik şeýledi:

Halwanyň dag kötellerinden tä gündogar serhede çenli ýerleri Mamuna berdi. Bagdatdan tä günbatar serhede çenli, şeýle-de tutuş Şamy, Rumy, Töwrizi we Yragy Muhammet Emine berdi. «Mamun Eminden soň mirasdüşer bolar» diýdi. Bu hatlara Yragyň, Horasanyň, günbataryň we gündogaryň tanymal kişilerini güwä tutundylar. Olaryň hatlaryny aldy. Emin bilen Mamun geldi. Olar Käbe öýüniň ýokarsynda durdular we halkyň öňünde ykrar etdiler. Möminleriň emiri iki haty hem Käbe öýünden sallap goýmaklaryna höküm berdi. Bir kişi bu hatlary asan wagtynda ol kagyzlar onuň elinden gaçdy. Adamlar ony ýamana ýordular we:

– Olaryň işi tamamlanmaz – diýdiler.

Edil ýoruşlary ýaly hem ahyrynda Muhammet Emin Mamuna biwepalyk etdi we ähdi bozmagy wajyp bildi. Şeýlelikde, iş soňra beýan ediljek derejä baryp ýetdi.

## Hekaýat

183-nji[1] ýyl gelip ýetende, möminleriň emiri Harun oglanlarlarynyň ähtleşigini täzeden geçirdi. Şol welaýatlary Mamuna berdi we Muhammede:

– Sen Bagdatda otur – diýdi.

Mamuna:

– Sen mülk öýüňi Merwe geçir – diýdi.

[1] 800-nji milady ýyly.

Şeýdip, älemi olaryň arasynda böldi we:

– Bulary siziň araňyzda gapma-garşylygyň, agzalalygyň bolmazlygy üçin etdim – diýdi.

Kasym ibn Harun iň kiçi ogludy. Ony terbiýelemek üçin Abdylmälik Salyh Garşa beripdi. Abdylmälik Bagdadyň hutbaçysydy. Emin bilen Mamuna welaýat berlensoň, Abdylmälik halypanyň huzuryna nama ýazyp iberdi. Onuň mazmuny şudur:

Bagtyýarlyk ýyldyzy parlajak şa alnyndan,
Kasyma sen äht eýle, paýyn guý şa meýinden.

Hatda halypanyň Kasymyň hem mülkden paýly bolmagyny buýurmagy, ony binesip etmezlik towakga edilýärdi. Onsoň Harun Mosul adasyny we oňa birleşip duran sebitleriň hemmesini Kasyma berdi hem-de oňa Mütemen diýip lakam berdi. Soňra älem etraplaryna «Emin we Mamundan soň halaýyklar Mütemene äht baglasynlar» diýip permanlar ugratdy. Ol bu işi diňe Abdylmäligi begendirmek üçin etdi.

## Hekaýat

Päk we Belent Taňrynyň möminleriň emiri Harun Reşit hakynda eden mähribanlyklarynyň biri-de şudur:

Oňa Ýahýa Halyt Barmak ýaly bir wezir beripdi. Ol we onuň perzentleri sahawatlylykda, mähremlikde, mylaýymlykda, ýagşy hüý-häsiýetlilikde bir alamatdylar. Ýahýa Halyt Barmagyň Pazl, Japar, Muhammet we Musa atly dört ogly bardy. Pazl we Japar ikisi wezir boldular. Atasynyň ornuna geçip, wezirlik derejesine lowurdawuk öwüşgin berdiler. Muhammet we Musa emirdiler, welaýatlary bardy. Hiç bir taryhda döwlet eýesi bolan weziriň hiç biriniň hem Barmak neberesiniňki ýaly derejesi bolan däldir. Şeýle derejesine, mertebesine, belentligi-

ne garamazdan, olaryň döwletiniň ömri uzak dowam etmedi. Harunyň olardan göwni galdy. Şol ähli beýikligi şol ynjama ýok etdi. Olaryň işiniň bozulyp ugramagynyň başy şu boldy:

Günlerde bir gün tersa dininde bolan Buhtyşug tebip möminleriň emiri Harunyň hyzmatynda otyrdy. Möminleriň emiri ondan bir kesel barada soraýardy. Şol wagt Ýahýa geldi. Ol özüniň örän uly mertebesiniň we hormatynyň bardygy üçin hemişe Harunyň ýörite öýüne geleninde rugsat soramaýardy. Bu gün hem gelip, öz ýerinde oturanda Harun Buhtyşugdan:

– Heý, bir kişi siziň öýleriňize sizden rugsatsyz girýärmi? – diýip sorady.

Ol:

– Ýok – diýip, jogap berdi.

Raşyt:

– Biziň öýümiz hem siziň öýüňizden kem bolmasa gerek – diýdi.

Ýahýa bu sözden özüniň göz öňünde tutulýandygyny bildi. Onsoň aýak üstüne galdy we:

– Möminleriň emiriniň mülküniň jemaly bakylyk zynaty bilen bezelsin. Bu bende bu manyny, ýagny kişiniň öýüne we köşgüne rugsatsyz girmeli däldigini ýagşy bilýär. Emma bu möminleriň emiriniň bu bendä beren bir mertebesidi. Ol bu bendäni şu bagt bilen hormatlap, näçe gezekler mübärek dilinden sypdyrypdy. Bu bende bu batyrgaýlygy şol sebäpli etdi. Eger bu bende ýekeje gezek kinaýa ýa-da öjükdirijilik bilen şuňa meňzeş sözi eşiden bolanlygynda, hergiz şunuň ýaly batyrgaýlyga baş urmazdy. Indi bolsa toba etdim. Mundan soň biýedeplik etmerin – diýdi.

Harun başyny aşak saldy we haýadan ýaňa hiç zat diýmedi. Ondan soň Ýahýa hergiz rugsatsyz Harunyň huzuryna gelmedi. Näçe gezekler wezirlikden boşamak isledi. Emma Harun onuň günäsini geçdi. Ahyry olaryň bagty gaýtdy, olaryň döwle-

tiniň gündizi zulmata öwrüldi, olaryň bagtyýarlyk howasy ümüre gaplandy, ol nygmat muşakgata öwrüldi, mertebe gidip, mähnet geldi.

## Hekaýat

Reşidiň Barmak neberesine bolan päliniň-niýetiniň üýtgemeginiň sebäbi şudy:

Harun Reşit Japar Ýahýany örän gowy görýärdi. Onsuz bir pursat hem sabyr-takat edip bilmeýärdi we onuň özüniň hyzmatyndan bir sagat daş bolmagyny islemeýärdi. Harun Reşidiň Apbasa atly bir uýasy bardy. Ol ony örän gowy görýärdi. Ol hiç bir ýagdaýda möminleriň emiriniň hyzmatyndan daş bolmaýardy. Eger möminleriň emiri haremhanada şatlyk mejlisinde otursa, uýasy gürrüňsiz onuň hyzmatynda bolardy. Reşit Japary şol mejlisine-de çagyrardy. Ol bolsa, Apbasa sebäpli gelmekden gaça durýardy. Bir gezek Harun Japara:

– Seniň meniň mejlisimden gaça durmagyň we tutuksylanmagyň meniň uýamyň hormaty sebäplidigini bilýärin. Men ony seniň nikaňa girizeýin. Ýöne şeýle şert bilen, siziň araňyzda sözden özge şatlyk we bakyş bolmasyn, elbetde, size biri-biriňiz bilen ýakynlaşyk bolmaz. Men muny seniň onuň mähremi, ýakyny bolmagyň we çekinmezden biziň haremhanamyza gelip bilmegiň üçin edýärin – diýdi.

Soňra hem şu şerte laýyklykda, olaryň arasynda nika gyýyldy. Japar hemişe çekinmezden gelerdi we möminleriň emiriniň üns mejlislerinde oturardy, Apbasa bilen gürleşerdi.

## *Şygyr*

Emma köňül bir zatdan ynjaýardy,
Barmak ýüzüge ýakyn durmaýardy.

Olar hernäçe biri-biriniň gulaklaryna agyz gantdanyndan söz şekerini seçseler-de, şatlyk şerbetini göwün açyşlyk bulguryna guýup bilmeýärdiler. Japar görmegeý, juwan we syratly kişidi. Onuň yşkynyň ataşy Apbasany otdur gussa oklady. Onuň yşkynyň çemeninden ýaňa harap bolansoň, oňa hezreti halypanyň haýbaty päsgel berip bilmedi we Japara şeýle habar gönderdi:

***Beýt***

Etdim ýüregim ot, ýüzüm suw deýin
Seniň şetdalyň-u armydyň üçin.

Gel, bir sagat wysal daragtyndan ruh we rahatlyk miwesini ýygalyň. [Bolmasa] edil ikä bölünen alma ýaly biri-birimiziň yşkymyzyň derdinden ýüregimiz iki bölek[1]. Mundan artyk edil şetdaly ýaly daş ýüreklilik etme, meni edil üzüm deýin intizar aýagynyň astynda depeleme. Seniň yşkyň möjekleriniň hüjüminden meniň lebimiň daragty gurady. Intizar gamynyň silinden göz mähraby öl boldy».

Bu habar Japara ýeteninde, ol hem jogap gönderdi:

Jan-a meň dilim bilen gürleýäňmi?
Ýa hut meň dilimde söz sözleýäňmi?

Bendede ol ýeňi eline almagy ýa-da ol işigi aýagyna ogşatmagy arzuw eder ýaly neneňsi het bolup bilsin. Ol wysalyň lybasyny heniz men bende ýalylaryň hyýalynyň kärgähinde

[1] Almanyň köplenç bir gapdaly gyzyl bolýar. Bu ýerde «iki bölek» diýlip, şol ýaňzydylýar.

tiken däldirler. Günüň höwesinde bimukdar zerreler janyny elden berdi. Emma onuň kämil jemalyndan muny tapan däldirler.

### *Şygyr*

Kim islemez seniň janyň bolmagy,
Gizlin – äşgärde magşugyň bolmagy.

Ýüregmi iki bölmek isledim men,
Ýöne gorkdum içindesiň öýdüp sen.

Şerigat böwedi we din berkitmesi biziň aramyzdan aýryldy we nika eli päsgelçilik perdesini öňümizden syrdy.

Suw görýän-u teşne men, ýöne meniň döwletim ýok,
Şol suw bilen ýürek odum men öçürip bilemok.

Eger-de ol aýak ogşamaklygyň pidasy meniň başym bolsa, ol elden gelýän zat. Men başymyň gaşyndan gopdum, ýagny başymdan geçdim».

Onsoň halypalyk köşgünde pursat agtardylar, hylwat gözlediler we biri-birinden ganyp isleg-myradyna ýetdiler:

Ol mertleriň göwheri ýakut bilendi,
Laglyň hokgasyndan möhür göterdi.

Galamyň ujy gylyç deý gan dökdi,
Şatlyk okun nyşanadan ötürdi.

Adylsyzlykdan-sütemden ýigrimini otuz etdi,
Altmyşda-da ol hiç kimiň günäsini geçmedi.

Sadaby ýardy-ýu hakyk baglady,
Soň ataşy suw üstüne iterdi.

Çemenden ol lagyl gülüni aldy,
Soň bagbany çemenden gül getirdi.

Iş görme-görüşlikden oýnaşyga baryp ýetensoň, gizlinlikde biri-birinden haýyrlanyp başladylar. Ahyry hem Apbasanyň Japardan iki ogly boldy. Ol bu ogullary terbiýelemekleri üçin Mekgä iberdi we bu ýagdaýy möminleriň emirinden gizlin saklady. Ahyrynda olaryň döwlet nobaty tamamlanmak islänsoň, Apbasa bilen Harunyň kenizlerinden biriniň arasynda bu barada gürrüň boldy. Ol kenizek hem bu ýagdaýy möminleriň emiriniň ýanynda arz etdi we Apbasanyň ogullary barada gürrüň berdi. Onsoň möminleriň emirinde Barmak neberesine ýigrenç döräp, olaryň ahwaly taryhda belli bolan derejesine baryp ýetdi.

## Hekaýat

Pazl Ýahýa baş göteren Ýahýa Abdyllanyň jeňine Tabarystana giden wagtynda, söweşde ýeňlen Ýahýa Abdylla Pazldan özüne möminleriň emirinden aman diläp bermegi haýyş etdi. Harun Reşit oňa öz eli bilen amannama ýazdy. Ýahýa geldi. Reşit ony Japara tabşyrdy we:

– Muňa seret we ony yhlas bilen gorap sakla – diýdi.

«Halkul ynsan» («Ynsanyň ýaradylşy») atly kitapda şeýle getirilipdir:

Bir gün agşam Harun Japara:

– Bar, Ýahýa Abdyllanyň işini bitir. Duşman öldürilse gowy. Mülküň ýagysy eger diri bolsa, gürrüňsiz ondan pitneler ýüze çykyp biler – diýdi.

Onsoň Japar geldi we Ýahýa Abdyllany ýagdaýdan habardar etdi. Ýahýa:

– Sen özüň bilýärsiň, men pygamberiň neslindendirin we amanlyk ähdi bilen geldim. Eger meni günäsiz öldürseň taňla kyýamat güni meniň atamyň öňünde näme jogap berjek? – diýdi.

Onsoň onuň halyna Japaryň rehimi geldi. Ol onuň bigünädigini bilýärdi. Onsoň ony gizlinlikde Horasana Aly Isa Mahanyň ýanyna iberdi hem-de oňa: «Ony seniň ýanyňa iberdim, ony gizläp saklarsyň we oňa rahatlyk esbaplaryny häzirläp berersiň» diýip nama ýazdy. Aly Isa bilen Japaryň arasynda bilniksiz ýagylyk bardy. Olaryň kalplary biri-birlerine sap däldi. Ýöne Japaryň halypa hezretiniň ýakynlaryndandygy üçin onuň bilen mejbury ylalaşyk edýärdi hem-de ýalandan dostlukly gatnaşyk etmegi wajyp hasaplaýardy.

Ol nama Aly Isa baryp ýeteninde we Ýahýany göreninde, ony bir öýde düşürdi we namany möminleriň emiri Haruna iberdi. Harun Aly Isanyň ýanyna adam iberip: «Ony sakla, ol barada näme höküm çykarylsa ýerine ýetirersiň» diýdi. Onsoň göwnünde Japardan kine saklady we Barmak neberesini agdarmak kasdyna çykdy.

Patyşalaryň we soltanlaryň huzurynda ýalkaw nesibesinden binesip edýän günäleriň biri olaryň syrlaryny paş etmekdir, beýlekisi bolsa, mülk ýagylaryna we döwlet duşmanlaryna meýil etmeklikdir.

Onsoň möminleriň emiri Japardan:

– Ýahýa Abdyllany näme etdiň? – diýip sorady.

Ol:

– Möminleriň emiriniň permany bilen ony öldürdim – diýdi.

Ol ýene:

– Meniň janym we başymdan ant iç, dogryňy aýdýaňmy? – diýdi.

Japar:

– Eý, möminleriň emiri, men seniň janyňdan hergiz ant içmeýärin. Men onuň bigünädigini bilýärdim. Ondan başga-da mundan soň ondan pitne gopmajagy maňa mälim boldy. Şeýle hem möminleriň emiri oňa aman beripdi we özüniň mübärek eli bilen amannama ýazypdy. Onsoň möminleriň emiriniň döwlet eýýamyna äht bozmaklygyň günäsi ýeter öýdüp gorkdum. Şonuň üçin ony Aly Isanyň ýanyna ugratdym – diýdi.

Harun:

– Gowy edipsiň, dogrusy şodur, biz ol permandan puşman edipdik – diýdi.

Japar dolanandan soň, Harun Aly Isa «Ýahýany öldür» diýip, perman ugratdy. Ol Barmak neberesini dargatmak niýetine gelensoň, 180-nji[1] ýylda haja gitdi. Şonda Ýahýany, Japary, Pazly we beýleki Barmak neberelerini özi bilen haja äkitdi. Apbasa barada gürrüň beren kenizegi hem özi bilen hemra etdi. Apbasa:

– Ony seniň oglanlaryňy görkezmek üçin äkidýär – diýdi.

Apbasa ýene-de:

– Näme edip bilerin?! Olary haram dünýä indermedim, olar Saffahyň öwlatlary. Günä halypanyň özünde, ol meni Japara berdi – diýdi.

Reşit haj işlerini ýerine ýetirenden soň, Apbasanyň oglanlaryny ýanyna çagyrdy hem-de nepislikde we täzelikde göwher käni bolan ol iki sany gymmatbaha düri gözi bilen gördi. Olara ýüregi awasa-da, soltanlyk syýasaty üstün geldi.

«Tabarynyň taryhynda» «olary öldürdi» diýlip getirilipdir.

Makdisi şeýle getiripdir:

[1] 797-nji milady ýyly.

Reşit oglanlaryň ikisinem guýa oklady. Halypa sährадan gelýärkä, Barmak neberesine ýagşy ünsli garaýardy, köp sanly mähremlikleri wajyp bilýärdi. Ahyry «Akd» diýip atlandyrylýan bir menzile ýetdiler. Ol ýerde üç gün ornaşdylar. Aşyr aýynyň ahyrynda Anna güni Pazly ýanyna çagyrdy. Oňa gymmatbahaly halat we gymmatly sowgat berdi. Ýahýa Barmagyň ähli perzentlerine halat berdi, ezizledi we mähremlik etdi. Soňra Japara:

– Men şu gün agşam aýalym we kenizlerim bilen hylwatda eşret mejlisinde oturjak. Seniňem meniň bilen muwapyk bolmagyň hem-de öz çadyryňda aýdymçy kenizler bilen oýun-tomaşa meşgul bolmagyň gerek – diýdi.

Japar yzyna dolandy. Bir sagatdan soň, Reşit Japar şerap içmäge başlapmy ýa-da ýok, şony görmek üçin adam ugratdy. Görse, ol heniz şerap içmäge oturman eken. Onsoň Harun oňa nogul iberdi we: «Meniň eşret mejlisime goşulsyn we şerap içsin» diýdi. Japar islemezden eşret mejlisine geldi we oýun-tomaşa meşgul boldy. Ýarym agşam bolanda Harun haremhanasyndan çykyp, bargähe geldi we Mesrur hadyma:

– Bar, Japaryň kellesini meniň gaşyma getir – diýip ugratdy.

Mesrur hadym birden rugsatsyz Japaryň ýanyna geldi. Japar ondan örän gorkdy welin, serhoşluk ondan belli-külli aýryldy. Onsoň ol:

– Eý, Mesrur, maňa rugsat ber, haremhanama gideýin we wesýet edeýin – diýdi.

Ol:

– Wesýet et, emma haremhana gitmäge rugsat ýok – diýdi.

Soňra Japar ondan:

– Belki, möminleriň emiri serhoşlukdan hököm çykarandyr, birje gezek ýüzlenip gör. Belki, rehim eder we puşman eder – diýip, haýyş etdi.

Mesrur:

– Bu gün möminleriň emiri tutuş günläp, namazlygyň üstünde boldy, şerabyň golaýyna barmady – diýdi.

Onsoň Japar ahy-zar edip:

– Ýene birje gezek ýüzlenip gör – diýip, haýyş etdi. Mesrur gitdi. Harun onuň habar getirenini görüp, oňa:

– Seniň bu işe burnuňy sokmaga ne hakyň bar? Näme üçin permana boýun bolmaýarsyň? – diýip, gaty gygyrdy. Mesrur dolandy we Japaryň başyny alyp, ol kerem känini, yhsan älemini we jomartlyk jahanyny öldürdi.

***Beýt***

Saňa bolsun Allanyň hemişelik salamy,
Men köp gördüm ömürsiz, erkin sahawatlyny.

Jahan bilýär beýle ýanan harman köp.
Jadygöýe bolmaz oýun öwredip.

* * *

Haýsy serwä beripdir ol belendi,
Haýsy egilmedi soň alyp derdi.

Soň şol sagatda Ýahýany we onuň bäş sany perzendini tutdular hem-de ähli perzentlerini onuň gözüniň öňünde şehit etdiler. Hemmeden soň ony hem öldürdiler. Soňra derhal ýurduň etraplaryna buýruklar ýazyp ýolladylar. Onsoň haýsy ýerde Barmak neslinden bir adam bar bolsa, baryny öldürdiler. Harun

olaryň ähli baýlyklaryny, ýerlerini we goş-golamlaryny öz eýeçiligine geçirdi. Harun Japary Bagdada iberdi. Ony dört para etdiler we Bagdat köprüsiniň dört tarapyndan asdylar. Barmak neslinden ýer ýüzünde Muhammet ibn Halyt Barmakydan başga bir kişi hem galmady. Ol Ýahýanyň doganydy we sabyr-kanagatly, terkidünýä kişidi. Ol ýurt işlerine gatyşmaýardy, dogany bilen goşulyşmaýardy. Harun sabyr-kanagatlylygy sebäpli oňa zyýan ýetirmedi. Şeýdip, Harun Reşit şanyna kerem aýaty inen şonuň ýaly neberäni ýom-ýok etdi. Olaryň yzlary älemde baky galdy.

### *Şygyr*

Iki gün tutup kişi, ýalançynyň göwsüni,
Ajysyny içjek däl, emmekçi sen gowsuny.

Gomparma kemal tapyp, eýýamda-sallançakda,
Barmak neslin ýada sal, kemallydy bir çakda.

Harun Reşit barmaklylary ýok edeninden soň puşman etdi.

Reşidiň hut özüne Horasana gitmek zerurlygy ýüze çykdy. Muhammet Emini Bagdatda oturtdy. Mamuny özi bilen äkitdi. Günbatar çäkden tä Halwanyň dag kötellerine çenli ýerleri Muhammede berdi. Halwanyň dag kötellerinden tä gündogar serhede çenli ýerleri Mamuna berdi. Ony otuz müň atly bilen öňden iberip, Merwde mekan tutmagy buýurdy. Harun ondan soň altmyş müň atly bilen Horasana geldi.

Käbir taryhçylar şeýle diýipdirler:

Harun Reşit iki gezek Horasana geldi. Birinji gezek gelende entek barmaklylar diridi. Onuň şol gezekki gelmeginiň sebäbi şudy:

Oňa: «Aly Isa Mahan bulagaýlyk gapysyny kakýar we agzalalyk demini urýar» diýip, arz edipdiler. Onsoň möminleriň emiriniň hut özi Horasana gitdi. Ol ýere ýetende, «Aly Isa garşylamaga çyksyn» diýip, perman ugratdy. Ol geldi we onuň hyzmatyna örän köp sowgat-serpaýlar getirdi. Ýahýa we Japar ondan utandylar. Harun olaryň özüniň hakyna kast edendiklerini bildi. Onsoň Horasany ýene-de Aly Isa Mahanyň elinde galdyryp, yzyna dolandy. Ikinji gezek Barmak neberesini ýok edeninden soň, örän köp zulum eden we zulum-sütem bilen musulmanlaryň mallaryny alan Isany dep etmek üçin mejbury ýagdaýda geldi. Bu gezek Tusda Hakyň rehmetine gowuşdy.

## Hekaýat

Horasanda Nasr Seýýaryň öwladyndan bir adam bardy. Oňa Rafyg ibn Leýs ibn Nasr ibn Seýýar diýýärdiler. Ol Horasanyň meşhur pälwanlaryndandy. Parasatly we batyrgaýdy. Birtopar halk onuň yzyna düşýärdi. Onuň mekany Maweran-nahrdady. Aýdyşlaryna görä, onuň bilen Reşidiň belli serkerdelerinden we meşhur aýýarlaryndan bolan Ýahýa Eşgas Taýynyň aýalynyň arasynda muhabbet hadysasy ýüze çykypdyr. Ýahýa Eşgas halypanyň ýanyndady. Ol aýal bir hile gurup, köpçüligiň gaşynda tersa dinine giripdir, yslam dininden daşlaşypdyr. Şol sebäpli hem birinji ärine haram bolupdyr hem-de olaryň arasyndaky nika bozulypdyr. Onsoň ýene-de musulman bolupdyr we Rafygy çagyrypdyr. Ýahýa bu ýagdaýdan ägä bolup, bu hadysany möminleriň emiri Mamuna ýetiripdir. Möminleriň emiri bolsa Aly Isa garap Rafygy tutmagy, gabamagy we ol aýaly ondan almagy buýurýar. Perman Aly Isa baryp ýetende, Samarkandyň şihnesine[1] ol permany ýerine ýetirmegi

[1] Şihne – şäheriň düzgün-tertibine seredýän gözegçi, polisiýa.

tabşyryp hat ýazýar. Samarkandyň şihnesi Rafygy tussag edýär. Rafyg tussaglykdan gaçýar we birtopar halky öz ýanyna jemläp, birden baş göterýär hem-de Samarkandyň şihnesini öldürýär. Şeýdibem, patyşalyga geçýär. Samarkandyň ilaty bolsa oňa medet we ýardam beripdir.

Horasanda Aly Isanyň zulumy örän güýçlenipdir. Halk ondan gaty ynjapdyr. Olar hem Rafyga birleşýär. Aly Isa öz ogly Isany uly leşger bilen urşa ýollaýar. Rafyg ol leşger bilen söweşip, ählisini ýeňip gaçyrýar. Alynyň ogly Isa bolsa ol söweşde öldürilýär. Aly Isanyň onuň bilen garşylaşmaga mejaly bolmansoň, möminleriň emiriniň huzuryna habar berýär we ondan medet dileýär. Harun Reşit bu pitnäniň hemmesiniň Barmak neberesini ýok edendigi sebäpli bolýandygyny bilip, bu ýagdaýdan soň puşman edýär. Ýöne ol wagt ökünmegiň peýdasy ýokdy.

Soňra Herseme Agýany ýanyna çagyryp, oňa aýtdy:

– Seni bir möhüm iş bilen Horasana iberýärin. Onda sen ätiýaçlyk şertini we hüşgärlik inçeligini dykgatly berjaý etmelisiň. Öz goşunyňa: «Möminleriň emiri meni Aly Isa bilen bilelikde Rafygyň garşysyna söweşer ýaly onuň mededine iberdi» diýersiň. Aly Isanyň özüne bolsa: «Men saňa ýardam we goldaw bermek üçin gelýärin» diýip aýdarsyň. Onsoň haçanda ol ýeke bolan çagy ony tussag edersiň we meniň ýanyma ibererersiň.

Halypa Hersemä ýigrimi müň atly berdi. Ol şol leşger bilen Horasana gitdi. Hemedana ýeteninde, Herseme Aly Isa hat ýazyp, oňa özüniň gelýändiginden habar berdi. Muňa Aly Isa örän şatlandy.

Herseme Horasana gelende, Aly Isa ony garşylady. Ikisi hem biri-birini hormatladylar. Tä bir depäniň ýanyna ýetýänçäler uýan deňläp ýörediler. Şol ýerde Aly Isa uýanyny çekip, Hersemä aýtdy:

– Öňden ýöre.

Herseme aýtdy:

– Emir sen. Meni seniň kömegiňe iberdiler. Men neneňsi öňden ýöräýin.

Aly Isanyň bu sözden ýüregi gylawlandy. Onsoň Merwe gitdiler. Herseme Aly Isanyň köşgünde düşledi. Onsoň Herseme oňa işden boşadyş permanyny görkezdi we buýruk berip, ony tussag etdirdi. Soňra derrew Juma metjidine baryp, özüniň emir bellenendigi baradaky permany köpçülige okap berdi. Ähli halk ol permana tabyn boldular. Herseme Aly Isanyň ähli baýlyklaryny alyp, ony halypanyň huzuryna iberdi.

Rafygy kuwwatlanypdy we tutuş Mawerannahry öz golastyna geçiripdi. Onsoň möminleriň emiri Harunyň hut özi Horasana ugrady. Ol hassady. Halka bolsa: «Meger howany çalyşsam sagalaryn» diýip, Hemedana we Reýe gidip barýan ýaly göründi. Soň Muhammet Emine aýtdy:

– Sen mülk öýüňi, paýtagtyňy Bagdatda gurarsyň. Men hassa, ýagdaýymyň neneňsi boljakdygyny bilmeýärin. Mamun bilen agzalalyk etme. Meniň oňa beren welaýatymy özünde goý we oňa hiç hili zyýan ýetirme.

Soň möminleriň emiri Harun Horasana gitdi. Nyşapurda birnäçe gün boldy. Hersemäni Mawerannahra Rafygyň garşysyna söweşe iberdi. Aly Isany baglap, halypanyň gaşyna getirdiler. Ol ony Bagdada ugratdy, özi bolsa Tusa garşy hereket etdi. Hamyt ibn Abdylhamydyň saraýynda düşledi. Ol ýerde onuň sökelligi zyýadalandy we hut şol ýerde hem wepat boldy, Hakyň rehmetine göç etdi. Ony hut şol ýerde Ryza Musa ibn Japar ibn Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin ibn Aly ibn Abu Talybyň (olaryň ähलisinden Allatagala razy bolsun!) guburynyň gapdalynda jaýladylar. Ol 193-nji[1] ýylyň Dört tirkeşiginiň dör-

[1] 809-njy milady ýyly.

dünji aýynyň üçünde Ruhgüni agşam aradan çykdy. Hajyby Pazl Rabygdy. Kätibi Ysmaýyl ibn Sabyhdy. Salyh Beşer onuň jynaza namazyny okady. Wepat bolan güni kyrk bäş ýaşyndady. Ondan on üç ogul we dört gyz hem-de iki sany azat aýal galdy. Biri Zübeýda, beýlekisi Emetul Arap. Onuň oglanlarynyň biri Muhammet Emin, beýlekisi Abdylla Mamun, üçünjisi Kasym, ýagny Mütemen, ýene biri Salyh we beýleki sekiz oglunyň ählisiniň adyna bolsa Muhammet diýip at goýupdy, ýöne künýeleri dürli-dürlidi. Beni Apbas halypalaryndan hiç kimde Reşitde bolan halypalyk we haýbatlylyk (ululyk) bolmandy. Ahyrynda bolsa, şol ähli döwletden we ykbaldan atdan başga hiç zat saklanyp galmady.

Ger ýagşy at bilen ölsem rowadyr,
Maňa at ber, öli ten ne derkardyr.

## MUHAMMET EMIN

Taryhçylar şeýle diýipdirler:

Reşidiň hassalandygynyň habary Muhammet Emine ýeteninde ol Bekr ibn Mugtamyry Reşidiň yzyndan iberdi hem-de oňa namalar berip, birtoparyny äşgär bermegi we birtoparyny gizlin saklamagy buýurdy. Bekr namalary aşhana sandygynda gizledi we Tusa geldi. Möminleriň emiri Harun heniz diridi. Namalary äşgärlikde berdi. Möminleriň emiri:

– Başga-da namalar barmy, getir – diýip buýurdy. Ol ony inkär etdi. Möminleriň emirine: «Leşgeriň tanymal kişilerine hem hatlar bar» diýip habar beripdiler. Onsoň möminleriň emiriniň buýrugy bilen Bekri bagladylar. Reşit:

– Eger gizlin namalary getirmeseň saňa syýasat ederin – diýdi. Bekr özüniň inkär etmesinde berk durdy. Bir sagatdan soň möminleriň emiri Hakyň rehmetine gowuşdy. Onsoň Pazl

Rabyg Bekri boşatdy. Bekr namalary Pazla berdi. Namanyň mazmuny şeýledi:

«Eger möminleriň emirine bir waka bolaýsa, leşgerden meniň üçin ähdi-peýman alarsyň hem-de möminleriň emiriniň huzurynda atdan, ýaragdan, hazynadan näme bar bolsa, baryny Bagdada getirersiň».

Möminleriň emiri bimar wagtynda: «Meniň ýanymda bar bolan at, ýarag we hazyna Mamunyň hakydyr, Bagdatda bar bolan zatlar Muhammediňkidir. Ol muňa zyýan ýetirmeli däldir we ol muňa el degirmeli däldir» diýip wesýet edipdi. Pazl Rabyg haty okandan soň, derrew ähli baýlygy zabt edip, Bagdada ýüzlendi. Mamuna habar ýetýänçä hemmesini Bagdada eltipdi we Eminiň mejlisine tabşyrypdy.

## Hekaýat

Pazl Rabyg Bagdada gelip ýetensoň, Muhammet Emin oňa wezirlik berdi. Mamun bolsa wezirlik derejesini Pazl Sähle berdi. Ol jahanyň parasatlylaryndan we zamananyň danalaryndandy. Älemşynaslyk ylmynda, ýer-ýurtlary bilmekde we ýyldyzlar toplumynyň inçeliklerini[1] aňmakda älemiň taýsyzydy. Pazl Sähl Mamuna aýtdy:

– Eger öz mülk işleriň mäkämleşmegini isleýän bolsaň, adyllyk we adalatlylyk ýoluny ýörelge edin we halaýygyň ýüreklerini haýyr-yhsan bilen awla.

Mamun adyllyk we yhsan düşegini giňden ýazdy. Ilki bilen raýatlaryň bir ýyllyk salgydyny bagyşlady hem-de halk bilen halypalaryň arasynda endik edilen perdäni aýyrdy. Ol her gün juma metjidine gelýärdi. Alymlar we danalar bilen oturyş-

[1] Bu ýerde müneçjimçilik ylmy ýaňzydylýar.

ýardy. Kazylygy özi edip, hökümi özi çykarýardy. Şerigat işlerine we mülküň abadançylygyna hut özi dik durup gatnaşýardy.

Muhammet Emin Bagdatda oýna-güýmenjä we şatlyk-şagalaňa meşgul boldy. Nygmatda we aýşy-eşretde ömür geçirýärdi. Mülk işlerini Pazl Rabyga tabşyrypdy. Döwletiň abadançylyk işlerinden belli-külli çetleşipdi. Pazl ony: «Doganyňy mirasdüşerlik hukugyndan boşatmak gerek» diýip öjükdirýärdi. Muhammet Emin ilki bilen Kasym Mütemeni özüniň mülki bolan Mosul we Jezire ülkesinden ýanyna çagyrdy hem-de ony özüni işden boşatmaga mejbur etdi. Ol jan howpundan ýaňa özüni halypalykdan çykardy we ähtleşigi yzyna berdi. Muhammet Emin Müteminden kalby rahatlaşandan soň, Mamunyň işine ýüz öwürdi we ony ýanyna çagyrdy. Ol boýun towlansoň, onuň buýrugy bilen Mamunyň adyny hutbadan we zikgeden aýyrdylar. Muhammet Emin Mekgä adam ugratdy. Olar Reşidiň ýazdyryp, Mekgede asdyran kagyzlaryny aldylar we ýyrtdylar.

Soňra adamlaryň birtoparyny zora daýap, öz ogly Musa bilen ähtleşdirdi hem-de oňa «En-Natyku bil Hak»[1] diýip, lakam dakdy. Ol bulary Pazl Rabygyň meçew bermegi bilen edýärdi. Ahyrynda iş şeýle derejä baryp ýetip, olar ähdi bozmaklygyň jezasyny görmeli boldular. Bu hekaýatyň peýdasy şundadyr: Mülke hiç bir zat dinsiz wezirden zyýanly däldir we bolup hem bilmez. Dinsiz wezirler özüniň bozuk maksady üçin mülküň abadançylygyna göz ýumýarlar. Olaryň göriplik we bahyllyk perdesi patyşanyň pikir güneşiniň ýüzüne nikap-perde bolýar. Şahyr şeýle diýýär.

---

[1] Ýagny «Hakykaty sözleýän».

### *Beýt*

Günälerden saklanýan ýagşy wezir,
Döwlete baş, patyşa ykbal bolar.

Wezir «howany»[1] geňeşçi edinse,
Ol howadan tutuş ülke çaň bolar.

### Hekaýat

Harun Aly Isa Mahany baglap, Bagdada ugradypdy. Möminleriň emiri Harun ahyret älemine göç edensoň, Muhammet Emin Aly Isany boşadyp, ol hakynda köp yhsanlar etdi. Muhammet Emin özi bilen doganlarynyň arasynda agzalalyk ýüze çykansoň, Aly Isany Horasana häkim belläp, oňa elli müň atly we iki ýüz müň dinar sowgat berdi. Aly Isa 195-nji[2] ýylda Ruhgüni Yrak ýoluna düşüp, Horasana tarap goşun çekdi.

Taryhçylar: şeýle diýipdirler:

«Hergiz Bagdatdan şol leşgerden saz hiç bir leşger daşary çykan däldir» diýip beýan edipdirler.

Ol leşgeriň habary Mamuna baryp ýeteninde, ol:

– Bu leşgeri dep etmek üçin kimi serkerde bellemeli – diýip, Pazl Sähl bilen geňeş etdi.

Pazl aýtdy:

– Täleý ýyldyzynyň ýörelgesinden bu iş Tahyr ibn Hüseýine dogry gelýär. Oňa mertebe bermeli we leşger berip, ugratmaly.

---

[1] Bu ýerde dünýäniň haý-höwesi diýen manyda.
[2] 811-nji milady ýyly.

Tahyr leşger çekijileriň toparyndan däldi we artykmaç meşhur däldi. Emma söweşjeň, gaýratly, akylly we edermen adamdy.

Onsoň möminleriň emiri Mamun Tahyra perman çykaryp, oňa mertebe berdi hem-de ony ýigrimi müň goşunyň serkerdeligine belledi. Ol leşger çekip, çalt ýöräp, Reýi aldy. Ol ýerden, Reýiň bir menzilliginden köp uzaga gitmedi. Düşledi we Aly Isa gelip ýetýänçä garaşdy. Aly Isa: «Goşun ýigrimi müňden köp däl we olaryň baş serkerdesi Tahyr» diýip eşidensoň, ol bu işi ýönekeý hasaplap, goşunyň bäş parsahlyk gapdalynda düşledi. Ahyrynda uly söweş etdiler welin, pelegiň etegi batyrlaryň ganynyň şekilinden edil lälezar ýaly bolup göze ilýärdi. Ilkinji hüjümde Tahyryň serkerdelik ukyby aýan boldy, Bagdat leşgeri ýeňlip gaçdy. Aly Isany bolsa öldürdiler. Şolbada Tahyr atyndan düşüp, Beýik we Eziz Allatagalanyň dergähine şükür sejdesini etdi. Bagdat goşunynyň köpüsi amana geldiler.

Tahyr derrew Pazlyň huzuryna hat ýazdy. Ol bu hatyny sözi örän gysga we kelamy örän jemlenen görnüşde ýazdy. Onuň mazmuny şeýledi: «Huzurynda kabul edilenden soň, nurly aňyna mälim bolsun, bu nama Aly Isanyň başy öňümde duran we onuň ýüzügi meniň elimde bolan wagty ýazyldy. Wessalam».

Bu hat möminleriň emiri Mamuna baryp ýeteninde, hut şol gün ony halypa atlandyryp salam berdiler we onuň halypalyk işi düzgünleşdi. Möminleriň emiri Mamun Tahyra Zülýemineýn[1] diýip lakam dakdy hem-de Bagdada tarap ugramaga perman berdi. Ony bu merdanalygy bilen öwgüledi. Pazl Sähle wezirlik derejesini berip, oňa Zür-Ryýaseteýn[2] diýip, lakam dakdy.

---

[1] Iki ähtli; iki sany sag eliň eýesi.

[2] Iki wezipeli.

Tahyr möminleriň emiri Mamundan medet diledi. Möminleriň emiri Mamun Hersemäni oňa kömek bermek üçin ugratdy. Emma Pazl Sähl:

– Tahyr Halwan tarapyndan gitsin, Herseme bolsa, Ahwaz tarapyndan gelsin. Çünki, Herseme Tahyryň yzyna düşmez we onuň baýdagynyň astyndan ýöremez – diýdi.

Onsoň Tahyr Halwanyň dag kötellerinden Bagdada garşy ýüz goýdy. Herseme bolsa, Ahwaz tarapdan geldi. Bagdadyň derwezesinde ikisi-de duşuşdy we Bagdady gurşap aldylar. Muhammet Eminiň ýagdaýy agyrlaşdy.

197-nji[1] hijri ýyl gelip ýetip, Muhammet Bagdatda gabawa alnanda, hazynalar puldan boşady. Zerli we kümüş lybaslary eredýärdiler we goşuna berýärdiler. Bagdadyň ilatynyň ahwaly teň boldy. Bir ýyldan gowrak gabawda boldular.

198-nji[2] hijri ýyl ýetip geleninde Tahyr söweşe girişip, gykylyk-gowga bilen gala diwaryny we berkitmesini aldy. Gowga bilen şähere doldular. Olar şarystanda (içki galada) gabaldylar. Ähli gala berkitmelerini harap etdiler. Muhammet özüniň ejesiniň köşgünde gabalyp galdy. Bagdat halkynyň köpüsi aman diläp, Tahyryň ýanyna geldiler. Ol olara aman berdi we emläklerini özlerinde goýdy.

Onsoň Bagdadyň tanymal kişilerinden bir jemagat Muhammede aýtdylar.

– Bu iş hetden geçdi. Ýörelge şeýle, Tahyryň ýanyna aman diläp bar, Tahyr seni Mamunyň ýanyna ugradar. Mamun seniň hukugyňy bilýär we saňa kast etmez hem-de seniň nygmat serişdeleriňi häzirlär.

Ol aýtdy:

---

[1] 813-nji milady ýyly.

[2] 814-nji milady ýyly.

– Tahyryň ýanyna gitmerin. Çünki, men onuň hakynda köp jepalar etdim. Emma Hersemäniň ýanyna giderin. Ol atamyň gulamzadasydyr[1].

Onuň atasy Agýan Harun Reşidiň guludy.

Onsoň Hersemäniň ýanyna adam iberip:

– Men seniň ýanyňa aman diläp barjak – diýdi.

Herseme bu sözden şat boldy. Onsoň: «Herseme ýarym gije Muhammet Emin tarapyna gaýtmaly hem-de Tahyra habar ýetmez ýaly gämide oturmaly» diýip, karar edýärler. Tahyra habar ýetýär. Onsoň ol iki ýüz adama: «Muhammet Emini tutmaly we meniň ýanyma getirmeli» diýip, buýruk berdi. Olar gämide ornaşdylar.

Gämi suwuň ortasyna ýeteninde, beýleki gämiler hem öňe çykdylar we olar bilen söweşe girişdiler. Hersemäni gämiçiler tutdular we suwdan geçirdiler. Muhammet suwdan geçmek üçin özüni suwa oklady we ýüzüp ugrady. Tahyryň adamlaryndan biri ony tanady. Ony tutup, Tahyra habar berdi. Tahyr ony Bagdat kazysynyň köşgünde tussag etdi. Soňra Firdöws atly gulamyny iberdip, onuň başyny aldyrdy. Onuň iki ogly bardy. Biri Musa, oňa en-Natyku Bil-Hak[2] diýýärdiler. Beýlekisi ondan bir ýaş kiçidi. Onuň ady Abdyllady. Oňa el-Kaýymu Bil-Hak[3] diýýärdiler. Şol gün ol ýigrimi sekiz ýaşyndady. Dört ýyl sekiz aý halypalyk etdi. Abu Abdyllanyň ejesi Zübeýda Harun Reşidiň doganoglany möminleriň emiri Mansur ibn Alynyň gyzydy. Ol perzendine mersiýeleri düzdi. Olardan biri şudur:

Bu jahandan göç etdiň, ýas içre galdym sensiz,
Bagdat bulaşyp gitdi, perişan boldum sensiz.

---

[1] Ýagny ol atamyň gulamynyň ogludyr.
[2] «Hak söz sözleýän».
[3] «Hak işlerde berk duran».

Gitdiň goýup ejeňi, elewredip panyda,
Toprak astyna düşdüň, ýalynda ýandym sensiz.

## MAMUN

Halypalyk işi möminleriň emiri Mamuna ýetensoň, Pazl Sähl oňa aýtdy:

– Möminleriň emiri Bagdatda otursa we halypalyk öýüni ol ýerde gursa dogry bolar.

Mamun aýtdy:

– Maňa Horasan has-da ýaraýar. Men bu ýerini has gowy görýän.

Soň Mamun Merwde karar tutdy. Tahyr ibn Hüseýin Bagdatda bolýardy we Yragyň işini ugrukdyrýardy. Ahyry 199-njy[1] hijri ýyl ýetip gelende, Dört tirkeşikleriň birinji aýynda Şamyň serhedi bolan Rakgada hawaryçlaryň biri baş göterdi. Oňa Nasr ibn Müseýýip diýýärdiler. Ol Rakgany we Mosuly aldy we Jezire welaýatyny eýeledi. Mamuna onuň gozgalaň edendigi barada habar baryp ýetdi. Onsoň Pazl Sähle garap aýtdy:

– Ony dep etmäge kimi ibereris?

Ol aýtdy:

– Hiç kim Tahyr ibn Hüseýinden laýyk däldir.

Mamun aýtdy:

– Eger Tahyr ol ýere gitse, Bagdat zaýa bolup galar. Bagdada kimi häkim belläris?

Ol aýtdy:

– Doganym Hasan Sähli.

Pazl bilen Hasan dogandylar. Ol gylyç eýesi däl-de, galam eýesidi. Mamun ondan emirligiň çykmajakdygyny, her bir işiň özüniň merdiniň we her bir merdiň özüniň işiniň bolýandygyny

[1] 815-nji milady ýyly.

bilýärdi. Ýöne Pazlyň göwni üçin rugsat berdi hem-de oňa Bagdadyň emirligine bellenýändigi barada perman ýazdy. Soňra: «Tahyr leşgeri saňa tabşyrsyn we ol öz leşgeri bilen Rakga gitsin» diýip buýruk berdi. Onsoň Rakga, Mosul we Jezire welaýatlaryna emirlik etmegi Tahyra buýurdy. Hersemä bolsa leşgeri oňa bermegi we özüniň ýakynlary bilen Horasana gelmegi barada buýruk berdi.

Hasan Sähl Bagdada ýetip, permanlary Tahyra görkezdi. Ählisi boýun boldular we leşgerleri oňa tabşyrdylar. Tahyr Rakga gitdi. Herseme Horasana ugrady. Tahyr Rakgany uzak wagtlap gabady. Ahyrynda Nasr ibn Müseýýibi äht we aman bilen daşary çykaryp, Mamunyň hyzmatyna iberdi hem-de Rakgada emirlik kürsüsinde oturdy.

## Hekaýat

Hasan Sähl Bagdada gelip, emirlik işini düzgünleşdirmek islände, galam eýesi bolandygy we mülk işleriniň elinden gelmeýändigi üçin onuň eden ýalňyşlyklaryndan biri şudy. Ol hezreti [halypa]:

– Leşger örän köp. Beýle köp goşuna hajat ýok. Eger perman bolsa, diwandan birnäçesiniň ady aýrylsa-da bolar – diýip, habar berdi.

Galam eýelerine hernäçe sarpa goýýan hem bolsa, möminleriň emiri Mamun muňa razylyk bermeli däldi. Emma:

– Bu iş seniň aň-pikiriňe tabşyrylandyr. Kimi isleseň sakla, kimi isleseň goýber – diýip buýurdy.

Ol diwandan birnäçe kişiniň adyny hak-hukukly kişileriň depderinden aýyrdy.

Hasan Sähliň ýalňyşlyklarynyň ýene-de biri, Abu Saraýa bilen baglanyşykly işlerdi. Ol Hersemäniň gulamydy. Ol döwrüň pälwanlaryndan we dünýä merdanlaryndan ýokary saýla-

nan kişidi. Ol Kufä gitdi we Talybyýýa seýitlerinden Tabataba atlandyrylýan birini orta çykaryp, onuň bilen ähtleşdi hem-de Hasan Sähliň bellän emeldarlaryny Kufeden kowup, hutbany şol seýidiň adyna okatdy. Hasan Sähl näçe gezekler onuň jeňine leşger ugratdy. Ol ählisini ýeňdi we onuň işi kuwwat tapdy. Hasan Sähl alaçsyz galansoň, Hersemeden haýyş etdi. Ol leşger çekip, Abu Saraýany ýeňdi. Onsoň Bagdadyň ilaty Hasan Sähliň garşysyna baş göterdi we ony ýigrendiler. Herseme halypalar öýüne – Merwe gitmek hem-de Hasan Sähliň ahwalyndan we onuň gapyllygyndan hezreti halypa habar bermek isledi. Hasan oňa Şamyň emirligini berdi. Ol ony kabul etmedi we aýtdy:

– Möminleriň emiriniň huzuryna gitjek. Eger ol maňa mülk berse, şonda kabul ederin.

Hasan Pazla bir hat ýazdy we: «Ol meniň kasdym üçin barýar» diýip, oňa Hersemäniň ahwalyndan habar berdi. Herseme gelip ýetmezinden öň, Pazl Sähl ony Mamunyň huzurynda ýamanlap garalady hem-de:

– Onuň bendesi bolan Abu Saraýanyň topalaňy onuň permany bilen bolupdyr. Eger ol islemedik bolsa, Abu Saraýa hergiz topalaň etmezdi – diýdi.

Onsoň Mamunyň buýrugy bilen Şamyň emirligini onuň adyna degişli edip, perman ýazdylar hem-de oňa şol duran ýerinden Şama dolanmaga perman berildi. Herseme möminleriň emiriniň ähdine wepalydygyna ynam edýändigi sebäpli:

– Ilki baryp, hyzmat ähdini täzeläýin we möminleriň emirini ahwallardan habardar edeýin – diýdi.

Ol Merwe ýakyn geleninde, Pazl Sähl möminleriň emiriniň huzurynda:

– Herseme möminleriň emiriniň permanyna boýun bolmady we tersleşmek niýeti bar – diýip beýan etdi.

Onsoň möminleriň emiri ony atdan düşürmeklerine we özüniň gaşyna eli bagly getirmeklerine buýruk berdi. Herseme özüniň ötünjini beýan etmek islände, Pazl ony geplemäge goýmady we onuň buýrugy bilen ony ýenjip, zyndana atdylar. Agşam bolsa zyndandakylara tabşyryp, ony öldürtdi.

Bu hekaýat uly sapagy öz içine alýar. Ol hem şudur:

Patyşalara we döwlet eýelerine mülk işlerini we soltanlyk amallaryny parasat we gaýrat eýelerine tabşyrmak wajypdyr. Şeýle-de, wezirlere patyşalaryň hyzmatynda ak göwünli we ýagşy ygtykatly bolmaklary, öz maksady üçin onuň mülküniň perişan bolmagyna çalyşmazlyklary wajypdyr. Çünki, iş çäräniň çygryndan çykaýsa, soň hiç bir zat bilen öwezini dolup bolmaýar.

## Hekaýat

Hasan Sähl Bagdatda mäkäm ornaşansoň, Bagdadyň ilatynyň ählisi ony ýigrendiler. Daş-töwerek oňa garşy topalaň turuzdy. Her künjekden seýitleriň biri baş göterdi. Bagdadyň leşgeri jemlenişip, Hasan Sähli Bagdatdan daşary çykardylar. Hasan Wasytda ornaşdy. Hiç kimiň bu ýagdaýy möminleriň emiri Mamunyň huzurynda gönüläp, beýan etmäge mejaly ýokdy. Sebäbi bu barada kim aýtsa, onuň dogany Pazl Sähl ony ynjytjakdy. Bu bulagaýlyk etraplarda-da ýüze çykansoň, Pazl Sähl möminleriň emirine:

– Gowusy Talybyýýa seýitlerinden takwalykda we ylymda älemde saýlantgy bolan birine öz oruntutarlygyňy ber we ony özüňden soň mirasdüşer et. Goý, etraplardaky bu pitneler ýatyşsyn – diýdi.

Mamun Aly Musa Ryzany (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) mümkin bolan hezzet-hormatlar bilen Bagdatdan ýanyna çagyrdy. Ony oruntutar we mirasdüşer etdi. Jahan et-

raplaryna habarlar iberip: «Mamundan soň ol halypa bolar we halypalyk Apbas neberesinden Alynyň neberesine dolanyp barar» diýip, onuň üçin ähtleşik aldy. Onsoň Apbas neberesi Mamundan ýüz öwürdiler we topalaň turuzdylar hem-de möminleriň emiri Mamunyň doganoglany bolan Ybraýym ibn Mätini orta çykaryp, onuň bilen ähdi-peýman baglaşdylar. Bagdadyň ilaty bolsa oňa eýerdiler. Ol goşun çekip, Hasan Sähl bilen söweş etdi. Hasan Sähl ýeňlip, Wasyta gaçdy. Hasan Sähliň ähli leşgeri üýşüp aýtdylar:

– Bize gylyç ogullaryndan we söweş eýelerinden bolan emir gerek. Bize Hasan Sähle eýermeklik örän kyn bolýar.

Ýüze çykýan bu pitneleriň ählisi barada habar eýeleri Mamunyň huzuryna ýazýardylar. Emma Pazl Sähl ony örtüp, ony başgaça beýan edip halypa berýärdi.

Aly ibn Musa Ryza (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) Mamunyň gaşyna gelende, Mamun hezzet-hormat we mertebe şertlerini ýerine ýetirdi. Ol oňa mülk perişanlygyndan we Bagdadyň ilatynyň teşwüş berýändiginden gürrüň açdy. Ryza aýtdy:

– Bagdadyň işi bulaşyk. Olar Ybraýym ibn Mätini orta çykardylar we onuň bilen halypalyga ähtleşdiler. Ol Hasan bilen birnäçe gezek söweş etdi, güýç onuň tarapynda boldy. Eger bu işe çäre görülmese, soň onuň öwezini dolup bolmaz.

Mamun aýtdy:

– Hasan Sähl maňa: «Ybraýym ibn Mätini halypalyga oturtman, ony seniň oruntutarlygyňa bellediler» diýipdi.

Ryza aýtdy:

– Pazl hakykaty senden ýaşyrýar. Çünki, bu pitnäniň sebäbi we ol gowganyň özeni onuň doganydyr. Bagdadyň ilaty birnäçe gezek halypa hezretlerine habar berdiler hem-de: «Möminleriň emiri Bagdadyň emirligini gylyç eýesi bolan bir kişä buýursyn» diýip haýyş etdiler. Emma Pazl olardan ýekejesinem

seniň mübärek garaýşyňa arz etmedi. Möminleriň emiriniň hyzmatynda mertebeleri aýdyň bolan Herseme hem şu zatlary möminleriň emiriniň hyzmatynda arz etmäge gelýärdi. Pazl Sähl ony har etdi hem-de söhbetdeşlik hormaty bilen bagtyýar bolmaga goýmady. Tersine, topalaň adyny onuň üstüne atdy hem-de deliller ýüze çykmanka, ony öldürip, saňa «Ol wepat boldy» diýip aýtdy.

Mamun bu sözi eşidip, özüne geldi. Bu nesihatlary sap yhlas bilen aýdylansoň, kabul edip:

– Tanymal adamlaryň arasynda senden özge bu ahwallardan habarly başga kişi barmy? – diýip sorady.

Ryza:

– Eý, möminleriň emiri, bu ahwalatdan bihabar galan möminleriň emirinden başga ähli uly-kiçi habarly – diýdi.

Möminleriň emiri leşgeriň tanymal kişilerinden birnäçe adamy çagyryp, olary Pazl Sähl tarapdan arkaýyn etdi. Olar oňa ahwaly bolşy ýaly beýan etdiler. Onsoň möminleriň emiriniň hut özi Ybraýym ibn Mätini dep etmek üçin Bagdada tarap hereket etdi. Saragtyň golaýynda perraşlardan dört kişä:

– Pazl Sähl hammama gider, siz onuň yzyndan gidiň we ony öldüriň – diýip buýurdy.

Pyýadalar Pazl hammama gidende, ony heläk etdiler. Pazl Sähl müneçjimdi. Ol öz täleýinde özüniň ganynyň ot bilen suwuň arasynda dökjekdiklerini görüpdi. Ol şol gün hammama gitdi we ganyny aldyrdy. Daşary çykmak islände olar geldiler we beýan edilişi ýaly ony öldürdiler.

Onsoň möminleriň emiri Bagdada gitmegi goýbolsun edip, Saragtdan Tusa geldi we atasynyň guburyna zyýarat etdi. Aly Musa Ryza onuň ýanyndady.

Aýdyşlaryna görä, Harun bir gün köp üzüm iýip, hassalapdyr we onuň päk ruhy bedeni bilen hoşlaşypdyr. Mamun onuň wepat bolanyna köp aglady. Şaýylardan bir topary: «Şol

üzümde oňa zäher berdiler» diýip hasapladylar. Emma bu sözüň hakykatyny diňe Hudaý bilýär.

## Hekaýat

Mamun Tusdan Bagdat şäherine ugranda haýsy şähere ýetse, ol diýarda özüniň adyllyk we adalatlylyk ýörelgelerini ýol ugruna aýan edýärdi. Raýatlaryny dürli sowgatlardyr serpaýlara eýe edýärdi. Ol Bagdada gelip, halypalyk tagtynda ornaşdy. Örboýuna galan pitne ody öçmek bilen boldy. Tahyry Rakgadan çagyrdy. Tahyr gelensoň, Bagdadyň emirligini oňa tabşyrdy. Işler öňki ýagdaýyna gaýdyp geldi. Emma her haçan Tahyr Mamunyň ýanyna gelende, öz dogany Muhammet Emin onuň ýadyna düşýärdi we gözünden ýaş akýardy. Tahyra bu ýagdaý aýan bolansoň, Mamunyň weziri Ahmet Abu Halyda ahwaly beýan edip, ondan pena isledi we aýtdy:

– Men Mamunyň hyzmatynda yhlas hereketlerini köp aýan eden hem bolsam, doganynyň gany sebäpli göwnüne hoş ýaramaýanymy bilýärin. Bir ýol tapyp, meni onuň huzuryndan daşlaşdyr.

Ahmet Abu Halyt halypanyň huzurynda:

– Horasanyň işi bulam-bujar. Ol ýerler birden pitne turaýsa, ony dep eder ýaly bir güýçli häkime mätäç – diýip, arz etdi.

Mamun aýtdy:

– Bu käriň mynasyp eýesi kim bolar?

Ol aýtdy:

– Tahyrdan laýyk hiç kim ýokdur.

Mamun aýtdy:

– Ol mekir kişidir. Birden tagtyň ýanyndan daşlaşsa, topalaň turuzaýmasyn?

Ahmet aýtdy:

– Möminleriň emiriniň kalby ynjalar ýaly zamun berer.

Mamun aýtdy:

– Onda rowadyr.

Onsoň Mamun ýene-de aýtdy:

– Onuň zamuny kimdir?

Ol aýtdy:

– Oňa men zamun boldum. Ol hergiz topalaň turuzmaz. Eger ondan topalaň ýüze çykaýsa, men giderin we onuň şerini dep ederin.

Mamun şu manyda hat ýazyp, Tahyra Horasana gitmäge rugsat berdi. Ol gitdi. Rakga, Mosul we Şam Tahyryň ygtyýaryndady. Onsoň Mamun Tahyra:

– Öz ogly Abdyllany şol welaýatlarda ornaşdyrsyn – diýip buýurdy.

Tahyr 152-nji[1] hijri ýylyň Boş aýynyň ahyrynda Horasana ýüzlendi. Abdylla Tahyra bolsa: «Bagdada dolanmaly we atasynyň ýerinde oturmaly» diýip, perman berildi. Tahyr Horasana baryp, welaýaty eýeçiligine aldy. Ahyrynda bet niýeti we erbet kalby sebäp bolup, ol topalaň turuzdy we Mamunyň adyny hutbadan aýyrdy. Ol 209-njy[2] hijri ýylda, Anna güni hutbany Kasym ibn Alynyň adyna okady. Emma Mamuna eden gadyrbilmezligi ony tutdy. Ol hut şol hepdede gije uklandan soň turmady. Onuň wepat bolmagynyň sebäbini we näme bolandygyny hiç kim bilmedi.

Her kim öz nygmat berijisine garşy çyksa, ahyrynda zamananyň jepa elinden haly harap bolar.

---

[1] Bu aşakda gelýän senelere laýyk däl. Ähtimal 202-nji hijri (818-nji milady) ýyldyr. Ýene bir nusgada 205-nji hijri (821-nji milady) ýyl diýlip ýazylan.

[2] 825-nji milady ýyly.

### *Beýt*

Gadyr bilmän mes bolmak, kapyrlykdan ol beter,
Kapyrlyk bir, ol iki ahyr başyňa ýeter.

### Hekaýat

Möminleriň emiri Mamun 218-nji[1] ýylda dogany Abu Yshaky özüne mirasdüşer etdi we oňa Mugtasym diýip lakam dakdy. Älem etraplaryna, Horasan we Mawerannahr ülkelerine, Şamyň dört künjüne, tä günbatar serhede çenli permanlar ugradyp, onuň bilen ähdi-peýman baglaşdyrdy. Hut şol ýylda Mamun Ruma ýüzlendi. Ol ülkä ýeten wagtynda, Bendrud atlandyrylýan bir derýanyň kenarynda düşledi. Her gün Bagdatdan oňa sowgatdyr peşgeşler iberýärdiler. Bir gün ol derýanyň kenarynda aýagyny suwa sokup otyrdy. Suw sowukdy, şonda ol aýtdy:

– Şu mylaýym howada nähili nygmat has ýaramlydyr?

Mugtasym aýtdy:

– Möminleriň emiriniň raýynyň islän zady.

Ol aýtdy:

– Bu wagt terje hurma örän ýarar.

Olar şu gürrüňdediler. Şol wagt onuň gulagyna jaňyň owazy eşidildi. Mamun aýtdy:

– Seretsinler, bu owaz näme?

Seretdiler, görseler, gatyrlar kerweni eken. Olar Bagdatdan hurma getirýän ekenler. Mamun şol gün ol hurmalardan örän köp iýdi we şondan hem hassalady. Ol on ýedi gün bimar ýatdy we on sekizilenji gün wepat boldy. Şol gün 218-nji[2] hijri

---

[1] 833-nji milady ýyly.
[2] 833-nji milady ýyly.

ýylyň Rejep aýynyň on sekizidi. Ol kyrk sekiz ýaşyndady we ýigrimi ýyl iki aý halypalyk edipdi. Onuň künýesi Abulapbasdy. Onuň ejesi Merajyl atly bir kenizdi. Ol wepat bolandan soň, halypalygy onuň ogly Apbas Mamuna arz etdiler. Emma ol boýun towlady. Onsoň halypalyk işi Abu Yshak Mugtasymda karar tapdy.

***Beýt***

Mamundan soň täç geýip, Abu Yshak oturdy,
Galkany öňe tutup, emrin ýurda ýetirdi.

Bolsa hem ady Mamun[1], bolmady hiç amanda,
Gozgalaňdyr gowgalar ahyr bagtyn ýatyrdy.

## MUGTASYM

Möminleriň emiri Mugtasym halypalyga ornaşyp, leşger özi bilen ähtleşenden soň, möminleriň emiri Mamunyň Tusdaky hazynasyny göçürip, Bagdada tarap hereket etdi we mülk işlerine düzgün-nyzam berdi. Türkileri terbiýelemäge girizen[2] ilkinji kişi Mugtasymdy. Ol olary terbiýelemekde we ýakynlaşdyrmakda köp tagallalar etdi. Horasanyň emiri bolan Abdylla Tahyra özüne türki gulamlar ibermegini sorap hat ýazdy. Ol bolsa şol ýerden türkileri satyn alyp ugradýardy. Şeýdip, Bagdatda türkiler örän köpeldi. Möminleriň emiri Mugtasym olar bilen güýç-kuwwata eýe boldy. Bagdadyň ilaty olary ýigrenýärdi. Eger olardan birini ýekelikde görseler öldürýärdiler.

---

[1] Mamun, ýagny amanda galan diýmekdir.

[2] Bu ýerde türki mlletleri köşkdäki dürli wezipelere çekmek we gulluga almak barada alada eden ilkinji kişiniň Mugtasymdygy aýdylýar.

Mugtasyma bu ýagdaý aýan boldy. Samarra şäheriniň düýbüni tutdy. Ol şäher Dejle derýasynyň kenarynda Ajam mülküniň döwründe bina edilen we soňra harap bolan şäherdi. Onuň galyndylary haraba öwrülipdi. Mugtasym ony täzeden ymarat etmek isledi. Ýöne Şamyň we Rumuň ilaty pitne turuzdylar. Ol olary dep etmek üçin şol tarapa ugrady hem-de Rum bilen Şama ýakyn bolar ýaly, halypalyk öýüni Rakgada gurdy. Perzentlerine Bagdatda oturmaly diýip wesýet etdi. Mugtasym Samarrany bina etdi. Onuň üçin köp mal sarp etdi. Ol bina örän göwün açyjy we ruhuňy joşduryjy ýere öwrüldi. Mugtasym 220-nji[1] hijri ýylda ol ýere bardy we leşgeri bilen ornaşdy.

## Hekaýat

Mugtasymyň döwründe ýüze çykan uly wakalardan biri Bäbek Horramynyň gozgalaňydy. Ol kapyrdy, Beýik we Yzzatly Allany inkär edýärdi. Halaldyr harama iman getirmeýärdi, hak ýola ugrukdyryp, ýamanlykdan saklamagy hak hasaplamaýardy. Aýdyşlaryna görä, onuň kakasynyň kimligi belli bolmandyr, ejesi bolsa, Töwriz obalaryndan bolan bir gözi kör aýal eken. Onuň ejesi ony tä kämillik ýaşyna ýetýänçä, garyplykda ösdürip ýetişdiripdir. Şondan soň şol obadan birinden mallaryny bakmak üçin rugsat alyp beripdir.

Şeýle diýýärler:

Bir gün ejesi onuň üçin nahar alyp barýarka, görse, ol bir agajyň astynda ýatan eken. Onuň endamyndaky tüýler dürterilişip, her tüýüniň düýbünden gan damjasy damýardy.

Ol ýerdäki daglarda başga dinlerden bolan bir taýpa ýaşaýardy. Olaryň iki sany ýolbaşçysy bardy. Ikisiniň hem biri-biri-

[1] 835-nji milady ýyly.

ne duşmançylygy bardy. Biriniň ady Jawydandy, beýlekisiniň ady Ymrandy. Günlerde bir gün şol Jawydan Bäbegiň ýaşaýan obasyna geçip barýarka, Bäbegi görýär hem-de onda batyrgaýlyk alamatlarynyň we gaýduwsyzlyk nyşanlarynyň bardygyny aňyp, ony ejesinden diledi we özi bilen äkitdi. Bäbek Jawydanyň aýaly bilen yşkbazlyga başlady we ahyry ol aýaly özüniň awy etdi. Ol aýal oňa özüniň adamsynyň syrlaryny habar berdi. Hazynalary we genji-känleri oňa görkezdi. Bäbek işi öz eline aldy. Birnäçe wagtdan soň, Jawydan bilen Ymranyň arasynda uruş turdy. Jawydan ol söweşde öldürildi. Jawydanyň aýaly ol jemagata aýtdy:

– Jawydan Bäbegi özüniň oruntutary edipdi. Bu sebitleriň adamlaryna oňa eýermegi we boýun bolmagy wesýet edipdi. Ol size «Şu Bäbek arkaly size ähli duşmanlaryňyzdan üstün çykmak we ýeňiş gazanmak garaşýar» diýip wada berendir.

Ol jemagat oňa eýermäge razylyk berdiler. Onsoň Bäbek öz ýaranlaryny jemledi. Olarda ýaragdyr serişde ýokdy. Bäbek ählisine ýarag berdi we olara aýtdy:

– Sabyr ediň, gijäniň üçden biri geçsin. Onsoň daşa çykyp, nagra uruň we aýal, erkek we çaga diýmän her kim siziň diniňizde däl bolsa, ählisini gylyçdan geçiriň.

Onsoň ählisi şuny karar edip, yza döndüler. Ýarym gije topalaň turuzdylar we ol obalardaky ähli musulmanlary gyrdylar. Olara kimiň buýruk berendigini hiç kim bilmedi. Onsoň halkyň ýüreklerine gorkudyr howp ornaşdy. Onsoň Bäbek olary eglenmezden uzak sebitlere ugratdy. Kimi görseler öldürýärdiler. Olar daýhan kişilerdi. Öldürmek we söweşmek endikleri ýokdy. Emma şu iki söweş arkaly öldürmegi adat etdiler we batyrgaýlandylar. Ogrulardan, bet dinlilerden we bozgaklardan ýygnanan birtopar halk oňa goşuldy. Şeýdip, onuň ýanyna pyýadalardan başga ýigrimi müň atly jemlendi. Ol musulmanlar taýpasyny gulak-burnuny kesip gynaýardy, oda ýakýar-

dy. Ol hergiz ondan öň we ondan soň hiç kimden ýüze çykmadyk şeýle bozuklygy etdi. Birnäçe gezek soltanyň leşgerini dargatdy. Onuň pitnesi ýigrimi ýyl dowam etdi. Makdysynyň taryhynda şeýle getirlipdir: «Onuň öldürenlerini hasaplapdyrlar, ol aýaldan, erkekden we çagadan müň gezek müň musulmany öldüripdir».

Käbir taryhlarda şeýle getirlipdir: Ol ýigrimi ýylyň içinde iki ýüz elli bäş müň bir ýüz kişini öldüripdir.

Möminleriň emiri Mugtasymda (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) onuň öýjügini we bozuklygyny dep etmekden başga hiç bir pikir bolmandyr. Ol Efşin ibn Käwüşi onuň bilen söweşmäge ugradypdyr. Töwrizi we ol sebitleriň tutuş daglaryny oňa beripdir. Ony özüne golaýlaşdyrmakda we ulaltmakda tagallalar edipdir. Ony ähli patyşylardan ýokary sylag-mertebelere eýe edipdir. Oňa atlanan her gününde on müň dirhem, atlanmadyk gününde bäş müň dirhem bermegi wezipe edipdir. Ol Bäbek bilen söweşmäge giden güni oňa müň-müň dirhem sowgat beripdir. Efşin bir ýyllap, Bäbek bilen söweşler etdi. Birnäçe gezek ony ýeňdi. Bäbek bir galada penalanypdy. Ol gala örän mäkämdi. Onuň ajaly ýakyn gelensoň, bezirgenler keşbinde öz perzentleri we ýakynlary bilen ol galadan Ermeniýä gaçdy. Ermeniýede Sähl ibn Sinbat Nasrany ony tanady. Ol tersa bolsa-da, öň onuň eline düşüpdi we özüni köp mal berip, satyn alypdy. Aýdyşlaryna görä, ol melgun tä onuň ejesi, aýaly we uýasy bilen bozuklyk edýänçä oňa azatlyk bermändir.

Mugtasym kim ony diri getirse ýüz gezek müň-müň dirhem bermegi, her kim onuň başyny getirse müň-müň dirhem bermegi wada edipdi.

Ol tersa ony diriligine Efşiniň ýanyna iberensoň, oňa iki gezek müň-müň dirhem iberdi. Efşin Bäbegi möminleriň emiri Mugtasymyň ýanyna iberdi. Mugtasymyň buýrugy bilen 223-

nji[1] hijri ýylda onuň iki elini we iki aýagyny sogurdylar we garnynda goýdular. Onuň kellesini Bagdada iberdiler we galanyň ýokarsyndan asdylar.

Bir topary şeýle diýýärler:

Onuň elini kesenlerinde, ol ýüzüni öz gany bilen boýap gülüpdir hem-de:

– Ah, ah, ýeňillik-hä – diýip, özüniň adamlara bu gynalmalardan özünde agyry duýmaýan ýaly görkezipdir.

Bu ýeňiş iň uly ýeňişdi.

Onuň tutulan güni musulmanlarda baýramçylykdy. Ol gün 223-nji ýylyň oraza aýynyň on dördüdi, Anna günüdi. Möminleriň emiri Mugtasym Efşiniň mertebesini ýokary göterdi, oňa göwher bezegli täç berdi, zerli iki sany don berdi, iki sany göwher bezegli bilezik berdi, ýigrimi müň-müň[2] dirhem bagyşlady. Efşin uly sahawatlylygy görüp, depseň deprenmez bolansoň, özüniň bet asyldygyny ýüze çykardy. «Ynsan baýlygy görensoň, çeninden, çäginden çykyp başlar»[3].

Efşin möminleriň emiri Mugtasymyň garşysyna baş götermek we Ajam mälikleriniň üstünden patyşalygyny berkarar etmek isledi. Onsoň ony tutdular we asdylar. Ol sünnetlenmän eken, şeýle-de onuň öýünden birtopar but tapdylar. Bu möhüm wakanyň beýany şu kitapda, öz ýerinde getiriler.

## Hekaýat

Möminleriň emiri Mugtasymyň döwründe Çäç şäheriniň ilatyndan bir bölek jemagat huzura gelip:

– Biz bu şäherde suwsuzlykdan azap çekýäris. Bu şähere suw barar ýaly bir ýap gazmak gerek. Biziň oňa güýç-kuwwa-

---

[1] 838-nji milady ýyly.

[2] Ýagny ýigrimi million.

[3] Gurhanyň 96-njy (Ykra) süresiniň 6-7-nji aýatlary.

tymyz ýok. Eger möminleriň emiri perman berip, Horasanyň we Mawerannahryň ilaty bu işde bize ýardam berseler hem-de şonuň üsti bilen bize suw we şol suw bilen elimize nan düşse, hezreti halypanyň kereminden geň we daş bolmazdy – diýip arz etdiler.

Halypa sorady:

– Ol ýaby gazmaga näçe harç gerek?

Aýtdylar:

– Iki müň-müň[1] dirhem.

Möminleriň emiri şonça puly olara bermek barada buýruk berdi. Ol baýlygy hazynadan berdiler. Ol gelen jemagat özlerine hazynadan şeýle pul berler öýdüp, hergiz güman hem etmeýärdiler. Olar gitdiler we Çäçde aýdyşlary ýaly ýap gazdylar. Häli şu güne çenli ol ýap bardyr we şol edilen haýyr-yhsan bakydyr hem-de onuň sogaby möminleriň emiriniň mübärek ruhuna ýetýändir.

227-nji[2] hijri ýylyň Aşyr aýynda möminleriň emiri gan aldyrdy. Hut şol gün hem ol gyzdyrdy we hassalyga ýolukdy. On sekiz günden soň, Haktagalanyň rehmetine göç etdi. Ol kyrk sekiz ýyl ömür sürdi. Sekiz ýyl sekiz aý halypalyk etdi. Ol Beni Apbas (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) halypalaryndan sekizinji halypady. Şol sebäpli oňa Müsemmen, ýagny sekizlik diýýärdiler.

### *Beýt*

Bu gum äleminden, ýel deý geçdi çalt,
Mülkden almady boş elden başga zat.

---

[1] Ýagny iki million.

[2] 822-nji milady ýyly.

## WASYK

Onuň ady Harundy, künýesi Abu Japardy. Mugtasym ony mirasdüşer etmändi. Ýöne halk ondan soň onuň bilen ähtleşdiler we oňa Wasyku Billä[1] diýip lakam berdiler. Onuň ejesi Karatysdy. Ol wezirligi Muhammet Abdylmälik Zyýýata[2] berdi. Tannasy ulaltdy. Mülk täji we zer bilezik bilen onuň başyna hem eline zynat berdi. Onuň iki gulamy bardy. Biriniň ady Kiçi Bugady, beýlekisiniň ady Uly Bugady. Onuň döwründe araplardan bir jemagat gozgalaň turuzyp, kerwenlere hüjüm etdiler. Ol gozgalaňçylaryň garşysyna Uly Bugany ugratdy. Ol gozgalaňçylaryň şerini dep etdi we olara temmi berdi. Bagdatda Nasr ibn Mälik gozgalaň turuzdy. Ol bilniksiz orta çykmak isledi. Wasyk Bagdatda ýokdy. Ol öz ogly Ybraýymy şähere häkim edip belläpdi. Nasr ibn Mälik öz ýaranlary bilen Sogapgüni agşam gozgalaň turuzmagy karar edipdi. Ol gije kakarlary ýaly tebil hem getirip, häzirläp goýupdylar.

Onuň ýaranlaryndan bir jemagat bir agşam şerap içipdiler. Mes-serhoş bolansoňlar, Sogapgününiň agşamsy bolsa gerek diýip, tebil kakyp başlapdyrlar. Ybraýym daşa çykyp seretse, tebiliň owazynyň yzy bilen adamlar gelýärdi. On sany adamyň dik duranyny gördi. Bir gözi kör adam tebil kakýardy. Onsoň onuň buýrugy bilen ony tutdular. Ondan sorag etdi. Ol aýtdy:

– Biz Nasr ibn Mälige äht eden kişilerdiris.

Onsoň Nasr Mäligi tutdular. Ol hiç zady boýun almady. Onuň öýüni barladylar. Ondan gozgalaň etmegiň baýdagyny we taýýarlygyny tapdylar. Ony Wasykyň ýanyna ugratdylar. Wasyk ony öz eli bilen öldürdi. 232-nji[3] hijri ýylda Wasyk

---

[1] Alla daýanýan, Alla bil baglaýan.

[2] Başga bir nusgada «Zyýad» görnüşinde gelýär.

[3] 847-nji milady ýyly.

hassalady. Ol çişme keseline (Alyhezret patyşa ondan aman galsyn!) duçar boldy. Tebipler ondan ejiz geldiler we ony bejermekden saklandylar. Ony hemişe tagtyrowanda saklaýardylar, çünki, ol ýerde durup bilmeýärdi. Ol şol kejebede hem wepat boldy. Ol kyrk alty ýyl ömür sürdi we bäş ýyl dokuz aý halypa boldy.

## MÜTEWEKKIL

Wasygyň bir ogly bardy, emma entek ýaşdy. Onsoň türkileriň baştutany bolan Uly Buga aýtdy:

– Bu oglan kiçi. Onuň yzynda namaz okap bolmaz.

Şeýlelikde, onuň dogany Japary halypalykda oturtdylar. Japar düýş görüpdi, düýşünde asmandan bir perman inýärdi. Onda el-Mütewekkil alä Alla[1] diýlip ýazylypdyr. Wasyga onuň bu ahwalyndan habar beripdiler. Ol ony tussag etdi. Ol ölenden birnäçe wagtdan soň ony çykardylar we halypalyga oturtdylar. Ol wezirligi Muhammet Abdylmälik Zyýýata berdi. Mugtasymyň döwründen bäri Muhammet Abdylmälik wezirdi we onuň mülk işleri düzgünleşdi.

### Hekaýat

Aýdyşlaryna görä, Mütewekkiliň buýrugy bilen möminleriň emiri Hüseýiniň türbetini açdylar we ony ýer bilen ýegsan etdiler. Adamlara onuň türbetine zyýarat etmegi gadagan etdi we aýtdy:

– Zyýarat etmeklik ýa resulyň päk türbetine dürs bolar, ýa-da Mekge öýüne rowa görüler.

---

[1] Allatagala bil baglaýjy, töwekgellik ediji..

Ondan soň Mütewekkil yslam hajyny berjaý etdi we resulyň päk guburyna zyýarata gitdi. Ol şonda: «Pygamber alaýhyssalamyň ulanan ýaragy şu ýerde sahabalaryň biriniň elinde bar» diýip eşitdi. Ony tapyp getirtdi. Onsoň ony tutuşlygyna gyzyla gaplady we köp sanly göwherler ulanyp, köp tagzymlar etdi. Heran-haçan atlansa, onuň buýrugy bilen ony Mütewekkiliň öňünden äkidýärdiler. Adamlardan birtopary oňa müňkürlik edýärdiler we:

– Bu kişiniň işleri bir kadada we bir ýörelgede däl. Onuň işleri yzygiderlilik düzüminiň düzüminde däl. Çöpden we demirden başga zat bolmadyk bir ýaragy pygamberi hormatlamak üçin şeýle ezizleýär we pygamberiň perzendiniň türbetini bolsa, şeýle derejede harlaýar. Bu akyl güwäliginden daşdyr we danalaryň işlerine baglanyşygy ýokdur – diýýärdiler.

Mütewekkiliň ygtykat päkliginde hiç hili zyýanlykdyr aýyp bolmasa-da, patyşalyk işiniň dolandyrylyşygynyň öz aýratynlygy bardyr. Patyşalygy äsgermezlik etmek älemiň perişanlyga elter. «Patyşalyk gysyrdyr we patyşalar bilen başgalaryň arasynda hiç garyndaşlyk ýokdur».

## Hekaýat

Şeýle rowaýat edipdirler:

Mütewekkiliň üç ogly bolupdyr. Ol üç ogluny hem mirasdüşer edipdir. Muhammet atly iň uly ogluna Muntasyr Billä diýip lakam dakýar. Beýleki oglunyň ady Abu Abdyllady. Oňa Mugtaz Billä diýip lakam dakdy. Üçünjisiniň ady Ybraýymdy. Oňa Müeýýit Billä diýip lakam dakdy. Ol şu esasda ähdi-peýman baglady we ol ähdi-peýmany halka aýan etdi hem-de oňa belli adamlaryň güwäligini aldy. Her ogluna ýurt etraplaryndan bir etrapy mülk edip berdi. Yragy, Hyjazy, Müsüri tä günbatar

serhede çenli ýerleri Muntasyra berdi. Reýi, Gürgeni, Tabarystany we Ahwazy Mugtaza berdi. Mawerannahry we şol sanda tä gündogar serhede çenli ýerleri Müeýýide tabşyrdy. Halk bu paýlanşygy halamady. Mütewekkil Sämarra şäheriniň golaýynda belent köşk bina etdi we oňa Japary diýip at goýdy. Ony bina etmekde iki gezek müň-müň dirhem sarp etdi. Onuň ýaly binany jahanda hiç kim görmändi. Ol köşkde aýşy-eşrete meşgul bolmak islände, hut şol köşkde ony öldürdiler. Olaryň zalymlyk eli aýşy-eşrete böwet boldy. Dünýäniň işi şeýledir, käte abadany harap eder, käte suwly ýeri salgyma öwrer.

## Hekaýat

Aýdyşlaryna görä, Mütewekkiliň öldürilmeginiň sebäbi şu bolupdyr:

Ol Mugtasymyň iň uly gulamlaryndan bolan Ynanjy öldüripdi. Onsoň türkilerde oňa bolan ýigrenç dörändir. Ol Japary köşgüniň ymaratyna meşgul bolandygy sebäpli onuň mülküniň işleri gowşapdy. Karmatylar[1] gozgalaň turuzdylar we Bagdada geldiler. Ol olara ýüz müň dinar zer bermegi kabul etdi. Onsoň olar dolandylar. Türkiler ondan ynjadylar. Türkileriň ýolbaşçysy Wasyfdy. Buga bilen Wasyf uly hajypdylar. Buga köşgüň we şerabyň baştutanydy. Bugany Semata ugradypdy we ol sebitleriň goragyny oňa tabşyryp, onuň ogly Musany onuň ornuna geçiripdi. Onsoň türkiler gizlinlikde Mütewekkili öňlerinden aýyrmagy karar etdiler we Muntasyry özlerine ýaran

[1] Karmatylar – bu topar takmynan 894-nji milady ýylda Karmat ady bilen meşhur bolan Ahmet Aşgas tarapyndan esaslandyrylypdyr. Karmatylar Muhammet ibn Ysmaýyly ýedinji ymam hökmünde tanapdyrlar. Olar özlerine garşy toparlary gylyçdan geçirmegi dürs saýypdyrlar.Olaryň ýörelgeleri şaýylaryň Ysmaýylylar akymyna gaty meňzeşdir.

etdiler. Mütewekkile bu ýagdaý barada habar baryp ýetdi. Onsoň Muntasyra gazaplandy we ony har-zelil etdi. Ony hemişe dili bilen ynjadýardy we oňa:

– Sen muntazyr, muntasyr däl[1] – diýýärdi.

Onsoň Muntasyr türkileri özüne ýar etdi. Olar bir gije Mütewekkil eşret mejlisinde otyrka, köşge geldiler we gapyny gurşap aldylar.

Aýdyşlaryna görä, Mütewekkiliň ýylanlardyr içýanlar salnan gapjagazlary bardy. Ol olary masgarabazlaryň üstüne zyňýardy. Olar masgarabazlary çakýardy. Şonda Mütewekkil olara şobada tirýek (zähere garşy derman) berýärdi. Olar sagalýardylar. Şeýdip hem göwün açyşlyklar edýärdi. Onuň Anka atly bir masgarabazy bardy. Ol türkileri ýalaňaç gylyçlar bilen görende aýtdy:

– Ýylanyň nobaty geçdi, gylyjyň nobaty geldi.

Mütewekkil bu sözden gorkup, aýtdy:

– Ol jemagat kimlerdir?

Birden türkiler onuň golaýyna geldiler we oňa gylyç gezediler. Fath olara böwet bolmak isledi. Olar aýtdylar:

– Bar, bu işe burnuňy sokma, janyňy salamat gutar.

Ol aýtdy:

– Maňa onsuz ýaşaýyş gerek däl.

Onsoň ikisini hem para-para etdiler. Musa Buga[2] bu işi tamamlandan soň, Muntasyr bilen äntleşdilerr.

---

[1] Sen kömek berýän däl-de pursata garaşýan.

[2] Ol Uly Buganyň ogludyr.

## MUNTASYR

Mütewekkil öldürlenden soň, onuň uly ogly Muntasyr halypalyga ornaşdy we işleri eline alyp, dogry pikirleri orta atdy. Şol dogry pikirleriň biri-de şudy:

Atasy bilen bagly bolan pitne özeniniň ýüze çykmagyna türkileriň sebäp bolandygyny bilensoň, Wasyfy böwsüji goşun bilen ol ýerde söweşer ýaly Ruma iberdi. Ol Rum serhedine ýetende, oňa:

– Malatýada mekan tutarsyň hem-de şol ýerde bolarsyň. Her ýyl Rumda gazawat edersiň, goý, seniň şöhratyň we haýbatyň kapyrlaryň kalplarynda gorky bolup ornaşsyn – diýip, perman ýazyp ugratdy.

Şu usul bilen gowganyň başy bolan Wasyfy öz işiginden daşlaşdyrdy hem-de işleri eline alyp, welaýatyň abadançylyk we düzgün-tertip işlerine girişdi.

### Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Muntasyr halypalyga geçensoň, wezirligi Ahmet ibn Hasyba berdi. Ol işe girişip, türkiler bilen oňşuk we dostluk ýoluny ýörelge edindi. Soňra bir gün olary ýygnap:

– Siz bilýäňizmi, eger bu halypa bir zat bolup, Mugtaz halypalyk tagtyna geçäýse, atasynyň ganyny talap eder we hemmäňizi Mütewekkiliň ary üçin öldürer. Maslahat şeýle, gowusy üýşüp, Muntasyryň doganlaryny mirasdüşerlik paýyndan boşatmagyna we öz ogluny mirasdüşer etmegine sebäp boluň we meçew beriň – diýdi.

Onsoň türkiler bu pikiri Muntasyryň huzurynda arz etdiler. Ol mundan boýun towlap:

– Men olary mirasdüşerlik hukugyndan boşadyp bilmeýärin. Adamlar maňa gargarlar – diýdi.

Türkiler jemlendiler we ýarag dakynyp geldiler hem-de onuň öňünde durup:

– Tä doganlaryňy mirasdüşerlikden boşadýançaň, şu ýerden gitmeris – diýdiler.

Onsoň Muntasyr bialaç bolup, olary huzuryna çagyrmaga perman berdi. Gelensoňlar olara:

– Özüňizi halypalyk mirasdüşerliginden boşadyň. Goşun siziň oruntutarlygyňyza razy däl – diýip, habar berdi.

Müeýýit gepsiz-gürrüňsiz we saklanmazdan özüni boşatdy. Emma Mugtaz boýun towlady. Ýöne ahyrynda çäre tapmansoň, dogany bilen ylalaşdy we özüni işden boşatdy. Olar bu möhüm işden boşaşansoňlar türkiler dolandylar.

Muntasyr doganlaryny çagyryp, olardan ötünç sorady we:

– Bolup geçen zat meniň isleg-niýetim däldi. Şol türkileriň topary özlerinden gorkusyna sizi işden boşatmaga gadam urdular – diýip, doganlaryny göwnühoş edip gaýtardy.

Şeýlelikde, ol pany mülki üçin atasynyň ganyny ýere dökdi we türkiler bilen ýaran boldy. Ahyrynda-da atasyndan soň, alty aýdan köp ýaşamady. Ol 248-nji[1] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň birinji gününde hassalady. Onda güýçli samrama peýda boldy. Başy çişip ugrady we ol çiş köpeldi. Ol bu kesel bilen dört günläp ýatdy. Ahyrynda Dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Sogapgüni tagtdan tagta, ýagny tabyda mündi.

Muntasyr kelte boýly, uly gözli kişidi. Onuň künýesi Abu Japardy. Ejesi Hasanyýýa atly rumly kenizdi. Ol ýigrimi bäş ýyl ömür sürüp, alty aýdan köp halypa bolmady.

---

[1] 863-nji milady ýyly.

## MUSTAGYN

Şeýle rowaýat aýdypdyrlar:

Muntasyr Hakyň rehmetine gowşansoň, leşgerler üýşüp:

– Halypalygy kime tabşyrarys? – diýip, geňeş etdiler.

Ahmet Hasyp aýtdy:

– Mütewekkiliň perzentlerinden hiç kimi oturtmaly däl. Olar atasynyň ganyny talap ederler we goşunyň köpüsini aýakdan salarlar. Ýöne Mugtasymyň perzentlerinden birini oturtmak gerek. Ol siziň hojaýynyňyz bolupdy hem-de siziň ulyňyzy-kiçiňizi ol terbiýeläpdi.

Onsoň Ahmet ibn Muhammet Mugtasymy orta çykardylar we halypalyk tagtynda oturtdylar. Onuň bilen ähtleşdiler we oňa Mustagyn diýip lakam berdiler.

Ol halypalyk tagtynda ornaşandan soň, Tahyr ibn Abdyllanyň Horasanda wepat bolandygy barada habar gelip ýetdi. Mustagyn Horasanyň emirligini onuň ogluna berdi. Hut şol ýylda Uly Buga panylyk elinde ýesir boldy. Mustagyn onuň elindäki emirligi onuň ogly Musa tabşyrdy. Bu ýylda türkiler Ahmet Hasybyň garşysyna baş göterdiler we ony wezirlikden boşatdylar. Gamyş atly bir türk bardy. Wezirligi şoňa berdiler. Onsoň işleriň kadasy tertipden çykdy. Halk Gamyşyň garşysyna baş göterdiler we ony öldürdiler. Daş-töwereklerden we etraplardan duşmanlar galkdylar. Şeýlelikde, onuň işi aşakda beýan edilişi ýaly derejä baryp ýetdi.

### Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Işler bulaşandan we onuň ýurdunyň kuwwat bagy gowşandan soň, türkiler Mustagyna garşy baş göterdiler we ony öl-

dürmegi kast etdiler. Mustagyn öz ýakynlaryndan alty kişi bilen gämide oturyp, nepis we gymmatbaha zatlardan näme eline ilse gämä ýükläp, suw ýoly bilen Bagdada gitdi we Bagdatda mesgen tutdy. Ertesi, söweşmek niýeti bilen halypanyň dergähine gelen türkiler gapylaryň açykdygyny gördüler we hiç kimi tapmadylar. Onsoň olar haýran bolşup, çäre sapagynyň ujuny ýitirdiler. Salam atly bir hyzmatkäri Bagdada gitmäge, Mustagyndan bularyň günäsini-ötünjini dilemäge we onuň Samarra şäherine gaýdyp gelmegini haýyş etmäge bellediler.

Ol hyzmatkär Bagdada baryp, Mustagyny gördi we ilçilik borjuny berjaý etdi. Mustagyn:

– Meniň Samarra barmagym boljak zat däl. Ýöne men ähli türkilere aman berdim we olar näme eden bolsalar baryny geçdim. Bary Bagdada gelsin – diýdi.

Salam dolanyp gelip, jogap getirende, olar:

– Bize Bagdada barmak dogry däl – diýdiler.

Soňra Mugtazy orta çykardylar we onuň bilen ähtleşdiler hem-de Mustagyny halypalykdan boşatdylar. Mugtaz halypalyga geçip, Yrak, Mosul we Jezire etraplaryna çaparlar ugratdy we halky özi bilen ähtleşige çagyrdy. Ählisi onuň bilen ähtleşdiler. Mustagyn bu habary eşidenden soň, Muhammet ibn Tahyr ibn Abdyllany Horasandan çagyrdy. Mugtaz Samarrada bolan gaznany tutuşlygyna göterdi. Ol bäş ýüz müň dinardy. Şeýle-de Apbas ibn Mustagynyň müň-müň dirhem bolan baýlygyny alyp, goşuna äht eden puluny berdi. Wezirligi Japar ibn Muhammede berdi. Bir goşuny Bagdada ugratdy. Öz dogany Ahmet ibn Mütewekkile serkerdelik berdi. Oňa bäş müň atly türk, on müň atly magryply hem-de Şamdyr Yrakdan üç müň atly berdi. Ol Bagdada goşun çekdi. Onuň we Muhammet Tahyryň arasynda gazaply söweşler boldy. Köplenç Muham-

met Tahyr ýeňlişe sezewar boldy. Ahyrynda Muhammet söweşden el çekdi. Mustagyn oňa aýtdy:

– Näme üçin söweşe gitmeýärsiň?

Ol:

– Her gezek men söweşe girişenimde, meniň leşgerimden köpüsi menden dönýärler we olara tarap gidýärler. Şonuň üçin söweşe gitmeýärin – diýdi.

Muhammet Tahyr soňra oňa dönüklik etdi. Mustagyn mejbury ýagdaýda özüni halypalykdan boşatdy. Şeýlelikde, Mugtaz halypalykda ornaşdy. 252-nji[1] hijri ýylyň Aşyr aýynda Sogapgüni Mustagyn halypalykdan boşap, Mugtazyň halypalyk işleri mäkämleşdi.

## MUGTAZ

Mugtaz halypalyga geçensoň, wezirligi Ahmet ibn Ysraýyla berdi. Älem-jahana permanlar ugradyp, halk onuň bilen ähdi-peýman etdiler. Muhammet ibn Tahyr ibn Abdylla ibn Tahyr Bagdadyň emiridi.

Mugtaz 253-nji[2] hijri ýylda öz dogany Müeýýidi halypalyk mirasdüşerliginden boşatdy. Türkiler Wasyfyň leşgerini gyrdylar. Olary gyrmagynyň sebäbi şudy:

Wasyfdan aýlyk talap etdiler. Wasyf daşary çykyp:

– Näme isleýärsiňiz? – diýdi.

Olar aýtdylar:

– Aýlyk isleýäris.

Wasyf olara aýtdy:

– Käýinç bilen zer isleýärsiňizmi? Zer däl, gum iýiň.

[1] 864-nji milady ýyly.
[2] 865-nji milady ýyly.

Olar gozgalaň turzup, Wasyfy şol ýerde öldürdiler.

Mugtaz onuň mülklerini we wezipesini Musa Buga berdi. Türkiler hem öňküsi ýaly aýlyk talabyndadylar. Ahmet Ysraýyl wezirdi, Eýýup diwanbaşydy, Hasan Mühellit bolsa kätipdi. Türkiler ol üçüsini öldürmäge kast etdiler.

Onsoň şol türkilerden biri aýtdy:

– Mal-baýlyk şu kätiplerde we wezirlerde bar.

Soňra Ahmet Ysraýyla sögündiler. Olaryň arasynda köp gürrüňler boldy. Türkiler gowga etdiler. Mugtaz turup, öz öýüne gitdi. Olar ol üç kişini tutdular, ellerini bagladylar we äkitdiler. Şol üç kişä köp baýlyk töleg kesdiler. Türkiler üýşüp geldiler we möminleriň emiri Mugtaza «daşary çyksyn» diýip, habar berdiler. Ol aýtdy:

– Men derman içdim, özümem hassaladym.

Türkiler rugsatsyz öýe girdiler we onuň aýaklaryndan tutup, ony süýrediler. Mugtaz aýtdy:

– Menden näme isleýärsiňiz?

Olar aýtdylar:

– Özüňi halypalykdan boşat.

Mugtaz aýtdy:

– Kabul etdim.

Derrew häkimi we tanymal kişilerden birnäçe adamy getirdiler. Mugtaz olaryň huzurynda özüni işden boşatdy we halypalykdan aýyrdy. Ondan talap etdiler, ol köp mal berdi. Ony öýde tussag etdiler we oňa tagam bermediler. Şol öýde onuň ruhy göwresini boş goýdy. Onuň halypalyk eden wagty dört ýyl alty aýdan köp däldi.

## MÜHTEDI

Soňra Muhammet ibn Wasygy halypalykda oturtdylar we oňa Mühtedi diýen lakam berdiler. Ol örän takwady we dindardy. Alymlar bilen oturşardy we olar bilen ysnyşmak islärdi. Emma ol hem türkileriň gowga eli bilen öldürildi. Ol 257-nji[1] hijri ýylyň Rejep aýynyň on dördüne Hoşgüni wepat boldy. Mühtedi on bäş aý on bäş gün halypalyk etdi. Onuň ömri otuz sekiz ýaşdan artyk däldi. Allatagala oňa rehmet etsin we ondan razy bolsun!

## MUGTAMYT

Mühtedi öldürleninden soň, Ahmet ibn Japar Mütewekkili halypalykda oturtdylar. Onuň künýesi Abulapbasdy. Oňa Mugtamyt alä Alla[2] diýip, lakam dakdylar. Onuň ejesiniň ady Kynandy. Mugtamyda ibn Kynan diýýärdiler. Onuň bilen ähtleşenlerinden we Musa ibn Bugany çagyranlaryndan soň, ol Samarra geldi. Ol wezirligi Abdylla ibn Ýahýa ibn Hakana berdi. Öz dogany Abu Muhammede Mekgäniň we Käbäniň emirligini berdi. 126-njy[3] ýylda öz ogly Japary mirasdüşer etdi we oňa Muwaffak Billä diýip, lakam goýdy. Magryp welaýatyny onuň mülki etdi. Öz dogany Abu Ahmedi Japardan soň mirasdüşer etdi.

263-nji[4] ýylda Ýakup Leýs Bagdada garşy ýöriş etdi. Mugtamyt we Abu Muhammet goşun bilen öňünden çykdylar we onuň bilen söweş etdiler. Ol ýeňlip gaçdy.

---

[1] 871-nji milady ýyly.
[2] Alla sygynýan, bil baglaýan.
[3] 876-njy milady ýyly.
[4] 877-nji milady ýyly.

## Hekaýat

Ýakup Leýs Ahwaza gidip, ol ýerde wepat bolandan soň, Amr ibn[1] Leýs onuň hazynasyny göterdi we onuň leşgerini eline alyp, möminleriň emiriniň huzuryndan pena gözledi. Möminleriň emiri ony terbiýeläp, oňa Horasanyň emirligini tabşyrdy. Şeýle-de, Bagdadyň emirligini hem oňa berip, Abdylla ibn Tahyry onuň oruntutarlygyna belledi. 268-nji[2] hijri ýylda Amr ibn Leýs Horasandan onuň üstüne leşger çekdi. Möminleriň emiri Mugtamyt ondan ynjady we ony özüniň Horasandaky oruntutarlygy wezipesinden boşatdy hem-de ähli münberlerde onuň permany bilen oňa nälet okadylar. Ol ondan gorkmady hem-de Reýi, Kermany we Gürgeni eýeledi. Möminleriň emiri Mugtamydyň hut özi hereket edip, onuň garşysyna söweşe ugrady we şol ýerde wepat boldy. Ol kyrk ýedi ýyl ömür sürdi we bäş ýyl halypalyk etdi.

Onuň dogany Muwaffak Billä ýagdaýy beýle görnüşde görensoň, Amr Leýse tarap adam iberip, onuň bilen ylalaşyk baglaşdy. Muhammet ibn Tahyry Horasandan boşadyp, Horasanyň we Bagdadyň emirligini Amr Leýse tabşyrdy.

Onda bir kesel peýda bolup, şondan soň ol ata münüp bilmedi. Bagdada gelende onuň bimarlygy güýçlenipdi. Onsoň kätibi bolan Ysmaýyl ibn Bilal onuň işiniň tamam bolandygyny bilip, möminleriň emiri Mugtazydy getirdi we onuň gapdalynda oturtdy. Muwaffak Hakyň rehmetine gowşansoň, derrew möminleriň emiri Mugtazyt bilen äht baglaşdylar. Bu waka 288-nji[3] hijri ýylda boldy.

---

[1] Golýazmada säwlik bilen «Omar Leýs» görnüşinde getirilýär.
[2] 883-nji milady ýyly.
[3] 801-nji milady ýyly.

## MUGTAZYT

Muwaffagyň leşgeriniň Mugtazyda äht berendigi barada Amr ibn Leýse habar baryp ýetende, ol oňa köp sowgatlar we gutlaglar iberdi we ondan Horasanyň emirligini haýyş etdi. Mugtazyt rugsat berdi we oňa baýdak ugratdy. Amr ol baýdagy üç gije-gündizläp, öz saraýynda dikip goýdy. Halk gelip ony synlaýardylar.

Rafyg Herseme Reýi basyp alypdy we bozgaklyk edýärdi. Möminleriň emiri Mugtazyt ony dep etmek barada Amr Leýse perman ugratdy. Amr Leýs Rafyg Herseme bilen söweşip, ony ýeňdi. Mugtazyt ýagşy ygtykatly we adyl kişidi. Onuň öwgüli häsiýetleriniň biri-de, elbetde, alawylara azar bermändigi we olara zyýan ýetirmändigidir.

### Hekaýat

Şeýle rowaýat getiripdirler:

Bagdatda tanymal täjirlerden bir bezirgen bardy. Oňa Muhammetwert[1] diýýärdiler. Tabarystanda Alynyň perzentlerinden bir seýit bardy. Ol özüne Hak ýola çagyryjy diýip, at beripdi. Bu bezirgen onuň bilen hat alyşýardy. Ol seýit her ýyl hajylaryň elinden oňa otuz müň dinar iberýärdi. Ol ony alawylara berýärdi we olaryň arasynda paýlaýardy. Bagdatda halypanyň bir gulamy bardy. Onuň ady Bedrdi. Ol Bagdadyň emiridi. Bir ýyl ol baýlygy getirýärkäler, Bedr ondan habarly boldy we ol maly bezirgeniň elinden aldy. Muny Mugtazyda habar berdiler. Mugtazyt ol zeri Bedrden aldy we şol bezirgene gaýdyp berip, oňa:

[1] Başga bir nusgada Muhammet ibn Wert.

– Kimi halasaňyz şoňa beriň – diýdi. Soňra Mugtazyt ýene-de şeýle diýdi:

– Men agşam bir düýş gördüm. Bir leşger bilen bile atlanypdyryn. Ýolda bir köprä ýetdim. Bir adamy gördüm, şol köpriniň üstünde namaz okaýardy. Hiç kime ol köpriniň üstünden geçmäge ýol berenokdy. Men onuň ýanyna bardym. Ol namazyň salamyny berdi[1]. Seretsem, onuň ýerde goýan bir pilini gördüm. Ol maňa aýtdy:

– Bu pili al we şu ýerden toprak al.

Men ýere birnäçe gezek pil urdum. Soň ol maňa aýtdy:

– Bilýäňmi, men kim?

Aýtdym:

– Ýok.

Ol:

– Men Aly Abu Talypdyryn. Seniň şu pili ýere urşuňça perzendiň bolar. Sen meniň perzentlerime azar bermeli dälsiň. Şeýle-de öz perzentleriňe-de meniň perzentlerime ezýet bermekde tagalla etmesinler diýip, wesýet edersiň – diýdi. Soňra ol maňa ýol berdi, men ol köprüden geçdim.

Onsoň Mugtazyt ol zeri öz eýesine gaýtaryp berdi we ýene-de:

– Kimi halasaň şoňa ber – diýdi.

282-nji[2] hijri ýylda Mugtazydyň bir ogly boldy. Oňa Japar diýip at goýdy. Onuň Humaryýa Ahmet Tulunyň gyzyndan başga hiç bir azat aýaly ýokdy. Onuň razy bolarlykly hereketleriniň biri-de şudur. Ol mirasdarlar diwanyny dikeldipdi, her kim ölse, onuň malyny mirasdüşerine, eger mirasdüşer ýok bolsa, derwüşlere berýärdiler.

---

[1] Ýagny namazyny okap boldy.

[2] 896-njy milady ýyly.

## Hekaýat

287-nji[1] hijri ýylda, möminleriň emiri Mugtazydyň halypalyk edýän döwründe Amr Leýs Horasanda kuwwatlanypdy we ol welaýaty zabt edipdi. Emir Ysmaýyl Ahmet Samanly (goý, Allatagala oňa rehmet etsin!) orta çykyp, Jeýhundan geçdi we söweşip, ony ýeňdi. Şeýdip, Saman neberesiniň döwlet baýdagyny ýokary galdyrdy. Emir Ysmaýyl Amr Leýsi möminleriň emiri Mugtazydyň huzuryna iberdi. Mugtazydyň buýrugy bilen ony tussag etdiler. Onuň wekili bir hyzmatkär bolup, oňa Safy Haremi diýýärdiler. Möminleriň emiri Mugtazyt hassalady. Onuň keseliniň agyrlygy ýokary derejelere ýetip, haly teň boldy, geplemäge mejaly galmady. Ol şonda Safy Haremini çagyryp, bir elini gözüne tutup, bir eli bilen bokurdagyny syhady. Safy onuň ýeke gözli Amr Leýsi öldür diýýändigini bildi. Onsoň Safy onuň işini tamamlady. Halka bolsa: «Men möminleriň emiriniň hyzmatynda meşguldym» diýip görkezdi. Onuň işini hiç kim dowam etdirmedi. Şeýlelikde, Saffarlylar döwletiniň kuwwatly şemaly ýatyp, ykbal suwy olaryň ahwal ýabyndan başga nobura sowuldy.

Möminleriň emiri Mugtazyt on ýyl dokuz aý halypalyk etdi (goý, Allatagala ondan razy bolsun!).

## MÜKTEFI

Mugtazyt wepat boldy. Onuň iki ogly bardy, biri Muhammet, beýlekisi Japar. Muhammet Japardan uludy. Şonuň üçin Muhammet bilen ähtleşdiler. Ony el-Müktefi Billä atlandyr-

---
[1] 801-nji milady ýyly.

dylar. Ol halypalyk işine girişip, hetden aşýanlary ýok etmäge we bozuklara böwet bolmaga köp tagalla etdi.

Mugtazydyň gulamy we Reýiň emiri bolan Bedr Kebir Reýdedi. Müktefi oňa:

– Leşgerden meniň üçin ähdi-peýman al – diýip, perman ýollady.

Bedr leşgerden onuň üçin ähdi-peýman aldy hem-de hezreti halypa:

– Leşger menden kesgitlenen mal isleýärler. Men hezretiň huzuryna barjak. Möminleriň emiriniň elini ogşamak hormatyna eýe boljak we leşgeriň kesgitli malyny berjek, onsoň dolanjak – diýip, ýüz tutdy.

Müktefiniň weziri Kasym Abdyllady. Onuň bilen Bedr Kebiriň arasynda duşmançylyk bardy. Kasym möminleriň emiriniň huzurynda şugulçylyk edip, Bedr Kebire şyltak atyp:

– Bedr tabynlyk etmeýär, belki, duşmançylyk üçin gelýär. Ol seniň halypalygyňa razy däl. Çünki, bu iş ondan maslahatsyz amala aşdy – diýýär.

Müktefi aýtdy:

– Iş ýörelgesi ne bolar?

Kasym aýtdy:

– Ähtleşik malyny bermeli hem-de oňa: «Sen işler bulaşmaz ýaly şol ýerde bolmaly» diýip, perman ibermeli.

Möminleriň emiri Müktefi perman berdi. Onsoň kesgitli mal – on gezek müň-müň dirhem ugratdylar. Şeýle-de ol:

– Şol ýerde ornaşyň, eger halypa başga welaýaty bermegi yglan etmek islese, perman iberiler – diýip, perman berdi.

Bedr ol maly leşgere berdi we ýene aýtdy:

– Men gürrüňsiz hyzmatyňyza barjak we möminleriň elini öpmek bagtyna eýe boljak.

Kasym aýtdy:

– Eý, möminleriň emiri! Aýdanym rast boldy, onuň terslik hyýaly bar.

Onsoň möminleriň emiri Müktefi leşgeriň belli kişilerinden we goşunyň han-beglerinden her birine gizlinlikde perman berdi we hemmesini ondan aýyrdy. Bedri bir usul bilen tutdular we onuň başyny aldylar. Müktefiniň halypalygy saplandy.

## Hekaýat

Müktefiniň halypalygy döwründe Kufe tarapda hawaryçlardan bir kişi orta çykdy. Oňa Zekreweýh ibn Mekreweýh diýýärdiler. Ol halky karmaty mezhebine çagyrýardy. Onuň iki ogly bardy. Biriniň ady Ýahýady, beýlekisiniňki bolsa Hasandy. Hasanyň ýüzünde bir gara nyşany bardy. Ol «bu ymamlyk alamatydyr» diýýärdi we özüni Sahybuş-şämmetus-säwda[1] atlandyrýardy. Ol Badyýada (arap sährasynda) beni kelan taýpasyny öz yzyna eýermäge çagyrýardy. Olar oňa eýerdiler we Şama döküldiler, Dymyşk bilen Hymsy eýelediler. Müktefi Samarradady. Oňa topalaňçy Şamy eýeledi diýip, habar berdiler. Onsoň leşger jemläp, Rakga gitdi we şol ýerde ornaşdy. Yzly-yzyna leşgerler ugradýardy. Muhammet Süleýmany ýigrimi müň kişi bilen ugratdy. Muhammet Süleýmanyň buýrugy bilen üç müň man nebit getirdiler. Hawaryçlaryň golaýynda leşgergäh gurup, ol nebiti özüniň leşgergähiniň daş-töweregine sepdiler. Ertesi söweş saplary düzülip, hawaryçlar hüjüm edenlerinde Süleýman gaçmaga ýüz urdy. Hawaryçlar bolsa yzyndan çozýardylar.

Şol nebitiň golaýyna ýetenlerinde, Muhammet Süleýmanyň adamlary nebite ot berdiler. Alaw ýokary göterildi. Mu-

[1] Gara nikabyň eýesi.

hammet Süleýman ýüzüni yza öwürdi. Topraga bulaşanlary ot gurşap aldy. Her kim oduň alawyndan böküp geçse, gylyjyň taply demine duçar bolýardy. Sahybuş-şämme bilen onuň iki ogly ele düşdi. Olary baglap, halypanyň huzuryna ugratdylar. Bu yslamda ýüze çykan belli ýeňişlerdendi we beýik işlerdendi. Bu geň galdyryjy iş Müktefiniň halypalyk eden döwründe ýerine ýetirildi. Müktefi 295-nji[1] hijri ýylyň boş aýynda bakylyk älemine göç etdi. Onuň halypalyk eden müddeti alty ýyldan köp däldi. Otuz iki ýaşyndady. Onuň ejesi türkidi. Mylaýymlykda, haýalylykda, ýumşaklykda we wepalylykda älemde taýsyzdy.

## MUKTADYR

Şeýle hekýaty getiripdirler:

Müktefiden soň, 295-nji[2] hijri ýylyň Boş aýynyň on üçüne Dynçgüni onuň dogany Japar bilen ähtleşdiler we oňa Muktadyr diýip lakam goýdular. Ol halypalykda ornaşanda gaznada bäş gezek müň-müň dinar bardy. Onuň buýrugy bilen on bäş müň dinary beni haşym taýpasynyň arasynda paýladylar. On bäş müň dinary derwüşlere sadaka berdiler. Ol ýagşy ýörelgeler goýdy. Atasynyň kanunlaryny aýryp, adyllyk we ynsap saçagyny ýaýdy. Wezirligi Abu Ahmet Apbas ibn Ýahýa Haşyma berdi. Onuň ogluny öz hajyby etdi. Aly ibn Musa Furaty diwany hyraja[3] gözegçi etdi. Aly ibn Isany sahyp diwan[4] etdi. Işlere akyl-parasata laýyklykda, düzgün-tertip berdi.

---

[1] 908-nji milady ýyly.
[2] 908-nji milady ýyly.
[3] Diwany hyraç – salgyt diwany.
[4] Sahyp diwan – diwana ýolbaşçy.

## Hekaýat

Möminleriň emiri Muktadyryň halypalyk nobaty uzak dowam etdi. Muktadyr üýtgäp durýan niýetli we gapma-garşylykly pikirli kişidi. Ol barada hergiz bir zatda berk durmaýar diýýändikleri sebäpli, goşundan birtopar jemagat ondan artykmaç zat talap edip ugradylar. Ondan mümkin däl haýyşlary edýärdiler. Wezipe-hak talabynda nadanlyk görkezýärdiler. Şol sebäpli mülk işi gowşap başlady.

Harun Garybyň we Emir Bazugyň arasynda mal-garaly bir gulam üçin ýüze çykan agzalalyk sebäpli duşmançylyk güýçlendi. Onsoň leşger üýşüp, Muktadyry halypalykdan boşatdylar we harlyk bilen halypalar öýünden daşary çykaryp, Ýunus Muzaffaryň öýünde tussag etdiler. Bu hadysa 317-nji[1] hijri ýylyň Aşyr aýynyň on üçünde Sogapgününde bolupdy. Bu pitnäni öjükdirijiler Abulheýja Abdylla ibn Hamdan, Bazuk Mugtazy we Ýunus Muzaffar dagydylar.

Muktadyry tussag edenlerinden soň, ony halypalar öýüne getirdiler we onuň bilen ähtleşdiler. Oňa Kahyru Billä[2] diýip, lakam dakdylar. Emir Bazuk onuň hajyby boldy. Hut şol Aşyr aýynyň on ýedisine, Başgüni nurly güneş gündogar dag kötellerinden baş göterende, ymamlary we tanymal kişileri ähdi-peýman baglaşmak üçin huzuryna çagyrdy. Şeýle ýagdaýda pyýada goşundan bir topary köşgüň işigine gelip, täzeden ähtleşmek üçin belli bir hak talap etdiler we bu barada gaty yhlaslylyk görkezdiler. Bazuk köşeşdirmek üçin olara aýtdy:

– Siziň islegiňiz näme?

Olar aýtdylar:

---

[1] 929-njy milady ýyly.

[2] Kahyru Billä – Allanyň kömegi bilen basyp alyjy.

– Özümiziň alty aýlyk hakymyzy isleýäris. Şeýle-de, biziň her birimiziň iýmit hakymyzda bir dinary artdyrsynlar.

Her kim bir söz diýýärdi. Bazuk aýtdy:

– Siz bir üýşmek sada toparsyňyz. Özüňiziň serkerdeleriňizi şu mesele bilen iberiň, goý, siziň haýyşlaryňyzy arz etsinler. Wepalylyk bilen bitireris.

Olaryň ýolbaşçylaryndan bir bölegi ýokary çykdylar we haýyşlaryny arz etdiler, gödek sözler aýtdylar. Bazugy harlyk bilen aýyplap kemsitdiler. Gozgalaň turaýjak boldy. Bazuk pitneçilik artaýmaz ýaly olaryň öňünden gitmek isledi. Ol gapa tarap ugrady. Emma tötänlikden ol gapy ýapykdy. Onsoň köşgüň gapysyna tarap daş çykdy. Pyýada esgerler topuldylar we Bazuky atdan agdardylar hem-de onuň bozuklykdan doly başyny teninden jyda etdiler. Abulheýjany hem Bazuka ýaran edip, ýere okladylar we olaryň başlaryny naýzanyň başyna ildirip, halypalyk köşgüniň işigine geldiler. Kahyry agdaryp, şol öňki mejlisine – yzyna ugradyp, Muktadyry Ýunusyň öýünden çykardylar we ýene-de oňa täzeden ähdi-peýman etdiler. Ol hernäçe halypalyk işini boýnuna almakdan boýun towlasa-da, ondan el çekmediler. Onsoň olar bilen pitne we bozuklyk etmeli dälsiňiz, araňyzda bozuk tamakinçilikleri döretmeli dälsiňiz, şeýle-de halypalyk mertebesiniň hormatyny saklamalysyňyz diýip karar etdi. Şu esasda äht etdiler. Möminleriň emiri gämide oturdy. Sahawatlylyk deňzi gäminiň üstünde oturyp, suwuň ýüzi bilen ýola rowana boldy. Halk şadyman bolşup, senalar aýtdylar.

Nurly gün ýene-de halypalar öýüne geldi. Halypa wezirligi Aly ibn Mukalla berdi. Ol parasatlylyk we üşüklilik bilen ýurt işini eline aldy. Döwlet ýaňadan juwanlaşdy, ýatan bagt oýandy. Ilähi takdyr we ezeli höküm «Isläniňe mülki berýärsiň,

islänïňden mülki alýarsyň»[1] diýen manysyny älemdäkilere görkezdi. Halypa hiç bir sebäpsiz halypalykdan boşady we beýleki biri onuň ornunda oturdy. Üç günüň dowamynda bolsa, hiç bir tagallasyz we jan çekmesiz mülki ýene-de oňa gaýtaryp berdiler hem-de halypalyk tagty onuň mekany bolmak bilen bezeldi. «Bu Beýik Taňrynyň ýagşylygydyr, ony islän bendesine berer we Beýik Taňry pazylat eýesidir»[2].

Bu many babatda bir şahyr şeýle diýipdir:

### *Beýt*

Ezeli Terbiýeçi bolsa, ger bir kişä ýar,
Ebedi bagtyýarlyk oň öňünde goýar kär.

Haktagalaň towpyky şeýle täsir edýändir,
Ykbalyň güýç bermesi edýändir şeýle eser.

### Hekaýat

Muktadyry iki gezek halypalykdan boşatdylar. Iki gezek hem hiç bir tagallasyz, Allatagala mülk işini oňa gaýtadan getirip berdi. Birinji gezek oňa garşy baş göterdiler. Onuň weziri Apbas Hasany öldürdiler. Halypanyň ogly Mugtaz Billä bilen ylalaşdylar we ähtleşdiler. Oňa «Muntasyfu Billä» diýip, ýüzlendiler. Döwlet sütünleri ýaňadan üýşdüler we oňa garşy topalaň turuzdylar. Onuň weziri Abu Aly Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin ibn Mükelläni öldürdiler we onuň ogly bilen ähtleş-

---

[1] Gurhanyň 3-nji (Ymranyň öýi) süresiniň 26-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 57-nji (Demir) süresiniň 21-nji aýaty.

diler. Muhammet Dawut Jerrah onuň weziri boldy. Hasan ibn Müsennä kazy boldy.

Täze halypa özüniň işiniň binasynyň düýbüni hormat bilen tutmady. Wezir onuň üçin umumy ähtleşik almak isledi. Şol wagtda Muktadyryň şahsy gulamlarynyň baştutany Esnas Hajyby bu işinden boşatdy. Onsoň ol topar döredip, gulamlary öjükdirdi. Olar agşamara köşgüň gapylaryny gurşap aldylar. Ertesi ibn Mugtaz umumy myhmandarlyk etmek isledi. Gulamlar topalaň turuzdy. Köpçülik olar bilen birleşdi we Muktadyry çykaryp, halypalyk öýüne eltdiler hem-de halypalyk tagtynda oturtdylar. Ibn Mugtaz gaçdy. Onuň halypalyk eden wagty 296-njy[1] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň birinji aýynyň ýigrimi birinde Ruhgününiň ikindi namazy wagtyndan Dynçgününe çenli boldy. Ol döwlet onda bir agşamdan artyk bolmady. Ibn Mugtazy hiç bir sebäpsiz halypalykdan boşatdylar we hiç bir tagallasyz Muktadyry halypalykda oturtdylar.

## Hekaýat

Ululardan biri şeýle hekaýat etdi:

Ibn Mugtaz bilen ähtleşenlerinde, şol gün men «Taryh» kitabynyň ýazary Abu Bekr Muhammet ibn Jerir Tabarynyň ýanyna bardym. Ondan:

– Näme habar? – diýip soradym.

Ol aýtdy:

– Leşger Abdylla ibn Mugtaz bilen ähtleşdi.

Men aýtdym:

– Wezir kim bolar?

Ol aýtdy:

[1] 917-nji milady ýyly.

– Muhammet Dawut Jerrah.

Men aýtdym:

– Kazy kim bolar?

Ol aýtdy:

– Hasan ibn Müsennä.

Bir pursat başyny aşak salyp oturdy we pikir etdi. Soňra başyny galdyryp aýtdy:

– Bu iş tamam bolmaz.

Men aýtdym:

– Näme üçin?

Ol aýtdy:

– Sebäbi bu üç kişi özlerine tabşyrylan işe mynasyplykda kämillik derejesiniň aňyrbaşydyrlar, durmuş bolsa gezekleşiklidir. Mynasybyň işi şowuna bolmaz we durmuş mynasyby işe getirip bilmez. Bu derejeden we mertebeden gysga bolan döwrüň ilaty onuň guralşyna ten bermezler.

Edil şonuň aýdyşy ýaly hem boldy. Ol dereje olarda bir agşamdan artyk saklanmady. Akyllylara mälim bolsun, hünär ähli eýýamlarda binesiplige sebäp bolandyr, durmuş bolsa, hemişe akyldarlaryň çaparydyr.

### *Beýt*

Hünär aýyp döwrümizde, ynanmasaň, bu sözüm –
Şahyr däl, jadygöýdügime delildir bu sözüm.

### Hekaýat

Muktadyryň we Mugtazyň bu hekaýatyna meňzeş wakalaryň biri-de Muhammet Emin wakasydyr. Aly Isa Mahan Hüseýin Alyny Mamun sebäpli orta çykardy we Muhammet Emini

tussag edip, ony Mamunyň hyzmatyna ibermek isledi. Şol aralykda goşun Aly Isadan hak talap etdiler. Ol gorandy, garşylyk görkezdi we aýtdy:

– Mal-pul Tahyr Zülýeminde. Getirmäge adam ugradaryn.

Olar dawa etdiler we Muhammedi tussaglykdan çykaryp, ýaňadan onuň bilen ähtleşdiler. Hüseýin gaçdy. Ýaradan Taňry şeýle aňsatlyk bilen halypalygy ýene-de Muhammet Emine gaýtaryp berdi. Bu zatlar ynsan tagallasynyň netijesi däl-de, Ýaradanyň gudrat täsiri astyndadyr.

***Beýt***

Taňry pazly eger bolsa goldaw – ýar,
Ýönekeý har bende tiz bolar täçdar.

Ýöne eger öz gazabyn görkezse,
Täçdar derrew dara bolar giriftar.

Belent Ýaradan Muktadyr hakynda özüniň kerem-sahawatyny ikilenç aýan eden bolsa-da, ahyrynda türkiler oňa garşy topalaň turzup, 320-nji[1] hijri ýylyň Baýram aýynyň sekizinde agşam ony öldürdiler we Kahyr bilen ähtleşdiler. Onuň weziri Abulhasan Aly ibn Furatdy. Ondan soň Muhammet ibn Abdylmälik, soňra Ýahýa ibn Hakan, soň Dawut Jerrah, soňra Abulhasan Aly ibn Muhammet Furat ikilenç, soňra Abdylla Muhammet ibn Hamyt ibn Apbas Wasyty, soňra Abulhasan Aly ibn Muhammet Furat üçünji gezek wezir boldy. Onuň döwründe ilkibaşda Horasanyň emiri Ahmet ibn Ysmaýyldy, soňra Nasr ibn Ahmet ibn Ysmaýyl boldy.

---

[1] 932-nji milady ýyly.

## KAHYR

Onuň ady Abu Mansur Muhammet ibn Mugtazytdy. Ýöne oňa Kahyr diýip at goýdular. Ol orta boýly ýasy burunly we gara ýüzli kişi bolup, onuň uzyn sakgaly bardy. Muktadyr öldürilenden soň, türkiler onuň bilen ähtleşdiler. Ol şol wagt otuz ýaşyndady. Ol bir ýyl bäş aý sekiz gün halypalyk etdi. Ol 322-nji[1] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň üçünji aýynyň ýigrimisine wepat boldy. Ol otuz dört ýyl[2] alty aý ömür sürdi. Onuň doglan ýeri Ýasrypdy (Medinedi). Onuň jynaza namazyny Razy Billä okady. Weziri Abu Aly ibn Muhammet ibn Aly Hüseýin ibn Mukallady. Kätibi Japar Müseýýibiň ogludy. Hajyby Aly ibn Jaslykdy. Onuň möhüriniň ýazgysy «Äşkurullady»[3]. Käbirleri «El-Muntakam bi agdaihu bi dinihi»[4] diýen ýazgy bardy diýýärler.

### Hekaýat

Şeýle diýýärler:

Muktadyryň güneşi batyp, Kahyryň halypalyk aýy görnende, ol adamlardan ähdi-peýman aldy we işi öz eline geçirdi. Soňra Muktadyryň belli gulamlaryndan bolan hem-de adamlary Kahyryň ähtleşigine çekmekde we onuň çagyryşynyň berkleşmeginde öwgüli tagallalar eden Ýunusy we Bedr Haremini, ikisinem biwepalyk bilen öldürdi. Doganynyň aýalyny aldy we sorag etdi. Onuň kenizlerini gynady. Muktadyryň ejesini taýak bilen örän köp urup, ähli malyny aldy. Ol şol gynamada heläk

---

[1] 934-nji milady ýyly.
[2] Ýokardaky san bilen gabat gelenok. Otuz bir ýaşynda bolmaly.
[3] «Hudaýa şükür edýärin».
[4] «Duşmanlaryndan dini bilen ar alyjy».

boldy. Adamlar onuň öz doganynyň aýaly bilen şunuň ýaly iş edendigi sebäpli ony özlerine duşman hasapladylar.

Soň öz dogany Ahmet ibn Müktefini dört myh bilen çüýledi. Ol örän köp nälaýyk işler etdi. Ahyrynda türkiler ony tutdular we halypalygy ondan aldylar. Onuň gözlerine mil çekdiler[1] we ony öldürdiler. Onuň şol syýasatyndan we hökmirowanlygyndan hiç bir nam-nyşan galmady.

## RAZY

Razynyň hakyky ady Abulapbas Ahmet ibn Muktadyrdy. Onuň ejesi Zolum atly bir kenizdi. Ol orta boýly, hor, merwerit reňkli we uzyn saçly bir kişidi. Kahyra gahar edensoňlar, Razyny halypalyk tagtynda oturtdylar. Ol dana, alym we edebiýatçy bir halypa bolup, örän suhangöýdi we çeper hutbaçydy. Şireli şygyrlar düzerdi. Gowy ýörelgeler goýdy, älemde haýyr-yhsan miwesini ýaýdy. Kahyryň jebir-sütem ýörelgelerini ýok etdi. Hiç bir goşundysyz arassa kümüşden dirhem ýasatdy. Hökümi «Emirleriň emiri» diýip berýärdi. Işleri öz eline aldy.

### Hekaýat

Şeýle gürrüň beripdirler:

Olar iki dogandylar. Biri şu Ahmetdi, beýlekisi ondan kiçi bolup, ady Ybraýymdy. Kahyr olary tussag edipdi we dürli azaplar bilen ynjydypdy. Türkiler Kahyry tutanlaryndan soň, olaryň ýatan zyndanyna geldiler. Ikisi hem entek ýaşdylar. Türkiler olaryň ikisinem daşary çykardylar. Olar haýran bolup ga-

---

[1] Ýagny kör etdiler.

lypdylar. Olaryň özlerine näme etjekdiklerini bilenokdylar. Onsoň Ahmet aýtdy:

– Eý, musulmanlar! Biz ýaş çagalardyrys. Biziň atamyzy öldürdiňiz, indi bizden näme isleýärsiňiz?

Olar aýtdylar:

– Sizi bilen ähtleşmek we halypalyk tagtynda oturmak üçin daşary çykardyk.

Bular aýtdylar:

– Sag-salamat galarymyz hem-de bu durmuşda birnäçe gün asudalyk we salamatlyk saýasynda rahatlanarymyz ýaly bizi öz ugrumyza goýuň.

Olar aýtdylar:

– Çäresiz, size halypalygy kabul etmek gerek. Häzir sizden halypalyga haklyňyz kim?

Ybraýym aýtdy:

– Doganym dirikä, ondan başga hiç kim halypalyga hakly bolup bilmez.

Olar aýtdylar:

– Eger, seniň diýýäniň ýaly bolsa, sen ilki ähtleş.

Ybraýym elini uzatdy we doganynyň elini gysyp, onuň bilen ähtleşdi. Beýlekiler hem oňa eýerdiler we onuň bilen ähtleşdiler. Ol wezirligi Abu Aly Mukalla berdi.

Şeýle diýýärler:

Razy hut şol gün, ýagny halypa bolan we halypalyk tagtynyň üstüne çykan güni bir gowga-gykylyk eşitdi. Ol gykylyk derýanyň köprüsiniň ýanyndan eşidilýärdi. Onsoň:

– Bu nämäniň gykylyk-gowgasy? – diýip sorady.

Aýtdylar:

– Birtopar halk Bagdat köprüsinden geçmek isleýärler. Köpriniň beýleki tarapyndan gelýän topar özleri geçer ýaly,

beýleki topara köpriniň kenarynda durmaklaryny aýdyp gygyryşýarlar.

Ol aýtdy:

– Bu ýeňil işdir. Ýene-de bir köpri gurmak gerek. Goý, gelýänler bir köprüden geçsin, gidýänler beýleki birinden geçsin. Goý, hiç kes ynjamasyn we beýleki bir kişä päsgel bolmasyn.

Türkiler bu sözi eşidenlerinde, ony ýagşa ýordular hem-de onuň belentligine we parasatlylygyna delil tutundylar.

Şeýle diýýärler:

Bir jemagat oňa:

– Kahyry öldürmeli. Ol saňa, doganyňa we ejeňe köp ezýetler berendir – diýipdir.

Ol:

– Men hergiz ony öldürmäge razylyk bermerin – diýdi.

Olar şu manyda gykylyk-gowga edensoňlar ol:

– Ony kemisli etmek gerek – diýdi.

Onsoň onuň permany bilen onuň iki gözüne mil çekdiler.

Ol ýedi ýyl halypalyk etdi. Onuň döwri iň sapaly döwürler boldy. Ol 329-njy[1] hijri ýylyň Dört tirkeşigininiň birinji aýynyň on altysyna agşam aradan çykdy. Şol wagt ol otuz iki ýaşyndady. Onuň weziri Abu Aly Mukallady. Eden bir jenaýaty üçin, buýruk berip, onuň elini kesdirdi. Ondan soň wezirligi Abdyrahman Isa Jerraha berdi. Ondan soň Muhammet Kasym Kerehi ibn Süleýman ibn Mühellide berdi. Onuň döwründe hem Horasanyň emiri Nasr ibn Ahmetdi.

[1] 941-nji milady ýyly.

## MUTTAKY

Onuň ady Abu Yshak Ybraýym ibn Muktadyrdy. Onuň ejesi Hulup atly bir kenizdi. Onuň boýy uzyndy. Ak bedenlidi, tegelek ýüzli we kiçi burunlydy. Saçy gyrmyzydy we burum-burumdy. Razy öldürilenden soň, Muttaky onuň ornuna geçdi. Ol üç ýyl on bir aý alty gün halypalyk kürsüsinde oturdy. Ahyrynda türkiler 330-njy[1] hijri ýylyň Sapar aýynyň ýigrimi birinde Ruhgüni ony kör etdiler. Ol şondan soň şol ýylyň Dört tirkeşiginiň birinji aýynyň on ikisine Sogapgüni agşamy aradan çykdy. Ol otuz bäş ýaşyndady. Onuň weziri Ahmet ibn Ahmet ibn Meýmundy. Ondan soň Abu Abdylla Ahmet ibn Mustargy wezir boldy. Onuň döwründe Horasanyň emiri ilki Nasrdy, ýagny Nasr ibn Ahmetdi. Ondan soň bolsa Nuh ibn Nasr ibn Ahmet boldy (goý, Allatagala oňa rehmet etsin!).

## MÜSTEKFI

Onuň ady Abulkasym Abdylla Müstekfidi. Onuň ejesi bir kenizdi. Onuň ady Gusndy. Ol orta boýly, bugdaý reňk, hoşgylaw ýüzli, sürme gözli, togalak burunly, gara saçly we tegelek ýüzli bir kişidi. 333-nji[2] ýylyň Sapar aýynyň ýigrimi birine Ýaşgüni Muttakyny kör edenlerinden soň Müstekfini halypalyk tagtynda oturtdylar we onuň bilen ähtleşdiler. Ol bu at bilen on alty aý atlandyryldy.

Onuň döwründe 334-nji[3] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň on altysyna Ruhgüni Mugyzeddöwle Abulhasan Ahmet Buýe Deýlemi Bagdady aldy we şol ýerde mäkämleşdi.

---

[1] 942-nji milady ýyly.
[2] 945-nji milady ýyly.
[3] 946-njy milady ýyly.

Buýe deýlemlileriň serkerdelerindendi. Kän baýlygy we köp sanly yzyna eýerýän kişileri bardy. Onuň üç ogly bardy: Ahmet, Abu Aly we Abuljut. Ahmet uly adamdy, batyrdy, parasatlydy. Goşun çekmek we duşman gyrmak işlerinde ökdedi. Halypalyk işindäki gowşaklygy we harapçylygy, şeýle-de türkileriň Bagdat welaýatyna edýän eýeçiligini görende hem-de möminleriň emiriniň gowşaklygy aýan bolansoň, ol özbaşdaklyk heňini çalyp başlady. Onsoň Ahwaz welaýatyny eline alyp, örän köp nöker jemledi we güýçli bir leşger toplady.

Möminleriň emiri Müstekfi onuň ahwalyndan habar tapansoň, Abu Japary gizlinlikde onuň ýanyna iberdi hem-de ony Bagdada çagyryp, türkileri ýok etmäge we olary agdarmaga öjükdirdi hem-de ony Bagdadyň emirligine umydygär etdi. Abu Japar Warka Ahmet Buýäniň ýanyna ýetip, bu ýagdaýy gürrüň bereninden soň, Ahmet ýigrimi müň atly jemläp, Bagdada garşy ýüzlendi we Bagdadyň üç parsahlygynda leşgergäh gurdy. Türkiler ony dep etmek üçin Bagdatdan daşary çykdylar we şäheriň işiginde düşlediler. Bagdadyň Sawat[1] diýen ýeriniň ilatyndan bir jemagat türkileriň ýanyna gelip:

– Eger isleseňiz, Dejläniň suwuny açyp goýbereliň. Goý, leşgergäh gurlan şol ýer suwuň astynda galsyn. Onsoň olar maksadyna ýetmän yzlaryna dolanarlar. Ýakup Leýsiň döwründe-de şeýle edipdik – diýdiler.

Olar türkilerden rugsat alansoňlar, bentleri açdylar. Suw joşup, deýlemlileriň leşgergähi, ähli goş-golamlary we ýaraglary suwuň astynda galdy. Olar mejbury dargadylar we yzyna dolandylar. Türkiler söweşsiz ýeňiş gazandylar.

---

[1] Dejle bilen Fyratyň arasynda ýerleşen bir etraba Apbaslylaryň halypalygy döwründe Sawat (Sewad) diýipdirler. Hajjaj Wasyt şäherini Sawadyň ortasynda gurupdyr.

Bu wakadan bir ýyl geçipdi. Türkileriň Bagdadyň daş-töwereklerine we sebitlerine edýän zulum-sütemi hetden aşypdy. Olar Şirzadyň ogluny özleriniň weziri edinipdiler. Ol türkleriň ygtyýarly elinde ejiz bolup galypdy. Her kim özüne hökmirowan bolupdy. Işler bulaşyp, düzgün-tertip galmandy. Onsoň Şirzadyň ogly Ahmede gizlinlikde: «Bagdadyň alkymyna leşger getir, Wasytyň ýanyndan Dejleden geçir. Seniň baýdagyň bu diýara saýa salan badyna men Bagdat mülküni saňa bererin» diýip, hat ýazdy.

Onsoň Ahmet goşun çekip, Bagdada geldi. Wasytyň gapdalyndan Dejleden geçip, Bagdadyň işiginde türkiler bilen söweş etdi. Bir gün söweşdi. Türkileriň hiç bir goldawy bolmansoň, raýatyň we Sawat ilatynyň kalplary özlerine bolan ýigrençden doly bolansoň, olar mejbury ýeňlip gaçdylar. Ahmet şähere girdi we möminleriň emiri Müstekfiniň hyzmatyna geldi. Möminleriň emiri oňa gymmatbahaly sowgat buýurdy we Bagdadyň goşunbaşylygy wezipesini berdi. Ahmet möminleriň emiriniň huzuryna köp sowgatdyr peşgeşler getirdi we işi eline aldy. Serdarlaryň boýnuny ýazdyrdy, boýnyýogynlar onuň çyzygyna baş goýdular. Halypalyk mekany gülläp başlady. Şirzadyň ogluny işden daşlaşdyrdy. Wezirligi Aly ibn Mukalla berdi. Onuň işi ýaňadan terlik-täzelik tapdy.

***Beýt***

Gelende döwlet nobaty,
Duşmanyň ýatar haýbaty.

## Hekaýat

«Taryhy Täji» kitabynda şeýle getirilipdir:

Mertlikde, parasatlylykda, batyrgaýlykda we aň-düşünjelilikde öz döwründe taýsyz bolan Ahmet Buýe Bagdada eýe bolup, onuň oruntutarlyk işi asylky karar bilen ýola düşensoň we gowşaklyklar belli-külli ýok bolansoň, älem etraplaryndan her bir etrapa permanlar ugratdy. Türkileri ýeňendigini, olaryň şer özeniniň dep edilendigini älem şalaryna habar berdi. Hemmäni möminleriň emiriniň tabynlygyna çagyrdy. Etraplardan sowgatdyr peşgeşler gelip başlady. Ol özüniň öňdengörüjiliginiň netijesinde Mawerannahra Emir Reşit Abdylmälik ibn Nuh Samanla hat ýazdy we ondan leşger isledi. Onuň maksady Horasanyň we Mawerannahryň emiriniň halypanyň tabynlygyndadygyny we oňa eýerýändigini Şamyň ilatynyň bilmegidi. Ol bu haty Parsa, öz dogany Abu Alynyň ýanyna ugratdy we oňa aýtdy:

– Meniň Bagdadyň ilatyndan hiç kime ynamym ýok. Bu haty öz ynamdaryň eli bilen Buhara ibererersiň.

Aby Aly ygtybarly bir ilçini belledi hem-de oňa haty we ýadygärlik bir zat berdi. Ilçi ony Buhara eltdi.

Tötänlikleriň geň-taňlygyndan we takdyrdyr ýazgyt syrlarynyň täsinliklerinden Bagdatda bir kätip bardy. Ol bir döwürde halypalyk diwanynda her hili işlerde işläpdi. Bu wagt ol işden galypdy. Işden galanlaryň kähiriniň adaty döwletleri agdarmaga we olary özgertmäge hümmetlerini sarp etmekdir. Ol galplyk bilen möminleriň emiri Müstekfiniň dilinden Emir Reşit Abdylmälige bir hat ýazypdy. Şol hatda: «Mundan öň türkileriň agalygynyň derdinden togtap galypdym. Onsoň bozuklyk özenini keser ýaly şu deýlemliler toparyny çagyrypdym. Türkileriň päsgelçiligi dep boldy welin, deýlemlileriň eýemsi-

remekleri zyýada boldy. Meniň howsalam hetden-çäkden geçdi. Eger Emir Reşit mähremlik edip, hut özi leşger bilen bu taraplara gelse we bu jemagatyň şerini dep etse, oňa Bagdadyň emirligi berler» diýip ýazylypdy.

Emir Reşit bu haty okap, şonuň pikir-endişesindekä, Ahmet Buýäniň haty gelip ýetdi. Emir Reşit:

– Geň iş. Bu iki hatyň arasynda gapma-garşylyklar görünýär – diýdi.

Onsoň Buýäniň ilçisini çagyryp, oňa galp haty görkezip, gödek sözler bilen:

– Siz halypanyň mertebe hormatyny berjaý etmeýärsiňiz. Indi men güýçli leşger bilen yzyňyzdan bararyn we siziň şeriňizi dep ederin – diýip, Ahmediň ilçisine ähmiýet bermedi. Emma ol galp ilçä gymmatbahaly sowgat berip:

– Hyzmat guşagyny guşanar we möminleriň emiriniň hyzmatynda jan aýamaz ýaly ilçiňiziň yzyndan bararyn – diýip, jogap ýazdy.

Ahmet Buýäniň ilçisi Bagdada gelip, ahwaly beýan edensoň Ahmet möminleriň emiri Müstekfä betgüman boldy we oňa kast edip, şu işi etdi:

Bir gün birden halypany tagtdan düşürdiler. Soň ony kemsidip, öz öýüne getirdiler we onuň göz ýoluny mil ejiri bilen bagladylar. Ol gözüne mil çekensoňlar, üç günden köp ýaşamady. Ol 324-nji[1] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň ýigrimi ikisinde Başgüni ahyret älemine göç etdi. Onsoň Ibn Muktadyry halypalyga oturtdylar. Oňa Mutyg diýip, lakam dakdylar. Onuň weziri Abulfutuh ibn Muhammet ibn Aly Samarrydy. Ondan soň Ahmet ibn Pazl ibn Abdyrahman Samarry wezir boldy.

[1] Ýalňyşlyk gidipdir. 334-nji hijri (946-njy milady) ýyl bolmaly.

## MUTYG

Onuň ady Abulkasym Pazl ibn Muktadyrdy. Onuň ejesi bir keniz bolup, ady Maşgalady. Mutyg orta boýly, ak bedenli we güler ýüzli bir kişidi. Müstekfiniň gözüne mil çekensoňlar, Mutygy halypalyk tagtynda oturtdylar. Ol ýigrimi dokuz ýyl alty aý ýigrimi bäş gün halypa boldy. Halypalykdan başga onuň elinde zat ýokdy. 356-njy[1] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň ikinji aýynyň on ýedisine Ruhgüni agşam Mugyzeddöwle wepat bolandan soň, onuň ogly Yzzeddöwle Bagtyýar ibn Mugyzeddöwle onuň ornuna geçdi hem-de Mugyzeddöwläniň goşunbaşysy bolan Söbüktegin Hajyby öldürmäge kast etdi. Söbüktegin ol niýetden ägä bolup, Bagtyýara garşy çykdy hem-de türki we deýlem leşgerine, Huzustana, Bagtyýaryň garşysyna söweşe gitmegi buýurdy. Mutygy özüni halypalykdan boşatmaga mejbur etdiler. Ol özüni boşatdy we 363-nji[2] hijri ýylda halypalygy öz ogluna berdi. Oňa Taýyg diýip, lakam dakdylar. Ol 363-nji[3] hijri ýylyň ortalarynda aradan çykdy. Onuň weziri Abu Ahmet Şirazydy. Onuň döwründe Horasanyň emiri Nuh ibn Nasrdy. Soň Abdylmälik ibn Nuh ibn Nasr boldy. Olara Allatagalanyň rehmeti bolsun!

## TAÝYG

Möminleriň emiri Taýyg Lilla orta boýly we mawy gözli kişidi. Onuň iki gözi hem içine çöküp durdy. Mutyg halypalygy Taýyga berensoň, ol on ýedi ýyl sekiz aý bäş gün halypalyk

[1] 967-nji milady ýyly.
[2] 974-nji milady ýyly.
[3] 974-nji milady ýyly.

etdi. Hut şol döwürde 367-nji[1] hijri ýylyň Baýram aýynyň on sekizinde Hoşgüni Azudeddöwle Abu Şujag Fennä Hysrow ibn Rükneddöwle Hasan özüniň doganoglany Yzzeddöwle Bagtyýary öldürdi. Bagdadyň emirligi oňa tabşyryldy. Ahyrynda 331-nji[2] hijri (943-nji milady) ýylyň Meret aýynyň on dokuzyna, Ýaşgüni Azudeddöwläniň ogly Bahaeddöwle Taýygy zor bilen halypalyk tagtyndan düşürip, tussag etdi we halypalyk köşgüni talady. Oňa habar ýetensoň, ol özüni halypalykdan boşatdy. Ol 393-nji[3] hijri ýylyň Baýram aýynyň ilkinji gijesinde baky äleme göç etdi. Onuň meşhur weziri bardy. Onuň döwründe Horasanyň emiri Mansur ibn Nuh ibn Mansurdy.

## KADYR

Onuň ady Abu Apbas Ahmet ibn Yshak Muktadyrdy. Onuň ejesi bir keniz bolup, onuň ady Ýümnädi. Ol orta boýly, az-kem uzynrakdy. Taýyg özüni halypalykdan boşadanda, Kadyr Bataýyhdady. Ony getirmäge adam gitdi. Ol şol ýylyň Oraza aýynyň ikisine Anna güni Bagdada gelip ýetdi. Şol aýyň üçünji güni tagtda oturdy. Halk onuň bilen ähtleşdiler. Ol kyrk bir ýyl üç aý on bir gün halypalyk etdi. Ol 422-nji[4] hijri ýylyň Gurban aýynyň on birine Başgüni agşam aradan çykdy. Ol şol wagt segsen iki ýaşyndady. Onuň weziri Abulpazl Hajyp ibn Nugmandy. Onuň döwründe Horasanyň emiri Nuh ibn Mansur ibn Nuhdy. Horasanyň emirleri we iman ülkesiniň goragçylary bolan Saman neberesi dokuz patyşadan ybaratdylar. Olaryň

[1] 978-nji milady ýyly.
[2] Bu ýerde ýalňyşlyk gidipdir, 381-nji hijri (991-nji milady) bolmaly.
[3] 1003-nji milady ýyly.
[4] 1031-nji milady ýyly.

döwri iň sapaly döwürlerdi. Dokuzsynyň adyny hem ýatlamak aňsat bolar ýaly bir rubagyda getiripdirler.

### *Beýt*

Dokuz kişidi Saman nesli, meşhur,
Horasan emiri diýip, boldy meşhur.

Ybraýym-u Ahmet hem-de ol Nasr,
Iki Nuh, iki Abdylmälik, iki Mansur.

## Hekaýat

Soltan Ýemineddöwle Söbüktegin 389-njy[1] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň üçünji aýynyň ýigrimi ýedisine Başgüni Nuhy Merwiň alkymynda ýeňdi. Onsoň Horasan mülki onuň eline geçdi. Arslan Ilek ibn Nasr ibn Aly Uzkentden[2] Buhara geldi we samanlylardan Abdylmälik ibn Nuhy tutdy. Olaryň ählisini bent edip, Uzkende ugratdy. Mawerannahr we Uzkent onuňky boldy. Tutuş Horasany Soltan Mahmyt zabt etdi. Ol öz paýtagtyny Gaznada gurdy. Ol birnäçe wagtlap jahany zabt etdi, serkerdeleri aýak astyna saldy. Ahyrynda 421-nji[3] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň birinji aýynyň ýigrimi dördüne, Sogapgüni baky äleme göç etdi. Onsoň ogly Muhammet onuň ornuna geçdi. Ondan soň dogany Mesgut ibn Mahmyt gelip, doganynyň gözüne mil çekdi we mülki zabt etdi. Allatagala olara rehmet etsin!

---

[1] 999-njy milady ýyly.
[2] Uzkent – Mawerannahrda Fergana ülkesiniň golaýynda ýerleşýän şäher.
[3] 1030-njy milady ýyly.

# KAÝYM

Onuň ady Abu Japar Abdylla ibn Kadyrdy. Onuň ejesi kenizdi. Onuň ady Bedrüddüjädi. Kadyr dünýäden ötenden soň mirasdüşerlik hökümi bilen halypalyk tagtynda oturdy. Ol kyrk dört ýyl halypa boldy. Kaýymyň döwründe Seljuk neberesi, Mikaýyl ibn Seljugyň oglullary Çagry beg Abu Süleýman Dawut, Togrul beg Abu Talyp Muhammet hem-de olaryň garyndaşy bolan Musa Ýabgu 425-nji[1] hijri ýylda Buharanyň Tur[2] obasyndan göterildiler we Horezme gitdiler. 426-njy[3] hijri ýylda Horezmden Horasana geldiler. Bu senede Zahyreddöwle Mesgut ibn Ýemineddöwle Gaznanyň we Horasanyň patyşasydy. Ol näçe gezekler seljuklylary dep etmek üçin goşun iberdi. Ol leşgerler bolsa ýeňlip, gaçyp Gazna geldiler.

Onsoň Soltan Mesgut 421-nji[4] ýylda olaryň jeňine ugrady. Dandanakan sebitinde Elýah atly bir ýerde söweş etdiler. Soltan Mesgut ýeňlip, Gazna gaýdyp geldi we Horasandan tamasyny üzdi. Seljuk emirleri Horasany öz aralarynda bölüşdiler.

Emir Alp Arslan Yraga tarap gitdi. Onuň emiri bolan Emir Gutlumyş Nemek diýen ýerde onuň garşysyna söweşe çykdy we ýeňildi.

Alp Arslan Reýe bardy we 455-nji[5] hijri ýylyň Gurban aýynyň on üçüne Dynçgüni emirlik tagtynda ornaşdy. Jibäl, Yrak we Horasanyň käbir ýerleri onuň mülki boldy. Ol 456-njy[6] hijri ýylda Rum söweşine gitdi we bir uly şäheri basyp

[1] 1034-nji milady ýyly.
[2] Ýalňyş gidipdir, «Nur obasyndan» bolmaly.
[3] 1035-nji milady ýyly.
[4] Bu ýerde ýalňyşlyk gidipdir, 430-njy hijri (1039-njy milady) ýyl bolmaly.
[5] 1063-nji milady ýyly.
[6] 1064-nji milady ýyly.

aldy. Şol ýylyň meret aýynyň ýigrimi dokuzyna Başgüni Reýe dolandy. Ol 468-nji[1] hijri ýylda ýene-de Rum söweşine ugrady. Söweşde Rum patyşasyny ýeňip, Kaýsary tutdy we leşger bazarynda «Kim köp bermeşege» çykardy. Soňra ony bagyşlady we rugsat berensoň, ol Ruma dolandy.

Alp Arslan 469-njy[2] hijri ýylyň Sapar aýynyň ahyrynda ýa-da Dört tirkeşiginiň birinji aýynyň başynda şehitlik bagtyýarlygyna ýetdi. Onsoň onuň ornuna Soltan Mälikşa ibn Alp Arslan ibn Dawut ibn Mikaýyl ibn Seljuk geçdi we Horasan onuň mülküniň bir bölegi boldy.

## MUKTADY

Onuň ady Abulkasym Abdylla ibn Muhammet ibn Kaýymdy. Onuň ejesi Alam atly kenizdi. Ol uzyn boýly, hor, bugdaýreňk, gara gözli we seýrek sakgally kişidi. Kaýym dünýäden ötenden soň, Muktady mirasdüşerlik hökümi bilen halypalyk tagtynda oturdy. Ol on dokuz ýyl iki aý we birnäçe gün halypa boldy. Ol takwalykda, dindarlykda we terkidünýälikde Kaýym ýalydy. Ol 487-nji[3] hijri ýylda dünýäden ötdi. Onuň weziri Ahmet Jerirdi. Soň Abu Şujag Muhammet ibn Hüseýin boldy. Onuň döwründe Horasan Mälikşanyň elindedi. Bagdat emirligi hem onuň elindedi. Bagdatdaky soltan köşgüni ol bina etdi. Allatagala oňa rehmet etsin!

---

[1] 1076-njy milady ýyly.
[2] 1077-nji milady ýyly.
[3] 1094-nji milady ýyly.

## MUSTAZHAR

Onuň ady Abulapbas Ahmet ibn Muktadydy. Onuň ejesi türki kenizdi. Ol uzyn boýly, türki ýüzli, gyýyk gözli we ak bedenli kişidi. Muktady wepat bolandan soň, Mustazhar mirasdüşerlik hökümi bilen halypalyk tagtynda oturdy. Ol ýigrimi alty ýyl halypalyk etdi. Ahyrynda 512-nji[1] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň ikinji aýynda ahyret älemine göç etdi. Onuň halypalyk eden döwründe Mälikşa pany öýünden bakylyk öýüne göç etdi. Horasanda dört ýyl dört aý we birnäçe günläp, bulam-bujarlyk we älemde köp sanly pitne peýda boldy. Ahyry soltan Muhammet ibn Mälikşa 490-njy[2] hijri ýylda Horasana gelip, Horasany eline aldy we işleri tertibe saldy. Gazna welaýatyndan tä Balha çenli ýerleri Soltan Sanjara berdi we özi Yraga dolandy.

Onsoň Soltan Sanjar 493-nji[3] hijri ýylyň meret aýynyň on birine Anna güni Horasan welaýatynyň uly bölegi elinde bolan Emirdat Hüseýin ibn Altyntagy söweşde ýeňip, Horasan welaýatyny eýeledi. 495-nji[4] hijri ýylda Jeýhunyň kenaryndan tä Belagyna[5] çenli ýerler golastynda bolan (ata-babalarynyň elinde tutuş Türküstan bolupdy) Jebraýyl Kadar han ibn Omar Horasana ýöriş etdi. Soltan Sanjar onuň öňünden çykyp, şol ýylyň meret aýynyň ikisinde Termiziň ýanynda söweşde ony ýeňdi we öldürdi. Soňra Muhammet Tekin ibn Dawut Keçtekin ibn Ybraýym Tamgaç han ibn Arslan Aýbeg ibn Aly Gara hany özüniň oruntutary edip, Kadar hanyň ýerinde oturtdy hem-de oňa Tamgaç han diýip, lakam dakdy. Ol Mawerannahryň işle-

[1] 1119-njy milady ýyly.
[2] 1097-nji milady ýyly.
[3] 1100-nji milady ýyly.
[4] 1102-nji milady ýyly.
[5] Bu ülke anyklanylmady.

rini eline aldy. Onsoň ol giň welaýat onuň kuwwatly gysymyna girdi.

## Hekaýat

Şeýle rowaýat aýdypdyrlar:

Soltan Mesgut Ybraýym wepat bolandan soň, onuň ogly Mälik Arslan atasynyň tagtyna geçdi. Onsoň öz dogany Soltan Bähram şany öldürmäge kast etdi. Soltan Bähram şa doganynyň ýanyndan edil seýis atlara naly ters kakan ýaly gaçdy.

Soňra ol Gaznadan Sistana gitdi. Ol ýerden Kermana bardy. Ol ýerden hem özüni Soltan Sanjaryň penakärçiligine oklady. Soltan Sanjar oňa kömek bermek üçin goşun çekdi. Gaznanyň alkymyna gelip, Arslan bilen söweş etdi. Mälik Arslan 512-nji[1] hijri ýylyň Baýram aýynyň on dördüne Hoşgüni ýeňlip gaçdy. Onsoň Soltan Sanjar Gazna we Hindistan mülküni özüniň oruntutary hökmünde Bähram şa berip, ony patyşalykda oturtdy, özi Balha dolandy.

Soltan Sanjar dolanandan soň, Mälik Arslan gaýdyp geldi. Bähram şa Gaznadan gaçdy we Balha ýüzlendi. Soltan Sanjara habar ýetensoň, ony garşylamaga leşger ugratdy. Onsoň Bähram şa leşger bilen Gazna dolandy. Mälik Arslan olaryň öňünden gaçdy. Ony yzarladylar we Safran daglarynda ony tutup, ahyret älemine ugratdylar. Soň leşger Balha dolandy. Şeýle-de, hut şu ýylda Börgiýaryk Muhammet ibn Mälikşa Yrakda wepat boldy. Onsoň 512-nji[2] hijri ýylyň sapar aýynyň ýigrimi birine Yrak mülki we tutuş Horasan Sanjaryň eline geçdi.

[1] 1119-njy milady ýyly.
[2] 1119-njy milady ýyly.

## MÜSTERŞIT

Onuň ady Abu Mansur Pazl ibn Mustazhardy. Ol gyrmyzy reňkli, goýun gözli, mele saçly, uzyn sakgally we giň maňlaýly kişidi. Müsterşit Mustazhardan soň, mirasdüşerlik hökümi bilen üç ýüz on iki gün[1] halypalyk tagtynda oturdy. Onuň döwründe Soltan Sanjar Yraga goşun çekdi. Söweşde Garaja Sakyny ýeňdi. Müezzi bu barada şeýle diýipdir:

### *Beýt*

Ömrüň akyl netijäň deý seniň, mydam baky galsyn,
Aýşy-eşretiň täk, ýaýlak gözelleri bilen bolsun.

Seniň isleg-myradyňa egilmedik her bir kelle,
Garaja Sakyň başy deý tenden jyda bolup galsyn.

Soltan Sanjar söweşde ýeňip, duşmanyny öldürenden soň, Yrak mülküni öz doganoglany Mahmyt şa berdi we ony özüniň oruntutary hökmünde Yrakda oturtdy. Şu uly birnäçe ýeňişler bilen Sanjaryň döwletiniň baýdagy has belende göterildi. Türk, Hint, Rum ülkeleriniň etraplary bir döwlete birleşdi. Älem şalary onuň permanyna tabyn we boýun boldular.

Möminleriň emiri Müsterşit halypalykda oturdy. Onuň dogany Abulhasan Abdylla ibn Mustazhar gizlinlikde Bagdatdan gaçdy we Emir Debis ibn Sadaka bilen birleşdi. Emir Debis ony hormatlady we ony beýgeltmekde uly tagallalar etdi. Ol

[1] Bu ýerdäki ýazylan üç ýüz on iki gün ýalňyş bolmaly. Sebäbi soňky getirilýän maglumatlara görä, ol on ýedi ýyl alty aý halypa bolupdyr.

birnäçe wagtlap tä öz işi dogany bilen karar tutýança şol ýerde mekan tutdy.

## Hekaýat

Möminleriň emiri Müsterşidiň döwründe Töwriz ülkelerinde horram dinlilerden[1] bir jemagat bozukçylyk edýärdiler we şerdir pitnäniň alawyny ýakýardylar. Möminleriň emiri Müsterşit olaryň bozuklyk özenini ýok etmek we jihat etmek üçin hut özi hereket etdi we güýçli leşger bilen Töwrize geldi. 529-njy[2] hijri ýylyň Boş aýynyň on ýedisine Sogapgüni malahydalardan [dinsizlerden] bir topary (goý, Allatagala olary goldawsyz goýsun!) birden onuň üstüne dökülip, ony pyçaklap öldürdiler. Onuň ýaşaýyş baýdagy agdarylyp, döwlet sütünleriniň we diregleriniň gözüniň etegi gandan doldy. Ol on ýedi ýyl alty aý ýigrimi üç gün halypa boldy. Ol 436-njy[3] hijri ýylyň Baýram aýynyň on ýedisine Başgüni doglupdy.

## RAŞYT

Möminleriň emiri Müsterşit şehitlik bagtyýarlygyna ýetensoň, on günden soň, onuň şehit bolanlygynyň habary Bagdada ýetdi. Halaýyk onuň ölümine köp agladylar. Onsoň 529-njy[4] hijri ýylyň Boş aýynyň ýigrimi ýedisine Başgüni onuň ogly möminleriň emiri Abu Japar Mansur bilen ähtleşdiler. Oňa «Er-Raşydu Billä» diýip, lakam dakdylar. Ol halypalyk

[1] Horram dinliler – VIII asyryň başlarynda Bäbek Horramy atly bir şahs tarapyndan düýbi tutulan ähli bozuk işleri dürs, dogry hasaplaýan bir akym.

[2] 1135-nji milady ýyly.

[3] 1045-nji milady ýyly.

[4] 1135-nji milady ýyly.

işini gülläp ösdürdi. Mülk işleri onuň pikir we nazary bilen mäkämleşdi. Ahyry 530-njy[1] hijri ýylyň Boş aýynyň on bäşine Ruhgüni soltan Mesgut Bagdada geldi. Möminleriň emiri Reşit Bagdatdan Mosula tarap gitdi we onuň işi perişan boldy. Soltan Mesgut möminleriň emiri Reşit Billäni halypalykdan boşatdy hem-de möminleriň emiri el-Muntakymu Liemrillä bilen ähtleşdi. Möminleriň emiri Reşit Yspyhana tarap gitdi. Dinsizlerden bir jemagat (goý, Allatagala olary goldawsyz goýsun!) 532-nji[2] hijri ýylyň Oraza aýynda birden onuň üstüne hüjüm edip, ony pyçaklap öldürdiler. Ol şehitlik jamyny başyna çekdi.

Raşyt bilen ähtleşilen günden tä panylyk jamyny noş eden we şehitlik donuny geýen gününe çenli ol iki ýyl üç aý halypa boldy. Ol otuz iki ýaşyndady ýa-da az-kem ondan bärdedi. Allatagala olaryň baryny jenneti etsin!

## MUKTAFY

Onuň mübärek künýesi Abu Abdyllady. Onuň hormatly ady Muhammetdi. Onuň belent nisbesi Muhammet ibn Mustazhar Billädi. Reşidi halypalykdan boşadanlarynda, şol gün ol halypalyk köşgünde ornaşdy. 530-njy[3] hijri ýylyň Boş aýynyň on sekizine Hoşgüni uly-kiçi onuň bilen ähdi-peýman edişdiler. Ol özüniň halypalyk eden döwründe meşhur işleri etdi. Onuň beýiklik baýdagy al-asmanda pasyrdady. Halypalyk tagty ýigrimi dört ýyl üç aý ýigrimi bir günläp, onuň mekan tutmagy bilen bezeldi. Ol 555-nji[4] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň birinji aýynyň ikisine Dynçgüni bakylyk älemine göç etdi. Ol dört ýüz

[1] 1136-njy milady ýyly.
[2] 1138-nji milady ýyly.
[3] 1136-njy milady ýyly.
[4] 1161-nji milady ýyly.

segsen dokuzynjy ýylyň dört tirkeşiginiň ikinji aýynyň on ikisine doglupdy. Ol altmyş alty ýyl ömür sürdi. Allatagala oňa rehmet etsin we jenneti etsin!

## MÜSTENJIT

Ymam Muktafydan soň halypalyk tagtyny käniň düri we asmanyň merjeni möminleriň emiri Müstenjit (goý, Allatagala ony rehmeti bilen örtsün!) özüniň mekany etmek bilen hormatlandyrdy. Ol möminleriň emiri Abulmuzaffar Ýusup ibn Ymam Muktafy Liemrillädi. Ol öwgä mynasyp ömür sürdi. Onuň adalatly höküm süren döwründe älemdäkiler asuda-rahat boldular. 566-njy[1] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň birinji aýynyň sekizine Ruhgüni onuň ömür bahary hazan ýeli bilen tamamlandy. Ol on bir ýyl alty gün höküm sürüp, halypalyk etdi. Ol 510-njy[2] hijri ýylyň Dört tirkeşiginiň ikinji aýynyň başynda dünýä inipdi.

## MUSTASMET

Möminleriň emiri Müstenjit Ýaradanyň rehmetine gowşandan soň, 566-njy ýylyň Dört tirkeşiginiň birinji aýynyň onuna onuň ogly möminleriň emiri Mustasmet Biemrillä Abu Muhammet Hasan bilen ähtleşdiler. Onuň ähtleşik işlerinde dik duran we onuň döwlet düzgünine tertip beren kişi emirler emiri Abulpereç Muhammet ibn Abdyllady. Ol hut şol gün wezirlik serpaýyna eýe boldy. Ol belent wezipe onuň mekany bolmak bilen gözelleşdi. Möminleriň emiri Müstenjit Billäniň weziri

---

[1] 1171-nji milady ýyly.
[2] 1115-nji milady ýyly.

Abu Japar Ahmet ibn Sagyt Beledidi. Ol öz döwleti döwründe Abulpereji ynjydypdy we ony kemsidipdi. Möminleriň emiri Mustasmet bilen ähtleşenlerinden we Abulpereç wezir bolandan soň, Abu Japara ähtleşik üçin halypalyk mekanynda häzir bolmagyny aýdyp çagyrdylar. Ol halypalar öýüne ýeten badyna, Abulperejiň ony hut şol ýerde öldüriň diýen permanyna laýyklykda öldürdiler. Onuň jesedini suwa taşladylar. Wezirlik derejesi Abulpereç üçin saplandy.

Möminleriň emiri Mustasmet Biemrillä 575-nji[1] hijri ýylyň Baýram aýynyň ahyrynda Ruhgüni agşamara wepat boldy.

## NASYR

Möminleriň emiri Mustasmediň halypalyk eden döwründe halaýygyň arzuw baglary al-ýaşyldy, ykbal gözi onuň taýsyz jemalyna maýyldy. Bozuklyk özenleri älemden belli-külli kesilipdi. Pitne yzlary onuň döwleti döwründe eýýam sahypalarynyň ýüzünden öçüpdi. Möminleriň emiri Mustasmet özüniň ömür sürýän eýýamynda Nasyry öz mirasdüşeri edipdi we «onuň adyny hutbada getirsinler» diýip, perman beripdi. Ol zikgäni hem onuň adynyň bezegi bilen bezetdi. 575-nji ýylyň Baýram aýynyň ýigrimi ikisine Anna güni Medinäniň münberlerinde onuň mübärek adyny hutbada ýatladylar. Onuň adyny ýatlan wagtynda hutbaçylaryň üstüne dirhemdir dinar seçdiler.

Köp wagtlap yslam diýarynyň münberlerinde möminleriň emiri Mustasmediň adyny agzadylar.

575-nji[2] hijri ýylyň Baýram aýynyň soňky güni, agşamara Mustasmediň ömür çyragy öçdi we Ýaradanyň rehmetine göç

---

[1] 1180-nji milady ýyly.
[2] 1180-nji milady ýyly.

etdi. Ertesi, Boş aýynyň Başgüni onuň jynaza namazyny çykdylar we depin etdiler. Dynçgününiň säherinde bolsa möminleriň emiri Nasyr bilen ähtleşdiler.

Onuň bilen ähtleşen ilkinji kişi onuň dogany Abu Mansur Haşymdy. Ondan soň Beni Apbasyň emirleri we onuň hormatly bendeleri, ondan soň bendeleriniň ýakynlary, häkimler, dereje eýeleri, kazylar we Medinäniň belli adamlary ähtleşdiler. Hormatly ähtleşigiň mütewellisi mertebeli köşgüň mugallymy Abulpazl Hibbetillä ibn Aly Sahypdy. Şeýdip, Nasyryň belentlik güneşi älemiň Magrypdan Maşrygyna şöhle saçdy.

Halypalyk derejesi Mustasmediň orun tutmagy bilen hormatlanan döwründe halk güýçli gahatlyk bilen pese düşüpdi. Ýagşyň ýagmazlygy we howanyň üýtgemegi sebäpli Bagdada mergi keseli aralaşypdy. Şonda örän köp halk heläk boldy. Nasyryň nobaty gelip ýetende, Päk we Belent Ýaradan onuň mübärek eýýamynyň mübärekligi we bereketi bilen ol belany dep etdi. Ol ýowuzlyk rahatlyga öwrüldi. Ol gahatçylyk we gurakçylyk bolçulyga we arkaýynçylyga sepleşdi. Rehmetli ýagyşlar yzygiderli ýagdy. Ýagyş damjalary ol ülkeleriň göterijisi we ol belanyň dep edijisi boldy. Adamlar rahatlykda we parahatlykda ýaýnadylar. Onuň mübärek tagta çykmagyny ýagşa ýordular. Abu Japar Ýahýa ibn Muhammet Alawy ony taryplap şeýle diýipdir:

Sen adamlaryň gahatçylykda wagty dünýä indiň,
Ýagyş ýagdy, gahatlyk ýok boldy, sebäp kömek etdiň.

Bilýän ýok, seniň köp ýagşylygyň bar,
Eger çäge sanalsa, ony sanap bor.

Nasyryň belent baýdagy älemiň uzaklaryna baryp ýetdi. Yslam münberleri onuň çagyryş şygarlary bilen hormatlandy. Patyşalar we soltanlar oňa tabyn we boýun bolmaga okduryldylar. Onuň döwri iň sapaly döwürler boldy. Onuň döwründe Horezm welaýaty hem-de Horasan we Yrakdan käbir welaýatlar soltan Mugyzeddünýä Weddin Tekeş ibn Il Arslana degişlidi. Ondan soň soltan döwletiniň baýdagyny ikinji Isgender Alaeddünýä Weddin ýokary göterdi. Ol döwürde Jibäl, Gur we Horasanyň birtopar ýeri geçen soltanlaryň, ýagny Gyýaseddünýä Weddiniň hem-de Mugyzeddünýä Weddiniň ygtyýaryndady. Ýokarda agzalan her üç patyşa Muhammet Sam arkaly şan-şöhrata ýetipdiler. Olaryň ähli patyşalardan köpräk tabynlary we yzlaryna eýerýänleri bolupdyr. Onuň döwletiniň eýýamynda Mawerannahryň hökümdarlygy soltan Jelaleddünýä Weddin Tamgaç han Ybraýym ibn Hüseýiniň ygtyýaryndady. Soňra bu iş ogluna ýetýär we ahyry soltan Isgender[1] ol welaýaty zabt edýär.

Ol 553-nji[2] hijri ýylyň Rejep aýynda dünýä inýär. Onuň weziri Abulpazl Muhammet ibn Aly ibn Ahmetdi. Ol Ibn Baýzawy ady bilen meşhurdy. Möminleriň emiri ony 584-nji[3] hijri ýylda Şirazdan çagyrdy we şol ýylyň oraza aýynda hat-petek diwanynyň işlerini onuň üstüne ýükledi. 590-njy[4] hijri ýylyň Rejep aýynda ol wezirlik haladyny geýdi. Iki ýyl wezir boldy. Soltan Horezmşa Tekeş ibn Il Arslan Yrak ülkelerini eýelemek üçin leşger çeken döwründe onuň we onuň weziri Abulpazlyň arasynda Hemedan babatda gürrüňler boldy. Näçe wagtlap go-

[1] Bu ýerde Muhammet Horezmşa göz öňünde tutulýar. Ol özüne ikinji Isgender diýip at beripdir.

[2] 1160-njy milady ýyly.

[3] 1189-njy milady ýyly.

[4] 1194-nji milady ýyly.

şunlar biri-biriniň garşysynda söweşsiz durupdylar. Ol iş ylalaşyk bilen gutarandan soň, Abulpazl Hemedanyň golaýynda baky äleme göç etdi. Onsoň Möwlana Ferideddin Abulhasan Muhammet ibn Abdylkerim Kummy wezirlik kürsüsini özüniň mekan tutmagy bilen hormatlady. Ol döwlet ýitgilerini ele salmakda köp tagalla etdi.

Möminleriň emiri Nasyr kyrk ýedi ýyllap, halypalyk tagtynda oturdy. Onuň duşmanlary ýeňildiler. Onda açyk keramat bardy. Şolardan biri şudy:

Soltan Isgender (goý, Allatagala ony rehmet bilen örtsün!) rugsatsyz Bagdat halypalygynyň mekanyny eýelemek maksady bilen Bagdada tarap leşger çeken wagty, ol Hemedandan geçen badyna, Beýik we Päk Taňry olaryň ýöriş uýanyny ýagyşdyr gar arkaly ol tarapdan sowdy. Birnäçe gije-gündizläp, yzygiderli gar ýagdy. Goşunyň düýeleri güýçli sowukdan heläk boldy. Olaryň atlarynyň aglaba köpüsi öldi. Horezmşa mejbury ol ýerden yzyna dolandy we halypa hezretinden ötünçler sorap gönülendi. Ol gorkunç ýagdaý gowulyga öwrüldi.

Tatar kapyrlary (goý, Allatagala olary goldawsyz galdyrsyn!) hüjüm edende we äjit-mäjidiň öňbaşçysy (başy) bolan ol jemagat yslam ülkelerini haraplamaga ýüz öwrende hem-de tutuş Mawerannahr, Horasan, Jibäl, Yrak, Gazna, Töwriz we Arram ülkeleri olaryň haýbat sarsgynyndan harap bolanda, Hezreti alyjenap halypa olaryň zeperinden goragly galdy. Bu möminleriň emiri Nasyryň mübärek eýýamynyň mübäreklerindendir.

Nasyr 622-nji[1] hijri ýylyň Oraza aýynyň ahyryna Dynçgüni agşam aradan çykdy. Beýik we Päk Allatagala Beni Apbas halypalarynyň guburlaryna ýalkaw şemalyny ýetirsin! Onuň jesedini ýuwmak däbini Ibn Juzy ýerine ýetirdi. Oňa

---

[1] 1225-nji milady ýyly.

Nasyryň nepis zatlaryndan, zerli legendir kündüklerinden we halydyr gap-gaçlaryndan şeýle bir zatlar ýetdi welin, onuň hetdi-hasaby ýokdur.

### *Şygyr*

Ýagşy at-abraý bilen, bäş gün ömür geçirdi,
Baka göç edip mundan, mähnet suwun içirdi.

## ZAHYR

Möminleriň emiri Nasyr (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) özüniň halypalygy döwründe Zahyry özüniň mirasdüşeri edipdi. 585-nji[1] hijri ýylyň Sapar aýynyň on bäşine Anna güni perman berip, Medinäniň juma metjitlerinde Zahyryň adyny hutbada getirdiler. Hutbaçylaryň üstüne altyn-kümüş seçdiler. Zikgedir hutba onuň adynyň we lakamynyň zynaty bilen zynatlandy. Hutbaçylar on alty ýyllap möminleriň emiri Nasyry agzanlaryndan soň, mirasdüşeriň hem adyny hutbada getirdiler. Emma birnäçe wagtdan soň çaparlardan bir topary Zahyry möminleriň emiriniň hyzmatynda ýamanladylar we onuň dury kalbyny şugulçylyk hapalygy bilen bulandyrdylar. Onsoň möminleriň emiri Nasyryň mübärek göwni ondan ynjady.

Şeýlelikde, perman berip, onuň adyny hutbalardan aýyrdylar. On ýedi ýyllap onuň ady hutbadan kesildi. Ahyry möminleriň emiri Nasyr Lidinilläniň garaýşy ýene-de oňa bolan sapalyga gaýdyp gelensoň, hem-de oňa mirasdüşerlik serpaýyny berip, oruntutarlygy oňa degişli edensoň, onuň buýrugy bi-

---

[1] 1189-njy milady ýyly.

len 618-nji[1] hijri ýylyň Baýram aýynyň ahyrynda Anna güni ýene-de Zahyryň adyny hutbada ýatladylar. Ýene-de münberler onuň ady bilen bezeldi. Dinardyr dirhemiň ýüzi onuň adynyň nagşy bilen zynatlandy we şonuň ýaly-da uzak dowam etdi. Onsoň möminleriň emiri Nasyr Ýaradanyň rehmet mekanyna göç edende, möminleriň emiri «ez-Zahyru Billä» bilen ähdi-peýman etdiler.

Zahyr ýokarda aýdylan Dynçgüni halypalyk kürsüsinde oturdy. Ol (goý, Allatagala oňa rehmet etsin!) halaýygyň üstünde adyllyk we asudalyk saçagyny giňden ýazdy. Jahany özüniň mähribanlyk saýasyna üýşürdi. Onuň ilkinji buýran buýrugy bilen tutuş ýurtda paçlary bagyşladylar. Şeýlelikde, hiç bir ýagdaýda hiç kim bezirgenlerden bir kümüş dirhem hem almady. Onuň buýrugy bilen Bagdadyň obalarynda:

– Her kimiň möminleriň emiri merhum Nasyrdan (goý, Allatagala oňa rehmet etsin!) haýsydyr bir şikaýaty bar bolsa, habar bersinler. Olaryň mallary özlerine ýetiriler – diýip, jar çekdiler.

Mallary alnan halaýyk geldiler we arz etdiler. Onuň buýrugy bilen olaryň ähli mallaryny hazynadan berdiler. Soň ýene-de:

– Zorluk bilen ýa-da girewdir paç hökmünde alnan musulmanlaryň emläklerini yzyna bersinler we olara ýetirsinler – diýip, hüküm berdi.

Emläkleri gaýtaryp berensoňlar, «Olaryň resminamalaryny we kagyzlaryny hazynadan alyp, özlerine bersinler» diýip buýurdy.

Şu kitabyň ýazary aýdýar:

[1] 1221-nji milady ýyly.

Halypalar öýüniň ilçisi bolan Emir Bedreddinden şeýle gürrüň eşitdim. Ol Täjeddin Rysk Şerabydan eşiden gürrüňini şeýle gürrüň berdi:

Täjeddin aýtdy:

– Möminleriň emiri Nasyr (goý, Allatagala ony rehmeti bilen örtsün!) Beýik Taňrynyň rehmet saýasyna göç edende, men möminleriň emiri Zahyryň hyzmatynda hazyna bardym. Nepis zatlary we genji-känleri oňa görkezýärdim. Bir gap bardy. Nasyryň döwründe onda zer eredýärdiler. Oňa zer guýulgydy, ýöne heniz doly däldi. Emma dolmagyna az galypdy. Möminleriň emiriniň mübärek dilinden ýene söz sypdy:

– Bize Allatagala näçe ömür berjegi belli däl. Şonuň üçin bu zerleri Allanyň ýoluna sarp etmeli.

Rysk Şeraby ýene şeýle diýýär:

– Men güldüm.

Ol aýtdy:

– Gülmegiňiň sebäbi näme?

Aýtdym:

– Bir gün möminleriň emiri Nasyryň hyzmatynda hem şu ýerde durupdym. Bu gap şonda heniz ýartydy. Şonda onuň mübärek dilinden:

– Bize näçe ömür berlendigini kim bilýär muny doldurar ýaly – diýen söz sypdy.

Soň möminleriň emiri ýene-de:

– Şuny gutarýançak galjakdygymyzy kim bilýär? – diýdi.

Olaryň garaýyşlarynyň tapawudy şunça eken.

Beýik we Päk Taňry ikisini hem rehmet derýasyna gark etsin!

Bagdat alymlary biragyzdan şeýle diýýärler:

Hergiz hiç bir halypada Zahyryňky ýaly ýagşy gylyk, dogry niýet, kämil rehmet, doly mürewwet, umumy mähriban-

lyk, sahylyk we sahawatlylyk bolmandyr. Emma onuň döwlet eýýamy edil jasmin gülüniň ömri ýaly gysga boldy. Onuň halypalyk eden mütdeti dokuz aý on dört günden artyk bolmady. Ol 623-nji[1] hijri ýylyň Rejep aýynyň on üçüne Anna güni Hakyň çakylygyny kabul etdi. Onuň ýaşy elliden kemdi. Allatagala ondan razy bolsun!

## MUSTANSYR

Halypalyk orny Mustansyryň oturmagy bilen gözelleşdi. Asman ýere üstün bolup, onuň buýrugydyr gadaganlygy yslam ülkelerinde ýöräp başlansoň, möminleriň emiri Zahyryň döwründe ýöreden haýyr-yhsanlarynyň baryny saklamaklaryna we ony iki esse artdyrmaklaryna buýruk berdi. Gözel kemalynyň we ýagşy niýetdir ykbalynyň köplüginiň biri-de şudur:

Beýik we Päk Taňry jahan penalaýjy, älem soltany, türk we ajam ülkeleriniň Hysrowy, dünýäniň we diniň güneşi, soltanlaryň soltany Abulmuzaffar Iltutmuş möminleriň emiri Soltan Nasreddine (goý, Allatagala onuň soltanlygyny müdimi etsin!) towpyk bagyş etdi we şol sebäpden ol onuň emirlik tanapyna ýapyşdy we onuň ululyk yzyna eýerdi hem-de halypalygyň belent mekanyna sowgatlar we serpaýlar iberdi.

Hiç bir senede halypalardan hiç kime şonuň ýaly bagtyýarlyk ýar bolmandy. Onuň ýaly ajaýyp we nepis zatlary Hindistan diýaryndan Bagdada hiç kim ibermändi. Şol sebäpli halypalyk mekanyndan sowgatlyk baýdak, ýüzük, jüpbe, ýörite selle, ýükçi gatyrlar, arap atlary, şeýle-de şazadalar, emirler we han-begler üçin başga sowgatlar jahan soltanynyň ýanyna getirdiler. Ol buýsanç bilen bu nesilşalykda baky galdy. Bularyň ählisi jahan hojasy, sahypkyran dessurly, mülkdarlygyň ter-

[1] 1236-njy milady ýyly.

tipçisi, döwlet we din dikeldiji, wezirler patyşalarynyň patyşasy Nyzamylmülküň (goý, Alla onuň beýikligini artdyrsyn!) ugrukdyrmasy we mübärek görkezmesi bilen boldy. Ol asmanyň ybadathanalarynyň ýaşaýjylarynyň çözgüt üýşmeleňlerinde, onuň emirligine töwella edip, takdyr işgärleri onuň pikiri bilen ylalaşýarlar we makul bilýärler. Adalatlylyk sütünleri we pazylatlylyk esaslary onuň mübärek eýýamynda mäkämleşdi we jebir-jepalar bilen solan we egrelen patyşalyk bagynyň serwi agajy onuň bereketli günlerinde ösüp beýige galdy.

***Beýt***

Sahawatlylyk pelegi Nyzamylmülk, din sütüni,
Elleriniň beriminden hassa etdi uly käni.

Muhammet ibn Abu Sagt, bilseňiz ol elmydama,
Pikri bilen ululara berýär ösüş güýji-şany.

Eger onuň ahlak ýeli medet bermedik bolsady,
Terlik-täzelik nireden ýaş ederdi gülüstany.

Onuň nurly pikiriniň bol şuglasy bolmasady,
Saýadan gussa iýerdi älemiň bu nurly Güni.

Hemişe wezirlik orny seniň bilen hormatlansyn,
Tä ki entek aýlanýarka älemiň çarhy-gerdany.

## GYMMATLY TARYHY – EDEBI ÇEŞME

Bäş müň ýyllyk taryhy bolan, nijeme şöhratly soltanlary jahana peşgeş beren we ençeme akyldarlardyr danalary kemala getiren türkmen topragy halkyň söwer ogly, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Garaşsyzlyk alyp bermegi bilen, bu gün dünýäniň iň bir gülläp ösen ýurtlarynyň hataryna goşuldy. Garaşsyz hem Baky Bitarap Diýarymyzda ähli ugurlarda asyrlara barabar işler alnyp barylýar. Eziz Türkmenistan Diýarymyz diňe bir ykdysadyýetde däl, eýsem ylymda, medeniýetde hem uly ösüşler gazanýar. Bu zatlaryň sakasynda türkmeniň Hak Howandary Eziz Saparmyrat Türkmenbaşymyzyň atalyk aladalary, ýadawsyz zähmetleri ýatyr. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnama kitabynda türkmenleriň guran döwletlerini we halkynyň döreden medeni gymmatlyklaryny öwrenmek barada şeýle diýýär:

**«Mähriban halkym!**

**Türkmen halkynyň taryhy ýoly şanly, göreşli ýoldur. Bu ýol bizi garaşsyzlyga getiren ýoldur. Bu ýol bizi altyn ýaşaýşa ruhlandyran ýoldur! Men ata-babalarymyzyň geçen ýoluna gysgaça ünsüňizi çekdim. «Geljekde biz ata-babalarymyzyň geçen ýoluny, guran döwletleriniň taryhyny düýpli öwrenmelidiris. Taryh biziň üçin iň gymmatly terbiýe mekdebidir. Bize täsin taryhy gymmatlyklarymyzy**

**öwrenmek, ruhy dünýämizi mundan hem baýlaşdyrmak bagty garaşýar».**[1]

Türkmenistan Garaşsyzlygyna eýe bolandan soň, Beýik Serdarymyzyň gönüden-göni ýolbaşçylygynda taryhymyzy dürs öwrenmäge, edebi mirasymyzy dikeltmäge giň ýol açyldy. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň atalyk aladasy netijesinde 2004-nji ýylyň Baýdak aýynda Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi açyldy. Bu merkezde ata-babalarymyzyň bize galdyran ylmy mirasyny we genji-hazynalaryny öwrenip, halk köpçüligine ýetirmekde netijeli işler ýola goýuldy.

Şeýle genji-hazynalaryň we baý edebi miraslaryň biri-de Hindistanda höküm süren beýik türkmen soltanlarynyň köşgünde terbiýelenen Sedideddin Muhammet ibn Muhammet Awfynyň «Hekaýatlar ýygyndysy» atly eseridir.

Ýazaryň doly ady Muhammet ibn Muhammet Awfy, lakamy Sedideddin. Awfy hakda «Tejäribus-selef», «Nüzhetul-kulub, «Taryhy Güzide» we «Keşfuz- zunun» ýaly eserlerde dürli maglumatlar getirilipdir. Ol Buharada, takmynan, 1171-1175-nji ýyllar arasynda dünýä inýär we 1240-1250-nji ýyllar aralygynda dünýäden ötýär.

Muhammet Awfy Muhammet pygamberiň meşhur sahabalaryndan bolan Abdyrahman ibn Awfyň neslindendir. Awfynyň kakasy Merwde kazy bolupdyr, onuň atasy hem bu ülkede kazy hem meşhur hadysçy alym bolupdyr. Onuň daýysy tanymal alym Şerefuzzaman Mejdeddin bolsa Garahanly döwletiniň hökümdary Gylyç Tamgaç hanyň kätibi eken. [2]

Awfy dogduk mekanynda ylym-bilim alyp kämilleşensoň, dürli ýurtlara ylmy saparlara gidip başlaýar we Mawerannahryň köp şäherlerine, Horasana, Hindistana, Samarkanda, Ho-

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001, 146 sah.

[2] Islam ansiklopedisi: Aşik Ömer we Bala Külleýisi, Istanbul. 1991, 4-nji jilt, 115–116 sah.

rezme, Merwe, Nyşapura, Hyrata, Sistana, Gaznyna we Delä syýahat edýär. Ol özüniň bu ylmy syýahaty mahaly wagyz-nesihat işleri bilen hem meşgullanypdyr, patyşalardyr emirleriň köşklerinde-de bolupdyr. Ol tä soltan Muhammet Horezmşanyň döwrüniň ahyrlaryna çenli Horasanda we Mawerannahrda bolupdyr. Birnäçe wagt daýysy Şerefuzzamanyň hemaýaty bilen Mawerannahryň garahanlylar nesilşalygynyň günbatar şahasynyň iň soňky patyşasy soltan Gylyç Arslan Nusrateddin Osmanyň (takmynan 1211-1220-njy ýyllar) köşgünde diwanbaşy bolup işläpdir. Soňra ol mongol goşunynyň hüjüminden gaçyp, gurly emirlerinden bolan Nasyreddin Gubajanyň (1225 ý.) hyzmatyna barýar we onuň weziri Aýnylmelik Fahreddin Hüseýine bagyşlap, özüniň «Naýbaşylaryň naýbaşysy» eserini ýazýar. Soňra patyşanyň permany bilen «Hekaýatlar ýygyndysy» eserini ýazyp başlaýar. Nasyreddin Gubaja wepat bolansoň, Gurly patyşalaryndan bolan we Delidäki Şemsiýe soltanlygyny esaslandyran soltan Şemseddin Iltutmuşyň hyzmatynda bolýar.

Iltutmüş gypjak türkmenleriniň börüli kabylasyndan bolup, onuň kakasyna Aýlam han diýipdirler. Ol söwdagärlik niýeti bilen ilki Buhara, soňra Gazna sapar edýär we 1196-njy ýylda Güjeratdan dolanan mahaly Aýbeg soltan edermenligi üçin ony goşuna gulluga alýar. Ol Iltutmuşa uly derejeleri we wezipeleri berýär. Şeýdip Şemseddin diýlip at berlen bu soltan ýigrimi bäş ýyllap Deli soltanlygyny dolandyrýar. Mertebesi belent Serdarymyzyň: **«Hindistan — türkmen halkynyň taryhynyň bir ülşi. Hindi topragynda türkmeniň men-men diýen ärleri ýatyr. Hindi topragynda türkmen halkynyň gahrymançylyk, mertlik yzlary ýatyr»**[1] diýip belleýşi ýaly, Hindistan topragynda ýatan türkmeniň men-men diýen ärleri-

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, ikinji kitap, 2004, 201 sah.

niň biri bolan soltan Şemseddin Iltutmuş ilki Täjeddin Ýyldyzyň goşunyny 1216-njy ýylda ýeňýär. Soňra Deli tagtynyň dawasyny edýän Multanyň häkimi Nasyreddin Gubaja bilen çaknyşýar we 1217-nji ýylda ol Iltutmuşa boýun egýär. Iltutmüş 1228-nji ýylda Gubajany doly boýun etmek üçin, onuň üstüne ýöriş edýär we ony üç aýlap gabawa alansoň, ahyry Gubaja ýaraşyk teklip edýär. Şondan soň köp wagt geçmänkä Gubaja wepat bolýar we Uç, Sint we Multan etraplaryndaky ähli mülkler Deli soltanlygyna geçýär. Iltutmuş Halajy soltany Gyýaseddiniň hüjümine garşy çykyp, 1227-nji ýylda ony jezalandyrýar. Iltutmüş mundan başga-da hindileriň köp galalaryny basyp alypdyr. Ol 1236-njy ýylda Delide ýarawsyzlyk sebäpli aradan çykypdyr. Taryhçylaryň köpüsi ony alçak göwünli, ýagşylygy söýen, älemi birleşdiriji we adyl şa diýip häsiýetlendiripdirler. Hakykatdanam, ol türkmen hökümdarlarynyň köpüsiniň dakan Şemseddin (diniň güneşi) lakamyny doly ödäpdir we oňa mynasyp adam bolupdyr.

Awfy onuň weziri Nyzamulmülk Muhammet ibn Abu Sagt Jüneýdä bagyşlap «Hekaýatlar ýygyndysy» eserini ýazýar. Netijede, bu uly ýygyndy, has takygy, ensiklopediýa eseri peýda bolýar.

Şeýlelikde, XIII asyryň başlarynda uruşlaryň tutaşyp, pitneleriň joşan döwründe Gurly patyşa Nasyreddin Gubajanyň ornaşan galasynyň ýerleşýän ýeri bolan Bekr obasynda Muhammet Awfy meşhur akyldar we ýazyjy hökmünde özüniň pars dilinde ýazan taryhy, ahlaky eserleri bilen jahana ýaň salýar. Onuň eserleri patyşalardyr han-begleriň, ýagşyzadalardyr serkerdeleriň ömür beýanyndan doly. Ýazar özüniň «Jowamygul-hekaýat we lawamygur-rowaýat» («Hekaýatlaryň ýygyndysy we rowaýatlaryň öwüşgüni») atly bu eserinde özünden öňki döwürde ýazylan taryh we tezkire kitaplaryndan halkyň taryhyna, dinine we medeni durmuşyna degişli baý maglumatlary

toplapdyr. Onuň bu eseri gymmatly maglumatlardan, gyzykly hekaýatlardan we täsirli öwüt-ündewlerden doly. Bu kitap jemi ululy kiçili dört bölümden, her bölüm bolsa ýigrimi bäş bapdan durýar. Kitabyň bölümleri şeýle atlandyrylýar:

1-nji bölüm. Patyşalaryň taryhy.

2-nji bölüm. Gözel häsiýetler we ajaýyp ahlaklar.

3-nji bölüm. Ýaramaz häsiýetler.

4-nji bölüm. Dünýädäki geň-taňlyklar we täsin haýwanlar.

Olaryň taryha we Muhammet pygamberiň täsin mugjyzalaryna degişli baplary uly göwrümlidir. Biziň okyjylara hödürleýän bu kitabymyz Awfynyň «Hekaýatlaryň ýygyndysy we rowaýatlaryň öwüşgini» atly köp jiltlik eseriniň taryhy wakalar bilen baglanyşykly birinji bölüminiň dördünji we bäşinji baplary esasynda taýýarlanylan iki jiltlik kitap bolup durýar. Kitabyň täsinliklere we edep-ahlaga degişli baplary diňe birnäçe sahypadan ybarat bolan baplardyr.

«Hekaýatlar ýygyndysy» XIII asyryň taryhy, edebi we çeperçilik eserlerinden bolup, soňky ýazyjylar we alymlar bu möhüm çeşmeden yzygiderli peýdalanyp gelipdirler. Alymlaryň köpüsi onuň bu eserini taryplapdyrlar. «Hekaýatlar ýygyndysyny» çapa taýýarlan professor Jagfar Şaggaryň aýtmagyna görä, meşhur taryhçy alym Mansur Esfezary Awfynyň ylymda ýeten beýikligi we onuň belli akyldardygy barada aýdyp: «Men ömrümde Sedideddin Awfy ýaly akyldar görmedim» diýýär. Häzirki zaman alymy professor Nyzameddin bolsa Awfynyň «Hekaýatlar ýygyndysy» atly eseri hakynda şeýle ýazýar: «Awfy ylymlaryň mirasdüşeri we olary özünden soňkylara geçirýän belli alymdyr... Bu eser taryhy çeşme hökmünde peýdalanmaga-da mynasypdyr, çünki Muhammet Awfy Sulynyň «El-owrak fi ahbary äli Apbas we eşgarihim» («Apbaslylaryň taryhy we olaryň döwründäki goşgy şiweleri barada ýazgylar») ýada Sülläminiň «Kitabut-taryh fi ahbary wulati Hurasan» («Ho-

rasan häkimleri barada taryhy kitap») eseri ýaly häzire çenli bize gelip ýetmedik öz döwrüniň ygtybarly çeşmelerinden hem peýdalanypdyr.[1]

«Hekaýatlar ýygyndysy» uly göwrümli dürli mowzuklary öz içine alan eser bolup, ol birnäçe bölümlere we baplara bölünýär. Eseriň käbir baplary, ýagny birinji bölümiň dördünji we bäşinji baplary, esasan taryha degişli bolup, dünýäniň döreýşinden tä Beni Apbas halypalygyna çenli döwürdäki wakalary, şol sanda, pişdatlylaryň, kyýanlylaryň, ärsaglylaryň taryhyny, yslam dininiň döremegi, ondan soňky ümewiler we apbaslylar döwrüni öz içine alýar. Ol apbaslylaryň taryhyny tä Mustansyryň halypalygyna (1225-1241 ýyllar) çenli, ýagny öz ömrüniň soňky günlerine çenli yzarlapdyr. Bu eser hut şu nukdaýnazardan hem ygtybarly taryhy çeşme hasaplanýar. Elbetde, taryhy maglumatlar diňe şol iki bapda bolman, başga bölümlerde hem duş gelýär. Bu taryhy maglumatlaryň käbiri başga taryhy çeşmelerde bize duş gelmeýär ýa-da edil Muhammet Awfynyň beýan edişi ýaly anyk we giňişleýin berilmeýär. Mysal üçin, Mukanna heläk bolandan soň, onuň yzyna eýerýän ak eşiklileriň Mawerannahrda saklanyp galandyklary we onuň ýörelgesiniň haçana çenli dowam edendigi barada «Hududulälem» kitabynyň ýazary, Biruny we Makdysy dagy giňişleýin maglumat bermän, diňe ýatlap geçýärler. Emma Awfy bu barada anyk we giňişleýin gürrüň berýär. Ol şeýle ýazýar: «Häzirki döwürde Mukanna eýerýänlerden Mawerannahrda bir topar adam bar bolup, olar daýhançylykdyr ekerançylyk bilen meşgullanýarlar. Olara ak eşikliler diýilýär. Olar öz akydalaryny we ynançlaryny gizleýärler. Olaryň hakyky ýörelgeleri barada hiç kim hiç zat bilmeýär».

[1] Hekaýatlar ýygyndysy, taraşlan we çapa taýýarlan: Professor Jagfar Şaggar. Tähran, 1995 ýyl, 12 sah.

Bu eserde täze ýa-da seýrek duş gelýän maglumatlaryň bolmagy bilen bir hatarda ýazar taryhy wakalary giňden derňäp geçýär. Mysal üçin «Şanamanyň» hekaýatlaryny şol sanda Zalyň Symrug guşuň höwürtgesinde terbiýelenendigi baradaky maglumaty «Bu akyla sygmajak zat» diýip, berk ýazgarýar.

Taryhy wakalarda edilen bu bellikler Awfynyň ökde barlagçy, alym we takwa adamdygyny görkezýär. Ol her bir pursatda hak ýoly görkezmekden we ony ündemekden el üzmeýär. Şeýle häsiýetliligi üçin hem ol şunuň ýaly ýüz bapdan ybarat bolan uly göwrümli kitaby ýazmagyň hötdesinden gelipdir. Bu eser şeýle bir giň meşhurlyga ýetipdir welin, ol diňe bir kitap ýazarlarda uly täsir goýman, eýsem Osmanly türkmenleriň soltanlarynyň hem ünsüni özüne çekipdir. Kätip Çelebi «Keşfuz-zunun» atly eserinde Osmanlylaryň döwründe bu eseriň üç gezek türkmençä terjime edilendigini, ýagny ilki Soltan Myrat II tabşyrygy bilen, onuň öz atabegi Ahmet ibn Muhammet Arapşanyň, soňra Möwlana Nejatynyň şazada soltan Muhammet han üçin hem-de Möwla Salyh ibn Jelalyň soltan Baýezit ibn Süleýmana bagyşlap bu kitaby terjime edendiklerini we Muhammet ibn Asgat ibn Abdulla Tusteriniň bu kitabyň gysgaldylan nusgasyny, mundan başga-da soltan Muhammediň şahyrlaryndan bolan Hudabendäniň ony türkmen diline goşga salandygyny belläp geçýär.

«Hekaýatlar ýygyndysy» eseri taryhy häsiýete eýe bolmak bilen bir hatarda başga mowzuklarda taryhy hekaýatlardyr wakalary-da beýan etmäge çalyşýar.

Bu eserde taryhy maglumatlardan başga-da dürli mowzuklarda şol sanda Muhammet pygamberiň mugjyzalary, täsinlikler, edep-ahlak barada dürli hekaýatlar we rowaýatlar bilen giňişleýin gürrüň edilýär.

Muhammet Awfy özüniň bu eserinde öňde agzalan, häzirki döwüre çenli gelip ýetmedik eserlerden başga-da Sagaly-

bynyň «Guraru ahbari mulukil Furs» we «Taryhy muluki ajam» ýaly ygtybarly çeşmelerini ulanypdyr.

Bu kitabyň maglumatlaryna görä, onuň Hoja Nyzamulmülkiň «Syýasatnama», Unsurylmagalynyň «Kabusnama» we Zahyr Samarkandynyň «Agrazus-syýasat» atly eserlerinden peýdalanandygy hem mälim bolýar.

Bu kitap örän çeper dilde ýazylyp, onda meňzetmeler we göçme manyly sözler köp ulanylypdyr.

Awfynyň «Hekaýatlar ýygyndysy» atly eserinden başga-da «Lubabul-elbab» («Naýbaşylaryň naýbaşysy») atly eseri bar. Onuň bu eseri iň köne tezkire kitaplardan bolup, «Ýedi yklym» atly eseriň ýazary Emin Ahmet Razy, «Şahyrlaryň bossany» atly eseriň ýazary Wale Dagystany dagylar ondan görelde alypdyrlar.

Emma «Naýbaşylaryň naýbaşysy» atly eseriň uly ähmiýetlidigine garamazdan ol «Hekaýatlar ýygyndysy» bilen peýdaly gürrüňleriň köplügi nukdaý nazaryndan deňeşip bilmeýär. «Hekaýatlar ýygyndysy» her hili taryhy, edep-ahlak we jemgyýetçilik baradaky öwüt-nesihatlara ýugrulandyr.

Mundan başga-da Muhammet Awfy Abu Aly Tanuhynyň hekaýatlar arkaly ýazylan «El fereju bagdaş-şidde» («Kynçylykdan soňky şatlyk») atly eserini arap dilinden pars diline terjime edipdir.

Awfynyň «Naýbaşylaryň naýbaşysy» we «Hekaýatlar ýygyndysy» atly eserlerinden başga-da terjime eden we goşgy görnüşinde ýazan kitaplary hem bolupdyr. Ýöne olar biziň döwrümize gelip ýetmändir.

Awfy şahyrana zowkly, talap ediji adam bolupdyr. Ol hatda Muezzi, Zahyr Faraby ýaly meşhur şahyrlaryň şygyrlarynyň ýetmezini görkezer eken.

Muhammet Awfynyň «Hekaýatlar ýygyndysy» atly kitabynyň biziň döwrümize onlarça nusgalary gelip ýetipdir. Olardan şu aşakdaky nusgalar has ygtybarly hasaplanýar.

1. Parižiň milli kitaphanasynyň golýazmalary. Bukja belgisi: Ancien Fonds Persan 75.

Bu nusga ýazaryň kitaby ýazanyndan takmynan 70 ýyl geçensoň ýazylypdyr.

2. Parižiň milli kitaphanasynyň golýazmalary. Bukja belgisi: Sapplement Persan 95. Doly nusga, haty düşnüksiz.

3. Angliýanyň Britan kitaphanasynyň golýazmalary. Bukja belgisi : Add. 16862. Kämil nusga, haty düşnükli.

4. Angliýanyň Britan kitaphanasynyň golýazmalary. Bukja belgisi :  Or. 2676. Doly däl.

5. Angliýanyň Britan kitaphanasynyň golýazmalary. Bukja belgisi :  Or. 4392. Doly däl, hatlary düşüniksiz.

Biz, okyjylara hödürleniljek bu kitaby çapa taýýarlanymyzda esasan Angliýanyň Britan kitaphanasynda Add.16862 belgili bukjada saklanýan nusgany esas hökmünde ulandyk.

**Dawut Orazsähedow**
*Türkmenistanyň Milli medeniýet*
*«Miras» merkeziniň uly ylmy işgäri*

# MAZMUNY

Halypalaryň taryhy we olaryň pazylatlarynyň beýany........ 9
Dogry ýoldaky halypalar (çaryýarlar)................................ 12
Beni Ümeýýe halypalary.................................................. 101
Beni Apbas halypalary .................................................... 158
*Orazsähedow D.*, Gymmatly taryhy – edebi çeşme........ 278

**Muhammet Awfy**

# Hekaýatlar ýygyndysy

**II jilt**

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 09.09.2005ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 18.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy sany 5 000.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-21579

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.